TÜRKMENISTANYŇ MILLI MEDENIÝET «MIRAS» MERKEZI
TÜRKMENBAŞY ADYNDAKY TÜRKMENISTAN MILLI
GOLÝAZMALAR INSTITUTY

# TÜRKMEN HALK ERTEKILERI

## (Durmuşy ertekiler)

Çapa taýýarlan
Ş.Geldiýewa

**AŞGABAT «MIRAS» 2006**

**UOK 894.361+396**
**T90**

**T90** **Türkmen halk ertekileri.** (Durmuşy ertekiler) A.: Türkmenistanyň milli medeniýet «Miras» merkezi, 2006 – 352 s.

**REDAKTOR**

**G.Ylýasowa,** *dil-edebiýat ylymlarynyň kandidaty*

*Türkmenistanyň Ilkinji we Ömürlik Prezidenti Beýik Saparmyrat Türkmenbaşynyň howandarlygynda Garaşsyzlyk zamanamyzda ilkinji gezek neşire hödürlenilýän «Durmuşy ertekiler» Türkmenbaşy adyndaky Türkmenistan Milli golýazmalar institutynyň golýazmalar hazynasyndaky iň kämil nusgalardan we öň neşir edilen käbir kitaplardan saýlanylyp alyndy.*

*Türkmen halkynyň baý ruhy tejribesiniň we kämil-parasatynyň önümi bolan ertekileri okap, ata-babalarymyzyň meşgullanan kesp-kärlerine, däp-dessurlaryna, halkymyzyň özboluşlylygyna, milli aýratynlyklaryna akyl ýetirmek bolar.*

**TMMMM №66**

**TDKP №108.1** **2006** **KBK 84.Tü1**

© Türkmenistanyň Milli medeniýet «Miras» merkezi, 2006 ý.
Türkmen halk ertekileri (Durmuşy ertekiler), 2006 ý.

Geldiýewa Ş., çapa taýýarlama,
sözsoňy, 2006 ý.

***Garaşsyz we baky Bitarap Türkmenistanyň Ilkinji we Ömürlik Prezidenti Beýik Saparmyrat Türkmenbaşynyň howandarlygynda neşir edilýär.***

# GEÇMIŞIŇ ÝAŇY – GELJEGIŇ DAŇY

Türkmeniň ykbal asmanyndan nur saçýan Garaşsyzlyk halkymyza diňe bir Altyn eýýamyň altyn gapysyny açyp bermän, eýsem onuň asyrlaryň jümmüşinden gözbaş alýan ýol-ýörelgelerini, däp-dessurlaryny, edim-gylymlaryny täzeden dikeltmeklige, medeni we ruhy miraslarynyň ilgünüň köňül ganatyna öwrülmegine hem giň mümkinçilik berdi. Bu bolsa häzirki türkmen döwletiniň berk taryhy binýat esasynda gurulýandygyny alamatlandyrýar.

Türkmen topragy müňlerçe ýyllaryň dowamynda dünýä medeniýetiniň umumy taryhy üçin ähmiýetli wakalaryň mesgeni boldy. Bu toprak ekerançylyk, maldarçylyk, ylym, medeniýet we sungat sallançagy boldy. Alymlar biziň eýýamymyzdan 6 müň ýyl öň türkmenleriň ata-babalarynyň öňdebaryjy bilimleri özleşdirendigini nygtaýarlar. Irki ekerançylyk zamanasyndaky türkmen jemgyýetleri Garadepe, Göksüýri, Ýylgynly ýaly oturymly ýerleri – ajaýyp ýadygärlikleri miras goýdy. Gadymy oguz-türkmen döwleti, Parfiýa zamanasy, seljuk türkmenleriniň döreden onlarça döwletleri, osman türkmenleriniň soltanlyklary we beýleki türkmen döwletleri adamzadyň syýasy taryhynda özboluşly adalat baýdagy

bolup pasyrdady. Hut şonuň üçin hem Türkmenistany dünýä taryhynyň ösüşinde Hytaýyň, Mesopotamiýanyň, Müsüriň hatarynda goýýarlar. Ata-babalarymyz dünýä gymmatlyklarynyň arasynda özboluşly, milli öwüşgin bilen lowurdaýan ruhy we medeni baýlyklary bize miras galdyrdy.

Medeni miras – bu perzendiň üstünde kökenek gerýän türkmen enesiniň hüwdüsidir, agras türkmen gojasynyň pendi-nesihatydyr. Mukaddes topragy gany bilen goran gaýduwsyz gerçegiň iň soňky demdäki wesýetidir, naçar doganyň gerçegiň jesedini ýuwýan ajy gözýaşydyr.

Medeni miras – bu türkmeniň şan-şöhratdan doly geçmişine buýsanjydyr, şu gününe söýgüsidir, ertirine ynamydyr.

Medeni miras – bu gadymy hem müdimi halkymyzyň asyrlaryň dowamynda hoşalap çöplän paýhas hakydasydyr, şu gününe ygtybarly ynamydyr, ertirine ýol çelgisidir. Mahlasy, medeni miras türkmeniň geçmişidir, barlygydyr, dowamatydyr.

Türkmen halkynyň gadymdan gözbaş alyp gaýdýan edebi akabalarynyň, sungat däpleriniň adalaty, erkinligi, agzybirligi, mertligi we bitewiligi wasp etmedik döwri bolan däldir. Bu gün şol asylly däpler biziň beýik Garaşsyzlygymyzyň beren süýji miweleri, röwşen ertiriniň mukaddes umytlary bilen birleşip, türkmen abraýynyň, mertebesiniň has-da belende göterilmegine hyzmat etmelidir.

Ruhnamada belläp geçişim ýaly, ***«Biz türkmen halkynyň mirasdüşerleri hökmünde ata-babalarymyzyň taryhyň gatlarynda galan medeni, edebi gymmatlyk-***

***laryny tapmalydyrys, täzeden jana getirmelidiris. Bu ata-babalarymyzyň öňünde biziň ogullyk borjumyzdyr».*** Biz ata-babalarymyzyň öňündäki şol ogullyk borjumyzy berjaý etmek maksady bilen hem Türkmenistanyň milli medeniýet «Miras» merkezini döretdik.

Asyrlaryň gatlaryna siňen medeni mirasymyzy düýpli öwrenmek, Ruhnamanyň ruhunda ylmy esasda özleşdirmek, dünýäniň dürli künjeginde beýik döwletleri döreden halkymyza degişli miraslary tapmak, olary täzeden jana getirmek, ajaýyp kitaplara öwrüp, gaýtadan halkymyza hem-de dünýä ýaýmak «Miras» merkeziniň işgärleriniň öňünde duran gaýragoýulmasyz borçdur!

**Eziz halkym!**

Siziň eliňizde «Miras» merkeziniň taýýarlan kitaby. Bu kitabyň biziň ata-babalarymyzyň döreden ruhy we medeni gymmatlyklaryna teşne kalbyňyza teselli berjekdigine ynanýaryn. Käbelerimiz hem kyblalarymyz hakyndaky ýüreklerimiziň töründäki gyzgyn söýginiň oduny alawlandyrjakdygy mende ýakymly duýgy döredýär.

«Miras» merkeziniň çykarjak kitaplarynyň höwrüniň köp boljakdygyna ynanýaryn we oňa ak ýol arzuw edýärin.

Işiň rowaç, ýollaryň ýagty bolsun!



**Türkmenistanyň Prezidenti**
**Saparmyrat TÜRKMENBAŞY.**

# ÝÜZ TYLLA[1]

Bir bar eken, bir ýok eken, gadym-gadym zamanda Saraý atly bir eýerçi bar eken. Onuň Mämmet diýen ýekeje ogly bar eken.

Günlerde bir gün eýerçi ogluna:

— Eý oglum, men indi garrapdyryn, işe ýarawlygymyň ugry ýok. Men mundan beýläk uzak ýaşamasam gerek. Bizde tükenmez mal-döwlet hem ýok. Bütin ömrüme zähmet çekip, üç ýüz tylla gazanyp goýdum. Men seniň geljegiň aladasyny etmeli. Aýt, haýsy senedi ýagşy görýärsiň, söwdagär boljakmy, ýa sazanda bolasyň gelýärmi, ýa-da molla boljakmy? Ine, oglum, sen haýsy käri gowy görseň, men şoňa göräräk bolaýyn — diýen.

Onda Mämmet:

— Ata, meniň molla bolasym gelenok. Barmaklarymy dutaryň taryna gabartdyryp, bogazymy ýyrtyp aýdym aýdyp ýörmegi hem başarman. Ýöne söwdagär bol diýseň bolaýyn, sebäbi söwdagärler kyn iş edenoklar, olar dükanda oturyp, şol çaý içişip, gürrüň edişip, pul gazanyşyp otyrlar — diýen.

Şundan soň atasy Mämmet bilen razylaşyp:

---

[1] Türkmenbaşy adyndaky Türkmenistan Milli golýazmalar institutynyň golýazmalar hazynasy. 951$^{f}$-nji bukja. Toplanlar: A.Taýymow, N.Kürräýew. 1960.

— Me, oglum, saňa ýüz tylla, sen başga ýurtlara git-de, garaburç getir, satarsyň, sowarsyň, bize-de çaý puly galar — diýen.

Mämmet atasyndan ýüz tyllany alypdyr-da, söwdagärleriň kerwenine goşulyp gidiberipdir. Bular az ýöräp, köp ýöräp, birnäçe menzil geçip, ahyry bir uly şähere baryp ýetipdirler. Bir saraýda düşüp, dem-dynçlaryny alypdyrlar. Ertesi her kim öz işi bilen boluberen. Kimsi zat alýar, kimsi zat satýar. Mämmet hem aýlanyp ýörkä, garaburç satylýan bir dükana barýar. Mämmet dükança:

— Ýüz tyllalyk garaburç çekip ber — diýýär. Dükançy çekmäge başlaýar. Mämmediňem gözi töwereginde. Bir seretse, adamlar Mämmediň ýanyndan geçip, topar-topar bolşup, bir ýana howlukmaç hasanaklaşyp barýarlar. Şol arada garaburçy ýadyndan çykaryp, Mämmet hem bularyň yzyna düşüberýär. Bu adamlar gide-gide, bir baga baryp girýärler. Mämmet hem olaryň yzy bilen girýär. Ynha görse, iki sany oňat geýnüwli adam dutar çalyp, şeýle bir şirin-şirin aýdymlar aýdýar, hiç ýanyndan aýrylasyň gelmeýär.

Bularyň saz-söhbeti Mämmediň göwnüne ýarap: «Wah, menem bagşy bolsam bolmaýarmy» diýip, içini gepledýär. Ahyr Mämmet uzak durup bilmän bagşylaryň ýanyna baryp:

— How, bagşy daýylar, maňa ýedi günde dutar çalmagy öwretmek üçin näçe alarsyňyz? — diýenini özi hem duýman galar.

Bagşylaryň biri:

— Dutar çalmagy ýedi günde öwretmeli bolsa, ýüz tylladan az almarys — diýen.

Mämmet bagşylar bilen razylaşýar we özüniň ýüz tyllasyny bulara berýär. Bagşylar Mämmedi öz öýlerine äkidip, ýedi günde dutar çalmagy öwredýärler. Soň Mämmet bagşylar bilen hoşlaşyp, öz ýoldaşlarynyň ýanyna gelýär, görse, olar hem

eýýäm aljak zatlaryny alyp, taýýar bolup duran ekenler. Bular ýola düşýärler, az ýöräp, köp ýöräp öz obalaryna gelýärler. Mämmediň atasy ogluny görüp begenýär-de:

— Ýeri, oglum, birneme burç getirip bildiňmi? — diýip soraýar. Mämmet bolsa atasyndan hiç zady ýaşyrman ýüz tylla dutar çalmagy öwrenendigini aýdýar. Mämmediň atasy muňa ýene ýüz tylla berip:

— Aý, oglum, zyýany ýok, «Bir hünärli baý bolmaz, baý bolmasa-da hor bolmaz» diýipdirler. Saňa, ynha, ýene bir ýüz tylla bereýin, burç alyp gelersiň — diýen.

Mämmet ýene şol öňki dutar öwrenen şäherine garşy ýola düşen. Ol az ýöräp, köp ýöräp ahyry şol şähere baryp ýeten.

Mämmet ol güni dem-dynç alyp, ertir ir bilen şol garaburç çekdiren dükanyna baran. Dükançy:

— How, söwdagär dost, sen nirä gitdiň? Men gara burçuňy çekip, saňa şol garaşyp oturşym. Sen bolsa, garaňy salmadyň — diýen.

Onda Mämmet:

— Meniň bar işim diňe bir garaburç almak däl. Men ýüz dükana baryp söwda etmeli ahyry — diýip, dükança syr bildirmändir.

Dükançy täzeden garaburç çekmäge başlaýar. Mämmediň bolsa gözi ýene daşynda. Ynha, seretse, elleri kitap-depderli oglanlar bir-birleriniň yzyndan howlukmaç bir ýere ylgaşyp barýarlar. Şu aralykda Mämmet ýene garaburç almagy ýadyndan çykarýar-da, şolaryň yzy bilen gidiberýär. Bu oglanlar şol baryşlaryna bir howla girýärler. Mämmet hem bularyň yzy bilen giren. Ynha görse, oglanlar aksakgal mollanyň daşyna tegelenip, üýşüp bir zatlar okaýarlar. Mämmet mollanyň golaýyna baryp:

— Siz näme işleýärsiňiz? — diýip soran. Onda molla:

— Ynha, men çagalara hat-sowat öwredýärin. Olar geljekde sowatly, akylly adamlar bolup ýetişerler — diýýär. Hatly-sowatly bolmak Mämmediň göwnüne makul bolup:

— Maňa ýedi günde şu zatlaryň hemmesini öwretmek üçin näçe tylla alarsyň? — diýip soraýar.

Molla:

— Ýedi günde hat-sowady öwretmeli bolsa, ýüz tylladan az almaryn — diýen.

Mämmet:

— Bolýar, me ýüz tylla — diýýär we ýedi günde hatly-sowatly bolup, obalaryna baka gidiberen.

Ol az ýöräp, köp ýöräp, birnäçe menzil ýol geçip, atasynyň ýanyna barýar. Ol bu gezegem çekinmän puluny hat-sowat öwrenmeklige harçlanyny aýdýar.

Mämmediň atasy hem oňa göwne deger ýaly hiç zat aýtman:

— Bolýar, oglum, ynha, iň soňky ýüz tyllamyzy hem al — diýip, ony ýene-de şol şähere garaburç getirmek üçin iberýär.

Mämmet ýene-de häki iki ýüz tylla harçlan şäherine gelen. Bu gün dem-dynjyny alýar. Ertesi şol garaburç satylýan dükana barypdyr weli, ol gulply eken.

Mämmet dükanyň gapysynda eýläk-beýläk ýaltaklap durka, birden onuň gulagyna «Aty ur, pili sür, pyýadany göç, patyşany gaba!» diýen sesler eşidilýär. Mämmet içinden: «Alla janlarym, bu nämäniň söwdasyka?» diýip, dükanyň agzyndan baryp sereden. Ynha, görse, birtopar adam başyna gaý bolup küşt oýnaýar.

Mämmet birsalym seredip durupdyr weli, bir ýaş ýigit gaty ökdelik bilen şowhunly oýnaýar eken. Mämmet ol ýigidiň ýanyna baryp:

— How, dost, şu oýny maňa ýedi günde öwretmek üçin näçe tylla alarsyň? — diýen.

Oýunçy ýigit:

— Bu oýny ýedi günde öwretmeli bolsam, öwredenim üçin ýüz tylladan az almaryn — diýipdir.

Mämmet:

— Bolýar, ine, şol ýüz tyllaň maňa, çaltrak öwretseň bolýar — diýýär.

Mämmet ýedi günde küşt oýnuny hem öwrenip, puly nämä sowandygyny aýdyp, atasynyň şu şähere gelmegini sorap, hat ýazypdyr. Atasy Mämmediň hatyny alyp, oglunyň ýanyna gelipdir.

Mämmet:

— Eý, ata, sen meni bazara elt-de, söwdagärlere kerwençi edip sat, mazaly gurplanýançam, meni satyp, alan puluň bilen eklenersiň — diýen.

Atasy:

— Ýok, oglum, men seni gul bazarynda satyp bilmen, onuň ýaly iş bolmaz — diýen.

Garaz Mämmet «Meni äkit-de sat» diýip, otursa-tursa ugruna goýmandan soň, atasy nalaç bolup, ogluny gul bazaryna eltipdir. Edil şol wagtlar söwdagärleriň daş ýurtlara kerwen ugradýan wagty eken. Derrew Ýomutbeg diýen bir söwdagär Mämmedi bir tylla satyn alypdyr we bu söwdagär Mämmedi uzak bir ýurda kerwen bilen alyp gidipdir. Bular az ýöräp, köp ýöräp çöl meýdanda çala yzgary galan çuň bir guýynyň başyna baryp ýetenler.

Ýomutbeg derrew Mämmedi guýa sallap, bir küýze suw çykartmagy kerwençilere tabşyrýar. Kerwençiler eline küýze berip, Mämmedi guýa sallaýarlar. Mämmet guýynyň düýbüne düşüp görse, ynha, bir giden gymmatbaha daşlar diýýär.

Mämmet «Guýynyň içinde altyn-kümşüň kändigini aýdyp ýokardaky ýoldaşlaryna gygyrypdyr. Olar derrew iki-üç sany halta taşlap, bu zatlary ýokaryk çekip alypdyrlar. Ýomutbeg

söwdagär bu zatlary görüp: «Mämmede hem paý bermeli bolaýmaýyn, iň gowusy muny guýudan çykarmaýyn, goý, ölsün gitsin» diýip, ýigidi guýuda galdyryp, ýüklerini düýelere urup gidiberipdirler.

Mämmet näme etjegini bilmän, guýynyň içinde eýlesini-beýlesini ýaltaklap durka, ynha, bir gapy barmyş, ony açyp içine girse, bir döw uklap ýatan eken. Onuň başujunda-da bir gowy dutar asylgy duran. Mämmet dutary alyp, şeýle bir labyzly saz çalmaga başlan, welin döw ýerinden zöwwe galyp:

— Ýeri, adamzat, sen bu ýerlere nädip düşdüň? — diýen.

Mämmet:

— Ine, şeýle-şeýle, bolup düşdüm — diýip bolan wakalary aýdan.

Döw:

— Sen dutary şirin çalýan ekeniň, ýogsam, seni iýerdim. Meniň oglum hem dutar çalmakda gaty ezberdi, ol hem seniň bilen deň-duş oglandy — diýip aglapdyr.

Mämmet döwe:

— Sen näme aglaýarsyň? — diýen.

Döw:

— Seniň dutar çalyşyňy eşdip, oglum ýadyma düşdi. Bir gün saz-söhbet edip otyrkak, onuň çüýşedäki janyny men atanlykda basyp owradaýypdyryn, ana, şondan soň ol öldi gidiberdi — diýen.

Soňra bolsa:

— Indi seniň şu şirin sazlaryň üçin men saňa nähili hyzmat etmeli? Eger sen isleseň, men şol kerwenleri şu ýere getirip, müň janyndan bir janyny goýman alaýyn — diýen.

Mämmet:

— Ýok, beýle etmek gowy bolmaz. Gowusy, sen meni şol kerweniň yzyndan ýetiräýsene — diýen.

Döw Mämmedi göz açyp-ýumasy salymda, kerweniň ýanyna eltipdir.

Mämmet Ýomutbege ýüzlenip:

— Meniň günämi geç, hormatly söwdagär, men guýuda uklap galaýýypdyryn — diýip, «Daş bilen urany, aş bilen ur» diýenlerini edipdir. Mämmediň beýleki ýoldaşlary: «Bä, munuň döwden ýoldaşy bar eken» diýip, özaralarynda pyşyrdaşypdyrlar.

Döw Mämmede ýüzlenip:

— Isleseň, men bularyň baryny kül-peýekun edip, hemme zatlaryny saňa alyp bereýin — diýen.

Mämmet:

— Ýok, beýtmek adamkärçilige dogry gelmez, peslik bolar. Onsoňam bu söwdagär meni satyn aldy, entek bahamy ödäýin — diýip, döw bilen hoşlaşýar.

Ýomutbeg şol gyzyllaryndan Mämmet öz paýyny dilär öýdüp: «Gel, men munuň eline hat ýazyp, öz ogullarymyň ýanyna ibereýin, onsoň olar muny öldürerler, şeýdip, mundan dynaryn» diýýär-de, Mämmede:

— Sen meniň atymy münüp yzyňa gaýt, bu haty bolsa meniň uly ogluma eltip ber, «Kerwenler oňat, ýol asudalyk» diýip aýt — diýen. Mämmet hem:

— Bolýar – diýip, ata münüp yzyna gaýdyberen. Mämmet az ýöräp, köp ýöräp bir ýere gelip, dynç almak üçin düşläpdir. Ol atyny daňyp, ot ýakyp çaý goýupdyr: «Gel-ýeý, biýedeplik hem bolsa çaý gaýnaýança şu haty barlap göreýin-le, ýüz tylla berip öwrenen hat-sowadym ýadymdan çykypmy, ýokmy, ony barlap anykladygym bolar-da» diýip, haty açyp okamaga başlaýar. Hatda şeýle ýazylypdyr: «Ogullarym, menden her biriňize aýratyn salam. Şu haty goluňyza berjek meniň gulumdyr. Ol kezzap bize garşy her hili hyýanatlar oýlap tapýar, muny derrew öldüriň!»

Mämmet bu haty ýyrtyp, onuň ýerine şeýle hat ýazýar: «Şu haty goluňyza beren ýigit bir guýudan örän köp gyzyl we gymmat baha daşlar tapyp, ýarysyny maňa bagyşlady, siz şuny gaty gowy garşylaň we hezzet-hormat edip, toý beriň!» diýip ýazypdyr.

Bu işleri edýänçä, Mämmediň çaýy gaýnaýar, ol çaý içip, çörek iýip, ýene ýola düşen. Ol birnäçe menzil ýol ýöräp, şähere gelip, söwdagäriň uly oglunyň öýüni sorap tapýar. Haty şonuň eline tutdurýar. Söwdagäriň ogullary muňa gaty begenýärler. Olar myhmany hatda ýazylyşy ýaly garşylaýarlar. Mämmet bu gije hezil edip dynç alýar. Ol ertir turup, söwdagäriň uly oglundan:

— Şäheriňizde näme gyzykly zat bar? — diýip soraýar.

Ol hem:

— Hiç zat ýok — diýip jogap beren. Ýene Mämmet ondan:

— Siziň ýurduňyzyň şasy kim? — diýip soran. Söwdagäriň ogly:

— Patyşanyň gyzy. Ol ýaňy ýakynda: «Meni kim küştde utsa, şoňa äre barjak» diýip, bütin halkyň arasynda jar çekdirdi — diýip aýdan.

Onda Mämmet:

— Onuň köşgüne nädip baryp bolar? — diýip soran.

Söwdagäriň ogly:

— Ýok, dost, sen ol ýere gitjek bolup hyýalam etme, ony utmak kyn, eýýäm birnäçe adam janyny gurban etdi, çünki kim utulsa, ol gyz ony öldürýär, küştde bolsa ol gyzy utup bilen ýok — diýen.

Mämmet söwdagäriň oglunyň aýdanyna gulak salman, çaýyny içip patyşa gyzyň köşgüne ugran:

Mämmet köşge girjek bolsa ýasawul:

— Ýeri, ýigit, nirä barýarsyň? — diýip soran.

Onda Mämmet:

— Seniň patyşaňa öýlenmäge barýaryn — diýen.

Ýasawul bu ýigidiň aýdanyny patyşa bolşy ýaly aýdýar we dolanyp gelip:

— «Sen küşdi gowy bilýärmiň» diýip, patyşamyz soraýar — diýen.

— Sen oňa aýt, örän gowy bilýärin.

— Seniň mugallymyň kim? — diýip ýasawul ýene soran. Onda Mämmet:

— Öwredeni üçin menden ýüz tylla alan küştçi ussat — diýen. Onda ýasawul:

— Biziň patyşamyz dört döw oýnaýar, şunuň üç döwüni utmaly, bir döw utdurmaly, şonda utduň hasap edilýär — diýen.

Onda Mämmet:

— Men şoňa razy — diýen.

— Sen eger utulaýsaň, seni nätjegini bilýärmiň? — diýip, ýasawul ýigide nebsi agyryp soran. Onda Mämmet:

—Bilýärin — diýen.

Ýene ýasawul ynjalman:

— Janyňa haýpyň gelmeýärmi? — diýen.

— Gelýär, ýöne men ony hökman utup, siziň patyşaňyza öýlenerin, soň meniň ölesim gelmez — diýip, Mämmet jogap beren.

Ýasawul Mämmedi gyzyň ýanyna alyp barýar weli, gyz bu oglany görüp:

— Kelläňi jellatlaryň kesjekdigine meniň haýpym gelýär, sen oglan, bu töwekgelligiňden el çek — diýip, oglanyň nähili oýnaýanlygyndan habarsyz, oňa abaý-syýasat edip, howuny basjak bolan.

Onda Mämmet:

— Men bu ýere iki hili gürrüň etmäge gelemok — diýip, pert-pert jogap beren.

Şa gyz küşti getirmegi buýurýar we bular oýnap başlaýarlar. Bu ikisiniň oýnuna wezir-wekiller hem gözegçilik edýärler.

Şeýdip, birinji döwde Mämmet şa gyzdan utulýar. Şa gyz Mämmede:

— Seniň üçin häzir hem bir pille, şu oýnuňdan el çek, sen utularsyň, men birinji gezek utup göremok, saňa haýpym gelýär — diýen. Onda Mämmet:

— Sen eýle-beýle gürrüňleriň bilen meniň badymy aljak bolma. Men birinji gezek seni hormatlap utuldym, biziň ýurdumyzda bir adam bar. Ol: «Myhman birinji döwde utulmalydyr» diýerdi — diýip jogap beren.

Bular oýunlaryny ýene-de dowam etdiripdirler. Mämmet bu gezek şa gyzyny yzly-yzyna üç gezek utupdyr. Töweregindäki adamlar muňa gaty begenýärler.

Şa gyz Mämmede:

— Sen entek meni utaňok, ýene-de bir gezek oýnaly, utulsaň, men seni öldürmän, öýüňe goýbereýin, utsaň bolsa, onda men seňki — diýen.

Mämmet şa gyzyny bu gezek hem utýar.

Şunlukda, şa gyzy ýedi gije-gündizläp halka uly toý berip, Mämmede äre çykan. Soň raýatlary bilen maslahatlaşyp, Mämmedi gyzyldan tagta mündürip, öz ýerine patyşa edenmiş.

Ine, şeýdip, Mämmet patyşa bolan. Şondan soň Mämmet häki Ýomutbeg diýen söwdagäri ýoldaşlary bilen hiç ýere butnatman köşge getirmegi ýasawullaryna buýran. Ýasawullar ol söwdagärleriň hemmesini Mämmediň huzuryna alyp gelýärler. Mämmet bulary barladyp, şol özüniň guýudan tapan gymmatbaha zatlarynyň hemmesini alyp, garyp-gasarlara paýladýar, bir tyllany bolsa Ýomutbege berip:

— Ynha, şu tylla meniň baham üçin atama beren puluň. Indem, bir adama maňa eden hyýanatyň ýaly iş edäýseň, seniňki ölümdir — diýip, kowup goýberen. Mämmet gidip, atasyny hem öz ýanyna getirip maksat-myradyna ýetýär. Garyp-gasary goldap, rehimdar, adalatly şa bolýar.

## AKYLLY WEZIR[1]

Bir bar eken, bir ýok eken. Gadym zamanda bir patyşanyň ýaşajyk aýaly ýogalýar. Ol aýaldan bolsa alty aýlyjak çaga galýar. Ojagaz çagajyga owadanlykda, ýaraşyklylykda taý ýok diýýär. Çaganyň ýüzüne sereden adamyň ondan gözüni aýrasy gelenok diýýär. Patyşanyň özem ýalňyz perzendi bolany üçin ony juda eý görýän eken.

Aradan wagtyň geçmegi bilen patyşa özüni ýalňyz duýýar we bir gözel maşgala öýlenmegiň kül-külüne düşýär. Onuň üçin hem ol bir gün öz wezir-wekillerine:

— Öňki aýalymdan hem ýaraşykly we owadan gyz tapyň — diýýär. Onuň wezirleriniň biri:

— Eger özi hem ene-atasy razy bolsa, goňşy patyşamyzyň aý ýaly gyzy barmyş. Akyllylykda hem ylymlylykda oňa taý ýok — diýip eşidýäris. Ýöne ony gözümiz bilen gördük diýsek ýalançy. Tarypyny edip, ýerde-gökde goýanoklar. Şol gyza öýleneniň dünýäde armany bolmaz diýip, aýdýanlaryny eşidýäris — diýip aýdýar. Onda patyşa:

— Beýle bolsa bu işiň ugruna özüň çyk. Näme ýumuş buýursalar, ýene näme diýseler kabul et. Şu diýýäniň dogry

---

[1] Türkmenbaşy adyndaky Türkmenistan Milli golýazmalar institutynyň golýazmalar hazynasy. 857$^{f}$-nji bukja. Aýdan: Nurmyrat Atamyrat ogly. Ahal welaýatynyň, Tejen etrabynyň merkezi. Ýazyp alan: Ç.Garabekow. 1948-nji ýylyň Nowruz aýy.

Erteki gysgaldylyp alyndy, onuň asyl nusgasy golýazmada 200 sahypa.

bolsa, sen ýöne alanyňy bil. Başgasynyň bir zady bolar. Näçe diýseler hem atasynyň salgydyndan gaçma, razy bolar ýaly et — diýýär.

Patyşadan beýle ygtyýar we gyssagly buýruk alan wezir derrew ýola düşmek bilen bolýar. Ol ýol serenjamyny kemsiz tutýar. Ýanyna hem iň edermen we kaşaň geýnüwli, at-ýaragly elli ýigidi alyp, ýola düşýär. Az ýöräp, köp ýöräp, ençeme daglary, düzleri yzynda goýup, owadan gyzly patyşanyň ýurduna baryp, gütüläp düşýär. Şol günüň özünde şa köşgüne baryp, myhman bolýar.

Bir gije ýatyp turanlaryndan soň, ygtyýar alyp we öz patyşalaryny çenden aşa taryplap, özüniň näme üçin gelendigini patyşanyň huzurynda mälim edýär. Patyşalarynyň ýaşyny, dul galanyny aýdýar. Alty aýlyk oglunyň bardygynam gizläp duranok. Soň patyşalaryny her taraplaýyn ýerde-gökde goýman öwüp, sözüniň kabul edilmegini soraýar.

Owadan gyzly patyşa esli wagt dymyp oturýar-da:

— Gowy habaryň bar. Gyz halky gaty näzik hem ynjyk bolýar. Belli beter hem, atasynyň eý görýän, lälik saklanan gyzy şeýle bolýar. Onuň üçin hem bu iş gyzymyzyň hut özüne bagly. Gyzymyza sala salyp göreris we onuň diýeni bilen bolarys. Onuň göwnüni ýykybilmeris. Siz hem gyzymyzyň diýenine kaýyl bolmaly bolarsyňyz — diýýär.

Bu sözden soň wezir patyşanyň myhmanhanasyna baryp, ol gün gijesi bilen şol ýerde bolýar. Ol ýerde bolmak bilen patyşa haçan çagyrarka diýip, gözi ýolda, pikiri gyzda bolýar.

Daň atýar, gün hem dogup asmana galýar. Wezir onda hem gözüni ýola dikip oturýar. Gün ýaşýar, garaňky düşýär. Weziri çagyrmaga gara beren bolmaýar. Onuň halys karary ýetmän başlaýar. Gijäniňem köpi geçýär. Onuň gözüne edil çiş kakylan ýaly, ukusy tutmaýar. Barha biynjalyk bolup, sabyr käsesi dolýar. Urnup-urnup, ahyr nalaçlykdan daňa golaý uka gidýär-

de düýş görýär. Düýşünde patyşanyň gyzy munuň arkasyna ullakan gara daş ýükläp: «Şuny göter-de, hol, diňe münüp düş» diýýär. Wezir edil şol pursat howpurgap oýanýar we bu düýşünden gaty gorkýar. Emma hernäçe pikirlense hem ol düýşüni özi ýorup bilmeýär. Nalaç galýar.

Ol günem gün dogup asmana galýar. Hemmeler ertir naharyny iýýär. Işli işine gidýär. Weziriň bolsa nalaçlykdan şol garaşyp oturşy. Ahyr günorta golaý patyşadan oňa çakylyk gelýär. Patyşa ony çagyryp şeýle diýýär.

— Gyzym agşam düýş görüpdir. Düýşünde patyşaňyzyň şol ogluny öz janyna kast edýän gara ýylan sypatynda görüpdir. Onuň üçünem janyna kast ediljek ýerine razy bolmaýar. Patyşanyň dullugyny göwnüne getirmeýär. Ol diňe agşamky gören düýşüni göwnüne getirip, ondan gorkýar. Özi razy bolmasa, eý görýän perzendimiň göwnüni ýykyp, patyşaňyzyň habaryny alyp biljek däl. Patyşaňyza hem şeýle diýip aýdarsyňyz. Gyzymyň aýdyşyna görä, ol çaga gara ýylana öwrülip diňe bir meniň gyzyma kast etjek bolman, hut öz atasyna hem hyýanat etjek bolýarmyş. Siz menden göwün-kine etmän, patyşaňyza hem ýagdaýy bolşy-bolşy ýaly aýdyň — diýýär.

Bu aýdylýan zatlara özi hem düýş görüp, gorkup oturan wezir näme diýjegini bilmän, esli salym keýpsiz halda ýüzüni aşak salyp oturýar. Soň patyşa ýüzlenip:

— Rugsat berseňiz, biz gaýdaly. Baryp bu jogaby patyşamyza aýdaly. Ol nämäni makul bilse, şoňa görä bolubermeli bolarys. Iberse ýene hem eglenmän geleris we onuň aýdanyny size gelip mälim ederis. Her näme bolsa-da patyşamyzyň başga maksady ýokdur, elbetde, özi alajyny tapar-da — diýýär. Onda patyşa:

— Görüň-dä. Biziňk-ä dogry jogap. Gyzymyzyň göwnüne degip bilmeris. Ony beýtsek enesem halamaz. Onuňam perzendi. Özümize galsa-da, kast ediljek ýere perzendimizi berip

bilmeris. Çagamyzdan iremzok. Şu sebäbe görä, munam patyşaňyza aýt, ol ähli döwletini berse hem biz ony kabul etmeris. Güýjüne daýanyp bir iş etjek bolsa hem, elbetde, akmaklyk bolar, kysmatdakyny görübermeli bolarys, oňa-da biz bar, onam aýt. Haçan gaýdaryn diýseňizem bizden rugsatdyr — diýýär.

Bu gürrüňlerden soň wezir hem patyşa bilen hoşlaşyp, ýoldaşlarynyň ýanyna barýar. Şondan soň olar atly-atyna münüp, keýpsiz halda şäherden çykyp, öz ýurtlaryna gaýdýarlar. Az ýöräp, köp ýöräp, ahyrda öz ýurtlaryna ýetýärler.

Wezir gös-göni patyşanyňkyda düşýär. Barsa, patyşa oguljygyny gujagyna alyp, oňa guwanyp oturan eken. Wezir hem patyşanyň ygtyýar bermegi bilen, düşek üstüne geçip, gidip gelşini we patyşanyň gyzynyň düýşi bilen baglanyşykly wakalary aýtmaga başlaýar. Şol halat ünsden düşürlen çaga öýkeläp, kakasynyň sakgalyny penjeleýär we ony pugta tutup sypdyrman, agyrdyp, patyşanyň gaharyny getirýär. Bu bolşy gören wezir: «Häh, patyşanyň gyzynyň aýdany dogry bolaýjakmyka? Niýet-ä ýagşy däl» diýip, hyrçyny dişläp, içini gepledýär. Onýança patyşa:

— Hä-ä, aýt, ol patyşanyň özi näme diýdi hem häzir göwnüňe näme getirdiň onam gizlemän bolşy ýaly aýt — diýýär.

Onda wezir:

— Hökman aýtjak, aýtmaly bolaryn. Aýtmasam bolmaz — diýip, aýdyp başlaýar:

— Men baryp maksadymy aýdanymdan özüne sala salnan gijesi gyz düýş görüpdir. Düýşünde çagany gara ýylana öwrülip, özüne kast edýän ýagdaýda görüpdir. Ol gyz onuň diňe bir özüne däl, ony size-de hyýanat edýän ýagdaýda görüpdir. Siziň duldugyňyza gyz myzaýyk etmeýärmiş. Diňe şol düýşüne görä «Kast ediljek ýerime razy däl» diýýärmiş. Atasy hem «Gyzymyň göwnüne degip, ýekeje perzendimizi närazy edip

berip biljek däl» diýip otyr. Ýaňy gelip oturanymdan soň bu neresse çaga sakgalyňyzy penjeläp, birgiden gyly ýoldy welin, «Şol gyzyň aýdany bolaýjakmyka» diýip, özüm gorkdum. Ine, indem biziň-ä gidip getiren habarymyz şu boldy. Hoşlaşan wagtymyzda hem siziň jogabyňyzy baryp, patyşamyza aýdaryn, alajyny tapyp iberse, ýene basym geleris diýdim — diýip, wezir sözüni soňlaýar.

Patyşa bu sözleri eşidip, gamgyn halda gujagyndaky çagany ýere düşürýär. Çaga aglap başlaýar, çagany wezir alyp gidip, enekesine berýär-de, ýene gaýdyp gelip, öňki ýerinde çökýär.

Patyşa ýagşydan-ýamandan bir agyz geplemän, tukat ýagdaýda uzak oturýar.

Patyşanyň bu bolup oturşyna wezir näme diýjegini bilmän, ahyrda onuň özünden rugsat sorap öýüne gaýdýar. Ol gün gijesi bilen öýünde hiç ýere çykman, dem-dynjyny alýar.

Daň atyp, gün dogandan soň, ýene patyşanyň ýanyna barýar. Görse, patyşanyň şol gamly oturşy. Ol wezire barmysyň hem diýmeýär. Özi bir zat diýmese wezir patyşa söz gatmaga ätiýaç edýär. Bu boluş bütin günläp dowam edýär. Patyşanyň sessiz-üýnsüz turup gitmegi bilen, onuň ýanyna gelen beýleki wezirlerem turşup, hersi işli-işine ugraýar. Ahyrda wezirler öz aralarynda: «Patyşany gepledibilmesek we onuň göwnüni tapmasak biziň üçin aýp bolar. Onuň üçin hem ertir ony gepletjek, göwnüni tapjak bolalyň. Matlabyny bileliň» diýişýärler.

Wezirler daň ataryna mähetdel patyşalarynyň ýanyna barýarlar. Görseler, patyşalarynyň şol bir bolşy. Wezirler hem esli wagt dymyşyp, tukat oturýarlar. Ahyrynda olaryň dilewarlarynyň biri patyşalaryna ýüzlenýär:

— Kyblaýy älem, tukatlygyňyzy taşlaň-da, şu işler bilen bagly bize näme etmeli bolsa aýdyň. Ýüz endişäniň bir iş bitirmejekdigini siz bizden gowy bilýärsiňiz. Ol gyz bolmanda hem gyz gyt däl, onda-da bir ýurduň patyşasy üçin. Gözlemek,

belki, ondanam gowusyny tapmak biziň işimiz: «Ýok, şol bolmasa başga biri gerek däl» diýseňiz, onda şol niýetiňizi amala aşyrjak bolmak hem biziň borjumyz. Näme-de bolsa, bize bir zat aýdyp oturyň — diýýär. Esli salymdan soň patyşa dillenip:

— Ýa şu ýalňyz perzentden geçip, ol gyzy almaly bolaryn, ol bolmasa hem men başgasyny küýsemän, dünýäden ýalňyz gitmeli bolaryn — diýýär. Wezirleriň iň ýaşulusy başyny ýaýkap:

— Bir gyz üçin göz monjugy ýaly neresse çagadan geçmek akyla sygjak zat däl. Ady tutulandan neresse çaga beýle töhmet edip başlan gyzdan hiç wagt hem janyň rahat tapmaz. Ol zeýilli gyzy päliýaman hasap edip, ony unudyp, ýer tükenýänçä gaçan ýagşy, çünki ol zeýilli gyzyň daşy jäjek, içi möjek bolýar. Onuň ýaly päliýamana öýlenmek gowulygyň üstünden eltmez. Ol urşa-sögüşe we nähak ganyň dökülmegine sebäp bolar. Ol gyzdan wagtynda el çekmek akyllylyk bolar — diýýär.

Weziriň başga biri ýaramsaklyk edip:

— Ýok, bu beýle däl. Bäş günlük ýalançyda günüň hoş geçjegine seretmek gerek. Öleniňden soň oguldan-gyzdan saňa ne peýda. Ogul-gyz diýilýän zat onsoňam adamynyň bilinden önýän zat. Hudaý berse, perzent indiki alynjakdan goşa-goşadan bolup biler. Onuň üçin hem kyblaýy älem ol gyzy tüýs ýürekden halaýan bolsa we gamgynlygy diňe şonuň üçin bolsa, bir ýumruk ýaly sümükli üçin kösenip, gamlanyp oturmasa bolar — diýýär. Onda patyşa şeýle diýýär:

— Men hem şeýle pikir edýärin. Bu diýýän zatlaryňyzyň hemmesinem seljerip görýärin. Bir zady göwnüme jaý edip, bir maksat edinenimden soň, ol başa barmasa, şol meni ýakýar. Pylan patyşa, pylan patyşanyň gyzyny isläp, sawçy iberipdir welin, ol berilmändir» diýlen gürrüňi eşitmek meniň üçin ölümden agyr masgaraçylyk. Siz, dogry aýdýarsyňyz, belkem, ondanam akylly, görmekli gyz tapylar. Barylsa, ony bererle-

rem, almak hem bolar. Emma gep onda bolman, gep tutan ýeriňi goparmakda, ýapyşanyňy ele salmakda. Onuň üçin şol gyza meýil edip ugruna çykdykmy, ony gola salmagyň alajyny etmeli. Başga ýol ýok. Ol gyzyň şu çaga bilen bagly gören düýşüniň aňyrsynda bir zat bar bolaýmasyn! Sizem oýlanyň welin, şol hakda gürrüň gidip durka, oglumyň sakgalymy penjelemegini, ony ütmegini, rastyny aýtsam, özümem göwnüme getirdim hem oýlandym. Irde-giçde özüme hyýanat etjek çagany hiç kime bermän, ile-de duýdurman, ymgyr çöle taşlasak bolar. Muny etmesegem, uly iliň we goňşy patyşanyň ýanynda sözi geçmedik biabraý adam bolup galarys. Abraýym dökülip, namysa galanymdan... — patyşa bu ýerde sözüniň yzyny aýtman goýýar. Ýöne töweregindäki wezirler, onuň näme diýmek isleýänine, matlabyna düşünipdirler.

Wezirleriň köpüsi patyşanyň diýenini makul bilýärler. Olaryň diňe biri başyny galdyrman pikire batyp oturýar. Patyşa bu weziriniň atasy ýap-ýaňy ugran ýaly bolup oturşyny halaman:

— Ýeri, sen näme pikire batdyň? Ýa meniň pikirim bilen razylaşaňokmy? — diýip oňa ýüzlenýär.

Onda wezir başyny galdyryp:

— Bu neresse çagany maňa beriň. Men ony hiç haçan ene-atasyna hyýanat etmez ýaly edip terbiýeläýin hem razy bolsaňyz, ol hiç wagt patyşanyň ogludygyny bilmez ýaly edip ulaldaýyn, özünem şu jelagaýda goýmaýyn. Bigünä çagany öldürmek, ýitirim etmek Hudaýa hem hoş gelmez. Beýle pikirden el çekmegiňiz gerek. Hudaýa hem hoş gelmejek beýle gabahat işi etseňiz, soňy özüňiz üçin-de gowy bolmaz. Wezirler, men bu meselede siziň pikiriňizi oňlamok. Oňlamagam däl-de, halamok. Maslahat bermek kyn däldir, ýöne her kes onuň netijesiniň näme bilen gutarjagyny oýlasa ýerlikli bolar. Onsoňam kyblaýy älem, şol tapylan bahana bilen sözüňiziň ýykylanyny namys bilmäň. Bu ýerde namys edere bahana ýokdur, masga-

raçylygam däldir, düşünseňiz. Entek duluňyza geçmedik adam kellesinde şygyrdy bolsa beýle zat aýtmaz. Beýle zady il eşitse, ony hiç kes oňlamaz. Masgara olaryň özleri bolar — diýýär.

Bu weziriň sözi patyşanyň gulagyna hoş ýakmaýar. Şonuň üçin hem ahyrda çagany çöl ýyrtyjylary iýip ýok eder ýaly ýere, ymgyr çöle taşlamaly diýen pikir makul görülýär. Şeýle hem edýärler. Wezirleriň biri daňyň alagaraňkysynda atlanyp, neresse çagany-da öňüne alyp, çöl-beýewana tarap tutdurýar. Bu wakadan habarly hoşniýetli wezir hem, oňa duýdurman garama-gara yzyna düşýär. Näme kän, ýolagçy kän, pälini ýamana tutan wezir oňa ünsem bermeýär.

Şeýlelik bilen, birinji wezir çagany bir beýigiň üstünde ýalazy ýerde taşlap gaýdýar. Beýleki wezir hem ol gözden ýitýänçä, garaşyp durup, gözden ýitenden soň, çagajygy garbap alyp, ýaňajygyndan taýly gezek ogşap, gujagyna gysýar. Ol bu wakany il duýmaz ýaly, golaýrak bir obada ýaşaýan aýal doganyna eltip berýär hem-de çagany hiç kese duýdurman edil öz çagasy ýaly edip saklamagy tabşyrýar. Mahal-mahal gelip, habar tutup gitjekdigini aýdýar. Onda dogany:

— Waý-eý, beýle eýjejik, owadanja çagany heniz görmändim — diýýär hem:

— Sen bu çagadan gaty arkaýyn bol. Öz çagam diýerin. Eklärinem, saklarynam — diýip, dogany bilen hoşlaşyp, ony esli ýere barýança ugradýar.

Indi habary birinji wezirden eşdeliň. Ol hil bir iş bitiren ýaly bolup, atyny ýüzün salyp gelşine göni patyşanyň köşgüne girýär. Girip hem gös-göni patyşanyň huzuryna baryp, çagany it-guş iýer ýaly ýalazy meýdana taşlap gaýdanyny mälim edýär. Şonda duýdurmajak hem bolsa patyşanyň ýüzi üýtgäp gidýär. Onuň ýüreginden pyçak urlan ýaly bolýar. Soň ol edil bu dünýäniň adamsy däl ýaly bolup, perzendini ýatlap, iýmän-içmän melul we gamgyn halda gezýär. Otursa-tursa ýatlaýar:

«Ymgyr çölüň içinde oguljygymyň haly niçikkä ýa eýýam ony ýyrtyjylar tüýt-müýt etdimikä? Bedenjigine nägehanyň dişi degende eljagazlaryny kelemenledip kömek sorap gygyrdymyka?» Patyşa gije-gündiz içini gepledip, bagyr awysyna dözüp bilmän sary ýüplüge dönýär.

Bu ýagdaýdan bihabar wezirler bir gün patyşanyň ýanyna üýşýärler. Görseler, patyşalary öňküsinden hem tukat, ýüzi sary getireniň ýüzi ýaly diýýär. her näme-de bolsa wezirleriň biri patyşalaryna ýüzlenip:

— Kyblaýy älem, indiki tukatlygyňyz nämäniň alamaty. Maksadyňyza ýetmek üçin perzendiňizden geçdiňiz. Indi bize rugsat ber, biz ýene gideli we bolan işleri ol patyşa gürrüň bereli. Bolan wakany gyzyna ýetirmegini düşündireli. Beýdip uzak tukatlanyp ýörseňiz, özüňizi horlasaňyz, hem ol gyzyň eliňizden gitmegi mümkin — diýýär. Onda patyşa başyny hem galdyrman:

— Akmaklykdan boljak iş boldy, gutardy. Neresse çagany ýyrtyjylara iýmit etdik. Indi, aňrujy başa barjak bolsa, maksadyna ýeten gyzy talap etmek gerek — diýýär hem ýene şol öňki weziri ýola salmak isleýär. Şol pursat bir gapdalda syr bildirmän oturan, şol çagany alyp gaýdan wezir patyşa ýüzlenip:

— Kyblaýy älem, eger bir çemçe ganymy geçseňiz, siziň iberjek weziriňize ol patyşanyň berjek jogabyny men size aýdaýyn — diýýär.

Onda patyşa:

— Bolýar, ganyňy geçýärin. Hany beriljek jogabyň nämedigini aýt. Biz hem ony eşideli. Akylly jogapmy ýa bir göwne geldi howaýy gürrüňmi? — diýip, akylly wezirine sözüni aýtmaga ygtyýar berýär. Wezir söze başlaýar:

— Eger gyzyň atasynyň akyl-huşy ýerinde bolsa, indi gyzyna sala hem salyp durmaz. Ilçiňiz baryp bolan wakany aýdandan «Bir gyz üçin ýumruk ýaly ümedüşmez neresse çagany

çöle taşladyp, ite-guşa ýal eden bolsa, meniň gyzymy-ha sähelçe bahana tapsa günibirin ýok eder. Onuň üçin hem men oňa gyzymy berjek däl» diýer. Şeýle jogap bilen ilçiň hem yzyna gaýdyp geler. Ýok, patyşa kemakyl bolsa onda ol gyzyny bermäge razy bolar. Siz hem kemakyl gaýynataly bolarsyňyz.

Weziriniň sözleri içinden ok bolup geçse-de, patyşa syr bildirmän şeýle diýýär:

— Bu zatlaryň hemmesi bagt işi. Kysmatda näme bolsa indi ony görübermek gerek. Onuň gyzyny almak üçin ýalňyz perzendimden geçdim. Özüme ömrüm ötýänçä ýatdan çykmajak sütem etdim. Şundan soňam gyzyny bermäge razy bolmasa, ýa başyny alaryn, ýa öz başymy goýaryn. Ýa ol gyzy almaly. Ýogsa-da serden geçmeli bolar. Dagy, şu ikisinden başga çykalga ýokdur — diýýär.

Patyşa sözüni jemläp, ilçilige gitjek wezirine hem:

— Bardy-geldi, gyzyň atasy ters jogap beräýse: «Patyşamyzyň gyzyňyzy ýa almakdan, ýa hem ölmekden başga maksady ýok. Onuň üçin hem üstüňe goşun çekip gelinmegine garaşmaly bolarsyň» diýgin. Örän merdemsi gepleşgin, birjik hem yza çekilmegin — diýýär.

Patyşadan şeýle pugta hem kesgitli tabşyryk alan wezir ýanyna serkerdeleriňem birini hem-de birnäçe atly-ýaragly esger alyp, niredesiň goňşy patyşalyk diýip, ýola düşýär. Az ýöräp, köp ýöräp, ahyr ol ýurda baryp ýetýär. Edil öňküsi ýaly bu sapar hem patyşanyňkyda düşleýär. Bu sapar patyşanyň huzuryna baranda patyşa bilen edil esentanyş ýaly bolup salamlaşýar, oňa has içgin durýar. Patyşa: «Otur» diýmänkä gabarylyp oturýar. Esli salymdan soň patyşanyň soramagy bilen wezir söze başlaýar.

— Patyşanyň özüne we siziň gyzyňyza irde-giçde hyýanat eder güman edilen çagajygy patyşamyz siziň gyzyňyza öýlenmek maksady bilen çöl-beýewana taşlatdy. Indi şol çagadan

siziň gyzyňyza zowal boljak däl. Indi bolsa siziň razylygyňyzy almaga geldik. Razylygyňyzy berdigiňiz, patyşamyz gelmäge taýyn bolup otyr.

Bu sözleri eşidip, patyşa kän pikirlenip hem oturmaýar:

— Bu iş bolmandyr. Bir gyz üçin eziz perzendiňi, onda-da alty aýlyk üme düşmez çagajygy çöle taşlap, ite-guşa şam etmek bolarmy? Hany, onuň akyly, öz akyly bolmasa, akylly wezirem ýokmy? Patyşa ýalňyşanda, onda-da aýdyşyň ýaly ejize ganymlyk edende wezirleri nirede bolupdyr? Beýle zada ýol bermek bolarmy? Bolşuňyz şu bolsa, ile nädip baş bolup bilýärsiňiz? Bir gyz üçin öz perzendini ite-guşa taşlap gaýdýan adam sähelçe hak-u nähak iş üçin aýalyna hem şeýle sütem etmäge ýaltanmaz. Onuň üçin düşünjesi seniň aýdyşyň ýaly bolsa, perzendinden geçmegi başarýan doňýürek patyşaňyza gyzymy berip biljek däl. Özi bilen akyldaş aýaly başga ýerden gözlesin, başga ýerden tapsyn, alsyn. Mende beýle guş kelle gyz ýok. Galyberse hem gyzymy başga bir patyşanyň ogluna bermäge razylyk berdim. Patyşaňyza munam şeý diýip aýdarsyňyz. Galanam, haçan yzyňyza gaýdasyňyz gelse menden rugsatdyr. Indi menden gyzy sorajak hem bolmaň. Jogap çürtkesikdir.

Onda ilçi wezir:

— Aýdanyňyza doly düşündim. Ýöne patyşamyz beýle doňýürek adam däl. Ol öz perzendini siziň gyzyňyzyň aýdan sözleri sebäpli, onuň rahat ýaşamagy üçin çöl-beýewana taşlatdy. Onuň beýle etmegine siziň gyzyňyzyň gören düýşi sebäp boldy. Onsoň bu işde ýazykly diňe bir biziň patyşamyz bolman, hemmämiz hem ýazykly. Diňe şol ýagdaýa görä hem biziň patyşamyzyň sözüni kabul etmegiňizi haýyş edýärin. Ol neresse çaganyň çöle taşlanylmagyna, hakykatdan hem, esasy sebäp, siziň gyzyňyzyň sözi boldy. Çaganyň beýle edilmegi, hakykatdanam, siziň aýdyşyňyz ýaly erbet we günä iş. Ol iş

üçin hiç birimizem aklap bolmaz. Belli beterem siziň gyzyňyz hem özüňiz hem ak däl. Çaga ene-atasyna hyýanat eder diýmedik bolsaňyz, siziň gyzyňyz üçin öz janyny-da gurban etmäge taýyn patyşamyz öz çagasyndan geçermidi. Indem patyşamyz siziň gyzyňyz üçin öz başyny-da gurban etmäge taýyn. Näme diýseňiz hem, men-ä bir ýumuş oglany — diýýär.

Gyzyň atasy esli wagt dymyp oturýar hem şeýle diýýär:

— Men aýtjagymy aýtdym. Diýjegimi diýdim. Men iki gepleýän adam däl. Beýle doňýürek adama gyzymy berjek däl. Onsoňam bir ýurduň şasy bilen guda bolanymdan soň sözümi yzyna alyp, lebzimi ýuwdup bilmerin. Onuň üçin patyşaňyzyň gahary gelmesin. Ters söze düşünmezlik edip, gaharyna daýanyp, başga hili geljek bolsa hem gorkup ýa gaçyp durjak däl. Haçan islese gelibersin. Biz hem ekläp saklaýan goşunymyza arpa beremzok. Kysmatdan gaçyp gutulmak bolmaz.

Patyşadan çürt-kesik jogap alýar-da, wezir atlylary bilen öz ýurduna gaýdýar. Ol gelip, gyzly patyşanyň özüne beren jogabyny we öz aýdan gürrüňlerini birin-birin bolşy-bolşy ýaly edip, kemini goýman patyşalaryna aýdyp berýär.

Weziriň getiren habaryna patyşanyň gany beýnisine urýar. Ol dergazap bolup we ähli zatdan geçip, niýetini ýamana tutup, gyzly patyşanyň üstüne goşun sürüp gitmäge taýynlyk görüp başlaýar. Wezirlerini ýene maslahata çagyrýar. Ýene olaryň birinden başgasy patyşalarynyň niýetini makullaýar. Ahyrda patyşa gürrüňe goşulman, oýa batyp oturan wezirine ýüzlenýär:

— Ýeri, sen näme aýdyp biljek?

Onda wezir:

— Men näme aýdyp bilerin. Aýtsamam, sözümiň geçmejegine akylym ýetip durka? — diýýär.

Onda patyşa:

— Her näme-de bolsa aýt, eşideýin. Rugsat berýärin — diýýär.

Wezir biraz salym böwrüni diňläp oturyp:

— Aýtsam, kyblaýy älem! Meniň maslahatym, goşun çekip olaryň üstüne gitmek gowulygyň üstünden eltmez. Onda-da bir gyz üçin, muny halaýykda oňlan tapylmaz. Munuň ýene bir sebäbini aýtsam, siziň söweşmeliňiz diňe şol gyzyň atasy bolmaz. Çünki, eger weziriň aýdýany çyn bolsa, ol başga bir ýurduň patyşasy bilen guda bolan bolsa, ony gyzyň kakasynyň kömege çagyrmajagyna hiç kim kepil geçip bilmez. Olam goşun çekip gelse, güýjüňiz az bolar. Şol päliýaman gyz üçin öň bir jan beren bolsaňyz, oýlanyň, indi müň jan bermeli bolarsyňyz. Ana, masgaraçylyk şonda bolar, abraýyňyz ýere çalnar. Galanynam özüňiz ýene böwrüňize diň salyp görüň. Meňki häki bir aýtmak — diýýär.

— Gep sanda däl. Biziň ýigitlerimiz batyr. Olaryň biri ýüzüsine taý geler — diýip, ilçi giden wezir ylalaşmaýar.

Patyşa dagy, diýere söz tapman böwrüne diň salyp, oýlanyp oturýar. «Akylly wezirimiň diýenini edip, heniz ýalňyşan ýerim ýokdur-la. Meni nä Hudaý tutdy. Eýsem onuň aýdýan zatlarynyň bihal ýeri barmy? Men-menlik edip, maňlaýyňy daşa uraýma sen. Biriniň bagyr awusyna döz gelmän urnup ýörsüň! Her kimiňem balasydyr. Gyrdyryp gelseň, patyşa-da bolsaň ýüzüň-ä sypalmaz. Näme üçin ýalňyşyňy boýnuňa almajak bolýarsyň».

Patyşa edip oturan oýuny daşyna çykarman, wezirlerine başga zat diýen.

— Häzirlikçe, şu gürrüňi goýan ýagşy. Gijäniň haýryndan, ertiriň şeri ýagşy diýipdirler. Ýöne ýigitleriň ellerini sowatmaň. Buýruga garaşyp dursunlar — diýýär.

Patyşa oguljygyny ýatlap, uzakly gijäni oýlanyp hem urnup geçirip, daňa golaý uka gidýär. Şobada-da allaniçigsi bolup basyrganyp oýanýar. Ol gören düýşünden aýňalyp bilmän, esli

salym sermi-sar bolup oturýar. Düýşünde edil hakydasyndaky ýaly mähriban aýaly gapyda gözünden boýur-boýur goýberip:

— Hany, balam? Sen ony nätdiň? Tap. Ony tapmasaň men saňa ynjalyk bermerin — diýýär. Edil şol pursat patyşa ukudan oýanýar.

Birdenem patyşanyň kellesine bir hyýal gelip, hiç kime duýdurman, hyzmatkärleriniň biriniň eşigini geýýär-de, ertiriň alagaraňkysynda atynyň ýüzüni günbatara tutup, ýola düşýär.

Ol şäherden saýlanandan atyny gamçylap, ýüzün salyp gidýär we gidişine weziriň gürrüň beren depesine, oguljygynyň taşlanan ýerine barýar. Ol bedeniniň galpyldysyny saklap bilmän, özüni aşak goýberýär.

Ysgynsyz halda daş-töweregine göz gezdiren şanyň gözüne ne çagajygynyň eşijeklerinden nyşan, ne-de süňkjagazlary ilýär. Ol çök düşüp oturyp, ömründe birinji gezek ses edip aglaýar. Patyşa şol oturşyna gün guşluk bolýança gymyldamaýar. Dagy alaç tapman ahyrda näumyt halda başyny aşak salyp, gamly ýagdaýda, atyny idip, gelen yzy bilen gaýdýar.

Patyşa şol gelşine bäş-on sany goýny bakyp ýören bir gyzjagaz bilen tokarja oglanjyga sataşýar. Sataşýar-da, olara tarap sowulýar.

Gyzjagaz özüne nätanyş adamdan ätiýaç edip, çägäniň üstünde oýnap oturanja tokarja çagajygy garbap alyp, yza-yza çekilýär.

Patyşa şol halat gyzjagazyň özünden gorkanyny bada duýup:

— Sen menden gorkma. Men size hiç zat diýjek däl — diýýär.

Şol pursat gyzjagazyň goltugyndaky çagajyk patyşanyň ýüzüne gözjagazlaryny tegeläp seredýär-de, birden oňa eljagazlaryny uzadyp aglap başlaýar.

Patyşanyň ýüregi ýerinden gozganan ýaly bolýar. Mejaly gaçyp, atynyň uýanyny goýberip, çagajyga elini uzadýar. Emma şol pursat gyzjagaz nätanyş adama barjak bolup, gykylyklap hem däbşenekläp, dyzaýan çagajygy zordan saklap, birdenem oba tarap, ökjäni göterýär. Mallaryny taşlap, oglanjygam onuň yzyna düşýär.

Gyzjagaza nebsi agyran patyşa, ony gorkuzmazlyk üçin esli salym onuň yzyndan seredip durýar we garama-gara onuň giden tarapyny yzarlap ugraýar. Gyzjagaz obanyň içi bilen gidip-gidip, ahyrda alty ganat ak öýe baryp girýär.

Patyşa-da şol öýüň gapysynda säginenden, öýden örän syratly, ýaraşykly, ýüzi-gözi nurana bir aýal çykýar. Patyşa bu aýal tanyş ýaly bolup görünýär.

Ol aýal patyşa bilen saglyk-amanlyk soraşansoň oňa:

— Geliň, geçiň, öýden oturyň, myhman. Öýüň eýesi-hä ýokdur, ýöne olam geler diýýär. Ol aýal öýden çykan eslije oglanjyga myhmanyň atyna eýe çykmagy tabşyrýar.

Atynyň uýanyny oglanjyga berse-de, patyşa öýe giribermäge ýaýdanýar. Ýaýdanýar-da:

— Men patyşanyň ýasawuly, uzak ýoldan gelýän-de, «bir suw içeýin» diýip sowuldym — diýýär. Onda öý eýesi aýal:

— Patyşanyň adamy bolsaňyz gowy. Ýöne özüm-ä Taňry myhmany kimem bolanda çaý-suwsuz goýbermeýän. Onda-da uzak ýerden aryp gelen myhmany — diýýär. Edil şol pursat, gyzjagaz çagany göterip öýden çykýar.

Patyşany gören bada çaga ýene oňa eljagazlaryny serýär we ýene aglap başlaýar.

Patyşa bu ýagdaýa uzak seredip durup bilmän:

— Getir, gyzym, maňa ber, ol maňa dyzaýar — diýip, ol aýalyň rugsat bermegi bilen çagany gujagyna alýar. Ýaňajyklaryndan yzyny üzmän ogşaýar. Onuň gözlerinden ýaş paýrap gidýär.

Bu bolşa öý eýesi, hatda gyzjagazam aňk bolup durýar.

Ahyr patyşa öý eýesine:

— Siz şu çagany tapan ýeriňizi aýdyň. Meň soragymy geň görmäň. Bu çaga meňki — diýip diýmänkä öý eýesi aýal örgökden gelip:

— Goýaweri, myhman, bu nähili gep boldy, toba-ýeý — diýip, patyşanyň myhman hatyrasyny unudýar. Ylgap baryp, çagany onuň elinden garbap alýar. Çagany gyzjazynyň goltugyna berip:

— Bar, basymrak, gelnejeňlere äkit — diýýär.

Gyzjagaz aglap, gitmejek bolýan çaganyň gykylygyna garamaýar. Ony göterip obanyň içi bilen ylgap gidýär. Soň öý eýesi aýal patyşa garap:

— Toba-ýeý, biziň gapymyzdan heniz çagamyza dawa edip gelen adam bolmandy. Ýaşalyp ýörülse her hili zadyň üstünden baryljak eken. Abraýyňyz barka, öý eýesi gelmänkä gideweri, ýogsam bu iş gowulyk bilen gutarmaz. Bolsaň bolupsyň, patyşanyň ýasawuly, patyşanyň özi gelende türkmen oňa çagasyny berermi? Dyrnajagynam rowa görmez. Toba-ýeý.

Patyşa dagy diýere gep tapman ýene:

— Çaga meňki, onuň dyzap durşuny özüňizem gördüňiz, ýagşylyk bilen berseňiz gowy bolar. Patyşanyň soňky sözüne öý eýesi aýalyň aşa gahary gelýär.

— Ýagşylyk bilen berilmese, güýç bilen alaryn — diýjek bolýarmyň? Güýjüne buýsanyp bir naçaryň üstüne dyzap durandanam bir erkek bolarmy? Gel, sen nähili gelýän bolsaň gel, türkmen gyrylar welin, her öňetene çagasyny berip goýbermez.

Öý eýesi aýal gaharyna tasap öýüne girip, gapysyny batly ýapýar.

Patyşa näme etjegini bilmän sermi-sar bolup, nätanyş gapyda esli durýar. Ol bu aýaldan çaga özüniňki hem bolsa ýalbaryp alyp bilmejegine akyly ýetýär. Onsoň näme etjegini bilmän iň

soňunda durup-durup, bu jaýy gowy belläp, akylly wezirine sala salmagy göwnüne makul görüp köşgüne ugraýar. Ol begenjine guş bolup uçup gaýdýar.

Köşgüne girip, häki akylly wezirini ýanyna çagyrýar. Aňyrdan: «Patyşa oýlanyp, uruş etmegi goýbolsun edendir» diýip, oý edip gelen wezir, oturyp-oturmanka patyşa oňa ýap-ýaňy başyndan geçen wakany gürrüň berip başlaýar. Aýdyp bolansoň, wezire ýüzlenýär.

— Sen indi hemmesini eşitdiň, çaga meňki. Indi aýt, çagany edil özüniňki ýaly bermejek bolup, ýapyşyp ýatan ol aýaldan nädip alyp bolar? Ol janyny alaýmasaň-a, çagany berjek däl.

Wezir ýylgyrýar. Weziriniň ýylgyryşyny patyşa gaty geň görýär. Geň görmek bilen onuň ýüzüne haýran galyp seredýär. Şol pursat wezir:

— Kyblaýy älem, bir çemçe ganymy geçseňiz aýdaýyn — diýýär.

Onda patyşa:

— Ganyňy geçeýin. Ýöne sen aldajynyň elinden oguljygymy almagyň ýoluny basymrak salgy ber — diýýär. Onda wezir:

— Ol aýal meniň aýal doganym bolmaly. Siziň oguljygyňyzy, kyblaýy älem, zyňylan ýerinden alyp, oňa men eltip berdim — diýýär. Soň wezir patyşa çaga bilen bagly bolan wakany gürrüň berýär. Patyşa begenjinden akylly wezirini garsa gujaklap:

— Il oňlasa, men däl, şu günden şeýläk ýurda sen patyşa bolarsyň — diýýär.

Onda wezir:

— Patyşalygyňyz özüňize nesip etsin, kyblaýy älem, maňa siziň patyşalygyňyz gerek däl. Adyl şa bolup ýurdy dolandyrsaňyz, bize şol sylag-hormatyň iň ulusy diýýär.

## SÖZÜŇ GÜÝJI[1]

Bir bar eken, bir ýok eken, gadym-gadym zamanda bir ataly-ogul bar eken. Atasynyň kejirligi, güzeran dolandyrmagyň ejirligi sebäpli, näçe işlese-de, oglanyň ezenegi galmanmyş. Ine, bir gün ýaňky oglan kärendesine alan ýerini sürüp ýörkä, azalyň demri bir gaty zada ilipdir-de, öküzler ony çekip bilmän, kürtdürip duruberipdir. Oglan öküzleri yza tesdirip, azaly sogrup alsa, äpet bir humuň agzy görnüp duranmyş. «Meniňem bagtymyň oýandygy boldy gerek» diýip, oglan humy göterip ýokaryk çykarypdyr. Görse, içi ýakutdyr merjenden, lagyldyr göwherden dolumyşyn. Oglan öküzlerini daňmagy-da unudyp, arkasy doly humly, ýüregi doly arzuwly etek alty, ýeň ýedi bolup, öýlerine uçup diýen ýaly gelipdir. Ol iki büklem bolup ýüp işip oturan atasynyň öňünde humy düküledip goýupdyr hem-de oýunlyga salyp:

— Muny görsene, atam jan, otuz ýaşyma çenli garaşdyran bagtym, humuň içine girip, meýdanda uklap ýatan eken – diýipdir.

Atasy humuň içindäki gymmatbaha daşlary esli synlap durupdyr-da:

— Ýurt-da, onuň üstündäki, astyndaky baýlyk-da patyşanyňkydyr, oglum: Muny eýesine eltip ber. Ujundan saňa-da biraz eçilse-hä bagtyň, eçilmese-de, öz ygtyýary – diýen.

[1] Türkmen halk ertekileri. Aşgabat, «Ylym», 1986.

Ahyry ýyllar boýy eden arzuwlarym hasyl bolup maksadyma ýetdim diýip, begenjini atasy bilen paýlaşmaga howlugyp gelen ýigit ör-gökden gelipdir:

— Munyňdan maslahat bolmaz, ata. Şu hum bolmanda-da patyşanyň öz baýlygy özüne ýetik. Ol oňa mätäjem däldir. Öz günümiziň aladasyny edeli. Bu hum biziň egnimizden galdyryp, ýedi arkamyza ýeter. Patyşa bolsa bize hiç zat eçilmez. Gaýta siziň tapanyňyz bir hum däldir. Beýlekilerini nätdiňiz – diýip, ezýet berer.

Ogly näçe janyksa-da, atasy öz aýdanyny tutup durupdyr. Ahyry bolmajygyny bilen ýigit atasyna:

— Aýdylany etmeseň, hanha hum. Özüň eltip beriber. Menä bagtymdan çykan rysgalymy elim bilen şa-da bolsa, şol bagta mätäç bolmadyk adama eltip berjek däl – diýip, gaty keýpsiz halda ýerini sürmäge gidiberipdir.

Kejeňek goja bolsa, humy arkasyna alyp, ýegşerilip köşge barypdyr.

Oglanyň edişi ýaly, ony patyşanyň öňünde düküledip goýupdyr-da:

— Eý, hökmürowan şahymyz, bu humy biziň oglumyz siziň ýurduňyzyň pylan welaýatyndaky ekerançylyk meýdanyndan tapdy. Siziň halal, sadyk guluňyz ony hak eýesine gowşurmagy öz borjy hasap edip, bu dem siziň alnyňyza getirip goýdy – diýip, başyny egip durupdyr. Özi welin: «Munça baýlygy gören şa göterilip, alkyş okap, hiç bolmanda oglumyzy öýlendirer ýaly, gysym-penje eçiler» diýip oýlanýar. Şa bolsa huma parhsyz garap:

— Humuň taýy tapylan däldir? Beýlekisini nätdiňiz – diýipdir. Beýle söze garaşmadyk goja aňk-taňk bolup aljyrapdyr-da:

— O nähili beýleki hum? Biziň tapanymyz ýeke şu hum ahyryn – diýipdir. Onda şa:

— Bu tentege humuň ýeke bolmaýandygyny düşündiriň – diýip, jellatlara gözüni ümläpdir. Şol wagt maňlaýyna degen serdesse gojany tüwdürip goýberipdir. Sada goja aýasy bilen maňlaýynyň ganyny süpürip durşuna patyşa däl-de, igenip ogluna käýinipdir: «Peläket maňa ýekejesini görkezip, beýleki humlary gizlän eken-ow. Ogluň hepbesizi gör, atasyny nä güne salýar?»

Şanyň buýrugy bilen gojanyň ogluny hem südenekledip getiripdirler we: «Beýleki humlary nirede gizläniňi aýt» diýip, gynap başlapdyrlar. Ýigit ýekeje hum tapanyny düşündirip şunça janykýarmyş welin, ony diňleýän, oňa ynanjak bolýanam ýokmyş. Ahyr oglandan zat çykmajygyny bilen şa:

«Ertir oglany dara çekdirjek, ogry kezzabyň ölümine tomaşa etmek üçin, aýal-erkek meýdana çykmaly» diýip jar çekdiripdir. Ertesi ähli halk jeza berilýän meýdana çykypdyr. Jellatlar oglany daryň astyndaky kürsä mündürip, boýnuna syrtmak salypdyrlar-da, şanyň buýrugyna garaşypdyrlar.

Ölümden ýaman, jandan süýji zat barmy? Oglan ýagty dünýäni soňky gezek synlamak üçin ýüzüni galdyrypdyr. Ine, edil şol pursat gabat garşysynda duran peri sypat gyz bilen nazary kaklyşypdyr. Gyz mähirli ýylgyrypdyr. Ýigidiň bu gyza şeýle bir mähri gidipdir weli, ol dünýäni unudyp, damarlarynyň gymyldap başlandygyny-da duýmandyr. Ony diňe alkymyna dykylyp gelen atasynyň:

— Oglum, beýtme, humlary nirede gizlän bolsaň, aýt-da, başyňy gutar – diýip, aglamjyraýan sesi özüne getiripdir. Boýny syrtmakly dar astynda durany ýadyna düşende, oglan öz bolşuna haýran galyp ýylgyrypdyr. Patyşa onuň ýylgyranyny görüp:

— Ogryny meniň ýanyma getiriň – diýip buýruk beripdir. Jellatlar oglanyň elini çözüp, boýnunyň syrtmagyny aýryp, şa-

nyň ýanyna getiripdirler. «Näme gep barka» diýip, wezir-wekiller-de, kazy-kelanlar-da bularyň töweregine aýlanypdyrlar.

Şa ýigide:

— Ölüm seniň üçin iň aýylganç zat ahyry. Haýsy adamy ölüme höküm etseň, gorkusyndan saralyp soluberýär. Sen bolsaň Ezraýyl depäňde penjesini gerip durka, ýylgyrdyň. Munuň syryny aýt – diýen. Oglan oňa:

— Meniň ýylgyrmagymyň syry mertligimi görkezmek üçin däl. Onuň başga bir syry bar. Ol syry meniň sizden başga adama eşitdirmäge hakym ýok – diýipdir. Patyşa «dargaň» diýen manyda töweregine bir seredipdir weli, şolbada daşy çolaryp galypdyr. Ölümini boýnuna alan adam özüňe belli. Şundan soň ýigit çigit ýalam heder etmän, şeýle diýipdir:

— Eşider bolsaň, patyşahym, men şu gün biri-birine meňzeş üç sany zady gördüm. Şoňa-da ýylgyrdym.

— O nähili zatlar?

— Atamyň akyly, siziň akylyňyz, ýigitlik hyjuwy biri-birine juda meňzeş ekeni, şahym.

Bu sözi eşiden şa «Jellat» diýip gygyrmakçy bolandan, oglan:

— Çüş, köşeşiň, hökmürowanym. Gyssanmaň, meni öldürmäge wagt taparsyňyz. Ilki hakykata bir göz ýetiriň ahyry. Hakykat hernäçe ajam bolsa, burç, soganyň ajysy ýaly peýdaly ajy bolmaly. Muny siz özüňiz menden has ýagşy bilýärsiňiz.

Men, hakykatdan hem, ýalan sözlämok, bir hum tapdym. Muny siziň özüme berjek jezaňyzdan gorkup aýdýandyr öýtmäň. Ýöne atam bu humy «size berjek» diýip, eňegine tutup başlady. Ony garyp hojalygymyza köp gördi. Gaharyňyza bäs gelip, sowukganlylyk bilen pikirlenseňiz, meniň sözümiň hakykatdygyna göz ýetirersiňiz. Men atama: «şu hum patyşa üçin hiç zadyň alnyndan däl, muny oňa görkezmäli, bu biziň ýedi arkamyza ýeter, hezil ederis. Şadan sag bolsun almarsyň, ugur-

syz gep tapyp, başymyzy bela goýar» diýip özelenip ýalbardym, diňlemedi. Ata ata bolýa-da. Menem: «Huma eliňi degirme» diýip bilmedim. Ýeri, atam-a hiç zady görmedik, özüniň mamladygyna, bimamladygyna göz ýetirip bilmän, şol bir sözüni tutup oturan sada adam diýeli. Siz parasatly adamlar bilen oturyp-turup, ýagşyny-ýamany görüp ýören ýurt eýesi ahyry. Atam pahyr, gör, nähili päk göwünli, ol humy köşgüňize getiripdir. Muňa gadyr-gymmat goýmagyň deregine, siz: «Beýleki humlary tap» diýip, ol görgülä-de, maňa-da azap baryny berdiňiz. Indi siz bir pikirlenip görüň. Ýeter-ýetmez güzerana öwrendekli bolan garyp görgüliler başy alynjak ýerinde mala seredermikä? Gizläp goýan humy bar bolsa, dar agajyny görenden, olary çykaryp beräýmezmi? Özi ölenden soň, oňa baýlyk näme gerek? Patyşa diýilýän adam akyly bar bolsa, ilki şu hakda oýlanmaly dälmi näme? Geliň, size-de ýurduň, halkyň aladasyny unudyp, özüne güýmenje gözläp ýören işsiz şa diýeliň. Daryň astynda mende dörän ýigitlik hyjuwyna näme diýersiň? Boýnumda syrtmak, jellatlar ajal depini kakyp dur. Ol bolsa maňa şeýle aýylganç pursaty unutdyrdy-da, ölümime tomaşa etmäge gelen bir näzenine telwas edip dur – diýipdir.

Muny üns bilen diňlän patyşa gaharyna basalyk berip oýlanypdyr-da:

— Men saňa ynandym, seni halas edýän, ýöne bu ýerde bolan gürrüňi bir Hudaý, bir sen, bir-de men bileýin. Dördünji biriniň gulagyna ýetenini eşidäýsem, diriligiňe hamyňy soýduraryn – diýipdir. Soň bolsa märekä ýüzlenip:

— Bu ataly-ogly halas edýärin. Oglan özüniň bigünädigini çyny bilen aňyma ýetirmegi başardy – diýipdir.

Patyşa aýtdy gutardy. «Nädip aňyňa ýetirdi?» diýip, ondan sorajak adam barmy? Ýalňyz perzendiniň bu beladan sypanyna begenen goja: «Oglum gizlän humlarynyň hemmesini getirip

bereýin diýendir. Ýogsa şa ony halas etmezdi» diýip oýlanypdyr. Şol pikir bilenem ogluna:

— Başda şeýtmelidiň oglum, menem, özüňem horladyň – diýipdir. Atasynyň näme diýmekçi bolýanyna düşünen ogly:

— Indikide şeýdäýeris atam – diýipdir.

— Indikide diýip, näme, biz ýene gelmelimi? – diýip, atasy howsalaly sorapdyr.

Onda ogly:

— Sen atam bolsaň, menem seniň ogluň bolsam, ýaňky samsygam patyşamyz bolsa, munuň ýaly ýerlere kän gelmeli bolsak gerek – diýipdir.

## GAZAPLY ŞA WE PAÝHASLY GARRY[1]

Gadym zamanlarda bir ýurduň bir atly patyşasy bar eken. Ol patyşa örän gazaply bolup, gün-günden onuň gazaby artýar eken. Ol halkyň, ýurduň aladasyny etmegiň deregine her gün bir bolgusyz hokga çykaryp, adamlary horlaýar eken. Günlerde bir gün ol:

— Şu şäherde üç günläp hiç bir öýde yşyk ýakmaly däl. Eger kimde-kim meniň şu permanyma garşy çykyp, hökümimi ýerine ýetirmese, onda onuň başy ölümli, maly talaňly bolar — diýip, höküm çykaran.

Bu hökümi şanyň hyzmatyndaky emeldarlar şäheriň ähli ýerine ýaýradypdyrlar. Şol günden başlap, hiç bir öýde yşyk ýakylmandyr. Emma şäheriň ýokary çetinde bir jaýda çyra ýanmagyny dowam edipdir.

Bu ýagdaýy patyşa habar berenlerinde ol:

— Belki, olar eşiden däldirler. Baryň şu haty eltip beriň — diýip, emeldarlaryndan çykaran permanyny ýazyp iberýär.

Ýasawullar bu jaýa baryp görseler, içinde bir ýigit bilen bir gyz otyr diýýär. Bulara patyşanyň buýrugy ýazylan haty berýärler.

---

[1] Türkmenbaşy adyndaky Türkmenistan Milli golýazmalar institutynyň golýazmalar hazynasy. 998[f]-nji bukja. Aýdan: Atadurdy Köse. Ahal welaýatynyň Tejen etraby. Ýazyp alan: R.Gaýypgulyýew.

Ertesi agşam şol öýde ýene-de çyra ýakylypdyr. Bu ýagdaýy patyşa eşidýär-de:

— Baryň şolara hut öz diliňiz bilen düşündiriň, belki, olar hat okap bilýän däldirler — diýip, ýasawullara buýruk beren.

Ýasawullar baryp buýrugy olara gaýtalap aýdýarlar. Emma olar muňa gulak asmandyrlar. Ýasawullar ýene-de:

— Eý, ýigit we gyz, siz näme üçin patyşamyzyň permanyna gulak salman, ony ýerine ýetirmeýärsiňiz. Patyşa sizi öldürer — diýip, gaýtalap aýdýarlar.

Onda ol ýigit:

— Eý ýasawullar, baryň, patyşa aýdyň. Biz onuň hiç bir jezasyndan, hatda öldürmeginden-de gorkmaýarys. Patyşanyň bütin baýlygyndan, biz bir-birimiziň didarymyzy müň mertebe gymmat görýäris. Biz aşyk-magşuk, baryň, şu aýdanlarymy patyşaňyza ýetiriň — diýipdir.

Ýasawullar bu habary patyşa bolşy ýaly edip aýdýarlar. Patyşa dergazap bolup, olary tutup getirmekligi öz atlylaryna buýurýar-da, soňra öz aýaly bilen maslahatlaşmaga başlaýar.

Patyşa:

— Eý, meniň hemdemim, eger şu ikisi bir-birini tüýs ýürekden söýüp, olar bir-birine hak aşyk-magşuk bolsalar, onda men olary azat etjek. Eger olaryň söýgüsi ýalan bolsa, bir-birine biwepa bolsalar, onda olara henize çenli görülmedik jeza berjek. Sen maňa aýt, olaryň biri-birini ýürekden söýýändiklerini ýa-da söýmeýändiklerini anyklamak üçin näme etmeli, ony nädip bilmeli? — diýipdir.

Aýaly ep-esli pikirlenenden soň:

— Olaryň hakykatdan hem biri-birlerini tüýs ýürekden söýýändigini ýa-da söýmeýändigini takyklamak kyn däl — diýipdir. Onda patyşa:

— Hany, aýt, eşideli. Nähili ýol tapdyň? — diýipdir.

Aýaly äriniň ýüzüne bakyp, akyllylyk bilen şeýle diýipdir:

— Eý, meniň älemim, gulak sal! Gyz geler welin, sen ony bir çolaja jaýa alyp git. Ol ýerde onuň bilen ikiçäk gürleşersiňde oňa ähli baýlygyňy hödürläp, özüňe aýal bolmagyny, ol oglany bolsa öldürjekdigiňi aýdarsyň. Eger şonda ol gyz saňa razylyk beräýse, onuň öz söýgüsine biwepa boldugy bolar. Öz gezegimde men hem ol ýigit bilen ikiçäk gürleşerin — diýip, sözüni soňlapdyr.

Oglan bilen gyzy patyşanyň huzuryna alyp gelýärler.

Patyşanyň aýaly ýigidi çolaja jaýa alyp barýar we oňa:

— Eý, gözel oglan, sen olar ýaly pukara gyza özüňi çatma. Çünki ol saňa mynasyp däl. Seniň ýaly gözel, owadan ýigide şa gyzlary mynasypdyr. Şular ýaly köşklerde hanlyk, beglik sürseň, ýag iýip, ýüpek geýseň, şu giden şalyga, meniň ýaly şanyň owadan aýalyna eýe bolsaň, seniň bagtyň çüwjek. Onsoňam men seni tüýs ýürekden söýdüm. Gel, sen maňa öýlen. Patyşa sizi ölüme buýurjak. Emma men seni alyp galaýyn we şanyň özüni öldüreýin-de, bütin baýlygyny, patyşalygyny, ähli hazynasyny seniň ygtyýaryňa bereýin. Gel, sen meniň diýenime razylyk ber-de, ölümden başyňy gutar — diýip, oňa kän ýalbarypdyr. Emma ol ýigit patyşanyň aýalyna:

— Maňa senem, baýlygyňam, şalygyňam, ähli zadyňam derkar däl. Men şol pukaralygym bilen oňaryn. Şol pukaraja söýgülimden ölsem-de el çekmerin. Şoňa görä-de men şanyň öldürmeginden hiç hili heder etmeýän — diýip jogap beripdir. Şanyň aýaly bu ýigidiň ol gyzy ýürekden söýýän hakyky aşykdygyna göz ýetiripdir.

Indi habary ol ýigidiň magşugy gyz bilen patyşadan eşideliň.

Patyşa hem gyzy çola bir jaýa alyp barýar we ol gyza:

— Eý, näzenin, sen şeýle bir owadan, şeýle bir gözel, hatda Aý-Gün, ýyldyzlar-da seni görenden utanyşyp, seniň gözelligiňe haýran galarlar. Ötüp geçen ýedi aşyklar hem seni görse-

ler, Şirinden, Zöhreden, Leýliden, Senemden ellibizar geçerlerde, seniň huzuryňda «gulluk» diýip durarlar. Emma sen näme üçin bir pukara-garyp oglana aşyk bolup, oňa barmakçy bolýansyň. Eý, peri, häzirem bir pille, sen ol hyýalyňdan el çekde, maňa gel. Eger maňa gelseň, seniň hyzmatyňda kyrk keniz elmydama häzir durarlar. Ýüpek geýip, ýag ýalarsyň, şöhratyň bütin jahana ýaýrar. Elýetmez şaha bolarsyň — diýen. Ol gyz:

— Ol ýigidi nätjek? Ol razy bolarmyka muňa? — diýen. Onda patyşa:

— Aý, ondan hatyrjem bolaý! Ony häziriň özünde öldürip, ýok ederis — diýen.

Şeýlelikde, ol gyz patyşa aýal bolmaga razy bolýar. Ol ýigidiň öldürilmegine razylyk berip, özüniň söýgülisine biwepalyk edýär. Patyşa munuň anygyna ýetensoň, gahar atyna atlanyp, baş wezirini ýanyna çagyrýar-da oňa:

— Eý, wezir, saňa üç gün puryja berýärin. Şol üç günüň içinde meniň raýatymdaky ähli aýallary — ýedi ýaşdan ýetmiş ýaşa çenlisiniň birini hem galdyrman gyrmaly. Eger şu buýrugy ýerine ýetirmeseň, onda seniň jezaň şolara — aýallara beriljek jezadan-da agyr bolar — diýip höküm edipdir.

Wezir bu hökümi eşidip, agyr ýagdaýa düşýär. Ol iki günüň içinde sap-sary bolup galýar. Bu dünýäden umydyny üzmegi boýnuna alyp, hökümi ýerine ýetirmän, agyr gaýgyly halda galyberýär. Bir gün geçýär. Iki gün geçýär. Üçülenji gün gelýär.

Şol wagtlar weziriň bir garryja atasy bar eken. Ol garry hem ömrüniň köpüsini wezir bolup geçiren eken. Özi hem ýurtda ady belli batyr, akylly, sözi diňlenýän adam bolupdyr.

Wezir şol garry atasynyň ýanyna barypdyr-da, ýagdaýy bolşy ýaly edip, oňa düşündiripdir.

Onda ol garry:

— Aý, oglum, sen muny alada etme, munuň bir alajy tapylar — diýende begenjinden ýaňa weziriň tas ýüregi ýarylara gelen eken.

— Eý, atam, tizräk aýtsana, men şanyň bu hökümini ýerine ýetirmän, onuň öňünde nädip durup bilerin — diýip, ýaňky wezir özüniň garry atasyna ýüzlenýär. Onda ol garry ogluna şeýle diýen:

— Eý, oglum, sen bar-da patyşaňa: «Hemme ilat amandyr» — diý. Eger ol ýene-de gaharlanyp gyssasa, sen oňa:

«Meniň bir garry atam bar. Ol bu hökümi eşidip, meniň ýanyma geldi-de: — Oglum, eger sen şu buýrugy ýerine ýetirjek bolsaň, öňürti meni öldür, onsoň aýallary gyryber. Ýöne öňi bilen meni öldür — diýip, ýapyşyp ýatyr. Asyl-ha, meni sypdyrmady. Meniň hem gaharym geldi-de, ony öldürmekçi boldum welin, birden seniň erkek adamy öldür diýmändigiň ýadyma düşüp saklanaýdym. Hakykatdan hem, siz maňa erkek adamy öldürmegi buýurmadyňyz. Şoňa görä-de men atamy hem öldürip bilmedim. Permany hem ýerine ýetirip bilmedim. Garry atam bolsa ol patyşa men jogap bererin diýdi» diýip aýtgyn — diýen.

Dördünji gün patyşanyň gaşynda weziri peýda bolýar-da:

— Eý, älemiň hökümdary, hemme ilat amandyr — diýen. Patyşa muny eşidip, gazap donuny geýip:

— Eý, akmak wezir, sen näme üçin meniň permanymy ýerine ýetirmediň — diýen.

Wezir hem atasynyň aýdanlaryny bolşy-bolşy ýaly aýdypdyr-da:

— Hawa, tagsyr şol garry atam ara düşdi we meniň permany ýerine ýetirmezligime hem şol sebäpkär boldy — diýipdir.

Patyşa muny eşiden dessine:

— Baryň şol garryny getiriň — diýip buýran. Şolbada hem gojany tutup getiripdirler.

Patyşa gözleriniň agyny köpeldip ol garra:

— Sen näme üçin meniň hökümime garşy çykypsyň, jogap ber! — diýip gazaplanypdyr. Emma ol köpi gören goja howlukman-alňasaman söze başlapdyr:

— Seniň kakaň pahyr patyşa wagtynda men hem onuň weziridim. Bir gün agşam süýji ukuda ýatyrdym. Birden bir ses eşidip ýerimden laňňa galypdyryn. Daşardan biriniň:

— Eý, wezir, içiňde demiň bar bolsa daş çyk! — diýip, gygyrýan sesini eşitdim. Men hasyr-husur ýerimden turaga-da çykyp ugramda aýalym meni saklap:

— Derläp ýatyrkaň köýnekçe çykma, egniňe galyňrak eşikleriňi geý ahyryn — diýdi. Men eşiklerimi geýip çykjak boldum welin, onýança ýene-de aýalym synymdan ýapyşyp:

— Sen bimahal aňyrdan geleniň nämedigini, kimdigini nä bilýäň. Ol betniýetli adam bolsa bildiňmi? Sen ýaraglanyp ykjamlan-da, onsoň çyk — diýdi. Men ykjam ýaraglandym-da, daşaryk çykdym. Görsem, bir pälwan sypatly batyr ýigit. Atly ýaragly dur. Ol ýigit men daşaryk çykan dessime:

— Derrew atyňa mün-de, meniň yzyma düş! — diýdi. Onuň özem kemsiz ýaraglanan eken.

Men hem atyma atlandym-da, onuň yzyndan galman sürüberdim. Atlarymyzy aldygyna çapdyryp barşymyza ol ýigit bir dagyň gowagyna bardy-da, atdan düşüp, atlaryň ikisiniň hem uýanyny meniň elime tutdurdy:

— Şu ýerde atlary saklap dur. Eger men: «Kömege ýetiş» diýip gygyraýsam, atlary goýarsyň-da, kömege bararsyň, emma men gygyrmasam, şu ýerde garaş-da duruber. Men gaýdyp gelerin — diýdi-de gowaga tarap ötägitdi. Ep-esli wagt geçdi. Menem garaşyp durdum. Birden ýaňky ýigit geldi-de, özüniň başyndaky telpegini aýyrdy welin, ynha, bir owadan aýal maşgala. Men bu waka haýran galyp durupdyryn.

— Ol maňa:

— Hawa, agam, bagyşlarsyňyz. Siziň batyrlygyňyzy, edermenligiňizi eşidip ýördüm. Siz, hakykatdan-da, hakyky batyr ekeniňiz. Men sizi bimahal süýji ukudan oýaryp, şu ýere alyp geldim. Üç sany garakçy meniň ärimi gapyllykda öldüripdirler. Olar gaçyp şu gowakda mesgen tutanlar. Men muny eşidip, sizi alyp gaýtdym. Bardy-geldi, duşmanlarym ökde çykyberseler, sizi çagyraýyn diýip, sizden kömek isläpdim. Siz bolsa meniň aýdyşym ýaly etdiňiz. Men olaryň üçüsiniň-de kellesini kesdim. Indi, men duşmanlardan arymy aldym. Maňa ýoldaş bolanyňyz üçin köp sag boluň. Bu ýagşylygyňyzy ölünçäm ýadymdan çykarmaryn — diýdi-de, ol elimden öwran-öwran öpdi. Ondan soňra ol batyr aýal meniň bilen hoşlaşyp ýola düşdi — diýýär.

Patyşa bu wakany eşidip, haýran galypdyr. Goja bolsa ýene-de sözüni dowam edip:

— Hawa, tagsyr, bu dünýä bir giň dünýedir. Munda her hili adamlar, her hili aýallar bar. Käbir adamlar bar, aýalça-da ýok. Emma erkeklere «gaýra dur» diýýän aýallar hem bar. Şonuň üçin hem men seniň permanyňa garşy bolýaryn. Eger sen şol permanyňy amal etjek bolsaň, onda ozaly bilen ataňa wepaly bolan bir adamy — meni öldürersiň. Aýal maşgaladan gyzyl ýüzli gerçek-goç ýigitleriň dogulýandygyny, aglanyňda aglaýan, güleniňde gülýän seniň hemdemiň ýaly ýüzlerçe aýallaryň-da önjekdigini, aýalsyz hiç hili ýaşaýşyň bolup bilmejekdigini-de ýatlap gör, pikir et! Onsaňam hiç haçan köpçüligi bir aýakdan sürmegin, günälini, günäsizi seljergin. Günäliniň oduna bigünäni ýakmagyn — diýen. Patyşa bu garrynyň aýdanlaryny eşidip, onuň akyllydygyna, pähimlidigine göz ýetiripdir we göýä ukudan açylan ýaly bolupdyr, soňra özüni dürsäpdirde şeýle diýipdir:

— Eý, akyldar atamyz, men ol permanymy gaýdyp alýaryn. Öňki pälimden el çekdim. Goý, indiden beýläk meniň raýatym-

da hiç hili bihuda iş görülmesin. Meniň günämi ötüň. Men uly pälläpdirin.

Goja patyşanyň pälinden gaýdanyna begenip:

— Biz seniň ýalňyşyňy wagtynda duýanyň üçin hem senden ýüregiňe uly rehimdarlyk indereni üçin, gudratly Alladan razydyrys we minnetdardyrys — diýipdir.

Şeýlelikde, şa pälinden gaýdyp, bütin halky azat edýär. Ýurdy adalatly dolandyryp başlaýar.

## OGRYNYŇ OGLY[1]

Bir bar eken, bir ýok eken, gadym-gadym zamanda bir ogry bar eken. Onuň hem on ýaşynda bir ogly bar eken. Ol ogry bir gün goýun ogurlap gelipdir-de, ony öldürmäge durupdyr. Şol wagt ogrynyň ogly goýnuň bir böwregini ogurlapdyr. Kakasy oňa:

— Hany goýnuň bir böwregi? — diýipdir. Onda oglan:

— Näbileýin, kaka, goýnuň ýeke böwrekdir-dä — diýipdir.

Kakasy ogluny urupdyr, horlapdyr. Oglan böwregi ogurlanyny boýun almandyr. Ogry bir gün ogluny yzyna tirkäp, patyşanyň gaznasyny talamaga gidipdir. Tamyň depesini deşip, ogluny jaýyň içine sallapdyr we tamdaky altynlary sallan torbasyna salyp, goýbermegi ogluna buýrupdyr. Şeýdip, ogry altyndan ýagşy ýüküni tutandan soň, ogluny ýokaryk çekipdir. Oglan ýarpy ýoluna ýetiberende, kakasy oňa:

— Hany goýnuň bir böwregi? — diýipdir. Onda oglan:

— Näbileýin, kaka, goýnuň ýeke böwrekdir-dä — diýipdir.

— Eger böwregi ogurlanyňy boýnuňa almasaň, seni şu tamyň içinde taşlap giderin — diýipdir, emma oglan kes-kelläm boýun almandyr.

Oglan böwregi ogurlanyny boýnuna almanyndan soň, kakasy ogluny tamyň içinde taşlap gidipdir.

---

[1] Türkmenbaşy adyndaky Türkmenistan Milli golýazmalar institutynyň golýazmalar hazynasy. 951[f]-nji bukja. Toplanlar: N.Kürräýew, A.Taýymow. 1960.

Ertir tursalar, patyşanyň gaznasy urlupdyr. Gaznanyň içinde bir oglan bar. Ol oglany patyşanyň ýanyna eltip, sorag edipdirler. Patyşa oglandan:

— Gaznany kim äkitdi? — diýip sorapdyr. Onda oglan:

— Meni getiren — diýip jogap beripdir.

— Seni getiren kim? — diýip, patyşa soranynda, oglan:

— Gaznany äkiden — diýip jogap beripdir. Oglan mundan başga hiç bir zady boýun alman, dymyp durupdyr.

Patyşa:

— Oglany dara çekmeli diýip jellatlara buýruk beripdir. Märeke ýygnanypdyr. Oglany dardan asmak üçin, ýüpi bokurdagyna salypdyrlar. Şol wagt oglanyň kakasy daşdan, märekäniň içinden iki barmagyny görkezip, «Goýnuň böwregi ikidi» — diýip yşarat edipdir.

Onda oglan hem yşarat bilen «Goýnuň ýeke böwrekdi» diýip, bir barmagyny galdyrypdyr.

Muny patyşa görüp:

— Oglany getiriň! — diýipdir. Oglany patyşanyň ýanyna eltipdirler.

Patyşa oglanyň näme üçin ýeke barmagyny galdyranyny sorapdyr. Onda oglan:

— Meniň bokurdagyma dar agajynyň tanapy salnanda, şeýtan gelip, maňa: «Hudaý ikidir» diýdi. Men hem «Hudaý ýekedir» diýip, bir barmagymy galdyryp jogap berdim — diýýär.

Bu sözleri patyşa eşidip, oglany azat edipdir. Şu wakadan soň, oglanyň atasy hem, oglan hem gaýdyp ogurlygyň gapdalynda görünmändir.

## GARYBYŇ ÇERKEZE GIDIŞI[1]

Bir bar eken, bir ýok eken, bir giden küren obanyň içinde bir garyp adam ýaşaýan eken. Bu garybyň ýalňyz eşeginden başga, işiginde ne towukdan, ne itden, ne pişikden ýekeje jandary-da ýok eken. Olar bir öýde aýaly hem gyzy bilen üç jan bolup ýaşaýan ekenler. Garybyň aýaly haly dokamaga çeper bolany üçin, baýlar ony haly dokatmak üçin günlükçi tutýan eken. Onuň gyzyny bolsa baýyň aýallary bäbeginiň sallançagyny üwretmek üçin saklaýan ekenler. Bular şeýdip, ýykma-ýykylma mydar edip ýörkäler, garyp günlerde bir gün pilini, tanapyny alyp, eşegine münüp, çöle çerkez getirmäge giden.

Garyp çöle baryp, bir desse çerkez ýygandan soň, içi towlap başlan. Ol bir uly çerkeziň kölegesinde şyrdagyny başyna ýassanyp ýatýar weli, birden uklaýar hem düýş görýär. Düýşünde onuň ýygan çerkezini biri otlaýar.

Garyp: «Wah, meniň ýyganja odunymy-da otladylar» diýip, hasyrdap tursa, odunyny hiç kim otlaman eken: «Meniň odunym bar ekeni» diýip, garyp gözüni ýagşy süpürişdirip, güne seretse, gün ýaşmaga az wagt galan ekeni. Garyp howlugyp, hasyr-husyr ýene bir azrak odun ýygyp, güne seretse, onuň on ädim ileri ýanynda bir bölek zada günüň şöhlesi düşüp, ýalpyldap gözüni gamaşdyrýar.

---

[1] Türkmenbaşy adyndaky Türkmenistan Milli golýazmalar institutynyň golýazmalar hazynasy. 951$^{f}$-nji bukja. Toplanlar: N.Kürräýew, A.Taýymow, 1960.

Garybyň bu ýaldyraýan zada göwni gidip, baryp seretse, el ýaly altyn bölegi ekeni. Garyp muňa gaty begenip, ep-esli wagtlap özüne gelip bilmändir. Garyp soňra özüne gelip, ol altyny alyp, güne seretse, iňrik garalyp gidipdir.

Ol: «Şu agşam şu taýda bolsammykam ýa-da öýüme gaýtsammykam?» diýip pikir edipdir. Ahyry çölde galmagy ýüregine düwüp, gije eşeginem ýanyna getirip, ýyganja odunyndan ot ýakynyp, tapan altynyny hem her daýym bir barlap, gijesini çölde geçiripdir. Ertir irden eşegini çerkezden ýükläp, günortanyň öň ýanynda öýüne gelipdir. Oduny düşürip, eşegini daňyp, keýpi kökje işiginden ätlese, öýünde aýaly ýok.

Aýalynyň baýyň işiginde haly dokaýany ýadyna düşüp, gyzyny derrew onuň yzyndan ýollapdyr. Aýaly ylgaşlap gelenden soň garyp:

— Keýwany maňa bir gök çaý ber, bir azrak ajyrak edip demle özünem — diýip aýalyna buýran.

Aýaly hem derrew onuň getiren odunyndan çaý gaýnadyp, ajy çaýy öňünde goýan. Garyp çaý-çöregini iýip-içip otyrşyna, aýalynyň ýüzüne bakyp, keýplije gülümsirän.

Aýaly:

— Ýeri, kakasy, saňa bu gün näme boldy, seniň keýpiň kök? — diýen.

Onda garyp:

— Näme, meniň keýpim kök bolman, kimiňki bolsun, öňümde gök çaý, saçakda mele myssyk ak çörek, gapdalymda keýwanym — diýip jogap beren.

Aýaly ýene:

— Sen bu çaý bilen çöregi öňem iýýädiň, onda-da munuň ýaly keýpli bolmandyň — diýip aýdan. Soňam:

— Heý, Hudaý jan, bize-de bir çallyjak geçi ýetirmezmikä? — diýip zeýrenen.

Onda garyp:

— Men oduna giden ýerimden bir tokga altyn tapdym — diýen.

Aýaly:

— Hany, kakasy, getir göreýin — diýip, onuň elinden altyny alyp görüp otyrka, işikden bir doýar-dolmaz, açgöz goňşusy gelip, içerik giren.

Garyp oňa:

— Töre geçiň — diýip, mürähet eden. Ol öýüň törüne geçip oturan hem saglyk-amanlyk soraşylandan soň, özüne uzadylan çaýy içmäge başlan. Goňşusy çaýy içip otyrka, garyp begenjine aýalyna:

— Hany, ýaňky altyny al, goňşam görsün — diýen. Garybyň aýaly altyny bada çykaryp beren.

Goňşusy görse, ynha, bir tokga altyn. Onuň gözleri ýaldyrap giden. Baýlygy dünýä sygmaýan açgöz goňşusy:

— Beý, sen muny nireden tapdyň? — diýip garypdan soran.

Garyp ilki dymyp oturan. Ol ýene soran. Garyp özüniň çerkeze gidişini jikme-jik gürrüň berenden soň: «gumda içim towlap çydatmady, onsoň menem şyrdagymy ýassanyp, bir düýp çerkeziň düýbünde gyşardym welin, birden uka gidipdirin. Şol halatda düýş gördüm» diýip aýdan.

Onda goňşusy:

— Düýşüňde näme gördüň — diýip garypdan soran.

Garyp:

— Düýşümde ýygan çerkezimi otladylar welin, menem «wah» diýip, ýerimden turup, ýyganja odunyma seretsem, odunym dur ekeni, güne seretsem, gün ýaşmaga az wagt galypdyr — diýen.

Garybyň goňşusynyň sabyr käsesi dolup:

— Men senden altyny nähili tapanyňy soraýan — diýip azymly aýdan.

Onda garyp:

— Gün irmikä, ýa-da gijikdimikä diýip, güne seretsem, ýerde günüň şöhlesi düşüp, bir zat ýaldyrap ýatyr ekeni. Baryp görsem, şu altyn — diýip, garyp oňa aýdan.

Goňşusy uzak oturman gaýdan. Emma öýüne ýetmän orta ýolda durup pikir eden: «Men şulardan bir azajyk altyn sorasam, bermezmikäler». Soň ol yzyna gaýdyp gelip, garyba:

— Sen maňa ýaňkyja altynyňdan bir azajyk döwüp ber — diýen.

Garyp:

— Şol altyna gözüňi dikmesene, sen näme oňa mätäçmi? — diýip gaharlanan. Malyň dünýä syganok, gallaň ammara. Sen bolsaň, utanman, meň ýaly pukaradan zat diläp dursuň!

Emma açgöz goňşusy:

— Sen maňa dynnym ýaljak beräý — diýip, garybyň üstüne abanyp durşuna, onuň elinden altyny alyp, esli döwüp: — Goç-goç ogluň bolsun, her haýsyna peri ýaly gyz sataşsyn — diýip çykyp giden.

Garyp şol tapan altyny bilen gurplanyp gidipdir. Goňşusy bolsa şol gün öýüne baryp, paltasyny, pilini alyp, eşegine münüp guma çerkez ýygmaga gidipdir. Ol çöle baryp, iki düýp çerkezi çapyp: «Içim towlaýar» diýip, telpegini başynyň aşagyna goýup, çerkeziň düýbünde gyşarypdyr. Gözüni pugta ýumupdyr. Emma uklap bilmändir. Turup ýene çerkez ýygmaga başlapdyr.

Şeýlelikde, ol it ýaly ýadapdyr. Ol ýene çerkeziň düýbünde gyşaryp: «Indä uklap, düýş görerin» diýip pikirlenip ýatýar welin, ýaňy bir irkilip barýarka, ýakasyndan ýylan girip başlaýar. Ol begenip: «Düýş gördüm» diýip tursa, köýneginiň içinde ýylan gezip ýör diýýär.

Ol ýylandan:

— Sen näme üçin meniň içime girýärsiň — diýip soran.

Ýylan hem oňa:

— Sen näme ýalandan «içim towlaýar» diýip, düýş görjek bolýarsyň — diýip aýdan.

Onda ol adam:

— Sen bilýärmiň ýylan! Düýn bir garyp şunuň ýaly ýatyp düýş görüp, gyzyl tapan ekeni — diýen.

Ýylan:

— Ol garyp, onuň içi towlany hak, uklanam, düýş görenem çyn. Sen bolsa ýalan sözleýärsiň. Onsaňam seniň näme altynyň ýokmy? Sen açgöz adam. Sen tiz şu ýerden göteril, bolmasa işiňi gaýtararyn — diýip, ýylan ol adama aýdan.

Onda ol adam ýylana şeýle diýen:

— Näme diýsene ýylan, men şu ýerden altyn alman gitjek däl. Men näme şol garypça ýokmy, artykdyryn hem. Onda ýylan:

— Sen gitmeseň, men seni çakaryn — diýen. Onda ol ýylany gorkuzjak bolýan ýaly sesine bat berip:

— Synanyp göräý, eger çakaýsaň özüňe erbet bolar, men seni edil dünýä gelmedik ýaly ederin — diýen.

Ýylan onuň edil egninden jasladyp alan hem ýakasyndan çykyp, arkaýyn süýnüp giden.

Betpäl baýyň ýylana eli degmän, şolbada ýykylan.

Onuň bagtyna guma bulaşyp ýatanyny çölde goýun bakyp ýören çopan gören. Huşuny ýitireňkirlän açgöz baý, çopana özüni ýylan çakandygyny zordan düşündiren hem egnini görkezen. Çopan gyssagara oňa ýylan çakanda edilýän ähli emi eden we çäkmenine dolap, eşegine ýükläp oba getiren.

Betpäl baý bu ýaradan ölmändir, ýöne gülmändirem. Ol yrgyldap ýören ysgynsyz mahluga öwrülipdir.

Bu waka uly il geň galyp, haýygyp gürrüň edipdir.

## BÄŞ GALANDAR[1]

Bir bar eken, bir ýok eken. Gadym zamanlarda Çandybil ýurdunda Ahmet diýen bir patyşa bar eken. Bu patyşanyň hiç perzendi bolmaýan eken. Ol perzentsizlik dagyny çekip, kyrk ýyl patyşalyk edipdir. Ahyr perzentsizlikden horlanyp:

— Eý, Hudaýym, maňa hem ölmänkäm bir zürýat ber — diýip, halka ýedi gije-gündiz hudaýýoly beripdir.

Ondan soň patyşa anna gijesi ýatyrka, düýş görüpdir, düýşünde Allatagalla oňa: «Eger sen anna gijesi aýalyňa ýanaşsaň, saňa bir ogul berjek» diýipdir.

Patyşa şol agşam aýalyna golaýlyk edipdir. Şonuň bilen patyşanyň aýaly göwreli bolupdyr we dokuz aý, dokuz gün, dokuz sagat geçenden soň ogly bolýar. Patyşa oglunyň bolanyna aşa begenip, ýedi gije-gündizläp toý tutýar. Patyşanyň ogly bolan güni onuň raýatlarynyň hem dört sanysynyň ogly bolupdyr, Patyşa bu adamlary ýanyna çagyryp:

— Meniň oglumyň bolan güni siziň hem ogluňyz bolupdyr. Eger siz razy bolsaňyz oglanlaryňyzy getiriň. Men olary ekläp, saklaýyn we özüňiziň hem iýjek-işjegiňizi bereýin — diýipdir.

Ondan soň bu adamlar hem patyşanyň aýdanyna razy bolupdyrlar. Çagalaryny getirip patyşa beripdirler. Patyşa bu og-

---

[1] Türkmenbaşy adyndaky Türkmenistan Milli golýazmalar institutynyň golýazmalar hazynasy. 482$^f$-nji bukja.

lanlaryň her haýsyna bir eneke tutup, öz oglunyň ýanynda saklapdyr.

Şeýlelik bilen, patyşa oglanlaryň bäşisini hem ýagşy görüp, olar ýedi ýaşyna ýetende sünnete ýatyryp, soň hem bulary molla okatmaga beripdir. Oglanlar mekdepde on iki ýaşa çenli okap, ýazmany-pozmanam öwrenipdirler. Ondan soň patyşa bu oglanlaryň her haýsyna bir hünär öwredipdir. Olaryň biri okap molla bolupdyr. Ikinjisi käriz gazýan ussa, üçünjisi suratçy, biri jaý salyp bilýän ussa, ýene biri tebip bolup ýetişipdir. Ondan soň oglanlaryň her haýsy patyşadan bir at alyp, ýuwaş-ýuwaşdan meýdana şikara gidip ugrapdyrlar.

Günlerde bir gün patyşa köşgünde otyrka, bir geçegçi söwdagär onuň ýasawullaryny aldap, olardan geçip, arkasyndaky sandygy patyşanyň öňünde goýupdyr.

Patyşa bu ahwala geň galyp:

— Ýeri, söwdagär, bu sandyk näme? — diýip sorapdyr. Onda söwdagär:

— Bu sandyk satlyk — diýip jogap beripdir. Patyşa söwdagärden:

— Sandygyň bahasy näçe? — diýip soraýar. Söwdagär:

— Sandygyň bahasy alty ýüz tümen — diýipdir. Onda patyşa söwdagäre:

— Hany sandygyň agzyny aç, içinde näme bar göreli — diýipdir. Onda söwdagär:

— Patyşa-hy älem, sandygy açyp bolmaz — diýipdir.

Onda patyşa:

— Açyp göreris — diýip, söwdagäre alty ýüz tümen puly sanap beripdir.

Ondan soň patyşa sandygy açyp görüpdir. Görse, içinde bir ýüpek köýnek bar eken, patyşa:

— Wah, söwdagär meni aldapdyr. Köýnekden başga hiç zat ýok eken — diýip köýnegiň arasyny açyp görüpdir. Görse,

«Aýa-Güne «sen dogma, men dogaýyn» diýip duran bir gyzyň suraty bar eken. Patyşa bu suraty görüp, aňk bolup, uzak wagt özüne gelip bilmän oturypdyr. Ol birnäçe wagtdan soň özüne gelip, köýnegiň arasyndan suraty alypdyr. Görse, aşagynda bir hat bar eken. Bu hat Çynma-çyn patyşasynyň gyzy Güljemalyň haty eken. Gyz bu hatynda: «Bu surat meniň suratymdyr» diýip ýazan eken.

Ahmet patyşa Güljemala jany-teni bilen aşyk bolup, bu suraty ýene sandyga salyp, sandygy hem bir tamda goýup, agzyny hem gulplap, açaryny hem aýalyna beripdir.

Patyşa sandygy açyp suraty gören wagty ýaňky bäş oglandan molla oglan patyşanyň ýanynda bar eken.

Indi habary bu bäş oglandan eşideliň. Bular her haýsysy bir at münüp birnäçe gün meýdanda seýil edipdirler. Bäş-alty gün geçenden soň yzlaryna gaýdyp gelipdirler.

Ahmet patyşa oglanlar meýdandan aw awlap gelenlerinden soň: «Indi oglanlarym geldi, özüm hem bir meýdana çykaýyn» diýip, wezirlerini ýygnap, şikara gidipdir. Şol pursat ýaňky molla oglan patyşanyň öz hak oglunyň ýanyna gelip, kakasynyň bir sandyk satyn alanlygyny we onuň içinde Güljemal atly bir gyzyň suratynyň bardygyny aýdypdyr. Ondan soň patyşanyň ogly:

— Indi men şol suraty görmesem ynjalman — diýip, ejesiniň ýanyna baryp, sandykly jaýyň açaryny sorapdyr. Onda ejesi:

— Balam, eger men saňa bu açary bersem, kakaň meni öldürer — diýipdir. Ondan soň patyşanyň ogly muňa gahary gelip, beýleki doganlaryny hem ýanyna alyp baryp, ýaňky gapyny döwüp, oňa giripdirler.

Patyşanyň ogly sandygy açyp görýär we Güljemalyň suratyny alyp, oňa jany-teni bilen aşyk bolýar. Ol kakasy gelmänkä, gyzyň yzyndan gitmekçi bolýar. Emma beýleki doganlary

ony goýbermeýärler. Aradan birnäçe gün geçenden soň, patyşa wezirleri bilen şikardan gaýdyp gelýär. Patyşa dem-dynjyny alandan soň, şazada onuň ýanyna baryp:

— Eý, kaka, men Çynma-çyn patyşasynyň gyzy Güljemala aşyk boldum. Sen şony maňa alyp ber — diýipdir.

Onda patyşa:

— Oglum, ol suraty sen eýýäm gördüňmi? Görseňem, Çynma-çyn patyşasy gyzyny bize bermez, zor bilen almaga bolsa biziň güýjümiz ýetmez — diýipdir.

Onda şazada:

— Eý, kaka, seniň güýjüň ýetmese, meniň ýeke özüme rugsat ber — diýipdir. Patyşa ogluny goýbermändir. Onda şazada:

— Sen goýbermeseňem men gitjek — diýip, ýol şaýyny tutupdyr. Patyşa oglunyň galmajagyny duýup, beýleki dört oglany hem ýanyna goşup, ondan soň gitmäge rugsat beripdir.

Bäş dogan atlaryna atlanyp niredesiň Çynma-çyn patyşasy diýip ýola düşüp ugrapdyrlar.

Bular az ýöräp, köp ýöräp, birnäçe menzil ýol geçip, Çynma-çyn patyşasynyň şäherine dahyl bolupdyrlar. Ondan soň şol şäherde bir saraýdan özlerine jaý alyp, şol ýerde ýaşap başlapdyrlar. Olar birnäçe gün şäherde gezýärler. Emma patyşanyň gyzyny görüp bilmeýärler. Ahyry bularyň biri:

— Geliň, boş gezip ýörmäliň, bir zada güýmeneliň — diýýär. Ondan soň bularyň surat çekýän doganlary kagyzdan gül ýasapdyr. Muny hem saraýbanyň ogluna satdyrypdyrlar.

Saraýbanyň ogly satmaga näçe gül çykarsa, olaryň baryny saňa ýetdi-de maňa ýetmedi bolşup, satyn alar ekenler, hatda birnäçelerine ýetmän ertir hem getirmegini sorap tabşyrar ekenler.

Bäş dogan bu gülleriň pulundan gün görer ekenler. Günlerde bir gün bäş doganyň suratçysy örän owadan hem nepis güli saraýbana berip:

— Şu güli çykaryp sat, özüni hem ýüz tümenden bäri her kim bolsa-da berme — diýipdir.

Şunlukda, saraýbanyň ogly bu güli şähere satmaga çykarypdyr. Bir seretse, patyşanyň ýasawullary we garawullary köçedäki adamlary kowalap, her haýsyny bir ýana kowup ýör eken. Garawuldan sebäbini sorasalar garawul:

— Baryň, basymrak şu ýoldan gidiň, bu gün patyşanyň gyzy Güljemal kenizleri bilen bag seýline gezmäge çykjak — diýipdir.

Ondan soň saraýbanyň ogly garawullara görünmän, ýoluň gyrasynda eline ýaňky gülüni alyp, bukulyp oturypdyr. Az salymdan patyşanyň gyzy Güljemal kenizleri bilen köçäni dolduryp geçip barýarka, birden nazary bu oglanyň elindäki güle düşüp, paýtunyny sakladypdyr-da, ýigdekçäni ýanyna çagyryp:

— Eý, oglan, eliňdäki gülüň satlykmy? — diýip sorapdyr. Onda oglan hem:

— Hawa, satmak üçin aýlap ýörün — diýipdir.

Onda Güljemal:

— Aý, oglan, gülüň bahasy näçe? — diýipdir. Oglan:

— Gülümiň bahasy ýüz tümen — diýipdir. Ondan soň patyşanyň gyzy bu oglana ýüz tümen sanap berip:

— Bu güli kim ýasady? — diýip sorapdyr. Onda oglan:

— Özüm ýasadym — diýipdir. Onda patyşanyň gyzy:

— Şunuň ýaly gül ýasa-da, maňa getirip beriber — diýipdir.

Ondan soň saraýbanyň ogly bäş doganyň ýasan güllerini her gün getirip, patyşanyň gyzyna berer eken. Gyzyň köşgüniň düýbünden bir derýa akyp ýatan eken. Aradan birnäçe gün geçenden soň, bäş doganyň arasyndaky suratçy üýtgeşik bir gül ýasap, gyzyň köşgüniň düýbünden geçýän derýanyň hem suratyny bir ýukajyk kagyza çekip, ony hem gülüň ýapraklarynyň arasynda goýup, saraýbanyň oglundan iberipdir.

Bu oglan güli äkidip, patyşanyň gyzyna beripdir. Güljemal görse, bu gül öňkülerden hem üýtgeşik. Gyzyň gözi gül ýapragynyň arasyndaky birje bölek ýukajyk kagyza düşýär. Ony alyp gatyny açyp görse, köşgüň ýanyndaky derýanyň suraty çekilipdir. Suratyň gözelligi gyzyň akylyny haýran edýär. Ol bu oglana:

— Sen dogrusyny aýt, bu suratlary kim çekdi? — diýip soraýar. Onda oglan:

— Özüm çekdim — diýipdir. Onda gyz:

— Eger sen özüň ýasap bilýän bolsaň, meniň gözümiň öňünde hem birini ýasap görkez — diýip, kenizlere bir bölek kagyz bilen, bir gaýçy getirmegi buýrupdyr. Kenizler bada kagyz bilen gaýçy getirip beripdirler. Saraýbanyň ogly hiç zat ýasap bilmändir.

Ondan soň patyşanyň gyzy saraýbanyň ogluna:

— Sen dogryňdan gel, bu gülleri kim ýasap berýär? — diýip sorapdyr. Onda saraýbanyň ogly:

— Maňa «Hiç kime aýtma» diýip, tabşyrdylar — diýipdir.

Patyşanyň gyzy oglany gyssap ugrapdyr, oglan gorkup:

— Biziň saraýmyzda bäş sany galandar bar. Şolar ýasap berýär — diýip aýdypdyr. Ondan soň patyşanyň gyzy derrew bir galam alyp: «Eý, galandarlar! Siz nireden geldiňiz, näme üçin gül ýasap satýarsyňyz, maňa bu zatlary mälim ediň» diýip, bir hat ýazyp ony saraýbanyň oglunyň eline tutduryp:

— Eý, oglan, şu haty hiç kime görkezmän, şol galandarlara eltip ber — diýipdir.

Oglan haty alyp, ökjesi ýere degmän, eltip saraýlaryndaky galandarlara beripdir. Patyşanyň ogly saraýbanyň oglundan haty kimiň iberendigini sorapdyr. Onda oglan:

— Güljemal berdi — diýip aýdypdyr. Ondan soň oglanlar haty açyp, okapdyrlar we jogap hatyny ýazypdyrlar. Hatda: «Biziň şazadamyz saňa aşyk bolupdyr, şonuň üçin seni sorap

geldik» diýip ýazypdyrlar. Ondan başga-da bir gül ýasapdyrlar. Öňki gülleriň dagy çeni däl diýýär, üýtgeşik owadan diýýär. Gülleriň arasyna hem şazada bilen gyzyň bile oturan suratyny çekip, hata salyp, saraýbanyň oglundan iberipdirler.

Saraýbanyň ogly haty hiç kime görkezmän äkidip, patyşanyň gyzy Güljemala elin gowşurypdyr. Gyz bukjany açyp, içindäki haty okap görüpdir we ol güli eline alyp, güle akyly haýran bolup seredip durka, birden surata gözi düşüpdir. Görse, şazada bilen öz suraty diýýär. Güljemal suraty görüp, şazada jany-teni bilen aşyk bolýar. Ondan soň eline döwet galamyny alyp galandarlara hat ýazypdyr. Hatda: «Eý galandarlar! Men sizi bir görmek isleýärin. Nähili edip sizi görüp bilerin?» diýip ýazýar.

Saraýbanyň ogly bu haty hem getirip, şazadalara beripdir.

Galandarlar haty okap, gaty şat bolupdyrlar. Ondan soň olar kärizban doganlaryny aýal geýmine salyp, gyzyň ýanyna iberipdirler. Kärizban Güljemalyň ýanyna baryp salam beripdir. Gyz salamyny alyp: Ondan:

— Meniň ýanyma näme iş bilen geldiň? — diýip sorapdyr. Kärizban özüniň kimdigini gyza tanadypdyr. Ondan soň bular bir çolaja ýerde oturyp, gürrüň edipdirler.

Güljemal:

— Men nähili edip şazadany görüp bilerin? — diýip kärizbandan sorapdyr. Onda kärizban:

— Eger sen meniň yzymdan çykan gumumy çekdirip ýetişip bilseň, men on bäş günde şu öýüň aşagyndan käriz gazyp, şazadanyň bolýan saraýynyň içinden çykararyn — diýipdir. Onda gyz:

— Bolýar, men gumy çekdirip ýetişdirerin — diýipdir.

Ondan soň kärizban Güljemalyň jaýynyň içinden käriz gazyp ugrapdyr. Gyzyň kenizleri bolsa, kärizbanyň çykaran gumyny çekip, köşgüň ýanyndaky derýa döküp ugrapdyrlar. Kä-

rizban on bäşinji gün diýlende köşgüň aşagyndan ýöräp, şazadanyň ýaşaýan saraýyna barypdyr.

Bu edilen işe örän begenen Güljemal kärizbana:

— Agşam özüň bilen şazadany hem alyp gel – diýip tabşyrypdyr.

Ondan soň kärizban patyşanyň ogly şazadany alyp, Güljemalyň ýanyna gelipdir. Mollalary hem ýanlarynda, ene-atasyna sala salman, Güljemal bilen şazada nika gyýypdyrlar. Onuň bolsa sebäbi bardy. Gyz goşunbaşylaryň biriniň ogluna adaglanandy. Ol oglan bolsa lälik saklanan, bikär entäp ýören bir ýigitdi. Ony Güljemal halamaýardy. Patyşa bolsa gyzy ony halaýarmy, ýokmy, pitiwa etmän, diňe şol ýigide bermekçidi. Güljemaly sorap köp-köp şazadalar gelipdi. Bary ahmyrly bolup yzlaryna gaýdypdylar.

Şazada bilen Güljemal bir gün Güljemallaryň öýlerinde, bir gün hem şazadanyň bolýan ýerinde ýaşaberipdirler.

Indi habary patyşadan eşit.

Günlerde bir gün bir adam baryp, patyşa:

— Pylan saraýda bäş sany galandar bar, olaryň gelenine bir ýyl bolupdyr. Şondan bäri işläp, iýip-içip ýatyrlar. Olaryň kimdigi hem belli däl we näme üçin gelendiklerini hem bilýän adam ýok — diýipdir. Ondan soň patyşa bir wezirini ýanyna çagyryp:

— Pylan saraýda bäş sany galandar barmyş, olaryň nireden geleni hem belli däl diýýärler, şony ikimiz barlap göreli — diýipdir. Ýarygije patyşa bilen wezir ikisi derwüş eşigine girip, bu saraýa barypdyrlar. Seretseler, bir öýde çalaja yşyk görünýär. Bular ýuwaş-ýuwaş gapynyň agzyna baryp, onuň deşiginden içerik seredip görseler, patyşanyň gyzy bilen bir ýigit çyrmaşyp ýatyrlar diýýär. Patyşa dergazap bolup, gylyjyna ýapyşypdyr. Onda wezir:

— Eý, patyşahy älem, dünýäde meňzeş adam köpdür, sen öňürti baryp, öz gyzyň köşgüni barla. Belki, gyzyň köşgünde ýatandyr. Nähak bir iş bolaýmasyn. Men gapynyň agzynda garawul bolup duraýyn — diýipdir. Ondan soň patyşa uly göwresini kiçeldip, gyzyny barlamak üçin köşge gidipdir. Wezir bolsa, patyşa giden badyna galandarlaryň gapysyny kakypdyr. Içerden:

— Sen kim bolarsyň? — diýen ses çykypdyr. Wezir:

— Men wezir. Patyşanyň weziri. Gapyňyzy açyň, men siziň ýamanlygyňyza gelmedim — diýipdir. Ondan soň galandarlar oňa ynanypdyrlar, gapyny açypdyrlar. Wezir içerik girip:

— Biz patyşa bilen siziň bu ýerde bolýanyňyzy eşidip, barlamaga geldik. Görsek, patyşanyň gyzy kenizleri bilen siziň ýanyňyzda eken. Patyşa muny görüp, gahar-gazaba münüp, sizi girip, öldürjek boldy. Men: «Eý, patyşahym, dünýäde meňzeş adam köpdür, sen ýalňyşyp günä galyp oturma» diýdim. Häzir patyşa gyzy köşgünde barmy, ýokmy, barlamaga gitdi. Siz nähili hem bolsa bir ýol tapyň, patyşa barmanka, Güljemal kenizleri bilen öz köşgünde bolsun — diýipdir. Weziriň bu sözüni eşidensoň, gyz derrew kenizlerini alyp, ýeriň aşagy bilen köşgüne barypdyr we düşeginde uklan kişi bolup ýatypdyr.

Patyşa bir wagt aýlanyp gelip görse, gyzy uklap ýatyr diýýär. Patyşa muny görüp içinden şükür edipdir:

— Hernä Hudaýym nähak günäden özüň sowupsyň, bolmasa men ýaňkylary öz gyzymmykan diýip öldürjekdim.

Patyşa ýene yzyna gaýdypdyr. Güljemal hem kenizlerini yzyna tirkäp, ýene ýeriň aşagy bilen galandarlaryň mekanyna baryp, şazadanyň gujagyna dolupdyr. Patyşa bir wagt aýlanyp galandarlaryň öýüne gelse, wezir dur eken. Patyşa ynjalman gapydan yşyklapdyr görse, ýene ýaňky gyz bilen ýaňky galandar çyrmaşyp ýatyr diýýär. Patyşa ýene hem bu ýagdaýy görüp içine ot düşen ýaly bolup: «Şu meniň gyzymdyr, gel, şuny ýene

bir barlap göreýin» diýip, ýene yzyna köşgüne gidipdir. Wezir bu ýagdaýy ýene şazadalara aýdypdyr.

Ondan soň Güljemal hem ýene kenizlerini yzyna tirkäp, ýeriň aşagy bilen köşgüne baryp ýatypdyr. Patyşa gelip görse, ýene gyzy per düşeginde ýatyr eken. Ondan soň patyşa bu ýagdaýy görüp, ýene yzyna gaýdyp gelipdir. Görse, wezir gyljyny syryp gapynyň agzynda dur eken. Şundan soň patyşanyň ýüregi biraz ýerine gelip, wezir bilen tirkeşip, köşgüne gaýdypdyrlar.

Şeýlelikde, aradan birnäçe gün geçenden soň, galandarlar ýaňky weziri ogrynça çagyryp, şäherden çykyp gitmek üçin maslahat edipdirler, wezire bolsa:

— Sen hem biziň bilen git. Seni ýurdumyza baranymyzdan soň ýene wezir edip goýaly — diýipdirler. Başga-da wezire köp zatlary wada beripdirler. Bu maslahatdan soň wezir ýalandan syrkawlan bolup, patyşanyň ýanyna baryp:

— Maňa kyrk gün rugsat ber, men şu günler näsaglapdyryn — diýip aýdypdyr.

Patyşa wezire ynanyp, oňa kyrk gün rugsat beripdir. Soň wezir bir gün maşgalalaryny hem alyp, galandarlaryň ýanyna gelipdir. Şazada bolsa Güljemal bilen gije gidip, özlerine patyşanyň ýagşy atlaryndan saýlap alypdyrlar.

Şeýlelikde, weziri hem maşgalasyny alyp, niredesiň Ahmet patyşanyň ýurdy diýip ýola rowana bolupdyrlar.

Birnäçe gün geçenden soň, kenizleriň biri bu habary baryp patyşa aýdypdyr. Patyşa gahar-gazaba münüp, ýasawullaryna:

— Baryň, derrew wezirleri çagyryň, gelsinler — diýipdir. Ýasawullar gelip bir weziriň hem olar bilen gaçanyny patyşa aýdypdyrlar.

Patyşa galandarlaryň bolýan jaýlarynyň gapysyny döwdürip içine giripdir. Jaýda yns-jyns bolman, olardan jaýyň ýüzüne ýelmenen bir hat galypdyr. Hatda şeýle ýazylypdyr: «Eý, patyşa biz galandar däldik. Biz Ahmet patyşanyň ogullary, seniň

gyzyňa aşyk bolup geldik. Biz seniň uzak ýyllar gyzyňy bir samsyga berjek bolup bagtyny baglap oturanyňy eşitdik. Ýogsam, atamyz size gudaçylyga-da gelip bilýärdi. Şeýlelikde, sorasagam bermejegiňizi bilip, ony sizden birugsat alyp gitmeli bolduk. Şazadalar».

Öňem gahardan ýaňa ýaryljak bolup duran patyşanyň gözi jaýyň ortarasyndaky ullakan deşige düşüpdir. Patyşa deşige ýasawullaryň birini sallapdyr. Ol ýasawul gidip-gidip, baryp gyzyň köşgünden çykypdyr. Ondan soň gelip patyşa bolşy ýaly jikme-jik aýdypdyr.

Patyşa köşge gelip, ähli leşgerlerini ýygnap.

— Bularyň yzyndan kowga gitmeli — diýip buýruk beripdir. Emma jan ynanýan wezirleriniň biri patyşa şeýle diýýär:

— Eý, patyşahy älem, olar eýýam ala dagdan aşandyrlar, sebäbi olaryň gidenlerine birnäçe gün bolupdyr. Gyzyň özi razy bolup giden bolsa, ony alan hem Ahmet patyşanyň ogly bolsa, ol hem özüň ýaly bir patyşa. Eger makul bilseňiz, şonuň yzyndan gitmäliň! Aý geçer, gün geçer, gyzyň özem görmegörşe aýlanar, gorksa-da geler. Sebäbi ene-ataň mähri çeker durar. Weziriň töweregindäki adamlar hem «dogry-da-dogry» diýşipdirler. Ondan soň patyşa hem töwereginiň maslahatyna uýup, galandarlaryň yzyndan gitmäni goýbolsun edipdir.

Indi habary Ahmet patyşanyň ogly şazadadan eşidiň:

Şazadalar az ýöräp, köp ýöräp, bir garyş, dört tutam ýol ýöräp, bir çeşmäniň başyna baryp düşüpdirler. Agşam ýatjak bolanlarynda molla doganlaryny özlerine garawul goýup ýatypdyrlar. Molla doganlary hem gije uklap galaýmaýyn diýip, birje barmagyny päki bilen çalaja dilip, üstüne bir bölek duz oýkap, bir ýanyna gyşarypdyr weli, onuň daň atýança gözüne uky gelmändir.

Namaz wagty bolupdyr weli, üç sany gök kepderi gelip, çeşmäniň başyndaky çynaryň başyna gonup, bir-birine:

— Eý, bajylar, bize myhman gelipdir, bulara sylag bermegimiz gerek diýipdir. Onda beýlekisi:

— Bulara näme sylag bereris? — diýipdir. Onda üçünjisi:

— Bulara söz bilen sylag bereris — diýipdir. Ondan soň biri-birine sen aýt-da, sen aýt bolşup, ahyr biri:

— Bular patyşanyň bäş ogullary, bular Güljemaly almaga gidipdirler. Atalary bolsa, «Oglanlarym gitdi gelmedi» diýip, aglap-aglap, yzlarynda iki gözi hem kör bolupdyr. Patyşalygyny hem öz doganyna tabşyrypdyr. Täze patyşa bolsa oglanlaryň gelenini halanok. Halamasa halamasyn, biz şazadalaryň atasynyň gözüni açyp bereli. Ol onsoň öz etjek işini özi biler. Onuň üçin şu çeşmäniň boýundaky çynaryň ýapragyndan äkidip, döwüp-döwüp suwuny atalarynyň gözüne damdyrsalar, atalarynyň gözi ýagşy bolup açylar — diýşip, ýaňky kepderiler parlaşyp, çynaryň depesinden uçup gidipdirler. Muny molla oglan eşidip, çynaryň ýapraklaryndan alypdyr.

Ertesi bular ýola düşüp, az ýöräp, köp ýöräp, bir garyş dört barmak ýol ýöräp, ahyry öz ýurtlarynyň bir çetinden giripdirler. Baryp görseler, aglamakdan atalarynyň gözi kör bolupdyr. Salymyny bermän molla doganlary, hälki çynaryň ýapragyndan döwüp suwuny atasynyň, gözüne guýupdyr weli, atasynyň gözi ýalpa açylypdyr.

Ondan soň patyşa gözüniň açylanyna begenip, öz ilatyny ýygnap, ýedi gije-gündiz toý beripdir.

Şazada bilen Güljemala bolsa dokuz gije-gündiz toý edipdir. Doganyndan patyşalygyny yzyna alyp, ogullary bilen gelen weziri bolsa, özüne birinji wezir edip, öz köşgüniň ýanyndan jaý beripdir.

## ÜÇ ÝOLDAŞ[1]

Bir bar eken, bir ýok eken, gadym zamanda bir obada bir ökde awçy bar eken. Ol bir gün okuny-ýaragyny guratlap, awa ugrapdyr. Gidip barýarka, onuň öňünden bir tanşy çykyp:

— Nirä barýaň? — diýip sorapdyr. Awçy hem:

— Awa — diýip jogap beripdir. Onda ol adam:

— Menem äkit — diýýär.

Awçy oňa:

— Awdan başyň çykanok, ýaragyň ýok, diňe ýük bolarsyň — diýýär.

Onda ol adam:

— Zyýanym degmez, «Birden iki ýagşy» diýipdirler. Juda bolmanda tüpeňiňi götererin, ýoldaş bolaryn — diýýär.

Onda awçy:

— Aý, bolýar-da — diýip, onam awa şärik edip äkidýär.

Olar gidip barýarkalar, öňlerinden bir düýe çopan çykýar. Ol çopan olar bilen salamlaşandan soň:

— Awa gitseňiz, menem äkidiň, meniňem zyýanym degmez — diýýär.

Onda awçy:

— Bolýar, senem ýör, ikiden üç ýagşy — diýipdir. Olar üç bolup baryşlaryna ahyry bir çöllüge barýarlar. Şol ýerde düşläp, dem-dynçlaryny alýarlar. Onsoň ýaňky düýe çopan:

---

[1] Türkmen halk ertekileri. III jiltlik. III j., Aşgabat, «Ylym», 1980.

— Biz bir söý bilen ýoldaş bolduk. Indi kimiň nähili hünäriniň bardygyny hem bileliň — diýýär. Olar muny makul bilýärler. Ilki bilen awçy:

— Meniň hünärim awçylyk, bir okumda birin-ä däl, onusyny birden ýatyrýaryn — diýýär.

Onda ilki duşan nätanyş adam:

— Men başa düşen belany ok, ýarag bilen däl-de, hile bilen gaýtarýaryn — diýýär.

Onda çopan:

— Meniň-ä hünärim siziňkä meňzeş däl. Özümem şeýle bir äwmezek, asyl üstüme ýagy çozaýsa-da, azaryma-da bolmaz — diýýär.

Onda mergeniň gahary gelip:

— Siziň ikiňiziňem hünäriňiziň bu çola meýdanda hiç hili geregi ýok. Men sizi nähak ýere ýoldaş edinip getiripdirin — diýip ökünýär.

Onda beýleki ikisi:

— Beý diýmäweri, mergen aga, uly gep adamyny har eder. Biziň saňa asyl zyýanymyz degmez. Onsoňam her hili hünär bolanda-da, onuň zeleli bolmaz — diýýärler.

Şunlukda, olar razylaşyp, aw yzarlamaga gidipdirler. Gezip ýörkäler, olara iki sany keýik sataşýar. Mergen ony nazarlap ugranda, bir görseler, beýle ýanlaryndan bir topar ýol urup ýören garakçylar haýdaşyp ýetip gelýär. Mergen näderini bilmän, aljyrap ugraýar. Emma çopanyň azaryna-da bolman, giň göwrümlilik bilen:

— Gorkmaň — diýip, maslahat berip, arkaýyn çörek iýmäge oturýar. Onsoň mergen:

— Hany, ýakynrak bir geliň bakaly — diýip, hyrlynyň nilini garakçylara tarap öwürýär. Garakçylar ýakyn geliberende, bir sapar atypdyr welin, garakçylaryň onusy birden atdan ýykylypdyr. Garakçylar birbada serpikýärler. Şol wagt hälki: «Hile

bilen ýagyny gaýtararyn» diýýän adam garakçylara eşitdirip, gaty sesi bilen:

— Aý, sen-ä oňarmadyň, her okuňda on sanjagyny ýatyryp, näme oky ýerden tapýarmyň? Hany, äkel maňa tüpeňi, bir okumda ählisini birden gyşartmasam, mergen bolmadygym — diýip, ýoldaşyna käýinen bolupdyr.

Bu gürrüňi eşidip duran garakçylar:

— Baý-baý-ow, bir belanyň üstünden gelen ekenik, derrew dolanaweräliň. Olaryň zadam gerek däl, özem. Bir okda barymyzy ýatyrmanyň gürrüňini edýärler. Bizden birjigem çekinenok, bular. Aýagyny uzadyp arkaýyn çörek iýip otyrana näme diýjek? Eger şol dagy ýerinden gozganaýsa, tomaşany onsoň gör. Belki ol, bir okda biziň barymyzy tükgerder. Gaçalyň mundan — diýşip, ökjäni göterýärler. Garakçylar gidensoň çopan:

— Eşitdiňmi, mergen aga, olaň diýýänini? Sendenem-ä çekinseler çekinipdirler welin, onuň haýbatyndan, meniňem alňasaman giň göwrümli bolup oturşymdanam-a az gorkmadylar — diýýär.

Şeýdip, olar birigip, uly ýagyny gaçyryp, awlaryny awlap yzlaryna gaýdypdyrlar.

## ALTYN TAPAN DAÝHAN HEM PATYŞA[1]

Gadym zamanlarda bir garyp daýhan bar eken. Günlerde bir gün bu daýhan öküzleri bilen meýdanda ýer sürüp ýörkä, azalyň demri bir golçanyň gulpundan ilip, ony ýeriň ýüzüne çykarypdyr. Daýhan golçanyň agzyny açyp görse, içi doly altyn eken. Daýhan bu golçany aýyryp, bir ýerde goýup ýene ýerini sürmäge başlapdyr.

Biraz wagt geçen soň, daýhan bir ýerde dyzyny epip: «Allajanlarym, iller meniň gyzyl tapanymy bildimikä ýa-da ony hiç kim görmedimikä?» diýip, telim gezek oturyp, turup ahyrda ýene işlemäge başlapdyr. Şol wagt ýol bilen patyşanyň bir weziri geçip barýan eken. Daýhan: «Şundan bir sorap göreýin, ol meniň altyn tapanymy gördümikä ýa-da görmedimikän» diýip, oýlanyp, ýaňky geçip barýan weziri ýanyna çagyryp:

— Eý, agam, men şu gyzyl öküzi pylança manat pula satyn aldym welin, biri arzan diýýär, biri gymmat diýýär, sen dogryňy aýt, şu öküz degýärmi ýa-da şol pula degmeýärmi — diýipdir. Onda patyşanyň weziri:

— Eý, daýhan sen bir bagty gelen adamsyň — diýip, ýoluna gidiberipdir.

Ondan soň daýhan: «Bu-ha maňa «Bagty gelen» diýdi welin, hakykatdan hem, meniň altyn tapanymy görüpdir, gel, men

[1] Türkmenbaşy adyndaky Türkmenistan Milli golýazmalar institutynyň golýazmalar hazynasy. 482$^{f}$-nji bukja.

şuňa özüm aýdaýyn, bolmasa bu baryp patyşa aýdar, ondan soň altyny menden alarlar» diýip, ýene weziri yzyna çagyrypdyr.

Wezir ýene daýhanyň ýanyna gelip:

— Ýeri, daýhan, indi näme diýip çagyrdyň? — diýipdir.

Onda daýhan ýene özüniň altyn tapanyny aýtmakçy bolup, oňa-da bogny ysman azalynyň demrini ýerden çykaryp:

— Birnäçeleri meniň şu azalymyň demrine kütek, bu gatydan ötmez diýýärler, men şunuň bilen birnäçe ýyldan bäri ýer sürüp gelýän, hiç zat hem bolanok, sen şuny nähili görýärsiň? — diýipdir. Muňa weziriň gaty gahary gelip:

— Sen meni oýnajak bolýarsyň, men indi seniň işiňi görerin — diýip, ýene ýola düşüp gidipdir.

Ondan soň daýhan: «Bu-ha «Işimi görjek» diýdi. Baryp patyşa hökman aýdar, patyşa hem meni çagyryp, özümi tussag edip, altynymy hem elimden alar, ondan ötri men öz elim bilen ony äkidip, patyşa bereýin» diýip, bir golça altyny hem çäkmeniniň arasyna dolaşdyryp, öküzleriniň hem boýuntyrygyny ýazdyryp, soň olary öňüne salyp, öýüne ugrapdyr. Daýhan öýüne baryp, omzundaky golça dolagly çäkmenini ojagyň başynda goýup aýalyna:

— A-how, kempir, derrew maňa bir çaý gaýnat, men bir ýana gitmeli — diýip, özi hem öküzlerini daňmaga gidipdir.

Onda aýaly: «Bu kişiňä öňki bolşy däl, bir syrjagaz-a bar» diýip, ýaňky ojagyň başyndaky çäkmeniň arasyny açyp görüpdir. Görse, bir golça altyn diýýär. Ondan soň ol äri gelmänkä, hasyr-husur golçany alyp, ýerine bir soky daşyny dolap goýupdyr. Ondan soň daýhan derrew çaý-çöregini iýip, «altynly golçany» göterip, patyşa bermäge gidipdir.

Daýhan patyşanyň köşgüniň agzyna baryp garawula:

— Meni patyşanyň ýanyna goýberiň — diýip, keýplije aýdypdyr. Onda garawullar:

— Patyşanyň ýanynda näme işiň bar? — diýip sorapdyrlar. Onda daýhan:

— Men patyşa sowgat getirdim. Şony äkidip berjek — diýipdir.

Onda garawullar:

— Näme getiren bolsaň bize beräý, äkidip bereli — diýipdirler. Onda daýhan:

— Ýok, bu sowgat başga adamyň eline berer ýaly sowgat däl, özüm äkidip berjek — diýipdir. Ondan soň garawullar patyşanyň ýanyna baryp:

— Eý, patyşahy älem, bir daýhan siziň ýanyňyza geljek bolýar.

Ol size sowgat getiripdir, şony gowşurjakmyş — diýen. Onda patyşa:

— Baryň goýberiň, goý gelsin — diýipdir. Ondan soň garawullar daýhany derwezeden goýberipdirler. Daýhan çäkmenini omzuna atyp, patyşanyň ýanyna baryp:

— Salawmaleýkim, patyşamyz — diýipdir. Patyşa daýhanyň salamyny alypdyr. Daýhan baryp patyşanyň edil garşysynda durupdyr, we:

— Patyşamyz, men size sowgat getirdim — diýipdir. Patyşa:

— Hany getiren sowgadyň, göreli — diýipdir.

Ondan soň daýhan elindäki dolangy çäkmeni patyşanyň öňünde goýupdyr. Patyşa:

— Aç, hany, göreli — diýipdir.

Onda daýhan:

— Eý, patyşa älem, öz eliňiz bilen özüňiz açsaňyz ýagşy bolardy — diýipdir.

Ondan soň patyşa çäkmeni açýar welin, içinde ullakan bir soky daşy bar diýýär. Patyşa muňa gaharlanyp:

— Şumy maňa getiren sowgadyň. Näme bu adamlar köje döwýändir öýdýärmiň? — diýipdir. Öňem sokyny görüp aljyrap, ýüzi üýtgäp giden daýhan onuň aýalyndan ýetendigini bilip, başga çykalga tapman:

— Eý, patyşahy älem, men bir alyş-beriş edýän adam. Men şu sokym bilen ölçäp bugdaý berýän, oňa-da adamlaryň birisi agyr, birisi ýeňil diýýär. Oňa görä-de siz bir hakykatçyl, dogruçyl adam. Şuny özüňiz bir ölçäp görseňiz diýip getirdim. Soň «agyr-ýeňil» diýip, maňa jerime salyp ýörmesinler, özüňiz hem gözüňiz bilen ýagşy görüň — diýipdir. Patyşa daýhanyň başga bir gürrüňi bardyr güman edip:

— Eý, daýhan, sen bu iş üçin gelen dälsiň, ýöne näme gürrüňiň bar bolsa dogrusyny aýt, eşideli — diýipdir. Onda daýhan:

— Eý, patyşamyz, men başga hiç zat üçin gelmedim. Ýeke şol sokyny ölçetmek üçin geldim — diýipdir. Patyşanyň gahary gelip, garawullaryny çagyryp:

— Baryň, daýhany ýerzemine salyň, dogrusyny aýdýança, ol ýerden çykarmaň. Biriňizem gözegçilik ediň. Şol näme iş edýär — diýipdir.

Garawullar daýhany ýerzemine salypdyrlar. Ýaňky daýhan aşa namys edip, içinden aýalyna sögünip: «Akmak heleý, ýeri sen, şol golçany almaňda ajyňdan öljekmidiň. Ekläp ýör-ä şu adamlar seni. Ýa ol golçany Taňry diňe ikimize iberipmi? Açgöz heleý. Ony patyşa bersek, ol ikimizi boş goýarmydy. Patyşaň alkyşy nämä degmeýär, tünt heleý. Dur bakaly, men bir şu görden sag-aman çykaýyn, şol altynyň ýekejesinem görmersiň. Patyşa maňa berse-de alman, öl-ölýän bolsaň, gysyk heleý» diýip, gaharyna diwarlary ýumruklap başlapdyr.

Daýhanyň hereketini gözegçiler gelip patyşa ýetiripdirler. Onda patyşa daýhany ýene ýanyna getirdipdir hem ondan:

— Nä sebäpden ýerzeminiň diwaryny ýumrukladyň ýa ony ýykjak bolýarmyň? — diýipdir.

Onda daýhan:

— Wah, patyşamyz siz bir parasatly adam, menem bir sada adam-da. Ikimiz biri-birimize düşünmedik — diýipdir.

Patyşa daýhana näme diýjegini bilmän, ony kowup goýberipdir.

Daýhan altynly, golçany ikinji gezek göterip gelende garawullar ony patyşanyň ýanyna goýbermändirler.

# AKYLLY GELIN[1]

Bir bar eken, bir ýok eken, ozalam biriniň ýedi sany erkek dogany bar eken, olaryň güzeranlary welin gaty agyr eken. Doganlary ýetişip, şunça hars ursalaram, gazananlary bergi-borçlaryna gider eken. Garyplyk ýanlarynyň ýetnesi bolup, bulardan hiç aýrylmaz eken. Şonda-da bergi-borç edip, karz-kowal alyşdyryp, gije diýmän, gündiz diýmän hars urup, hem ilgünüň kömegi bilen ýedi doganyň ulusy bäş doganyny öýlendirip, öý işik edipdir, emma ol hiçisine-de iliňkä meňzeş toý tutup bilmändir. Şonuň üçinem ol: «Körpämizi öýerenimizde bir ile meňzeş uly toý tutaýsak» diýer ýörer eken. Ana, onsoň, doganlaryň hemmesi, olaryň aýallaram agzybirlikde, gijelerini gündiz edip, haýdap işläpdirler. Görseler, aý-gün geçdigiçe zatlary köpelip, gurplanyp barýar diýýär. Şeýdip, işleşip ýörensoňlar, ahyry bularyň kemsiz toý tutarlyk gurplary bolýar. Şonuň üçinem agalary iň kiçi — ýedinji doganyny hem öýermegiň ugruna çykýar. Ol körpe inisine seçip-saýlap, akylly-parasatly bir gyzy alyp bermegiň kül-külüne düşýär. Oba-oba aýlanyp, bir gowy ýer bilen guda bolýar. Özem «Ozalkylarda-da edip bilmedik» diýip, ahmyr çekip, gelni alyp gelmek üçin, altyn paýtun ýasadypdyr.

---

[1] Türkmenbaşy adyndaky Türkmenistan Milli golýazmalar institutynyň golýazmalar hazynasy. 1102$^{f}$-nji bukja.

Ana, onsoň toýuň sähedi bellenilip, gelnalyjylar gelin getirmäge gidýärler. Baryp, gelni altyndan paýtuna mündürip, alyp gaýdýarlar.

Ýolda gelýärkäler, öňlerinden bir ýaşuly, aksakgal adam çykyp:

— Şu toýuň eýesi kim? — diýip soraýar. Onda ýedi doganyň ulusy:

— Nädersiň ýaşuly, toýuň eýes-ä mendirin — diýýär.

Ýaşuly:

— Sen bolsaň, alyp gelýän gelniňize bir sowal berjek, rugsat etseňiz — diýýär.

Ol bir ýagşyzadadyr öýdüp:

— Soraberiň — diýýär. Ýaňky ýaşulam altyn paýtunyň içinde oturan gelniň ýanyna baryp, şeýle sowal berýär:

— Aý, gelin, şu dünýede kemiň barmy?

Onda gelin:

— Şu oturşymda kemim ýok welin, ýöne geljekde näme boljak ony bilemok — diýip jogap beren.

Mundan soň ýaňky goja toý eýesiniň ýanyna baryp:

— Altyn paýtuna mynasyp gelin edinipsiňiz, gutly bolsun! Ol şu günki, şu wagtkysyny pikir etmän, şu gün bilen ýaşaman, ertirkisini, geljegini hem oýlanýar ekeni — diýip, allaýarlaşyp, gelnalyjyny ugradyp goýberýär.

Gelnaljylar gelip, uly toý tutulyp, iň kiçi dogany hem myradyna ýetýär. Emma bularyň döwletine, akylly-huşly hem gözel gelinlerine gözi gidýän tapylýar. «Dünýäde diňe özüm döwran sürsem» diýip, döşüni gaýşardyp ýören bir betpäl adam töweregine birtopar ýol urup ýörenleri üýşürip, ýedi doganyň başyna talaň salmaga yrýar. Olara bir giden baýlyk wada berýär. Bozgaklar olaryň üstüne duýdansyz dökülip, ähli mal-garalaryny talap alyp, öldürenlerini öldürip, galanlaryny hem gedaý halynda ýurtdan çykyp gitmäge mejbur edýärler. Ýurtda diňe

iň kiçi gelin iki sanjak çagajygy bilen galyp, şolary aç öldürmejek bolup, oba-oba aýlanyp, ahyrda ýolda duşup, özüne sowal beren gojanyň öýüne barýar. Bu ýaşulam oňa:

— Sen, keýgim, başyňdan geçenleri bir-bir maňa aýdyp ber — diýýär. Ol hem başlaryna düşen işleriň baryny bolşy ýaly edip aýdyp berýär. Goja onuň şol akylly gelindigini tanap, döwletiniň bir bölegini oňa berip:

— Alyp gidiň-de, öz ýurdunda öý dikip, şu baýlygam özüne tabşyryp gaýdyň — diýip, bir topar adamlary hem goşup ýola ugradýar. Olar hem edil ýaşulynyň aýdyşy ýaly edýärler. Onsoň gelinem çagalarynyň ekabyrragyny birine düýe bakdyrmaga berýär-de, parahat ýaşap başlaýar.

Günleriň birinde ýaňky oglan düýeleri bakyp ýörkä, meýdanda bir ýaşylja öýmäniň ýeliň ugruna pyr-pyr edip galgap duranlygyny görýär. Ylgap baryp, ýaňky öýmäni çekip görýär welin, aşagy gömlüp goýlan tylladan doly diýýär. Oglan ylgap ony ejesine aýdýar. Gelin gelip görse, hakykatdanam şeýle diýýär. Olam tyllanyň hemmesini üýşürýär-de ýurduň patyşasyna habar edýär. Onsoň görseler, bu gyzyllar asyl bir topar ýol urup ýören talaňçylaryň talap alyp, gömüp goýan tyllalary eken. Ýaşylja öýme-de şolaryň ýitäýmesin diýip, eden bellikleri eken. Onsoň patyşa ol altynlary ýurduň gaznasyna geçirýär. Gelne bolsa alkyş baryny aýdyp, ömri ötýänçä hor-zar bolmaz ýaly baýlyk bagyşlaýar. Olaryň maşgalasyna zulum eden adamlary bolsa gelniň aýdyp bermegi bilen jezasyny berýär. Jeza berlenleriň arasynda sütemiň başyny başlan häki betpäl adam hem bar — diýýär.

Gelin ölmän galan gaýynagalaryny, eltilerini şol patyşanyň kömek bermegi bilen ýene ýurduna getirýär.

## JÖHIT PATYŞA WE AHMET BATYR[1]

Bir bar eken, bir ýok eken, gadym zamanda Jöhit atly bir patyşa bar eken. Ol ýer-ýüzüni sorar eken. Onuň at gazanan birnäçe gurrandazlary bar eken. Günlerde bir gün bir gurrandaz gurrasyny açyp otyrka, bir geň zat görýär. Ony aýtmak üçin patyşanyň ýanyna barýar.

— Eý, patyşahym, bir çemçe ganymy geçiň, men gurra taşlap otyrkam bir zat gördüm. Ýeriň-ýüzünde bir aýaldan bir batyr ýigit dörejek, ol siziň tagtyňyzy başyňyza agdaryp özi höküm sürjek — diýýär.

Muňa patyşa dergazap bolup, «Hamyla aýallaryň hemmesiniň hasabyny alyp barmaly. Kimiň ogly bolsa derrew kellesini almaly. Gyzy bolsa degmeli däl» diýip höküm çykardan.

Şeýdip, patyşanyň hökümi boýunça ýasawullar bu işi ýerine ýetiriberipdirler. Patyşanyň howlusynyň gapdalynda iki sany är-aýal ýaşaýar eken. Bularyň iki sany gyzy bar eken. Günlerde bir gün ol aýalyň äri dünýäden ötýär. Ol ölende aýaly hamyla ekeni. Aýdan-aý, günden-gün geçip ol aýalyň bir ogly bolýar. Patyşanyň hökümini eşiden aýal nätjegini bilmeýär. Oýlanyp otyrka, bir akyl tapýar. «Gel, muny sandyga salyp, agzyny gulplap, patyşanyň howzuna taşlaýyn. Daň atan bada patyşanyň gözi sandyga düşer we: «bize Hudaý berdi» diýer-de, çaga hiç

---

[1] Türkmenbaşy adyndaky Türkmenistan Milli golýazmalar institutynyň golýazmalar hazynasy. 1219$^{f}$-njy bukja.

zat degmez. Onuň üçin, gel, şeýle edeýin» diýýär. Daň atar wagty sandygy patyşanyň howzuna bildirmän, taşlap gaýdýar.

Patyşa bolsa ertir säher wagty ýerinden turýar. Onuň bir gowy görýän aýaly bar eken. Ukudan turan wagtynda otyrka ikisiniň hem gözi howuzdaky sandyga düşýär. Aýaly aýdýar:

— Muny bize Hudaý berdi. Şu sandygyň içi meniňki, daşy seniňki — diýýär. Patyşa muňa razy bolýar.

Şeýdip, sandygy açyp görýärler. Görseler, içinde bir ogul çaga burçak-burçak bolup derläp ýatyr diýýär. Muny patyşa derrew duýýar. Içinden: «Megerem, bu şol gurrandazyň aýdanydyr. Ýöne muny häzir bildirmäýin» diýýär.

Şeýdip: «Patyşanyň toýy bar, kyrk gije-gündiz toý beriljek. Patyşanyň ogly bolupdyr» diýip, ile jar çekdirýärler.

Çaga öz aýalyndan bolmanlygy üçin oglanjyga bir emzikli aýal gerek bolupdyr.

Şonuň üçin çaga emdirýän aýallary getirip emdirjek bolup görýärler. Emma çaga emmeýär.

Ahyrda çaga emdirýän aýal bolsa hemmesini ýygnaýarlar. Emma çaga ýene emmeýär.

Şonda aýallaryň biri aýdýar:

— Eý, patyşahym, siziň köşgüňiziň gündogarynda bir aýal ýaşaýar. Ol aýalyň dili süýji we ýüregi ýuka, şonam bir getirip görüň, belki, ony emer — diýýär.

Patyşa derrew ýasawullaryny goýberip, şol aýaly getirdýär. Ol gelip çagany gujagyna alaga-da: «Wah, janyňa döneýin, ajygypdyr, guzujyk» diýip, başjagazyny sypap, emdirip başlaýar welin, oglanjyk emip hezil edýär. Muny gören patyşa derrew ol aýala öz köşgünden orun berýär. Aýal iki gyzyny hem alyp, patyşanyň köşgüne gelýär.

Şeýdip, aýal bu çagany terbiýeläberýär. Aýdan-aý, günden-gün geçip, bu çaga ýedi ýaşaýar. Patyşa oglanjygy mekdebe berýär. Oglan bir ýyl okaýar. Ikinji ýyl hem mekdebe gidýär.

Ol gün-günden ers-mers bolup ýetişiberýär. Patyşa oýlanýar: «Ýaňy dokuz ýaşynda, görseň, bir ullakan ýigit ýaly. Eger ulalsa, muny soň öldürip bolmaz, onuň üçin gel, men mundan häzir dynaýyn» diýip, ony öldürmäniň küýüne düşýär.

Oglan muny duýup, enesine aýdýar. Enesi hem:

— Eý, oglum, men muny öňräkden bilýärdim, ýöne saňa aýtmaga dilim barman ýördi — diýýär. Onda oglan:

— Ene, şunuň elinden ölenimden, meniň çölde-düzde ölenim gowy, onuň üçin men ýurtdan çykyp gitjek — diýýär. Enesi muňa razy bolýar.

Şeýdip, oglan okuwa giden kişi bolýar-da, çölüstanlyga tarap gidiberýär. Oglan az ýöräp, köp ýöräp, bir daglygyň etegine barýar. Şol barşyna onuň gözi uly bir süri goýna düşýär. Görse, bu sürüniň ýanynda, üç sany gyz aglaşyp duran.

Oglan gyzlary görüp, olaryň ýanyna barýar. Olardan:

— Gyzlar, siz näme aglaýarsyňyz? — diýip soraýar. Onda gyzlar bir ullakan daşy görkezip:

— Ine, şu daşyň aşagynda guýy bar. Biz şundan suw içýärdik we goýunlarymyzy suwa ýakýardyk. Şu dagda bir döw ýaşaýar, ol biziň şu guýudan suw içýänimizi bilip, guýynyň agzyna şu ullakan dag ýaly daşy goýup gidipdir. Indi bolsa biz suwsuz gyryljak, şonuň üçin aglaýarys — diýipdirler. Onda oglan:

— Gyzlar, beýik Taňry maňa kuwwat berse, daşy aýyraýaryn — diýip, daşyň ýanyna baryp, bar güýjüni tijäp hem özüne zor salyp, daşy göterip guýynyň agzyndan aýyrýar. Gyzlar gözlerine ynanman, hem aşa begenişip goýunlaryny suwa ýakyp we öýlerine suw alyp gidýärler. Gyzlarynyň şatlanyşyp gelýänini görüp, atalary olaryň şatlygynyň sebäbini sorapdyr. Onda gyzlar atalaryna oglan bilen bolan wakany gürrüň beripdirler. Onda atalary olara:

— Tapar ýaly bolsaňyz, baryň derrew şol oglany tapyp getiriň — diýýär. Gyzlar muňa begenşip, derrew ýaňky oglanyň yzyndan ýetýärler we ony atasynyň ýanyna alyp gelýärler. Baý oglandan nädip bu ýurtlara düşenini soraýar. Onda oglan özüniň ýetim oglandygyny, baýyň gapysynda onuň hyzmatyny edip ýörkä, çölde ýel turup azaşanyny aýdýar. Onda baý:

— Eger sen isleseň, meniň goýnumy bakyber! — diýýär. Muňa oglan razy bolýar.

Oglan goýunlary sanap alýar-da:

— Meniň hakyma näme berjek? — diýip soraýar. Onda baý:

— Seniň hakyň ýylyňa bir tokly — diýýär.

Şeýdip, zordan aýagynyň teýinden şemal geçýän bir toklyny görkezýär. Oglan bolsa muňa derrew bellik edýär-de, gidiberýär.

Bir gün goýun bakyp ýörkä, ileri tarapdan bir süri möjek goýuna tarap okdurylýar. Muny gören çopan gygyrýar:

— Siz goýunlaryň birini hem iýmersiňiz. Eger iýjek bolsaňyz baryň, baýdan rugsat alyp geliň — diýýär. Onda möjekler oglana aýdýarlar:

— Şu günki yrsgalymyz şu sürüde, iýmesek bolmaz.

Onda çopan:

— Men muny baýdan sanap alyp gaýtdym. Agşam hem sanap tabşyrmaly — diýýär. Onda möjekler:

— Bar, sen baýa aýt. Ol bize iki sany goýun bersin — diýenler.

Onda çopan:

— Hawwa-la, siz meni baýyň ýanyna iberip, özüňiz goýunlaryň hemmesini gyrjak-da — diýýär. Onda möjekler:

— Şu sürüňe degmezlige kasam edeli. Eger biz şu sürä degsek, dyrnagyny ösdürip, dyrnagyny almaýanlardan bolaly — diýýärler.

Bu kasamy aýdanlaryndan soňra çopan sürini möjeklere ynanyp, baýyň ýanyna gidýär. Çopan barandan baý derrew goýunlaryny soraýar.

Onda çopan hemmesini bolşy-bolşy ýaly aýdyp berýär. Şol wagt baý derrew dyrnagyna seredýär. Görse, dyrnagy bir garyş bolup ösüp giden ekeni. Baý şol wagt derrew dyrnagyny almaga oturýar. Çopana bolsa aýdýar:

— Bar, sen möjeklere aýt, olaryň biri gözüni ýumup, bir goýny tutsun, şol tutan goýnuny hem alsynlar — diýýär. Çopan bolsa gelip möjeklere baýyň diýenini aýdýar. Onda bir möjek gözüni ýumup sürüniň üstüne zyňýar. Şol wagt hälki çopana berlen arryjak tokly möjegiň agzyna ilýär. Muny gören çopan derrew:

— Goý, bu meniňki, sen başga birini tut — diýip, öz toklusyny möjegiň agzyndan alýar.

Möjek ikinji gezek ýene sürüniň üstüne zyňýar. Ýene-de çopanyň toklusy möjegiň agzyna ilýär. Bu gezek hem çopan möjegiň agzyndan alýar. Üçünji gezek hem ýene şol agzyna ilýär. Onsoň çopan aýdýar:

— Indi bolmady, al nesibäňi — diýýär.

— Möjekler bolsa toklyny iýip gidýärler. Bir az wagt geçensoň baý gelýär. Görse, çopanyň wagty hoş däl.

— How, çopan saňa näme boldy? — diýýär. Onda çopan aýdýar:

— Möjekleriň agzyna meniň ýekeje toklym ildi, ony hem iýip gitdiler — diýýär.

Onda baý aýdýar:

— Çopan han, onuň üçin hiç gam iýme, anha, şu goýunlaryň ak guzy guzlanyny saňa berjek — diýýär.

Baýyň goýunlary hiç haçan ak guzy guzlamaz eken. Bu ýyl bolsa çopanyň bagtyna ýüz goýun ak guzy guzlaýar. Olary

bolsa çopan derrew öz ýanyna geçirýär. Onsoň baý muňa haýran bolup:

— Eý, çopan, bu ýyl bolsa goýunlar gara guzy guzlasa, saňa berjek — diýýär. Bu ýyl hem bu çopanyň bagtyna iki ýüz goýun şar gara guzy guzlaýar. Olary hem çopan öz adyna geçirýär.

Şeýlelikde, çopan iki ýylyň içinde üç ýüz goýunly bolýar. Baýyň hem ogly ýok ekeni. Çopan bolsa her egninde bir adam oturybermeli ýigit bolup ýetişýär. Ol on ýedi ýaşyna girýär. Baý bolsa: «Gel, bu ýigidi men öz öýüme getireýin. Uly gyzymy şuňa bereýin» diýip, ýüregine düwýär we gyzyny çopan oglana gelin edip berýär.

Bular şeýdip, ýaşap ýörüşlerine uly baý bolupdyrlar. Baý ýigide Ahmet batyr diýip at beripdir.

Şeýlelikde, Ahmet batyr birnäçe düýäni altyndan ýükläp ýurduna gaýtmakçy bolýar. Ol özüne oňat at, oňat ýarag edinýär we oglan-uşagy bilen ýurduna gaýdýar. Ol öz ýurdunyň çetinden giren wagty bir adamdan enesini soraýar. Ol bolsa:

— Eý, oglum, sen diýip siziň eneňiziň aglap-aglap iki gözi kör boldy, bili büküldi — diýýär. Onda Ahmet batyr:

— Baryň, siz meniň gelenimi ejeme buşlaň — diýýär. Ol hem Ahmet batyryň enesine buşlaýar. Garrap hem aýralykdan iki bükülen aýal:

— Eger aýdanyň çynyň bolsa getiren maly-dünýäsiniň ýarsy seniňki — diýýär. Ogly maly, dünýäsi, oglan-uşaklary bilen gelýär. Begenjinden enesiniň kör gözi hem açylýar.

Bu şady-horramlyk patyşanyň gulagyna ýetýär. Ol dergazap bolup, ýasawullaryna:

— Baryň, kellesini alyp geliň — diýýär.

Ýasawullar derrew Ahmet batyryň ýanyna gelýärler. Ahmet batyr bilen uruşsalar ýasawullaryň güýji deň geljek däl. Onuň üçin olar patyşanyň eden hökümini Ahmet batyra gelip aýdýar-

lar. Ahmet batyr halys degnasyna degip oýlanýar: «Şanyň mende näme kasty barka? Bu meni ýurdumda arkaýyn ýaşamaga goýjak däl. Onda men ölmeli, ýa öldürmeli».

Ahmet batyr ahyr ýarag-esbaplaryny oňatja guratlap patyşanyň köşgüne duýdansyz girýär we ilki garawullaryny öldürýär. Patyşanyň özüni bolsa zyndana salýar.

Ol ýurduň raýatlary Ahmet batyry şa saýlaýarlar.

Ahmet batyr adyl, rehimdar şa bolup, ýurdy dolandyrýar. Ol ýurduň raýatlary köpelip, öz ogul-gyzlary bilen rahat ýaşap başlaýarlar.

## GÜL[1]
### *(«Ýagşy ýar hem haramhor häkimler»)*

Bir bar eken, bir ýok eken. Gadym zamanda bir ýetim oglan bar eken. Ol ýaşlygyndan bir kümüşçi hem tam ussasyna şägirt bolupdyr. Bu hünärlere şeýle bir ökdeläpdir, hatda halypasyndan-da ozdurypdyr. Onuň işinden ilat razy bolupdyr. Ol köp işläp, oňat gazanç edip gurply ýaşamaga başlapdyr.

Bu oglan ýigit ýeten wagtynda obalaryndan bir owadan gyza aşyk bolupdyr. Soňra oňa söz aýtdyrypdyrlar. Gyz hem hünärli hem akylly oglana razylyk beripdir. Şeýlelikde, bular toý tutup, nikalaşyp, ýaşamaga başlapdyrlar. Ýigit özlerine oňat howly hem köşk ýaly jaý saldyrypdyr. Ýöne ol gözel gyza öýlenenden soň, hiç ýerde işlemändir, öýlerindenem çykmandyr. Günleriň birinde munuň gelni oňa garap:

— Men geň galýaryn, sen näme üçin işlemeýärsiň? Işsizlik adamyň göwnüni çökgün eder hem hünäriň ýiter — diýipdir. Onda ýigit:

— Men işe gidäýjek welin, senden ynjalamok, seni ýeke galdyrasym gelenok — diýip jogap beripdir.

Gelin:

— Sen zady gaýgy etme-de işläber. Men seniň eliňe bir desse gül berip goýbererin. Sen şol desse güli synlap ýörseň bolar. Eger-de şol desse gül solsa, meniň-de soldugymdyr.

[1] Şamar. Türkmen halk ertekileri. Aşgabat, «Türkmenistan», 1981.

Eger-de ol solmasa, şu durşuma oňat ýaşap ýördügimdir. Menden ýaňa arkaýyn, hatyrjem bolgun — diýipdir.

Şunlukda, bu ýigit başga bir ýurda işe gitmekçi bolýar. Gelni hem onuň ýol şaýyny tutup, eline-de ter gül dessesini berip, ugradyp goýberýär.

Ýigit az ýöräp, köp ýöräp, bir ýurda ýetýär. Ol ýurduň hökümdary öz ussalaryna bir owadan ymaratyň suratyny çekip beripdir-de: «Kyrk günüň içinde şunuň ýaly ymarat salyp biljegiňizi ýa bilmejegiňizi maňa mälim ediň. Eger şeýle ymaraty salyp bilmejek bolsaňyz, men siziň baryňyzy ýok etjek» diýip höküm edipdir. Hökümdaryň ussalary bu işi başarmajakdyklaryny bilip, gynanyşyp oturan ekenler. Ýaňky ýigidiň ol ýurda baran gününiň ertesi bularyň kowulmaly wagty dolýar eken. Şol pursat ussalar bilen tanşan bu ýigit olara käriniň jaý salýan ussadygyny, özüniňem işe gelendigini aýdypdyr. Ussalar bolsa oňa:

— Beýle bolsa, derrew yzyňa gaýt, senem nähak kösenmeli bolarsyň — diýýärler.

Ýigit:

— Näme üçin? — diýip soraýar.

Hökümdaryň ussalary ýigide şol patyşanyň «Salyp beriň» diýen ymaraty hakda aýdýarlar. Ýigit:

— Şol ymaratyň suratyny menem bir göreýin, nähili zatka? — diýýär.

Ussalar şol ymaratyň şekilini görkezýärler. Ol bir salym synlap durýar-da, soňam:

— Men şuny çekilişi ýaly edip salaryn — diýýär.

Bular begenişip, derrew patyşa: «Şeýle jaýy siziň diýşiňiz ýaly edip salyp biljek ussa bar» diýşip habar berýärler.

Patyşa hem:

— Getiriň şol ussany — diýýär.

Ýigidi derrew patyşanyň ýanyna alyp barýarlar. Saglyk-amanlyk soraşanlaryndan soň, patyşa:

— Ýeri, ýigit, sen bu ymaraty gurup bilermiň? Nähili edip gurmakçy? Öz-ä kyn işdir — diýýär.

Ussa hem:

— Kynam bolsa meniň harjymy bol-elin berseň, zerur zatlar bilen üpjün etseň, şol jaýy seniň diýşiň ýaly edip, salaryn — diýýär.

Patyşa ýigidiň şerti bilen razylaşýar. Ussa işe başlaýar. Ol işçi tutup, olaryň gündelik hakyny hem nagt ellerine berip durýar. Beýleki ussalaryň hem her haýsyna birküç ýüz adam berkidip, işledip ugraýar. Olaryň birnäçesini kerpiç guýmaga, birnäçesini hem kerpiç bişirmäge, ýene birnäçesini bolsa agaç kesmäge belleýär. Ymarat üçin gerek enjamlar taýynlanylyp, hemme zady ýerbe-ýer edenden soň, ýaňky ussa patyşanyň ýanyna baryp:

— Maňa bir pata ber, men indi jaýy salyp başlajak — diýýär.

Patyşa ussa ak pata berip goýberýär. Jaý salnyp başlanylýar. Patyşa her hepdede bir gezek baryp, ymaratyň salnyşyny synlap gaýdýar. Synladygyça oňa göwni ýetýär, zyýat welin, kem däl diýýär. Onsoň patyşa bu ussany öz wezirlerinden hem ileri görüp ugraýar. Bu ýagdaý wezirlere ýokuş degýär. Soňabaka patyşanyň dokuz sany weziri bu ussa göribilmezçilik edip başlaýar. Her hili bahana tapyp, işine päsgel berýärler, ony patyşa ýamanlap ugraýarlar. «Ol goltugyndan bir zat çykaryp zol şoňa seredýär» diýibem aýdýarlar. Patyşa hem azara galýar. Eger wezirleriniň diýenini edip, oglany kowup goýberse-hä, jaý salynman galjak, ýogsa-da dokuz weziriniň göwni galjak. Garaz, patyşa bularyň hijisine-de zat diýmän geziberýär. Emma dokuz wezir, dokuz ýerden dil birikdirip, günleriň birinde ýaňky ussany nahara çagyrýarlar, hem oňa al salyp, muny erbet serhoş

edýärler we bir haraba getirip, taşlap gidýärler. Güllerini bolsa onuň ýanynda hatarlap goýýarlar, ýene birnäçesini döwüşdirýärler. Ertesi işçiler işine gelýärler welin, ussa ýok diýýär. Onsoň bular näme iş etjeklerini hem bilmeýärler-de, patyşa: «Ussa ýitdi» diýip, habar ýetirýärler. Patyşa bu düşen habara geň galyp: «Her ýerde-de bolsa ussany tapmaly» diýip höküm edýär.

Wezirler eýläk-beýläk aýlanan bolşup, ahyry hem şol haraba baryp, ussany harabadan tapan kişi bolup, onuň bolup ýatyşyny patyşa görkezýärler. Patyşa hem ussany özüne getirip, sorag edýär. Şonda ol:

— Sen jaýyň şekilinden başga-da bir zady goltugyňdan çykaryp, seredip ýörenmişiň. Hany, aýt göreýin, şol näme? — diýip hem sorapdyr. Onda ussa:

— Ol-a meniň gelnimiň bärik gaýdan wagtym-da berip goýberen bir desse güli. Ol şonda maňa: «Şu güli goltugyňda sakla, her daýym oňa seredip dur, eger şol gül solsa, meniň başyma iş düşdügi, eger ter hem täzeligine dursa, meniň şo durşum bolar» diýip, sargap goýberipdi. Ynha, şu gül bolmaly — diýip, ter güli goltugyndan çykaryp, patyşa görkezipdir. Güle geň galan patyşa ýigide garap:

— Beýle bolsa, gülüňem ýygna-da, işiňe gidiber — diýip goýberipdir. Ussa gidenden soň wezirler patyşanyň daşyna üýşüp:

— Eger-de onuň güli solmaýan bolsa, onuň aýaly üýtgeşik bir zatdyr, heý, bir ony görüp bolmazmyka? — diýişýärler. Soňra hem wezirleriň biri:

— Maňa bir horjun gyzyl tapyp beriň, men şol gelni barlap geleýin — diýýär. Patyşa wezire bir horjun gyzyl berýär. Ol hem ussaň gelniniň ýaşaýan ýurduna tarap ýola rowana bolýar. Az ýöräp, köp ýöräp, ol ýurda gelýär. Sorap-idäp, ussaň howlusyny tapýar. Ýöne göni baraýman, oňa goňşurak bir ýerde bir garry kempiriň öýünde düşleýär. Soňra hem şol kempire: —

Siziň şeýle-şeýle bir ökde ussaňyz bar eken. Şonuň hem bir owadan aýaly barmyş. Meni şonuň bilen tanyş et — diýýär.

Onda bu kempir:

— Men seni patyşanyň gyzy bilen tanyş et diýseň, tanyş edeýin. Ýöne ol ussaň gelnine ýanaşyp bilmerin — diýip jogap beripdir. Wezir ýöne gep bilen bolmajagyny bilip, horjunynyň bir gözüni onuň öňüne dökýär. Kempir gyzyllary görüp:

— Janym, sen biraz garaş, kynam bolsa, men bir synanyp göreýin. Bolmadyk ýagdaýynda menden göwün-garyn etme — diýýär-de, ussanyň gelniniň ýanyna tarap ugraýar.

Kempir işikden giren badyna, gelin munuň ýüz-gözünden ýönelige gelmändigini aňlaýar-da, töre geçirip, hezzet-hormat edensoň, habaryny alýar:

— Ene, bu eýýamlarda geleňokdyň-la, näme iş bilen gelen bolsaň, habaryňy berip otur — diýýär.

Kempir hem süýji-süýji gürrüňler tapyp, biraz sakyrdandan soň:

— Aý, balam, aýtsam men ýaşlygymy bihuda geçiripdirin, onuň gadyryny bilmändirin. Indi bolsa haýym gidip, waýym galypdyr. Ýaşlygyň gadyryny bilgin, ýaşlyk, görk-görmek hemişe tapdyryp durmaz — diýipdir.

Gelin kempiriň bir syrynyň bardygyny duýup, ony ugruna sürüpdir:

— Wah, hawwa-la, garry ene. Ýaşlyk geçensoň, ony yzyna gaýdyp alyp bolmaz — diýen bolupdyr.

Onda kempir:

— Wah, biziň öýümizde bir şazada sypat ýigit bar, tüýs seniň taýyň. Ol saňa aşyk bolupdyr. «Duşuşdyr» diýip, şol ýalbardy ýördi, ýogsam, geljekmi men — diýýär. «Päliň, niýetiň hemraň bolsun, haram kempir. Tapdyň haramlyk etjek adamyňy?» diýip içini gepleden gelin daşyndan başga zat diýýär.

— Agşam namaz wagtlary aýak ýygnanansoň iberäý, şazadaňy görübereris — diýýär:

Kempirem gelniň ýanyndan begenjine guş bolup uçup gaýdypdyr. Gele-gelmäne-de wezire habaryny beripdir. Wezir hem:

— Gurtmysyň, tilki? — diýip, ýalmyldap oturan.

Kempir:

— Garry enäniň tilki boljak gümany barmy?! Arkaýynja dem-dynjyňy al-da, agşam namazdan soň, göni öýüne baryber. Ol saňa garaşyp oturmaga wada berdi — diýýär.

Wezir begenip, ýanyna bir oglanjygy hem alyp, gündizden ol gelniň howlusynyň niresinden, nähili barmalydygyna, içine nähili girmelidigine ýagşy belet bolup gaýdýar. Gün ýaşyp iňrik garalýaram welin, bir gyldan bezenip, atyny ýuwaşjak sürüp barýar-da, gelniň gapysyny kakýar. Gelin: «Kimsiň?» diýip soraýar. Wezir: «Garrynyň iberen adamsy» diýip, howlukmaç jogap berýär. Gelin howlynyň işigini açyp, weziri garşylap, soň onuň atyny daňyp, öňüne ot dökýär. Özüni hem töre geçirip hezzet-hormat edýär. Gürleşip oturyşlaryna ýatar wagty bolýar. Wezir wagty gelende niýetini duýdurýar. Gelin:

— Biziň ýatýan jaýymyz ilerki tamdyr. Içinde hemme zat taýyn durandyr, ýörüň şol tama baralyň — diýýär.

Günden nurly, aýdan görkli, eýjejik gelin weziriň akylhuşuny elinden alýar, begenjinden iki bolup bilmeýär. Wezir gelniň yzyna düşüp, ol tama garşy ugraýar. Daş çykýarlar welin, howla goýberilen it weziri ýarjak bolup oňa topulýar. Wezir gorkusyna gelniň bir o gapdalyna, bir bu gapdalyna geçýär. Gelin jaýyň gapysyny açandan, wezir kürsäp, tama girýär. Gelin hem bada gapyny daşyndan ýapyp, mäkäm gulplaýar. Aldananyny duýan wezir ýorgan-düşek gözläp, garaňkyň içinde jaýyň o burçundan, bu burçuna sermenip ugraýar. Emma düşek nire, zat nire, kemterinden dyzyny eper ýaly köne keçe-de ýok

diýýär. Buz ýaly boş jaý. Wezir garaňky jaýyň içinde kellesini tutup, öz-özüne: «Düýşüm bolaýbilsedir» diýip, göwünlik berýär.

Ertesi öýlänler jaýyň depesinden bir deşik açylyp, içine ýagtylyk düşýär. Häki gelin ol deşikden bir ik bilen ep-esli ýüňi sallap:

— Eger gulaçlyk egirseň, bir igiňe ýarty nan bilen bir käse suw hakyň bar, eger-de çäkmenlik egirseň, bir nan bilen iki käse suw alarsyň — diýýär.

Heniz ik egirip görmedik wezir näme etjegini bilmän, nalaç gulaçlyk egirmäge boýun bolýar. Ol ertesi şol mahala çenli kösenip-kösenip egrip, igi dolduryp goýýar we ýene-de nan-suw haky bilen täzeden ýüň alyp galýar. Ýüň alyp galanda, gelin oňa igenýär:

— Sypaýyrak, inçeräk egir, tanap ýaly-la egren ýüpüň, beýtseň hakyň ýaryny bererin.

Goý, wezir şeýtsin-de ik egirip ýatybersin. Indi habary galan sekiz wezir bilen patyşadan alalaly. Olar wezir geler wagty gelmänden soň, alada galyp başlaýarlar. Wezirleriň biri:

— Ol perizadyň goltugynda ýatandyr, ömür gelýämi?» — diýip, hil bir zat aýdan ýaly töweregindäkilere seredýär, soň:

— Maňa bir horjun gyzyl beriň, men gidip, derrew bellisini bilip geleýin — diýýär.

Patyşa muňa-da bir horjun gyzyl berip, gitmäge rugsat edýär, ol-da ýola düşýär. Az ýöräp, köp ýöräp, wezir hem idäp-sorap, häki garry aýalyň kömegi bilen, gelniň howlusyna gelýär. Gelin bu weziri-de öňki wezir ýaly kabul edýär, myhmanlaýar we şol hile bilen ony-da, öňki weziriň ýatan tamyna dykýar. Bu wezir garaňka öwrenişip bilmän, sermenip barşyna uklap ýatan weziriň garnyndan basýar. Ol bolsa:

— Kimsiň? — diýip, ýüregi ýarylan ýaly bolup, gygyryp ýerinden galýar.

— Mendirin — diýip, ikinji wezir özüni tanadýar.

Ertesi öýlänler deşik açylýar. Wezirleriň biri ozalky adaty boýunça egirmeli ýüňüni alýar. Gelin ikinji myhmana ýüzlenip:

— Saňa-da ik gerekmi? — diýip soraýar. Ol:

— Men-ä ik egirip göremok, onsoňam ol heleýleriň işi — diýýär.

Gelin hem:

— Beýle bolsa aç ýatyber — diýip, deşigi ýapyp gidiberýär. Ikinji wezir ajygyp, beýleki wezirden nan dileýär. Ol bolsa:

— Özüň egirip al — diýip, bir agyz hem nan bermeýär. Ikinji wezir aç-suwsuz ýatmaly bolýar. Ertesi öýlän deşik açylanda bolsa, ikinji wezir öňkä ýetirmän:

— Maňa-da bereweri — diýip, ik bilen ýüňi garbap alyp, gözüne urulan ýaly egirmäge başlaýar. Emma igi pyrlap bilmän elinden gaçyryp, itiň gününi görýär.

Şeýdip, bu wezirler garaňky hem porsy jaýda yzyndan geljek kömege garaşyberenler.

Indi habary patyşadan alalyň. Ol galan ýedi wezirini ýeke-ýekeden olaryň yzyndan iberip, ynjalygy gaçýar.

Giden gelenok, giden gelenok. Patyşa-da haýran bolup näderini bilenok. Dokuz wezirinden aýrylyp, onuň dünýäsi daralyp ugraýar. Onsoň gelinden geçen, wezirleriniň ýagdaýyny bilse kaýyl gelip, bu-da bir horjun gyzyly alyp, olaryň gaýdan ugruna gaýdyberýär. Ol hem sorap, idäp ahyr ussanyň jaýyny tapýar, açýar. Patyşany göreninden gelin onuň wezirlerden üýtgeşik adamdygyny aňlaýar. Şonuň üçinem muňa wezirlere edilenden hem on esse artyk hyzmat edýär. Gelin gürrüňçilikde osmakladyp, onuň bir ýurduň patyşasydygyny aňýar. Ýöne kempiri öňüne salyp gelmänden soň, onuň haýsy maksat bilen öýüni sorap-idäp tapanynyň syryny bilmeýär.

Ýaýdanjyrap uzak oturandan soň, ahyr patyşanyň özi dillenýär:

— Gelin, dilege gelen, okarasyny gizlemez diýlişi ýaly, meniň wezirlerim bardy, olar bir iş bilen siziň ýurduňyza gaýdyp-

dylar-da yzyna dolanyp barmadylar. Sorap-idesem, siziň olardan habarlydygyňyzy aýtdylar.

Ussanyň gelni «Men habarlam, habarly dälem» diýmeýär. Ýöne bu adamlaryň hemmesiniň bir çukura tüýkürendigini duýsa-da, maksatlaryna düşünmeýär. Sakgalyny sallap, olaryň yzlaryndan patyşalarynyň gelmegi gelne has-da geň bolup görünýär. Gelin sesini-üýnüni çykarman, patyşany wezirleri salan jaýynyň gapysyndan eltýär. Şa ilki gapyda diňşirgenip durýar. Jaýyň içi goh-galmagal, agyn ala-şakyrdy diýýär, biriniň diýenini beýlekisi eşitmeýärmiş. Patyşa öz wezirleriniň sesini tanaýar. Ussanyň gelni deşigi açandan içerden:

— Galan ömrümizde biz saňa hiç hili zyýan etmeris, seniň üstüňe guş gondurmarys — diýşip, ala-galmagal edişip, ýalbaryşyp başlaýarlar. Patyşa gelne ýüzlenip:

— Indi sen meniň gyzym bol. Men seniň ataň bolaýyn. Kimiň-kimdigini tanadym. Bular bilen deň bolma-da, aç gapyny, boşat — diýýär. Gapy açylandan içerden maýmyn ýaly bolşup, üsti-başy gara kir, saç-sakgaly ösen wezirler çykýar.

Ýuwnup-ardynanlaryndan soň, patyşa wezirlerini alyp, öz ýurduna dolanýar. Gitjek wagty:

— Gyzym, men ulag ibererin. Söwer ýaryň ýanyna göçüp gel — diýýär.

Patyşa ýurduna barandan soň, bir kerwen düýe iberip, ol gelni ähli zady bilen göçürip getirýär. Özbaşyna bir howly bilen bir tam hazyna hem bagyşlaýar. Gelin bu howluda ýerleşip bolan wagtynda, ussa-da ymaraty salyp gutarandygyny patyşa habar bermäge barýar.

Ol şoňa çenli öz gelniniň bu ýurda göçüp gelenini bilmeýär. Patyşa ussa ýigide ýüzlenip:

— Ymarat diýenmi-hä saldyň, menem saňa sowgat edeýin. Meniň bir kemala gelen gyzym bar, ana, şony men saňa bagyşlaýaryn — diýýär.

Ussa goltugyndaky güli çykaryp, oňa seredip, pikire çümüp oturýar. Ol patyşanyň sözüni ýykmagyň ugruny tapmaýar. Onýança patyşa ýylgyryp:

— Ýör, saňa öz gelniň bilen ýaşajak howlyňy bir görkezeýin — diýip, ony yzyna düşürip, ýaňky gelne beren howlusyna alyp barýar. Soň:

— Ine, şu howly bolmaly, gyzym hem içindedir — diýýär.

Ussa howlyň bosagasyndan ätlemäge ýaýdanyp durýar, onýança gözi öz gelnine düşýär. Ol gaty begenip, gelnine tarap, gelni hem ussa ýigide tarap ýöreýärler. Biri-birine mähir bilen seredişýärler. Şol wagt gelin:

— Hany indi gülüňe seret! — diýýär.

Ýigit gülüne seredýär welin, gül ýaňyja solup ugran eken.

Ýigit:

— Be, muňa şu iki arada näme bolaýdyka, ýap-ýaňam-a terjedi?! — diýip geňirgenýär. Onýança gelni:

— Göwnüňe melal getirip durma, ýaňy saňa gözüm düşüp, meniň saňa göwnüm gidäýdi. Gülüň hem şonda solandyr. Indi ikimiz tapyşdyk, onuň saňa geregi-de ýok — diýýär.

Soňra ýigit bu bolup ýören zatlara geň galyp patyşanyň ýüzüne seredýär welin, ol:

— Ussa, sen arkaýyn bol, meniň saňa: «Al» diýýän gyzym şu öz gelniň bolmaly. Biz onuň bilen ataly gyz bolduk. Ynha, şu howlyny hem size bagyş etdim, alnyňyz-bagtyňyz açyk bolsun! — diýýär-de, özi täze saldyran ymaratyna tarap gidiberýär. Ymaratyň gözelligi patyşanyň akylyny haýran edýär. Ýöne ol wezirleriniň gepine gidip, öz ussasy babatda goýberen ýalňyşlygyna soň-soňlaram ökünip ýörýär.

Ussa bilen onuň gelni bolsa maksat-myratlaryna ýetip, bu ýurtda bagtyýar ýaşaberýärler. Olardan birnäçe perzent dünýä inýär.

## PADYMANYŇ GYZY[1]

Bir bar eken, bir ýok eken. Gadym zamanda bir patyşa bar eken. Ol ýetmiş ýaşyna baranda, wezir-wekillerini ýanyna çagyryp:

— Maňa mynasyp owadan hem akylly bir gyz tapyň — diýip, höküm edipdir.

Wezir-wekiller bazara baryp, adamlardan: «Kim-de bir gowy gyz barka?» diýip, ideg-sorag edýärler. Onda adamlar:

— Padymanyň bir gyzy bardyr, şol örän gowudyr hem akyllydyr. Padymanyň özem hol-ha, şu taýda, şonuň yzyna düşüberiň — diýýärler.

Ana, onsoň bular hem şeýle etmegi maslahat bilip, bularyň biri padymanyň yzy bilen garama-gara aýlanyp ugraýar. Padymanam bazardan biraz et alypdyr-da, öýüne gaýdypdyr. Bu hem yzyna düşüberipdir. Onsoň, uly ýola düşüp, bile gelýär ekenler welin, bularyň öňünden bir suwly ýap çykypdyr. Bu adam padymana garap:

— Şu ýaba köpri gurap geçeli-le — diýipdir. Onda ol: «Muňa-da, heý, duran ýeriňde iki sany bolup köpri gurap bolarmy? Bu adam samsyksyrap, meni talajak bolýandyr» diýip, pikir edipdir-de, bilindäki ak saplysyndan berk tutup, egin-eşiklerini çykaryp, ýapdan girip geçipdir. Ýanyndaky daýaw pyýada bolsa böküp geçipdir-de, ýene ýaňky padymanyň yzyna

[1] Şamar. Türkmen halk ertekileri. Aşgabat, «Türkmenistan», 1981.

düşüpdir. Şol baryşlaryna bir takyr meýdana düşüpdirler. Epesli wagt bäri dymyşyp gelensoňlar, ýaňkyň içi gysyp, ýene-de padymana:

— Ýol kessene, ýaşuly — diýip ýüzlenipdir. Padyman ýene düşünmän: «Dogrudanam, bu meni talajak bolýandyr. «Ýol kes» diýmesi nämekä?!» diýip, ýene bilindäki ak saplysyndan berk tutup gidiberipdir.

Şol gidip oturyşlaryna bularyň ýoly bir tokaýlygyň üstünden düşüpdir. Onsoň ýaňky ýene padymana garap:

— Gel-aý, şu ýerden bir ýylky alaly-da, münäýeli-le — diýipdir.

Padyman ýene-de düşünmän: «Bu ýerde ýylky barmy näme?» diýip, ondan has hem howatyr edip, pyçagynyň sapyndan has berk tutup, ýene gidiberipdir.

Şol baryşlaryna ýol iki aýrylypdyr. Onda ýaňky adam:

— Myhman bolar ýaly kim barka? — diýip, padymandan sorapdyr.

Onda padyman:

— Pylan baýlar alaýsa gerek — diýip, salgy beripdir-de, öýüne tarap ugramakçy bolupdyr.

— Şol wagt ýaňky wezir padymanyň has sadadygyny görüp:

— Öýüňe baraňda, ähem-ühem edip, ardynjyrap bararsyňda, ýaşuly — diýip, sargapdyr. Onuň bolsa göwnüne başga zatlar gelip, gaharlanyp: «Ýeri indi munuň bu gürrüňi dagy aýt?!» diýip, jogap bermän öýüne gidiberipdir. Onsoň öýüne baryp, ýuwaşlyk bilen işiginden yşyklapdyr welin, görse, gyzy suwa düşüp duran eken. Ol bir hili bolup, hyrra yzyna dolanypdyrda, ep-esli ýerden, «ähem-ühem» edip, aýagyny tarp-tarp edip, täzeden öýüne barypdyr.

Oňa çenli gyzam egin-başlaryny geýnip ýetişipdir.

Padyman gelip öýüne girýär welin, görse, onuň ýüzi ak tam eken. Ýaňky ýolda sataşan ýoldaşyndan gaty gorkan bolara çemeli-dä. Gyzy kakasynyň ýüz-gözüni halaman:

— Ata, sen kimden zorluk gördüň? Saňa näme boldy? — diýip sorapdyr.

Onda atasy:

— Men şu gün biri bilen geldim welin, ýolda bir ýaba gelenimizde, ol: «Bu ýaba köpri guraýaly» diýdi. Görsem, köpride ýok, söpri-de. Onsoň bu meni talajak bolýandyr öýdüp, pyçagyma ýapyşyp gaýdyberdim — diýip gürrüň beren.

Gyz:

— Ata, bu taýda gorkar ýaly zat ýog-a. Ýöne sen oňa düşünmänsiň. Ol-a saňa: «Sen bir garry adam, men seni ýapdan göterip geçiräýin» diýipdir ahyry — diýen. Soňam:

— Hany aýt, ata, onsoň näme boldy? Ol soňra zat diýmedimi? — diýip soran.

Onsoň atasy hälkiň: «Ýol kes» diýenini aýdýar. Onda gyzy:

— Oň: «Ýol kes» diýeni gürrüň et, gürrüňleşip gideli öýüňize baranyňy duýman galarsyň» diýdigi bolmaly. Sen muňada düşünmänsiň — diýipdir-de, ýene:

— Başga näme diýdi ata? — diýip sorapdyr. Ol ýoldaş bolup gaýdanyň: «Tokaýdan ýylky alyp, müneli» diýenini aýdýar welin, gyz:

— Sen oňa-da düşünmänsiň, ata, ol: «Tokaýdan herimiz bir hasa alaly, ýylky münen ýaly gowy bolaýar» diýipdir — diýen.

Soňra gyz:

— Hawa, aýdyber, onsoň ýene näme diýdi?

— Ýol aýryda, aýrylyşjak bolup durkak, ol: «Öýüňize baraňda, «ähem-ühem» edip, aýagyňy tarp-turp edip bargyn» diýibem goýberdi. Soňam: «Bu ýerlerde meni kim myhman alarka?» diýip sorady. Menem pylan baýlary salgy berip goýberdim.

Onsoň gyz:

— Ata, ol adam ýöne adam däl eken, welimi-nämemi garaz, gorkar ýaly adam däl eken. Eger sen: «Ähem-ühem» edip gelmedik bolsaň, şol wagt men suwa düşünip durdum, duýdurman gelip, menem, özüňem nähili utançly ederdiň. Şonuň diýenini edeniň gowy bolaýypdyr, ata. Görýäňmi, şu gürrüňem onuň öňki aýdanlarynyň-da mamla gepdigini bildirip dur ahyry. Gowusy, şol adamy tapaly hem hezzetläli, ata! — diýipdir.

Ana, onsoň gyz atasynyň ýaňky getiren etinden oňat börek bişirýär-de, üstüne ýag dökýär, soňam onuň üstüne gapak deregine-de bir gatlama edip, çanagyň agzyna ýapyp goýýar. Onsoň goňşusynyň ile ot ýakdyrmaýan oglundan ýaňky naharly çanagy atasynyň salgy beren öýüne: «Myhman oglana eltip ber» diýip iberýär. Iberjek wagty oňa:

— Sen şu nahary elten mahalyň oňa garap: «Aý tegelek, bulut örän galyň, ýyldyzlar gaty gür» diýip aýtgyn. Onsoň şol myhmanyň näme diýeninem maňa gelip aýdarsyň — diýip, berk sargap goýberýär.

Onsoň bu hem baryp, şeýle-şeýle diýýär welin, myhmanam onuň getiren zatlaryny synlaýar-da:

— Aýa ýarty, buludam ýuka, ýyldyz bolsa onda-munda — diýip, jogap berýär. Ol hem gelip bulary bolşy ýaly edip, gyza aýdýar.

Onda gyz oňa:

— Sen şu tärimi gulaçlabilermiň? — diýýär.

— Hawa, gulaçlaryn — diýýär.

— Hany onda gulaçla!

Olam: «Ine» diýip, elini uzadyp, tärimi gulaçlaýar welin, gyzam ýaňkyň her elini bir tärime mäkäm daňýar-da, bir tut çybygy eline alýar-da, ýenjiberýär ýaňkyny: «Sen meniň iberen zatlarymy kime iýdirdiň?» diýip, gaty gyssaýar.

Onda ýaňky oglan:

— Men gidip barýardym welin, ýolda bir sygyr çopana duşdum. Ol menden nahary zor bilen alyp, böregiň-ä ýaryny iýdi, gatlamaňam ýaryn iýdi, ýüzüniň ýagyndanam içdi. Şeýdibem, myhmana galanyny eltip berdim — diýip, ýalan sözleýär we taýak iýýär.

Soňra gyz atasynyň ýanyna baryp aýdýar:

— Ata, ertir şol adam seň ýanyňa geler. Özem patyşanyň sawçysy bolup, maňa söz aýdyjy geler. Şonda sen: «Gyzym öz galyňyny özi keser» diýip, meniň ýanyma ibergin, galanyny özüm oňararyn — diýýär. Gyzyň sözleriniň manysyna düşünse-de, atasy:

— Beýle zat aýyp bolmazmy, gyzym — diýýär.

Gyzy:

— Ol ýerde aýyp zat ýok ata. «Ölüşiňize görä, gömüşimiz diýipdirler-ä» diýip aýdýar.

Atasy hem:

— Bolýar — diýip, garaşyp oturýar welin, ine, ertesi şol bile gelen adamy gelip, habaryny aýdýar. Olam:

— Men o zatlary bilmen. Ygtyýar kemala gelen gyzyň özünde bolýar. Enesi ýok, bahasynam özi kessin — diýip jogap berýär.

Onsoň bu adam gyzyň ýanyna baryp, özüniň näme üçin gelenini aýdýar we:

— Hany, onda bahaňy özüň kesýän bolsaň kes — diýýär.

Gyz:

— On owlak, ýigrimi tokly, altmyş agta, ýetmiş nogta, segsen seg getiriň — diýýär. Ana, onsoň bu hem düşünmedikden bolup baryp, patyşa aýdýar welin, patyşanyň gahary gelip:

— Ol gyz-a: «Adam onunda owlak-teke ýaly bor, ýigrimisinde tokly-goç bor, altmyşynda agta ýaly bor, ýetmişinde nogtalap idip ýörmeli bor, segseninde it ýaly üýrer otyr» diýipdir

welin, men bu işi munlugyna galdyrmaryn — diýýär-de, yzyndanam:

— Baryň, şony zor bilen alyp geliň — diýip, adamlaryny iberýär. Patyşanyň nökerleri hem derrew baryp, eline-aýagyna garaman, ol gyzy alyp gelýärler. Patyşa hem onuň bilen özüne nika gyýdyryp, ýöne gyz bilen asla ýaşamaýar-da, ondan ar almak üçin:

— Men uzak möhletleýin sapara gitjek, senem men gelemde, ikimizden doglan çagany şu gara atymdan bolan taýa mündürip, kyrk atly bilen öňümden çykar. Ýogsa-da her tikäňi gulagyň ýaly ederin — diýýär.

Patyşa bu permany berýär-de, öz atlylaryny hem beýleki adamlaryny alýar-da, ýurtdan çykýar gidiberýär. Birki menzil geçenlerinden soň, bular bir uly tokaýlyga baryp ýetýärler. Patyşa şol ýerde düşlemegi höküm edip, özüne hem çadyr gurduryp, atlaryny hem tokaýyň gyrasynda bakdyryp, arkaýyn ýatyberýär.

Indi habary kimden sora, häki gyzdan. Patyşa şeýle diýip gidenden soň, ol näme etjegini bilmän, saralyp-solup oturan. Ýöne bu gyzyň atasynyň bir dogany bar eken-de, oňam bir gyzy bolup, ol bu gyzdan dagam has akylly eken.

Onsoň ol bir gün: «Doganymy görüp gaýdaýyn-la» diýip gelse, ynha, bu gyz saralyp-solup otyr diýýär.

Onsoň bu gyz:

— Ýeri, saňa näme boldy, özüň patyşaň aýaly, kem zadyň ýok, onda-da şeýdip, saralyp oturmaň näme? — diýip soran.

Olam: «Şuň ýaly, şuň ýaly» diýip, patyşanyň heňe gelmejek hökümi edip, çykyp gidenini aýdyp berýär.

Onda beýleki gyz:

— Baý, senem şony gaýgy eder oturarlarmy? Onuň pikirini edip, horlanyp ýörme! Men gidip, atamdan bir aýlyk rugsat alyp geleýin. Oňa çenli senem kyrk sany baýtal bilen otuz sekiz

sany gyz ýygna. Galan işleri özüm düzederin — diýip, atasyndan rugsat almaga gidýär.

Bu bolsa, patyşanyň aýaly adam özüňize belli, dogany gelýänçä, diýen zatlaryny derrew jemleşdirip goýýar. Ol gelenden soň, bular beýleki gyzlar bilen kyrk bolup, geýim-gejimlerini üýtgedip, hojam sypatyna girip, kyrk baýtala münýärler-de, agyn ak selle bolşup: «Hanaýy Käbä zyýarata gitjek» diýýärlerde, ýurtdan çykyp ugraberýärler.

Şol gaýdyşlaryna bularyňam ýoly ýaňky patyşanyň gelip gonan tokaýynyň üstünden düşýär. Onsoň bularam olary görýärler-de, hol beýleräkde çadyr gurunýar oturyberýärler. Düşen batlaryna hem olar kyrk sany hojam bolan bolşup, namaza durýarlar. Bulary patyşa hem onuň adamlary-da görüp duran ekenler. Onsoň patyşa bularyň boluşlaryny geňräk görüp:

— Bar, habarlaşyp gel, bu nähili zat boldy? — diýip, olaryň üstüne bir çapar gönderýär.

Ýaňky çapar baryp, bulardan habar soraýar welin, olar:

— Biz kyrk bolup Hanaýy Käbä barýarys, şu ýerde, bir namaz okap geçeliň diýdik-de, düşläýdik — diýip jogap berýärler.

Onsoň çapar baryp, patyşa: «Olar-a zyýarata barýan kyrk sany hojam eken» diýip habar berýär. Patyşa-da:

— Aý, beýle bolsa, bolýar-la — diýip arkaýynlaşypdyr.

Onsoň hälki akyl öwreden gyz hem patyşanyň ýanyna salama gelipdir. Patyşa aleýik alyp:

— Nirä barýaňyz? — diýip soraýar.

Ol:

— Biz-ä kyrk sany hojam bolup, Hanaýy Käbä zyýarata barýarys. Ýöne şu ýerde düşlemegimiziň bir sebäbi-de bar. Ululardan: «Patyşa bir nazarkerde bor» diýip eşiderdik, şoň üçinem siz bilen bir salamlaşyp geçäýeli diýdik — diýýär. Patyşa saglyk-amanlyk soraşanlaryndan soň, mundan:

— Heý, içiňizde küşt oýnap bilýäniňiz ýokmy? — diýip soraýar.

Ýaňky gyz:

— Men-ä çalarak bilýän — diýip jogap berýär. Gyzyň özi welin gaty küştbaz eken. Soňra patyşa aýdýar:

— Onda birki gün şu ýerde bolaýsaňyz-la, küşt oýnarys, gülşer-degişeris. Bolmasa, birhili ýüregimizem gysyp dur.

— Bolýar, oýnaly diýseňiz oýnarys. Ýöne şertlije oýnaýsaga kem bolmazdy — diýip, gyz jogap beren.

— Nähili şertiňiz bolsa, aýdyp oturyň. Şertli oýnasaňyzam, biz bar — diýip, patyşa-da yza tesmändir.

— Şert şeýle bolsun — diýip gyz aýdan: — Sen utsaň-a, meniň kyrk baýtalymy al, utulsaň, seň kyrk atyňy men aljak.

Patyşa-da: «Bolýar» diýip razylaşýar. Onsoň, şeýdip, küşt oýnaýarlar welin, gyz salymyny bermän, ýaňkyny derrew utýar-da, patyşanyň kyrk atyny alýar. Soňra patyşanyň münýän gara atyny özleriniň münüp gelen kyrk baýtalyna höwre goýberýärler, beýleki atlaram daňyp goýýarlar.

Patyşa welin, utulanyna näderini bilmeýär diýýär. Ol ýaňka garap:

— Ýene oýnaly — diýýär.

Olam:

— Bolýar, oýnaýarys, ýöne ýene şertli bolsun — diýen.

Patyşa:

— Men razy, aýdyber näme şertiň bolsa — diýýär.

Gyz:

— Meniňem kyrk nökerim bar, seniňem. Gel, kim utsa, utulanyň nökerini almaly edeli — diýýär.

Patyşa hem gyz bilen razylaşýar. Ýene-de oýnaýarlar.

Patyşa bu gezegem utulýar. Gyz munuň kyrk nökerini-de alýar.

Onsoň patyşa:

—Ene oýnaly diýýär. Gyz hem oňa:

— Oýnap, indi nämäňi goýjak? — diýýär.

Patyşa:

— Aý, özümi goýýaryn — diýýär.

Gyz bolsa:

— Bolýar, menem utulsam, seniň kyrk nökeriňi gaýtaryp beräýerin — diýýär.

Şeýdip, oýnaýarlar welin, gyz bu gezek bilgeşleýin utulan bolýar-da, onuň kyrk nökerini gaýdyp berýär.

Onsoň patyşa:

— Ýene oýnaly — diýýär. Gyz hem razylaşyp, oýnan bolupdyr-da, bu gezegem utulan kişi bolup, onuň kyrk atynam gaýdyp beripdir. Sebäbi diýseň indi baýtallar höwürden çykan ekenler.

Soňra ýaňky gyz patyşadan:

— Siziň bu ýerlere geleniňize näçe mahal boldy? — diýip sorapdyr.

Patyşa:

— Aý, üç-dört aý daga boldy öýdýän — diýen.

Gyz:

— Baý-ba-a, onda siz-ä şorsurap gidensiňiz — diýen.

Patyşa:

— Wah, hawa-la — diýen.

Gyz:

— Beýle bolsa, biziň bir çorymyz bar, şony iberäýeli seniň ýanyňa — diýýär. Onda patyşa geňräk görüp:

— Özüňiz haja barýarsyňyz bir hiliräk bolmazmy?! — diýýär.

Onda gyz:

— Aý, geň bolsa biz getirmerisem. Şonuň üçinem siz hol beýleräkden özbaşyňyza bir çadyr gurduryň-da, garaşyp oturyberiň — diýip, özüniňkileriň ýanyna gaýdypdyr. Gelenden soň

patyşanyň nikalap alan gyzyny ýagşy garaňky düşensoň, onuň çadyryna ibermekçi bolup, oňa näme etmelidigini öwredip, aýdypdyr:

— Patyşa näme diýse-de, näme etse-de, sen güň bolan bolgun-da, ýöne «Ligi-ligi» etgin oturgyn — diýipdir.

Bu hem: «Bolýar» diýip, barypdyr patyşanyň çadyryna. Patyşa munuň bilen degşip-gülüşjek bolupdyr. Ol bolsa ýöne «Ligi-ligi» diýip oňaýypdyr. Patyşa oýun-baz edipdir. Onda-da ýaňky ýöne «Ligi-ligi» edýärmiş.

Şeýdip, patyşa bu gijäni munuň bilen keýpi-sapada geçiripdir. Ertirden soň bolsa, ýaňky gyz ýene özleriniňkä gelip goşulypdyr. Bir salymdan bolsa bularyň hemmesi şaýyny tutup, goş-golamyny ýygnap, yzlaryna gaýdyberipdirler. Hanaýy Käbä zyýarata gidişlerem şol bolupdyr, zatlaram.

Onsoň bular ýurda gelipdirler-de, geziberipdirler. Bir ýyl geçenden soň hälki baýtallar taý beripdirler, patyşanyň alan gyzynyň bolsa ogly bolupdyr. Onsoň ol ýaňky taýlary ýygnap, aýratynja bakdyryberipdir. Otuz dokuz sany oglany ýygnap, hersine-de bir taýy tabşyrypdyr. Öz ogluna-da birini beripdir.

Aýdan aý, günden gün geçip, patyşanyň sapardan dolanyp geler möhleti golaýlapdyr. Bu hem ýaňky taýlaryň hersine bir oglany, birine-de öz ogluny mündürip, patyşanyň öňünden çykmaga iberipdir. Bularam esli menzilden patyşany garşy alypdyr. Patyşa esewan edip görse, oglanlaryň münüp oturan taýlara öz atyna, oglanlaryň biri bolsa, alan gyzyna meňzäp duranmyş. Onsoň ol gahar edip:

— Men ol gyz bilen ýaşamok ahyry, ol maňa biwepalyk edendir. Baryň, ony derrew öldüriň-de, men barýançam, egin-başyny öz ganyna bulap goýuň — diýip, birini iberýär.

Ol gelipdir-de, ýagdaýy aýdypdyr. Gyz:

— Sen arkaýyn bol. Ýöne häzirlikçe, bir maly soý-da, şoň ganyna meň egin-başymy bula-da goýaý — diýipdir.

Onsoň bular bir mal soýaga-da ýaňkyň egin-başyny gana bulap goýupdyrlar, özüni bolsa bir ýerde gizläpdirler. Onýança patyşa-da ýetip gelipdir, il-halkam ýygnanypdyr. Emma patyşa gahar edip, sus bolup oturanmyş. Onsoň munuň göwnüni açmak üçin, gürrüň bermekçi bolýarlar. Şonda häki patyşa bilen küşt oýnan gyz:

— Men bir gyzykly gürrüň aýdyp bereýin — diýýär-de: «Bir bar eken, bir ýok eken, gadym zamanda bir patyşa bar eken...» diýip, doganynyň başyndan geçirenlerini, häki bolup geçen işleri boýdan-başa birin-birin aýdyp beripdir. Gürrüň şol gyzyň «Ligi-ligi» diýýän ýerine gelende, patyşa bu gürrüňiň özüne degişlidigine, ol ogluň özüniňkidigine ymykly göz ýetirip, laňňa ýerinden turup, ýöne elewräberipdir diýýär.

Soňra ol:

— Wah, men nähak ýere göwni garalyk edipdirin. Munça akyly tapyp, ony öldüräýen dälsiňiz ahyry. Derrew getiriň, oň ýaly bolsa — diýipdir.

Onsoň bular muňa aýalyny tapyp beripdirler. Patyşa bolsa ol gyzdan utulanyny boýun alyp, kyrk gije-gündiz toý tutupdyr. Il-halk şatlanyşypdyr, ýaňkylaram myrat-maksadyna ýetipdir.

## ÝEDIGE SOLTAN[1]

Bir bar eken, bir ýok eken, gadym zamanda Babatüki aga diýen bir adam bar eken. Onuň bir ogly bar eken. Ol: «Men hiç haçan öýlenjek däl, sebäbi alan gelnimiň göwnüni tapman, günäli bolmagym mümkin» diýer ýörer eken.

Onsoň ol günleriň birinde awa-şikara çykypdyr. Bir deňziň gyrasyndan gidip barýarka, bir öýüň üstünden barypdyr. Öýüň gapysyny açyp garasa, içinde bir owadan gyz oturan eken. Bu gyza gözi düşenden, bada-bat yzyna gaçmak bilen bolýar. Gyz hem derrew kowalap, onuň yzyndan ýetýär-de:

— Sen maňa öýlen. Eger öýlenmeseň, meniň on dört ýaşaýançam eden günäm seniň boýnuňa — diýýär.

Oglan hem öz ýanyndan: «Men aýal alsam, günäli bolaryn öýdüp ýördüm welin, almasam günäli boljak ekenim-ow, beýle bolsa muny alaýyn» diýýär-de, oňa öýlenmekçi bolýar. Aslynda ol bir perizat gyz ekeni. Gyz ýigide şeýle diýýär:

— Ýöne bilip goý, meniň bilen ýaşamagyň üç şerti bardyr. Şolary bitirmäge razy bolsaň saňa barjak.

Oglan:

— Aýt şertiňi, eşideli — diýýär. Gyz:

— Birinjiden, saçymy daran wagtymda, maňa seretme, ikinjiden, ýörän mahalym aýagyma seretme, üçünjiden, ýatan wagtym goltugyma eliňi degirme — diýýär.

[1] Şamar. Türkmen halk ertekileri. Aşgabat, «Türkmenistan», 1981.

Oglan muňa razy bolupdyr.

Şeýdip, bular bilelikde ýaşamaga başlapdyrlar. Günden gün, aýdan aý geçipdir. Günleriň birinde oglan aýalynyň şol şertleriniň sebäbini barlap görmegi ýüregine düwüpdir. Onsoň bir gün aýaly saçyny darap otyrka, seredipdir welin, görse ýaňky öz kellesini etegine salypdyr-da, saçyny darap otyr diýýär. Soň bir günem aýaly ýöräp barýarka, onuň aýagyna seretse, aýagyny yzyna öwrüp, ýöräp barýarmyş. Ýene bir günem aýaly uklap ýatyrka onuň goltugyna elini sokýar welin, onuň eli aýalynyň bagyr-öýkenine degip dur diýýär. Şol wagt aýaly tisginip oýanýar-da:

— Eý, ýigit, sen edilen şerti bozduň, indi men senden aýrylyşyp gitjek. Ýöne göwrämde alty aýlyk perzendiň bar. Ony hem dünýä inenden soň, deňziň kenaryna oklap giderin — diýip, gözüniň öňünde uçýar ötägidýär.

Oglan şeýdip, perizat aýalyndan aýrylyp, köp tukat gezýär. Ahyrsoňy periniň göwresinde galan çaganyň boljak wagty dolýar. Bu hem şol wagt deňze tarap ugraýar.

Baryp görse, ine, bir oglanjygy ýüpege çolap taşlapdyrlar. Onsoň bu öz ogluny göterip, öýüne alyp gelýär. Adyna Ýedige dakýar-da, ulaldyp-ösdürip geziberýär. Oglan ýedi ýaşaýar. Kakasy muny molla berýär. Ýöne basym kakasy ölýär-de, Ýedige ýetim galýar. Ýedige mekdepde okan döwürlerinde örän zehinli we akylly bolupdyr. Özi hem hemişe ähli deňduşlaryna baş bolup gezer eken. Ýedigäniň ýaşaýan şäheriniň patyşasyna Togtamyş han diýer ekenler. Ýedige hem käwagt özi bilen oýnap ýören oglanlaryň ähli geýimlerini çykardyp, bir ýere üýşürdip, üstünde oturar eken-de: «Men Togtamyş han boldum» diýer eken.

Günlerde bir gün Ýedige köp oglan bilen oýnap ýörkä, iki sany adam dogry şulara garşy geliberipdir. Şonda Ýedige:

— Oglanlar, häzir şol iki adam ýanymyza geler welin, biriňizem salam bermäň — diýipdir.

Onýança ýaňky adamlar bularyň ýanyna gelipdirler. Emma oglanlaryň hiç biri-de bulara salam bermändir.

Bu adamlar:

— Oglanlar, näme üçin salam bereňzok? — diýip soranlar.

Onda Ýedige:

— Az köpe salam bermelidir. Siz iki sany, biz bir topar, näme üçin siz bize salam bereňzok? — diýipdir.

Onsoň bu ikisi Ýedigäniň akyllydygyny aňyp, bir-birine: «Gel, dawamyzy muňa açdyraýaly» diýşipdirler.

Soňra bularyň biri elindäki towşany görkezip, Ýedigä şeýle diýipdir:

— Eý, oglan, biz dawaly bolup Togtamyş hanyň gaşyna barýardyk. Eger dawamyzy düşündirsek, sen açyp bilermiň? — diýipdir.

Onda Ýedige:

— Aýdyň hany, synanşar göräýeris — diýen.

Ýaňky:

— Şu elimdäki towşan biziň öýümiziň ýanynda gezip ýören towşandy. Biz awa çykyp, şundan nyşanalap bir wagtda ok atdyk. Meniň okum degdi welin, bu: «Meňki degdi» diýip dawa edýär. Indi men öz towşanymy aljak bolýaryn, bu-da bermejek bolýar. Towşan haýsymyzyňky bolmaly? Şony aýdyp ber? — diýipdir.

Ýedige hem ýaňky towşany özi bilen oýnap ýören oglanlarynyň biriniň eline tutdurypdyr-da, dawagäriň salgy berşi ýaly aralykda goýup:

— Kim towşanyň öň tarapyndan atyp degirse, towşan şonuňky. Emma oky oglana degirmeli däl. Eger degiräýseňiz, oglanyň hununy tölemeli bolarsyňyz — diýipdir.

Dawagärler gezek-gezegine ok atýarlar. Bellenilen aralykdan bularyň biriniň oky towşanyň edil öňki degen ýerinden degýär-de, beýlekisi urubam bilmeýär.

Onsoň Ýedige:

— Towşan, ine, şuňky bolmaly, bu tüýs awçy eken — diýip, ýaňky oky degen awçyny görkezýär. Emma urup bilmedik: «Bu bir çagadyr-da, muňam bir gepi bormy?!» diýip, razy bolmaýar. Onsoň bular Togtamyş hanyň ýanyna gidýärler. Baryp dawalaryny düşündirýärler. Onda han:

— Ownuk zat üçin gelýäňiz, heý, dawaňyzy başga açyp beren bolmadymy? — diýip soraýar.

Dawagärler oglanyň çözüp berşi hakda aýdýarlar welin, han hem:

— Ol oglan dawany örän dogry çözüpdir. Şol oglanyň çözüşini makul görýärin — diýipdir.

Şeýlelik bilen, dawagärler Ýedigäniň çözüşine razy bolup, gidiberipdirler.

Ýedige Togtamyş hanyň golastyndaky baýlaryň biriniň goýnuny bakýar eken. Günlerde bir gün çopançylyk edip ýörkä, Ýedigäniň ýanyna bir düýäni idip, iki sany adam gelipdir. Ýedige bulara salam beripdir, olar salam alypdyrlar. Olar hem özara dawaly ekenler. Ony Ýedigä aýtmagy maslahat bilen ekenler. Olardan biri:

— Eý, oglan, biziň dawamyz bar. Aýtsak, açyp bilermiň, bilmeseň-ä Togtamyş hana gitjek — diýipdir.

Ýedige:

— Aýdyň göreýin, synanşaýarys — diýip jogap beripdir.

Onda ýaňky adamlaryň biri:

— Şu düýäni men bir ýaşajyk köşekkä ýitiripdim. Ondan bäri bäş ýyl geçdi. Onda-da men muny tanaýaryn. Şu meniň düýäm bolmaly. Munuň enesi häzirem bar. Emma bu adam

muny şol kiçijek köşekkä ogurlapdyr-da, indem: «Öz düýäm» diýip, bermän ýör — diýen.

Onda ikinjisi hem:

— Ýok, bu öz elimde botlan düýäm. Enesem öýde — diýýär.

Ýedige:

— Onda ikiňizde-de munuň enesi hasap edýän düýäňiz barmy? — diýip sorapdyr.

Olar:

— Hawa, bar — diýşipdirler. Onda Ýedige:

— Beýle bolsa, ikiňizem şol enesi diýýän düýäňizi alyp geliň — diýip, bulary iberipdir. Olar gidip her haýsy bir garry düýäni idip, alyp gelipdirler.

Ýedige olara ol düýeleri akaryň aňyrsyna geçirip goýbermegi buýrupdyr. Olar diýlişi ýaly edipdirler. Özi bolsa, dawaly düýäniň artky budundan dört gat kendiri daňyp, içindenem bir agaç geçiripdir-de, towlap başlapdyr. Kendir ýüp buduny kesip başlansoň, ýaňky düýe bagyrmaga başlapdyr. Şol wagtda suwuň aňyrsynda otlap ýören düýeler muny eşidipdirler. Düýe ýitireniň düýesi muny eşiden badyna suwdan geçip gaýdyberipdir. Ikinji düýe bolsa, azaryna-da däl, otlamasyny dowam etdiriberipdir. Bu ýagdaýa syn edip duran Ýedige:

— Düýäni eýesine bermeli, seniň düýäni ogurlanyň çyn. Sebäbi bu adamyň düýesi bu dawaly düýäniň enesi. Ol düýäň bolsa, henizem otlap ýör — diýipdir. Emma özi ogry hasap edilen adam bu çözlüşe razy bolmandyr. Şunlukda, bularam Togtamyş hanyň ýanyna gidipdirler. Onsoň bu dawagärler hem hanyň ýanyna barypdyrlar welin, ol bularyň sözüni diňläpdir-de, olary Ýedigäniň ýanyna ibermekçi bolupdyr. Onsoň olar Ýedigäniň ýanyna öň baryşlaryny öz dawalaryny çözüşini jikme-jik gürrüň beripdirler. Togtamyş han bu gürrüňi eşidip:

— Ýedige dogry çözüpdir. Onuň çözüşine menem razy — diýipdir.

Dawagärlere razylaşmakdan başga çäre galmandyr.

Ýedige ýene bir gün goýun bakyp ýörkä, onuň ýanyna bäş-alty ýaşly bir oglanjygyň hersi bir elinden tutup, iki sany aýal gelipdir. Ýedige olara salam beripdir, olar salam alypdyrlar. Soň hem olaryň biri söze başlap:

— Biziň bir dawamyz bar, şony açyp berip bilermikäň ýa-da Togtamyş hana aýtsakmykak? — diýipdir. Onda Ýedige:

— Hany dawaňyzy bir aýdyň, synanşyp göreýin, başarsam çözer beräýerin — diýipdir. Aýallaryň biri:

— Biz bäş-alty ýyl mundan ozal goňşy oturýardyk. Şonda günleriň birinde ikimiziňem oglumyz boldy. Birnäçe wagt geçensoň, munuň ogly ölüpdir. Onsoň ol meniň öýde ýok wagtymy peýläp, meniň oglumy alyp, özüniň ölen ogluny hem meniň sallançagyma salyp gidipdir. Men gelip, sallançagy barlap görsem, içinde ölen çaga ýatyr, özem meňkä meňzeş däl. Onda-da men ölensoň üýtgändir öýdüp pikir etdim. Emma aýdan-aý, ýyldan-ýyl geçdi. Goňşymdaky oglan hem gitdigiçe maňa meňzäp barýar. Onuň maňa meňzeşdigini ilem aýdýar. Şonuň üçinem bu meniň oglum bolmaly, indi men muňa açyk ynanýarynam welin, bu hem: «Öz oglum» diýip, ony maňa berenok.

Şol wagt ikinji aýal hem söze goşulyp:

— Ýogsa-da öz dogran oglum bolsa, şeý diýerin-dä — diýip, oňa jogap beripdir. Ýedige:

— Bolýar, dawaňyz düşnükli. Muny açmak kynam däl. Ýöne siz maňa bir gylyç tapyp beriň — diýipdir.

Onsoň oňa bir gylyç getirip beripdirler. Ýedige hem gylyjy eline alyp:

— Her haýsyňyz oglanyň bir elinden tutup duruň, men häzir muny size göni ikä bölüp berjek — diýip, gylyjy aýlap,

oglanyň kellesiniň üstüne tarap goýberen, ogluny aldyran aýal durup bilmän:

— Waý, oglany öldürme, goý, häzirlikçe munda galaýsyn, ölmese ir-u-giç özi hak ejesini tanar — diýip, oglanyň üstüne özüni goýberip, ony bagryna basyp duruberipdir. Emma ikinji aýal göwni bir ýaly şol bir durşuna dur diýýär. Bu ýagdaýy gören Ýedige oňa garap:

— Seniň oglany ogurlanyň çyn eken. Indi ony öz ejesine gaýdyp ber — diýipdir.

Ýöne muňa ikinji aýal razy bolmandyr. Onsoň bularam Togtamyş hanyň ýanyna baryp, öz dawalaryny aýdypdyrlar. Togtamyş han hem:

— Siziň dawaňyzy ozal çözen boldumy? — diýip sorapdyr. Bular Ýedigäniň eden işini we beren maslahatyny aýdypdyrlar. Togtamyş han hem dawany şol oglanjykdan başga hili çözüp bolmajygyny aýdypdyr. Aýallar ahyry razylaşyp, oglany öz ejesi alansoň, yzlaryna gaýdypdyrlar.

Ýedige hem malyny bakyp geziberipdir. Günleriň bir güni onuň ýanyna dört sany adam bir agsak geçini süýräp gelipdirler. Bular saglyk-amanlyk soraşanlaryndan soň ýaňkylaryň biri:

— Eý, oglan, biz dawaly bolup, Togtamyş hanyň ýanyna barýarys. Belki, sen çözüp berersiň. Sen her hili dawa bolsa-da, çözüp bilýärsiň diýip eşitdik — diýipdir.

Onda Ýedige:

— Hany aýdyň bakaly, synanyşyp göreýin, belkem, çözerin! — diýip jogap beren. Onsoň olaryň biri gürrüňe başlapdyr.

— Biziň şu dördimiz dogan. Iň kiçileri-de men. Atamyz pahyr ölüp, ondanam, ynha, şu ýeke geçi miras galypdy. Ony tereke edip paýlanlarynda, geçiniň kellesi bilen alynky sag aýagyny uly agamyza, alynky çep aýagyny ondan kiçimize, artky sag aýagyny üçünjimize, artky çep aýagyny hem maňa degişli etdiler. Onsoň geçiniň şol maňa degişli aýagyna ýara çykyp

agsak boldy. Men hem şol aýagyna ýag çalyp, ony mata bilen daňyp goýberdim. Geçi gezip ýörşüne bir tamdyryň ýanyndaky üýşüp duran gorsaw ody basypdyr. Onuň aýagyndaky ýagly mata ot düşüpdir. Onsoň geçi otdan gorkup-ürküp, aýagyny silkip gaçyp ýörşüne bir harmana barypdyr. Şeýdibem, ol harmana ot düşüp büs-bütin ýanypdyr. Indi harman eýesi hem: «Harmanyň bahasyny töläň» diýip, azar berip dur. Agalarym bolsa, harmanyň otlanmagynyň sebäbini geçiniň maňa degişli aýagyndan görüp, harmanyň bahasyny ýeke maňa töletjek bolýarlar. Ine, biziň dawamyz-a şeýle — diýen.

Onda Ýedige:

— Bolýar, bu dawaňyzy açarys. Ýöne siz şol harmanyň bahasyny bilip geliň — diýipdir. Doganlaryň iň kiçisi harman eýesiniň ýanyna baryp gelipdir-de:

— Harman eýesi müň teňňe talap edýär — diýipdir.

Onda Ýedige:

— Müň teňňe bolsa, şonuň esse ýarymyny, ýagny 375 teňňesini iň ulyňyz, ikinjiňiz we üçünjiňiz bolsa, heriňiz bir essesini, ýagny, her haýsyňyz 250 teňňesini kiçiňiz bolsa ýarym essesini ýagny 125 teňňesini tölemeli bolýarsyňyz — diýipdir. Doganlaryň agalary bu bölünşigiň sebäbine düşünmän:

— Näme üçin-de, näme üçin? — bolşupdyrlar.

Onda Ýedige:

— Baş bilen işläp, göz bilen görmese, ol harmana baryp bilmezdi. Şonuň üçin iň ulyňyzyň tölegi esse ýarym bolmaly. Onsoň, sag aýaklary bolmasa, geçi ýeke agsak aýagy bilen ýöräbem bilmezdi. Diýmek, üç sag aýak agsak aýagy hem süýräp harmana alyp barypdyr. Şonuň üçin-de iki ortanjyňyzyň her haýsyňyz bir essesini tölemeli bolýarsyňyz. Oduň agsak aýaga ýapyşyp barany üçin bolsa, iň kiçiňiz hem ýarym essesini tölemeli — diýip, ýeke-ýeke düşündiripdir. Emma uly agalary onda-da razylaşmandyr. Onsoň bular toparlanşyp, Tog-

tamyş hanyň ýanyna barypdyrlar we dawalaryny aýdypdyrlar. Togtamyş han bulardan hem:

— Ozal Ýedigäniň ýanynda bolduňyzmy? Ol näme diýdi? — diýip sorapdyr. Olar Ýedigäniň çözgüdini aýdypdyrlar. Han özüniňem şoňa razydygyny aýdypdyr. Doganlar hem razylaşyp, yzlaryna gaýdypdyrlar.

Onsoň han oýlanyp: «Her gezek Ýedige dawany dogry çözüp goýberýär. Ol tüýs maňa maslahat berip biljek oglan bolmaly» diýip, ony çagyryp, öz ýanyna köşge getirdýär. Şondan soň, han hem, il-halk hem oňa Ýedige soltan diýip at berip, bir iş etseler, şonuň bilen maslahatlaşyp durupdyrlar we ýalňyşmandyrlar.

## ÝETIM GYZ[1]

Bir bar eken, bir ýok eken, gadym wagtlarda bir ýetim gyz bar eken. Ol öweý enesi bilen ýaşap, gije-gündiz onuň hyzmatyny edýär eken. Öweý enesiniň hem bir gyzy bar eken-de, ol öz gyzyny gaty gowy görýän eken. Gyzlygyna bolsa her hili agyr ýumuşlar buýrup horlaýar eken.

Günlerde bir gün ol aýal ýaňky gyzlygyny sygyr bakmaga iberip, onuň daşyndan hem: «Şu pagtalary çigitläp gel» diýip, bir giden pagtany eline berip goýberipdir.

Gyz bolsa, meýdana baryp, sygryny otluk ýere goýberip, pagtasyny çigitlemäge başlapdyr welin, hiç çigitläp gutarar ýaly däl diýýär. Onsoň gyz hem aglaýar, hem pagta çigitleýär. Ol aglap otyrka, onuň ýanyna bir garryja aýal gelip:

— Ýeri, gyzym, sen näme üçin aglaýarsyň? — diýip sorapdyr.

Gyz bolsa, ondan gorkup:

— Waý, ene, siz kim bolarsyňyz? — diýip, turup gaçmakçy bolupdyr.

Garry aýal:

— Gyzym, menden gorkma, maňa Bibi pişemli diýerler, sen ýöne, näme üçin aglaýandygyňy aýt. Men saňa kömek edeýin — diýipdir.

---

[1] Türkmenbaşy adyndaky Türkmenistan Milli golýazmalar institutynyň golýazmalar hazynasy. 1102$^{f}$-nji bukja.

Onda ol gyz pagtalaryny görkezip:

— Ynha, şu giden pagtalary çigitläp getir — diýip, öweý enem maňa tabşyryp goýberdi. Indem men muny çigitläp gutarjak gümanym ýok. Gutarman barsamam, öldür ýaly ýenjer. Şonuň üçinem, näderimi bilmän aglap oturyn — diýipdir.

Onda ýaňky garry aýal:

— Wah, balam, şonuň üçin dagam bir aglarlar oturarlarmy, hol sygryňa berseň, pagtasyny bir ýana, çigidini bir ýaňa edip derrewjik çykaryp berer. Ynanmasaň, ber-de göräý! — diýipdir.

Ýetimje gyzam: «Bolýar, hany göreýin» diýip, pagtalarynyň hemmesini sygrynyň öňüne döküpdir welin, ol pagtasyny bir ýana, çigidini bir ýana edişdirip çykaryp berdi diýýär. Ýetim gyz muňa gaty begenip, garry aýala köp «Taňryýalkasyn» aýdyp, öýlerine gaýdypdyr. Gelibem:

— Ynha, çigitledim — diýip, öweý enesiniň öňüne döküpdir. Öweý enesi haýranlar galyp, onuň syryna hiç düşünip bilmändir. Onsoň: «Muny nädip horlap bilerkäm?!» diýip, uzak pikir edipdir-de, künji bilen gowurgany gatym-garym edip, ýetim gyza berip aýdypdyr:

— Ertir sygyr bakmaga gideniňde, şulary hem biribirlerinden saýlaşdyryp getir — diýip tabşyrypdyr.

Ol gyz ýene-de gara daňdandan sygryny idip, meýdana gidipdir. Baryp sygryny ota goýberip, künji bilen gowurgany biri-birinden saýlamaga başlapdyr. Görse, hiç gutarar ýaly däl diýýär. Onsoň ol ýene-de aglamaga başlapdyr. Hem aglaýar, hem saýlaýar — diýýär.

Şeýdip otyrka, ýene-de häki garry aýal gelip:

— Gyzym, indi näme üçin aglaýarsyň? — diýip sorapdyr. Gyz görgüli ýagdaýyny bolşy ýaly edip aýdýar welin, garry aýal:

— Wah gyzym, şoň üçin dagyn aglar oturarlarmy? Iň gowusy, pagtany edişiň ýaly, künjüli gowurgaňam beräý sygryňa. Sygryň olaram saýlap berer diýipdir. Gyzam begenip, durşuna sygryna berýär welin, diýşi ýaly, künjüni bir ýana, gowurgany hem birýana edip, saýlaşdyryp berýär.

Onsoň gyz begenip, ýene öýlerine gaýdýar. Öweý enesi muňa-da haýran galyp näderini bilmeýär.

Şol günleriň birinde ýurduň patyşasy uly toý tutup, oňa ähli ili çagyranmyş. Gyzyň öweý enesi hem öz gyzyny alyp toýa gidýär, öweý gyzyny bolsa ýene-de sygyr bakmaga iberýär. Gyza meýdanda ýene şol garry aýal duşup, oňa her dürli şahandaz lybaslary geýdirip, bezäp-besläp:

— Senem toýa git, özem diňe törde otur. Her gezek nahar çekilende seniň öweý eneň gapyda durandyr, şol ilki datsyn, ondan soň özüň iý — diýip, ugradyp goýberýär. Gyzam şahandaz egin-eşikleriň içinde owadan şa gyzy bolup, toýa barýar. Baranda muny hormat bilen garşylap, töre geçirýärler. Onsoň nahar çekilip başlanýar. Her gezek nahar getirilende gyz:

— Hol, gapyda oturan aýala duzuny dadyryň — diýip, şol dadandan soň, özi iýýärmiş.

Onsoň toý sowulandan soň, turup gaýdýar. Ýolda howuzdan suw içjek bolanda onuň bir taý köwşi howza gaçaýýar, özem ol köwüş gyzyldan, garrynyň geýdiren köwşi eken. Gyz şeýdip, köwşüni galdyryp gidiberýär.

Günleriň bir güni ýaňky köwşüň ýiten taýyny patyşanyň ogly tapaýýar. Ol: «Şu köwüş kimiň aýagyna bolsa, men şoňa öýlenjek» diýýär. Onsoň oba-oba aýlanyp, köwşi gyzlaryň aýagyna ölçäp görýär welin, hiç kimiň aýagyna laýyk bolanok diýýär.

Häki öweý ene bolsa, göwnüne güman gidip, «Birden maňlaýygara bu köwüş laýyk bolaýmasyn» diýip, gyzlygyny bir

tamdyra salyp gizlänmişin, munam biri görüpdir. Onsoň patyşanyň adamlary:

— Indi köwşi ölçemäge başga gyz galmadymyka? — diýip, soranlarynda ýaňky adam:

— Pylan ýerdäki tamdyryň içinde bir ýetim gyz galdy — diýip, olara aýdýar hem görkezýär. Onsoň olaram baryp, köwşi ol gyzyň aýagyna deňäp görseler, şoňa şapylaşyp dur diýýär.

Onsoň uly toý tutup, bu ýetim gyzy patyşanyň ogluna alyp beripdirler. Toý kyrk gije-gündize çekipdir.

Toýdan soň ýetim gyz özüne ýagşylyk eden garry kempiri köşge, öz ýanyna alypdyr. Ony öz enesi ýaly söýüpdir.

## AÝAZ HAN[1]

Bir bar eken, bir ýok eken, gadym zamanlarda bir patyşa bar eken, özi hem adyllykda bir gyly iki ýarar eken. Günlerde bir gün patyşa özüne bir akylly wezir tapmak niýeti bilen oýlanyp otyrka, kellesine bir pikir gelýär. «Ynsanyň, haýwanyň erbedini nädip tanamak bolar» diýen soragy goýaýyn. Şu soragyma kim jogap berip bilse, şony wezirlige bellärin diýen netijä gelýär.

Patyşa hemme ilatyny ýygnap:

— Meniň üç sany soragym bar, şony kim bilse, özüme wezir edip aljak — diýipdir.

Onda märeke:

— Aýt-da, aýt — bolşupdyr.

Patyşa:

— Adamyň, malyň, guşuň erbedini on günüň içinde maňa aýdyp bermeli — diýipdir.

Onda märekäniň içinden üç sany adam:

— Patyşam, rugsat bolsa, biz bir synansak — diýipdir.

Patyşa:

— Bolýar, rugsatdyr, bilip geliň — diýipdir.

Ondan soň ýaňky üç adam patyşanyň ýumşuny bitirmek üçin ýola rowana bolupdyrlar. Bulara ýolda bir gotur düýe sataşypdyr.

---

[1] Türkmen halk ertekileri. III jiltlik. III j., Aşgabat, «Ylym», 1980.

Olar:

— Hä, malyň mundan ýamany bolmaz, bize Hudaý berdi, geliň, muny tutalyň — diýşip, ony tutup, özleri bilen alyp gidiberipdirler. Ýene-de gidip barýarkalar, olaryň öňünden çypar köse adam çykypdyr.

Bular:

— Hä, adamyň şundan pisi bolmaz, muny hem bize Alla berdi — diýşip, ony-da özleri bilen alyp gidiberipdirler. Ýene-de gidip barýarkalar, olaryň öňünden bir ganaty döwük garga çykypdyr.

Bular:

— Şundan erbet guş bolmaz, indi, patyşanyň üç sany soragynyň üçüsiniň-de jogaby jem boldy — diýşip, bu gargany hem özleri bilen alyp, yzlaryna gaýdyp gelýärler.

Üçüsi yzyna öwrülip gelýärkäler, bularyň öňünden bir guýy çykýar. Guýynyň başynda otyrkalar, olaryň ýanyna bir çopan gelýär. Çopan bular bilen saglyk-amanlyk soraşyp:

— Ýeri, ugur haýyr bolsun, bu ýerde näme işleýärsiňiz — diýip sorapdyr.

Onda ol üç adam:

— Bizi patyşa şunuň ýaly ýumuş bilen iberdi. Ine, biz bolsak şulary tapdyk, şulardan erbet adam, mal, guş bolmaz — diýipdirler. Oňa çenli çopanyň goýunlary hem suwa inipdir.

Çopan:

— Örän ýagşy, siz patyşanyň adamlary ekeniňiz, arkaýyn oturyň, men goýun soýup, size söwüş edeýin — diýip, ýaňky çopan bir goýny soýup, nahar taýýar edipdir.

Çopan myhmanlaryna nahar, çaý berip bolandan soň:

— Bu alyp barýan zadyňyzdan patyşanyň isleýän jogaby çykmaz, bulary goýberiň, men size patyşanyň isleýän jogabyny, göwnüne ýarajak zatlaryny salgy bereýin, ýöne siz meniň adymy oňa aýtmaň — diýipdir.

Bular:

— Biz, adyňy aýtmarys, ýöne sen bize patyşanyň jogabyny aýdyp berseň bolýar — diýipdirler.

Çopan:

— Adamyň erbedi mahow bolýar. Ony döwletli adamlar görse, döwleti gaçar. Malyň erbedi gatyr bolar, guşuň erbedi alahekge bolar diýip aýtsaňyz, patyşa kanagatlanar — diýipdir.

Bular begenişip, çopandan bu zatlaryň erbet bolýandygynyň sebäbini hem soraman, patyşanyň ýanyna ugranlar.

Olar bärden baryp:

— Patyşamyz, siziň soraglaryňyzyň jogabyny tapdyk — diýipdirler.

Onda patyşa:

— Hany, onda aýdyň, adamyň erbedi haýsy bolýar? — diýip sorapdyr.

Onda olar:

— Patyşamyz, adamyň erbedi mahow bolýar — diýipdirler.

Patyşa onuň sebäbini sorapdyr welin, olar aýdyp bilmändirler.

Patyşa syr bildirmän:

— Bolýar, malyň erbedi haýsy bolýar? — diýip soraýar.

Olar:

— Malyň erbedi gatyr bolýar — diýip, jogap berýärler.

Patyşa onuň hem sebäbini sorapdyr, emma olar jogap berip bilmändirler.

Patyşa ýene-de syr bildirmän:

— Onda guşuň erbedi haýsy bolýar? — diýip soraýar.

— Guşuň erbedi alahekge bolar, patyşamyz.

Patyşa munuň hem sebäbini soranmyşyn, emma olar sebäbini aýdyp bilmänmişler: «Be, bular meniň soraglarymyň jogaplaryny bildiler, emma sebäplerini aýdyp bilmediler, elbetde,

bulara bir akylly adam öwreden bolara çemeli, gel, men bulary sykajaga salaýyn» diýip, patyşa öz içinden oýlanan.

Patyşa:

— Ýagşy ýigitler, size bu zatlary kim öwretdi? — diýip soran.

— Patyşamyz, biziň özümiz bilýäris.

Patyşa:

— Ýok, size biri öwredipdir, şuny size kim öwreden bolsa, şony alyp geliň — diýip, olaryň ýanlaryna bir ýasawul hem goşup goýberipdir. Bular hälki çopanyň ýanyna baryp:

— Seni patyşa çagyrýar — diýip, özleri bilen alyp gitjek bolupdyrlar.

Onda çopan:

— How, ýigitler, men bir çopan adam, men kişiniň malyny taşlap gidip bilmerin ahyry, ýörüň, mallary eýesine tabşyralyň, ondan soň gideliň — diýenmişin.

Şondan soň, bular mallary sürüp eltip, eýesine tabşyranlar we çopany patyşanyň ýanyna alyp baranlar.

Patyşa çopandan:

— Ýeri, ýagşy ýigit, seniň adyň näme, näme edýärsiň? — diýip soraýar.

Çopan:

— Meniň adym Aýaz, kärim bolsa çopançylyk — diýenmiş. Onda patyşa:

— Aýaz han, «Adamyň erbedi mahow, malyň erbedi gatyr, guşuň erbedi alahekge» diýip, bulara sen öwretdiňmi? — diýipdir.

Aýaz:

— Hawa, özüm-ä bir zatlar aýdypdym ýöne: «Meniň aýdanymy aýtmaň» diýip tabşyrypdym — diýenmişin.

Patyşa:

— Ol zatlaryň zyýany ýok, ýöne sen ýaňky zatlaryň erbetdiginiň sebäbini düşündirip biljekmi? — diýýär.

Aýaz:

— Mahawyň erbetdigininiň sebäbi, ol içýakgyç bolar, iş edende-de, geplände-de bagryňy ýakar. Ony döwletli adamlar görende döwleti gaçar. Şonuň üçin adamyň erbedi mahow bolýar. Malyň ýamanynyň gatyr bolýandygynyň sebäbi-de, ol ozal gargyş siňen haýwandyr, özünden hem hiç wagt tohum ýaýramaýar, onuň üçin bolsa gatyr iň erbet mal bolýar. Guşuň erbedi bolsa, alahekge bolýar, çünki ol janawar agzyndan guzlaýar — diýip, patyşanyň soraglarynyň jogabyny pert-pert aýdyp berenmişin.

Patyşa:

— Aýaz han, hemme aýdanlaryň dogry, çykar çarygyňy — diýip, oňa gowy geýimler geýdirip, Aýaz hany özüne wezir edinenmişin.

Aýaz hem çarygyny öz ýany bilen alyp, ony hemmä görnüp durar ýaly bir ýerden asyp goýanmyşyn. Günlerde bir gün Aýaz hanyň bir zada gahary gelýär welin, onuň gözi birden çarygyna düşüp: «Haý-haý, Aýaz han, çarygyňa bakarak bol! Düýn sen-de bir ýönekeý çopandyň, bu günki gün wezir boldum diýip, tumşugyňy al asmana tutuberme» diýip, öz-özüne töwella edip, pälinden gaýdarmyşyn.

Aýaz hanyň üç sany ogly bolýar, bular okuwly-bilimli bolup ýetişýärler. Patyşa-da bir gün ölýär. Aýaz hany bolsa, onuň ýerine patyşa edenmişler. Aýaz han köp wagtlap adyllyk bilen patyşalyk sürenmişin. Ol indi gaty garranmyşyn. Aýaz han oglanlaryny öz ýanyna çagyryp:

— Eý, ogullarym, men indi garrapdyryn. Siz menden näme kömek gerek bolsa alyň-da, köşkden başga islän ýeriňizde ýaşaberiň. Men ölemden soň, sizi patyşa ederlermi, etmezlermi, Hudaý bilsin, gerek bolsa halkyň özi tapar — diýipdir.

Şundan soň Aýaz hanyň ogullary atasynyň maslahatyna gulak salyp, gerek harçlaryny hem alyp, başga bir şäherde ýaşamak üçin hoşlaşyp, ýola düşüpdirler. Bular barýarkalar ýolda bir düýäniň yzyny görüpdirler.

Iň uly dogany:

— Şu düýe erkek eken-ow — diýenmiş. Ortanjysy:

— Şu düýe erkek bolsa, guýrugy hem küle bolmaly — diýen. Onda iň kiçileri:

— Şu düýe erkek, guýrugy-da küle bolsa, bir gözi hem kör eken-ow — diýenmişin.

Bular ýöräberenler. Aňyrrakda bir adamyň yzyny görüpdirler.

Uly dogany:

— Şu yz aýal adamyň yzy-ow — diýipdir.

Ortanjy dogany:

— Şu yz aýal adamyň yzy bolsa, öz-ä gaçyp barýan bolmaga çemeli-ow — diýenmiş.

Iň kiçileri:

— Şu yz aýal adamyň yzy bolsa, özem gaçyp barýan bolsa, onda şu göwreli eken-ow — diýenmiş.

Olar esli ýol geçensoňlar öňlerinden bir atly çykyp, saglyk-amanlyk soraşyp:

— Halypalar, heý, bir düýe gördüňizmi? — diýip sorapdyr.

Onda olaryň ulusy:

— Ýok, düýe göremzok, ýöne düýäň erkekmidi? — diýenmişin.

Atly:

— Hawa — diýipdir.

Ortanjysy:

— Halypa, düýäň guýrugy külemidi? — diýen.

Atly:

— Hawa — diýenmiş.

Kiçi dogany:

— Halypa, düýäň bir gözi körmüdi? — diýipdir.

Atly:

— Hawa, asyl siz meniň düýämiň hemme salgysyny berýärsiňiz welin, ýene-de: «Göremzok» diýýärsiňiz. Meniň düýämi hökman siz bilmeli, düýämi sizden alaryn — diýip, bu atly dawagär bolup, Aýaz hanyň ogullarynyň yzyna düşüp gidiberenmiş.

Bular gidip barýarkalar, öňlerinden iki sany adam çykyp, saglyk-amanlyk soraşyp:

— Heý, ýolda bir adam-a gören dälsiňiz-dä? — diýip soran. Onda Aýaz hanyň ogullary:

— Ýok, biz adam görmedik, ýöne ol aýal adammydy? — diýipdirler. Onda ol adam:

— Hawa — diýip jogap beripdir.

Ikinjisi:

— Ol gaçyp barýarmydy? — diýipdir. Olar

— Hawa diýen. Soň kiçisi:

— Ol aýal göwrelimidi? — diýip, soran. Olar

— Hawa — diýipdirler.

Onda ol iki adam aýdan:

— Siz biziň gözleýän adamymyzyň hemme salgysyny berýärsiňiz welin, ýene-de «görmedik» diýýärsiňiz. Biz gözleýän adamymyzy sizden talap ederis — diýşip, bu ikisi-de Aýaz hanyň ogullarynyň yzyna düşüberenmiş.

Bular bir şähere baryp, bir saraýdan kireýine öý alyp, ýaşamaga başlapdyrlar. Ondan soň, töhmet edýän dawagär adamlar goňşy ýurduň patyşasynyň ýanyna baryp arz edipdirler. Patyşa hem ýasawul iberip, üç dogany çagyrypdyr. Olar gelenden soň, patyşa saglyk-amanlyk soraşyp, düýe ýitireniň arzyny soramaga başlapdyr.

Düýe ýitiren:

— Patyşam, bu adamlar meniň ýitiren düýämiň erkekdigini, guýrugynyň küledigini, gözüniň kördügini öz agyzlary bilen aýdýarlar, emma: «Düýäňi göremzok» diýýärler. Eger bular düýäni görmedik bolsalar, onuň hemme salgysyny nireden bilýärler? — diýenmiş.

Onda patyşa üç dogandan habar sorapdyr. Olaryň iň ulusy:

— Erkek düýäniň syňraklarynyň arasy giň bolýar, men onuň yzyny görenimden, erkekdigini bildim — diýen.

Ortanjysy:

— Ol düýe ýoluň ortasyna gumalaklapdyr, eger guýrugy küle bolmadyk bolsa, ýoluň iki gapdalyna gumalaklardy. Men şondan bilýärin — diýenmişin.

Iň kiçi doganlary:

— Ol düýe hemişe ýoluň bir tarapyndan otlap gidipdir, şondan men onuň bir gözüniň kördügini bilýärin — diýenmişin.

Ondan soň, patyşa aýal ýitiren iki adamyň arzyny diňläpdir.

Olar:

— Patyşam, bular aýalyň ýitendigine, onuň gaçyp barýandygyna, göwrelidigine çenli salgy berýärler-de, ýene-de: «Biz göremzok» diýýärler. Ine, biz şuňa haýran — diýenmişler.

Patyşa:

— Siz ol aýaly gördüňizmi? — diýip doganlardan sorapdyr. Onda olar:

— Ýok, patyşamyz, biz yzyny görüp bildik — diýenmişler.

Patyşa:

— Men hem bir zat getireýin, şonuň içinde näme bardygyny biliň, eger bilmeseňiz, siz ogry — diýenmişin.

Üç dogan:

— Getiriň, getirseňiz — diýenler.

Patyşa bir sandygy getirip:

— Ine, şu sandygyň içinde näme bardygyny aýdyp beriň — diýen.

Oglanlaryň ulusy sandygyň gapagyny kakypdyr-da:

— Özä sandygyň içindäki togalak zat — diýenmiş.

Ortanjysy:

— Özi togalak bolsa, daşam gyzyl bolmalydyr — diýenmiş.

Kiçileri:

— Özi togalak, daşy hem gyzyl bolsa, onda bu nardyr — diýenmiş.

Patyşa sandygy açyp görse, içindäki dogrudan hem nar eken.

Ondan soň patyşa bu arzaçylara:

— Siz malyňyzy hem-de ýitiren adamyňyzy başga ýerden gözläň — diýip, olara rugsat beripdir. Üç dogany bolsa, patyşa özüniň myhman tamlarynyň birinde ýerleşdirip, hormat-hezzet etmäge başlapdyr. Ol agşam myhmanlara gowy palaw berip, bir ýasawulyna:

— Sen şu gapyň agzynda dur-da, şularyň gürrüňini diňle, näme gürrüň etseler, soň maňa aýdarsyň — diýenmiş.

Ýasawullar hem diňläp durupdyr. Bular nahar iýmäge başlamankalar uly dogany:

Şu naharyň eti haram süýt emip ulalan malyň eti bolsa gerek — diýýär.

Kiçi dogany:

— Şu naharyň tüwüsi mazarlykda ekilipdir-ow — diýenmiş.

Doganlar naharlaryny iýmän, gije hem geplemän ýatypdyrlar. Ýasawul hem bularyň eden gürrüňleriniň hemmesini bolşy ýaly, patyşa habar beripdir.

Patyşa et alnan adamy öz ýanyna çagyryp:

— Seniň şu günki malyň haram süýt emdirlenmidi? — diýip sorapdyr.

Ol hem:

— Hawa, patyşam, bir owlagymyz bardy, onuň enesi öldi welin, ganjygymyzy emip ulaldy — diýenmişin.

Mundan soň, patyşa tüwi satany öz ýanyna çagyryp:

— Sen tüwini nirede ekipdiň? — diýip sorapdyr.

Bu adam:

— Men tüwini pylan mazarlygyň ýanynda ekipdim — diýipdir.

Patyşa üç doganyň akyllaryna haýran bolup, olara kän hormat-hezzet edip, eger isleseler özüniň ýakyn maslahatçysy edip alyp galjakdygyny aýdanmyş.

Ine, şeýlelik bilen Aýaz hanyň ogullary hem akylly-paýhasly adamlar bolup ýetişipdirler. Adyl şanyň sag goluna öwrülip, oňa hemişe ýardam berip, halkyň arasynda uly abraý alypdyrlar.

## GARYP GOJANYŇ AKYLLY OGLY[1]

Bir bar eken, bir ýok eken, gadym zamanda bir garyp goja bar eken. Onuň hem ýigit ýeten bir ogly bar eken. Emma goja, ogluny öý-işik edip ýetişmänkä, bir gün agyr kesele duçar bolupdyr. Onsoň ol ölüm halynda ýatyrka, ogluny ýanyna çagyrýar-da:

— Oglum, indi meň öler wagtym geldi. Seni öýlendiribem bilmedim. Ýöne oňa derek men saňa üç sany akyl bereýin welin, şony tutsaň, ol seni öý-işiklem eder, döwletlem bolarsyň — diýen.

Oglam:

— Aýdyber ata, seň wesýetiňi tutaýyn — diýen.

Goja ogluna garap:

— Sen oglum bir-ä, aýagyň ýetjek ýerine başyň bilen bargyn, birem, iýen duzuňa kast etmegin, onsoňam, hödür edilen, bişip duran tagamy taşlap gitmegin — diýen.

Atasy ölensoň, oglan ýetim galyberen. Indi oňa gün gerek, güzeran gerek. Ana, onsoň ol baryp, bir baýa talaban durýar. Ol baýam gidip, uzak ýerlerde-de söwda eder eken.

Bir günden bir gün, kerwen gurap, baý söwda ugraýar. Baý bilen ýigidem gidýär. Ýolda bularyň azyk-suwluklary gutarýar. Özlerem ymgyr çölüň içinde, näme ederlerini bilmeýärler.

---

[1] Şamar. Türkmen halk ertekileri. Aşgabat, «Türkmenistan», 1981.

Olar bir ýerde köne guýynyň başynda düşleýärler. Ilki guýa bir oglany sallaýarlar welin, ýüp boş gelýär. Iberilen oglandan derek bolmaýar. Onsoň ýaňky oglany öz aýdyşy ýaly kellesini aşak, aýagyny ýokary edip sallaýarlar weli, oglan guýynyň düýbüne ýetip barýarka seretse, ynha, bir ullakan döw oturan, öňki iberilen oglany bolsa öldürip, honda taşlapdyr diýýär.

Bu oglan gorkusyna:

— Salawmaleýkim — diýip gygyran. Döw:

— Waleýkim essalam, şunça salam bermedik bolsaň, iki üzüp, bir ýalmardym — diýen. Soň:

— Geç, gerek zadyň bolsa aýdyber. Sen akylly ýigit ekeniň, ine, bi ýatan meni äsgermän, ýanyma aýagy bilen geldi. Şoň üçinem öldürdim. Sen bolsa sylap, başyň bilen gelip, adam ýaly salam berdiň. Indem geregiňi aýt — diýen. Onda oglan:

— Maňa bary-ýogy iki meşik suw gerek. Başga zat gerek däl — diýen.

Döw ýigide suw berip goýberen. Adamlar halas bolup, ýene gidiberenler. Barjak ýerlerine ýetip, söwdalaryny bitirip, dolanyp gelenler.

Bir günden, bir gün baý ýene bir ýere gitmekçi bolan. Onuň ýeňilkelle aýaly welin, bu ýigide göz gyzdyryp ýören eken-de, ärine:

— Sen gitseň gidiber, ýöne bu oglany goýup git! Maňa ýumuşçy gerek, ýogsam kösenýän — diýip, bahana edip, ýigidi alyp galan.

Agşam ol aýal gülüm-ýalym edip oglan bilen bir jaýda düşek salyp, bile ýatmakçy bolan. Oglanyň ýadyna atasynyň eden wesýeti düşüp:

— Ýok, men seniň bilen bir jaýda ýatyp bilmen, men şunça wagtlap baýyň duzuny iýdim — diýen. Bu sözleri-de baýyň öňki aýalyndan galan gyzy eşidip duran. Baýyň aýaly gahar-gazaba münüp:

— Diýenimi etmeseň, baý gelen badyna şyltak atyp, seni öldürderin — diýen.

Ýigidem:

— Aý, öldürtseň, öldürdäý. Iýen duzuma kast edenimden, halal ölenim gowudyr — diýip jogap beren.

Şeýdip, bu aýalyň diýeni bolman galan. Günleriň bir güni baýam dolanyp gelen. Gelensoň, agşam aýalyndan:

— Ýeri, heleý, ýetimek oňat hyzmat etdimi? — diýip soran.

Aýaly hem:

— Aý, ýetimegiň gurap galsyn-la. Asyl onuň göwni Kap dagynda eken. Sen gitdiň welin, ol maňa lak atdy. Ertiriň özünde onuň ýoguna ýan. Şuň maslahatyny men seň geleriňe goýupdym — diýen.

Ärem gaharlanyp:

— Ertir ony sabynçymyza ibereýin — diýen. Onsoň baý sabynçynam ýanyna çagyryp oňa aýdan:

— Ertir irden bizden biri barar welin, sen kimligine garama-da, ýüzüne-gözüne seretmän, gaýnan gazana at-da, sabyn et!

Olam:

— Bolýar — diýen.

Ertesi irden baý ýaňky oglany ýanyna çagyryp:

— Bar, pylan sabynçydan bir bölek sabyn alyp gel, gelnejeň sabyny gutarypdyr — diýen.

Ýigidem:

— Bolýar — diýip gidiberen. Gidip barýarka, bir dosty bar eken-de, ol sataşyp ony ugruna goýman nahara çagyryp alyp giden. Şol pursat oglanyňam ýadyna atasynyň aýdanlary düşüpdir-de, dosty bilen tirkeşip öýlerine barýar-da onuň bilen içýär mäşewäni. Şeýdibem, az-kem eglenmeli bolýar.

Şol wagt hälki baý aýalam oglana nähak töhmet atyp, eden işine puşman edýär. Howpurgap oglanyň yzyndan: «Gel, muny

bu gezek öldürtmäýin, belkem, soň diýenimi eder» diýip, ylgap gaýdan. Şol gaýdyşyna ýüwrüp gelip, sabynçynyň ýanyna barýar welin, sabynçam sen-men ýok, ony tutýar-da, atýar gaýnap duran gazana. Şeýdýär-de, baýyň haýasyz aýaly sabyna garylýar, gidiberýär.

Biraz wagt geçen soň, oglanam baryp, bir bölek sabyn diläp alýar gaýdyberýär.

Gelibem baýa:

— Hany, gelnejem, ynha, oňa sabyn-a getirdim — diýýär.

Baýam haýran bolup:

— Ýaňyja seň yzyňdan gitdi, duşmadymy? — diýen.

Ýigit:

— Ýok, maňa-ha duşanok — diýen.

Şol wagt baýyň gyzy ara düşüp:

— Meň öweý enem öz gazan çukuryna özi gaçdy. Onuň hyýaly günäsiz oglany öldürtmekdi welin, özi pälinden tapdy — diýip, ýigit bilen eneliginiň arasynda bolan araky eşiden gürrüňini kakasyna aýdyp beren:

Kakasy hem ähli mal-döwletini bu akylly oglana tabşyryp, gyzynam oňa nikalap beren.

## TYLLA TELPEK[1]

Bir bar eken, bir ýok eken, gadym wagtlarda iki dogan bar eken. Olaryň ulusynyň alty ogly, kiçisiniň bolsa alty gyzy bar eken.

Alty ogully hemişe: «Alty oglum bar, alty galam bar, dünýäde nä gamym bar» diýer eken. Soňabaka alty gyzly inisi ýanyna baranda:

— Hä, alty gyzlym, geleweri — diýip, gyjytly gürlär eken.

Alty gyzly inisi muňa namys edip, agasyna görünmejek bolar eken. Onda-da işi çykyp, käte onuň ýanyna barmaly bolýar eken. Agasy bolsa, hata etmän, inisi her sapar baranda:

— Geleweri, alty gyzlym. «Alty oglum bar, alty galam bar, dünýäde nä gamym bar» diýmegini dowam etdirer eken.

Inisi agasyna:

— Seniň şu aýdýan sözleriň maňa ýarap duranok. Dogrusy, ol seniň özüňe hem uslyp däl. Bu bolşuňdan el çek. Seniň ogully, meniň gyzly bolmagym ikimiziň ygtyýarymyzdaky zat däl — diýip, hernäçe aýtsa hem ol gulak asmaz eken.

Günlerde bir gün şu zeýilli sözden soň bularyň kiçisi tukat bolup, öýüne gelende, körpe gyzy:

— Bir sapar däl, iki sapar däl, agaňka gidip gelseň, mydama ýüzüň açylanok. Bu näme üçin beýle bolýar, kaka? — diýip sorapdyr. Atasy gyzyna:

---

[1] Türkmen halk ertekileri. III jiltlik, III j., Aşgabat, «Ylym», 1980.

— Bu ýerde üýtgeşik zat ýok. Hemmesi onuň kelpeňligin-den. Nämemiş, ol alty ogully, men hem alty gyzlymyşym. Bar-sam, gyjyt berip, diline çolap, ýüregime düşýär — diýip dogru-syny aýdan.

— Kaka, onuň ýaly bolsa, gitme olara. Bir topar ýalýagyla-ryny mazamlap, iliňkä meňzeş ogullary bolsa, öwünse-de bo-lardy. Ebitlerini agdaryşyp, eşiklerini oňaranoklar. Aýt, hany, haýsysy ene-atasynyň egninden galdyrjak. Hol, gara dagyň aňyrsynda birinde tylla telpek barmyşyn. Git-de agaň bilen şo-ny getirmeşek et. Özi ýa ogullary şol telpegi getiribilse, biz şu obadan göçmeli diýip şertleş. Göreli gaýratlaryny, telpegi onuň ogullarynyň birem getiribilmez. Ony saglyk bolsa men geti-rerin. Onsoň agaň dili seniň ýanyňda gysga bolar we masgara bolup bu ýerden göçmeli bolar — diýip, maslahat beripdir.

Gyzyndan hemaýatly söz eşidensoň, inisi agasynyň ýanyna ugrapdyr. Ol ýene-de öňküsi ýaly öwnüp başlaýar welin, inisi:

— «Öwüneniň tanapy çüýrük» diýipdirler. Men-menligiň, öwünmegiň çeni-çaky ýagşy. Seniňki çende-çakda durmady. Ogullylygyňa buýsanyp, gaty köp öwünýärsiň welin, ogullaryň bilen meniň gyzlarymyň iş başaryşlaryny synap göreli. Özem haýsy tarap ökde çyksa, beýleki tarap tutuşlygyna şu obadan göçmeli edeli — diýipdir.

Agasy:

— Bolýar. Gep şu bolsun. Seniň gyzlaryň eden işini meniň ogullarym başarmasa, olaryň ýüzüni hem görmen, şu obada-da durman — diýip jogap beripdir.

Inisi:

— Bolýar, şertleşdik. Olaryň bitirmeli işlerem şu bolsun. Ana, hol, uly dagyň aňyrsynda tylla telpek barmyş. Ogullaryň haýsy biri edermen bolsa, gidip, şol tylla telpegi alyp gelsin. Özi hem her sapar bir gyz bilen bir oglan goşulyşyp gitsin — diýen.

Şeýle hem edýärler. Her sapar bir oglan bilen bir gyzy atlandyryp, telpegiň yzyndan iberýärler.

Bäş saparky iberilen bäş oglan bilen bäş gyz ýoluň ortalygyna hem ýetip bilmän, yzlaryna gaýdyp gelýärler. Gezek iň kiçi gyz bilen iň kiçi oglana ýetýär. Bu gyzyň dogumly bir gara aty hem bar eken. Gyz ýaş ýigit lybasyny geýip, ýol üçin azyk-enjamyny tutup, agasynyň iň kiçi ogly bilen obadan çykyp gidiberen. Gaty gidip, ýuwaş ýöräp, birnäçe gije-gündizi geçirenler. Emma dogumly, çydamly gyzyň göwni bir ýaly gidip otyr eken. Lälik saklanan oglan welin, ýoluň şatysyna çydaman iňňä sapaýmaly bolan. Ahyrda hem ýola ýaraman, öňlerinden çykan bir obada galyberen. Gyzyň ýeke özi haýdap gidiberen. Indi gara atyň ýol alşy hem üýtgeşik diýýär. Ol tüweleý ýaly bolup, sähel wagtda köp derýalary, ençeme daglary yzynda galdyrypdyr.

Günleriň birinde gün ýaşmaga az galan wagty gyz bir süýji suwly çeşmäniň başyna ýetipdir. Ol şol ýerde atdan düşüp, ony gezdiripdir. Otuna-suwuna seredipdir.

At gyza:

— Daň atmaga az galanda, ýola düşüp ugrasak, ýoluň üçden birini alarys. Galan iki bölegini hem uzaklaşdyrman, şeýdip geçeris. Baranymyzda etmeli işleri şol ýerde aýdaryn. Ýöne hiç zady menden bimaslahat etmegin — diýip tabşyrypdyr.

Şondan soň, tä barjak ýerlerine barýançalar, gyz atyň maslahatyna eýerip gidýär. Golaý baranlarynda, at ýene dillenýär:

— Şu dagdan geçenimizden soň, giden gür baglyk bardyr. Bagyň içinden geçip gidersiň. Ýöne bagdan ýekeje miwe-de ýolaýmagyn. Ýolup dadaýsaň, şu ýerde galmaly bolarsyň. Bagdan çykan ýerimizde gaty oňat salkyn, owadan jaýlar gabat geler. Şol jaýlaryň içinde biri aýratyn saýlanyp durandyr. Onuň gapysynda bolsa syrdam boýly görmegeý bir ýigide duş geleris. Şonuň başyndaky telpek seniň alyp gaýtmaly tylla tel-

pegiňdir. Ýigidiň ýanyna baranyňdan, ýere düşüp, edep bilen görüşgin. Elinden tutup görşeniňden ol: «Bu oglan däldir, gyzdyr» diýip pikir eder. Şonuň üçin mähribanlyk bilen saňa: «Geliň, myhman boluň, gözüm üstünde ornuňyz bar» diýip, myhman edinjek bolar. Oňa myhman bolgun. Ýogsam, ol telpegi ele salyp bolmaz. Ýigidiň soňky hereketleri barada maňa aýdyp durarsyň. Ol seniň gyzdygyňy, däldigiňi biljek bolup, her hili hileler eder. Biz hem şoňa görä bolmaly bolarys.

Gyz atynyň diýenlerini ýadynda saklap sürüberýär. Gara atyň aýdyşy ýaly bolýar. Gyz dagdan, bagdan geçip, ýigide duşýar. Ýigit görşende ikirjiňlenip, gyzy mähirli kabul edýär.

— Atyňyzy hol ýatakda daňaýyň! — diýip, ýer görkezýär. Gyz atyny daňyp, gülli ýorunja berip, myhman ýerine barýar. Çaý içýärler, onýança-da nahar ýetişýär. El ýuwup, nahar edinýärler. Agşam bularyň hersi bir jaýda ýatýar.

Ýigit şunça syn etse hem myhmanynyň gyzdygyny subut eder ýaly ýekeje delil hem tapmaýar. Ol ertirki nahardan soň:

— Men şujagaz ýere baryp geleýin, aýyplaşmaweri, derrew gelerin — diýip, öýünden çykyp gidýär.

Ýigit obalaryndaky bilgijiň ýanyna baryp:

— Erkek eşiginde bir myhmanym bar. Onuň bilen ilki salamlaşyp görşenimde, gyzdyr öýtdüm. Özi aýratyn owadan hem örän syratly. Ýüzündenem nur damyp dur. Eger şol gyz bolsa, maňa dünýäde şondan başga maşgala gerek däl. Onuň gyzdygyny, däldigini näzeýilli edip bilmek bolar? — diýip soraýar.

Bilgiç ýigide:

— Onuň bilen bazara git. Bazarda hem köplenç gyzylly şaý, monjuk satylýan ýerde gez. Gyz bolaýsa, gözi gyzylda, şaýda we monjukda bolar. Belkem, saklanyp bilmän, şol zatlardan satyn hem alar — diýýär.

Ýigit gelip, gyza:

— Bikärligi halamaýaryn, ýör, bazara gideli — diýýär.

Gyz hem:

— Bolýar men atyma ot bereýin. Soň ötägideris — diýýär we baryp, atyna maslahat salýar.

Gara at oňa:

— Bazarda gyz esbabyna başyňy galdyrmagyn, ýigit hödürlese hem almagyn — diýip sargaýar.

Öý eýesi ýigit bazarda ýoldaşynyň şaý-sep bilen höwesiniň ýokdugyny aňyp, her hili hileler bilen aldyrjak bolýar.

Onda ol gyz:

— Meniň gyz bezemek işim ýok. Ol zeýilli zatlary alyp ýörmek, biziň ýaly ýaş oglana gelşikli zat hem däl. Gowusy, at satylýan bazary göreli, bazara gowy at düşmedimikä? — diýip, başga tarapa tutýar.

Bilgijiň çaky çykmaýar. Oglan bazardan lapykeç bolup gaýdýar.

Gelip nahar edinenlerinden soň, ýigit ötünç sorap, ýene bir ýaňa gidýär. Ol bilgijiň ýanyna baryp, bolan zatlaryň hemmesini aýdýar we ýene maslahat soraýar.

Bilgiç:

— Ol paşmadyk bolsa, gyz halkynyň gyzgyny kän bolar. Gyzdygyny-oglandygyny bilmek üçin, şu gün agşam her haýsyňyz aşagyňyza gök ýorunja düşenip ýatyň. Gyz bolsa, onuň aşagyna düşelen ýorunja solar, seniň aşagyňa düşeneniň hem öňki göklügine galar — diýen.

Ýigit şol gün agşam:

— Gijeler yssy bolýar. Şu gije aşagymyza gök ýorunja düşenip ýataly. Şeýtsek, yssylaman ýatarys — diýen.

Gyz säginmän:

— Gowy zat. Salkyn bolar öýtseň, şeýle ederis — diýip, ol derrew maýyny tapyp, aty bilen maslahatlaşan.

Aty oňa:

— Aýby ýok, ýatmankaň meniň öňüme bir goltuk gök ýorunjany getirip dökersiň. Daň atmaga az galanda, aşagyňa düşelen ýorunjany getir-de, meniň öňümdäki bilen çalşyp git. Men ony iýmän goýaryn — diýen.

Ýigit bu gezek hem hiç zat aňyp bilmeýär. Bilgijiň ýanyna baranda, ol hem dagy näme diýjegini bilmän:

— Ikiňiz bir howuzda suwa düşäýmeseňiz ýa-da bälçirän bolup, göwsüne dagy el degirip göräýmeseň, olam-a uly biýedeplik bolýar. Başga näme, gowusy, göwnese ony suwa düşmäge çagyr. Ýigit bolsa, göwnemän durmaz. Ana, şonluk bilen hem onuň gyzdygyny, däldigini aňyklarsyň — diýen.

Ýigit öýüne gelip, myhmanyna:

— Şu gün howa ýaman yssy. Isleseň, ýör, nahar bişýänçä, howza suwa düşüp geleli — diýýär.

Gyz:

— Örän gowy maslahat. Suwa düşmänime esli wagt bolupdyr. Sen aljak zadyň bolsa al, men hem atyma ot döküp geleýin — diýýär-de, gelip atyndan maslahat soraýar.

— Uýanymy başyma sal-da, şonuň ujuny we gamçyny eýeriň gaşyna ildir. Keçämi hem syrtyma kemsiz bökder. Aýagymy-da çöşüp goý. Siz tirkeşip, howzuň başyna baranyňyzda, men hem görünmän beýle ýanyňyza baryp duraryn. Howza öňürti ýigit girsin. Sen hem şol halatda: «Atym boşanypdyr, sen düşüber, men atymy daňyp geleýin» diýip, tylla telpegi hem al-da, derrew üstüme mün. Ondan soňkusyny özüm oňararyn — diýen.

Ýigit bilen gyz howza tarap ugraýarlar. Ýigit derrew çykarynýar-da, suwa girýär. Şol wagt gyz:

— Atym boşanypdyr. Men ony derrew daňyp geleýin. Sen düşüber — diýip, ýüzüniň ugruna oglanyň eşikleriniň üstünde duran tylla telpegi hem alýar-da, atyna münýär.

Ýigit esli wagt geçenden soň: «Be, näme bolduka, myhman gelmedi-le?» diýip, suwdan çykyp, töweregine garasa, ol hiç ýerde ýok. Bir görse, geýiminiň üstünde telpegi hem ýok. Ylgap öýe barsa, myhman ol ýerde-de ýok. Ýataga barsa, at-da ýok. Ylgap jaýynyň üstüne çykýar, görünýän zat ýok. Gapdaldaky daga çykýar, allaowarradan garynja ýaly bir zat gaýyp barýar diýýär. Hasyr-husur atlanyp, yzyndan kowýar. Bir daga çykanda seretse, ara has daşlaşypdyr. Agşama çenli kowup, bir daga çykyp seretse, garasyny hem görüp bilmändir. Onsaň lapykeç bolup yzyna gaýdan. Daňdanlar bilgiji turzup, ýagdaýyny aýdan.

Bilgiç diňläp bolup:

— Indi howlukma. Ýol şaýyňy kemsiz tutup, obama-oba sorap gitmeli bolarsyň. Diňe şeýtseň, telpek alanyň, hut, öz öýüne myhman bolarsyň. Tylla telpek belli zatdyr, her wagt hem tapylar — diýýär.

Gyz şol gidişine baryp agasynyň altynjy oglunyň galan ýerine ýetipdir. Ideg-sorag edip tapsa, egin-eşikden çykyp, horhomsy ýaşap ýören eken.

Gyz ony bir ýaba eltip, suwa düşürýär. Geýindirýär, garnyny doýurýar. Özüni oňat tutansoňam:

— Arkaňa tagma basdyrsaň, öýňüze alyp gitjek. Ýogsam sen oba baryp ýalan sözlärsiň — diýýär.

Oglan:

— Horlaman öýümize eltseň bolýar, tagmaň näçe bolsa basyber — diýip, razy bolýar.

Gyz bolsa barmagyndaky ýüzügini gyzdyryp, onuň ýagyrnysyna iki gezek tagma basýar. Soň bolsa kä ata mündürip, kä pyýada ýöredip, öz ýany bilen obalaryna alyp gaýdýar. Obalaryna ýetip barýarkalar, oglanyň atasy bularyň öňünden çykýar. Görseler, gyz atygsaman gelipdir. Tylladan telpek hem başynda. Oglan welin burnuny syksaň, jany çykjak diýýär. Atdan-a

deregem ýok. Şeýle-de bolsa öýlerinde, atasy ýagdaýyny soranda:

— Ol ýerlere baryp geljek bolsaň, atyňdan, eşigiňden dynanyňa kaýyl bolaýmaly, ol ýolda özüni oňarmadygyň ölüp galaýmagam daş däl. Başymdan nägadar horluklar geçdi, bolsada buýran ýumşuňyzy bitirdim, tylladan telpegi men getirdim. Gyz çydaman, ýolda galdy. Gaýdyşyn gözläp tapmak uly hyllalla boldy. Geýip gelmäge utanyp, tylladan telpegi hem hol ýerik gelenimizde gyza geýdiräýdim — diýip, öwnüp jogap beripdir. Atasy şobada inisiniň üstüne gidip, oňa oglunyň aýdan zatlaryny aýdypdyr-da:

— Gyzyň orta ýolda galandygy onuň ýüz-gözünden hem görnüp dur. Ol çigit ýalyjak hem horlanmandyr. Telpegi meniň oglum getiripdir — diýip, yzyndanam:

— Indi tylla telpegi bärik ber-de, özüňem gyzlaryňy al-da, obadan göç! — diýip, inisine haýbat atyp ugrapdyr.

Onýança tylla telpegi getiren gyz ara düşüp, özi bilen bile giden ýigidiň şu ýere getirilmegini talap edipdir. Ony derrew getiripdirler. Gyz ýigide wakanyň nähili bolanyny märekäniň öňünde aýtmagy özem galat geplemezligi buýrupdyr. Emma ol ýigit ýüzüni aşak salyp, ýene-de kakasyna aýdan sözlerini gaýtalanmyş. Gyz deliliniň bardygyny aýdypdyr. Ýigit şondan soň, aýak üstünde hem durup bilmän, şalkyldap aşak gaýdypdyr.

Ýigidiň masgara bolup barýan kakasy hem gyssanyp gyza:

— Deliliňi aýt, deliliňi! Deliliň bolmasa sözüňe ynanjak däl — diýip gygyrypdyr.

Onda gyz:

— Köýnegini çykar-da, ýagyrnysyny gör. Ynha, şu barmagymdaky ýüzügimiň möhüri ýalpyldap durandyr. Men ony «ýalan sözlese, subut etmek üçin gerek bolar» diýip basypdym — diýýär.

Ýigidiň kakasy derrew oglunyň arkasyny ýalaňaçlap görýär welin, ýüzügiň möhüri ýalpyldap duranmyş.

Onsoň ol gyjalata galyp, inisine:

— Meniň ogullarym seniň gyzlaryňça bolmady. Men utuldym. Bu ýagdaýda göçüp gitsem, ogullarymyň gyzça bolmandygy uly ile äşgär boljak. Sen meniň bilen deň bolma. Men bu obadan göçmäýin. Mundan beýläk öwünmäýin, günämi geç — diýip, ýalbarmaga başlaýar. Emma tylla telpegi getiren gyz kakasyna gezek bermän:

— Är lebizden, koý bogazdan — diýip, agasynyň sözüni kesýär-de, yzyna ugradyp goýberýär.

Tylladan telpegi aldyran ýigit hem uzak eglenmeýär-de, onuň gözlegine çykýar. Ol az ýöräp, köp ýöräp, sorag-ideg edip, telpegi alyp gaýdan gyzyň obasynyň çetinden gelýär-de, bir adama myhman bolýar. Agşam otyrkalar, myhman ýerinden:

— Obaňyzda tylladan telpek geýip gelen ýigit boldumy? — diýip soraýar.

— Tylladan telpek getiren boldy, ýöne ol oglan däldir, gyzdyr. Özi hem pylanynyň gyzydyr — diýýär we onuň telpegiň yzyndan näme maksat bilen gidendigini, özüniň oňat hem arassa maşgaladygyny aýdyp berýär.

Ýigit salgyny alyp, gyzyň öýlerine ýetip barýarka, gyz ony öňürti görýär-de, doganlaryna oňa oňat hezzet-hormatlar etmeklerini sargaýar. Özi hem ýigit eşigini, tylla telpegi geýip, onuň ýanyna barýar. Olar gadyrly görşüp salamlaşýarlar. Öý eýesi bu sapar uzak eglenmän, gyzdygyny boýun alýar.

Gyz telpegini çykarýar welin, saçlary lowurdap, eginleri bilen tolkun atyp gidýär. Bu ýagdaý öňem gyzdan gözüni aýryp bilmän oturan ýigidi tolgundurýar.

Myhman ýigit üç günden soň gyza göwnündäkini aýdýar.

Gyzyň kakasy ýaşlara uly toý tutup berýär. Birnäçe güne çeken toýdan soň bolsa, gyzy hem ýanyna goşup, ýigidi uly hormat bilen öz ýurduna ugradýarlar. Olar sag-aman baryp, maksat-myratlaryna ýetýärler.

## ÇYKALGA[1]

Bir bar eken bir ýok eken, gadym eýýamlarda bir patyşa bar eken. Patyşanyňam bir ýetişen gyzy bar eken. Gyz kenizleri bilen giň sähra gezelenje gitmegi halar eken. Ol hemişe şol bir ýoldan gatnap, birtopar daýhan ýigitleriň duşundan geçip gider eken.

Şa gyzynyň daýhan ýigitleriniň işleýşine pisindi oturyp, her gezek olary synlap-synlap geçýärmiş. Olaryň biri gyza aýratyn gowy ýaraýar eken.

Ol bir gezek geçende, ýigidi ýanyna çagyryp, göwnündäkini bassyr-ýussursyz oňa aýdan:

— Men her gezek geçenimde seni synlaýaryn. Edep-ekramyňy, iş başarşyňy haladym. Sen maňa köşkdäki begzada ýigitlerden yssy görünýäň — diýen.

Onda ýigit:

— Bolup biler. Ýöne sen bir şa gyzy, men bolsa maňlaý deri bilen gün görýän daýhan ogly, ikimiziň aramyzda hiç hili baglanyşyk bolup bilmez. Ýogsam, seniň ýaly owadan gyzy men, heý, halamanmy? — diýen.

Ýigidiň akylly sözi gyza has-da ýaran. Ol:

— Adam adamzatdyr. Seniň oňňudyň maňa ýarar. Çyndan halan bolsaň, meniň oňňudym hem saňa ýarar — diýipdir.

---

[1] Türkmenbaşy adyndaky Türkmenistan Milli golýazmalar institutynyň golýazmalar hazynasy. 1025$^{f}$-nji bukja.

Ýigit bilen gyz ur-tut bir molla tapyp nikalaşanlar we bir ýerden özlerine öý tutunanlar. Gyzyň kakasy özdiýenli, zalym patyşa eken. Şol sebäpden hem gyz atasyna maslahat salsa, onuň garşy çykjakdygyny duýan.

Gyzynyň daýhan ýigide durmuşa çykanlygy baradaky habar patyşa baryp ýeten. Onsoň patyşa gahar atyna atlanan. Emma akylly weziriniň: «Boljak iş bolupdyr, indi öldürme, her hili-de bolsa öz perzendiň, soň ökünersiň. Gowusy, şol durşuna göwnüňden çykar-da goýber» diýen maslahaty bilen, patyşa gyzyny idemeýärem, oňa hiç hili miras-da bermeýär.

Il gyzyň öz söýgüsiniň yzynda berk durşuna geň galypdyr. Oňa uly hormat goýupdyrlar. Emma ýeter-ýetmez gün, garyp mydara şa gyzy bilen ýaşaýan ýigide ynjalyk bermändir. Ol öz ýanyndan: «Be, neneň-niçik bolarka, men ony ne bezäp bilýän, ne besläp, ne göwnündäki ýaly iýdirip-içirip bilýän» diýip, köp gussa batan.

Şa gyzy ýigidiň ünjüsini aňlap:

— Sen meni alada edip gussa batýarsyň, ýok, beýtme! Seniň oňan ýeriňde menem oňýan. Men günümden, bagtymdan närazy däl. Gam çekme-de, arkaýyn ýaşaber — diýen. Emma ýigidiň küýünden ünji aýrylmandyr. Günleriň bir gününde onuň ýaşaýan ýurdunyň patyşasy Hindistanda gepleýän totularyň bardygyny eşidip:

— Kim-de kim şolardan birini getirip berse, bir hum altyn berjek — diýip, jar çekdiripdir. Patyşanyň bu habaryny şa gyzyna öýlenen daýhan ýigit hem eşidipdir. Ol öz-özüne: «Söýüp alan gelnimi il deňinde geýdirip, iýdirip bilmesem, dili keltelik bolar. Patyşanyň şertine razy bolup, beren tyllasyny alaýyn, soňky nesibäni soň göräýeýin» diýip, patyşanyň huzuryna ugran. Ýigit baryp, kyrk günde getirmäge boýun bolup, bir hum gyzyly alyp, gelnine getirip beren. Şa gyzy bu gyzyldan adamsyna we özüne dürli-dürli gowy geýimler alanmyş. Aradan

otuz gün geçenden soň, daýhan ýigit alada galyp başlan, otuz dokuz gün geçenden soň bolsa, şanyň ýasawullary gelip:

— Ertir puly alyp gaýdanyňa kyrk gün dolýar, köşge bar — diýip, buýrup gidenler. Şa gyzyna adamsynyň getiren teňňelerini nireden alany diňe şu çakylykdan soň aýan bolan. Ertesi ýigit gelnini köşeşdirip, köşge tarap ugran. Ol patyşanyň arz meýdanyna baryp duran. Dura-bara adamlar ýygnanyşyp başlan. Jemende çaksyz köp ýygnanan. Patyşa hem weziri-wekili, kazysy-kelany bilen gelen.

Patyşa bir ýasawulyna toty getirjek ýigidi alyp gelmegi buýurýar. Ýasawul daýhan ýigidi öňüne salyp, alyp gelýär. Patyşa ýigide garap:

— Ýigit, wagtyň doldy, getiren totyňy görkez — diýen.

Ýigit:

— Şahym, men size öňürti bir hekaýat aýdyp bereýin, gaharlanmaň-da şony diňläň, totuly meselä soň düşünersiňiz — diýen. Patyşa hekaýaty diňlemäge razy bolan. Ýigit patyşa özüniň öýlenişini, soň nähili ýagdaýa düşüşini we bir hum gyzyly näme üçin alandygyny jikme-jik aýdyp berýär. Ýigit gürrüňini soňlandan soň, patyşa birinji wezirine ýüzlenip:

— Gyzyl beren ýigdimiziň gürrüňini-hä diňlediň. Indi maslahatyňy ber. Muny nätmeli? — diýen.

Birinji wezir:

— Öldürmeli — diýen. Patyşa ikinji wezirine hem şol soragy beren. Ondanam «Öldürmeli» diýen jogaby alan. Patyşa bu soragy üçünji wezirine beren. Ol:

— Patyşam, bir çemçe ganymy geçseňiz, dogrymy aýdaýyn — diýen. Patyşa:

— Geçdim, aýt — diýen.

— Tagsyr, patyşa öz raýatynyň işine seredende, parasatly bolmalydygyny size öwretmegiň geregi ýok. Sähelçe zat üçin onuň hazynasy derýadan bir goşawuç suw alança-da egsilmez.

Gaýtam, il-güne edilen ýagşylyk, hazynanyň berekedini artdyrar, patyşanyň abraýyny artdyrar. Ýigit ony özi üçin hem almandyr. Muňa ýöne: «Başda dogryňy aýtmagyň gerek ekeni» — diýip käýäýerler — diýen. Bu gürrüňleri diňläp duran jemagat tolgunyp: «Üçünji weziriň maslahaty makul» diýşip gygyranlar. Patyşa, ýigidiň işini märekäniň öňünde, arz jaýynda seredenligine ökünip, razy bolupdyr.

Ýigit bolsa rahatlanyp, şa gyzy bilen arkaýyn ýaşamaga başlapdyr.

## MAKSADYNA ÝETEN GYZ[1]

Gadym zamanda bir tütjar baý adam bar eken. Onuň maly ýere-göge sygmaýar eken. Emma bu baý gaty husyt eken. Hatda özi hem zadyndan arkaýyn iýip-içip bilmän, gysymyny gysyp, şondan çyksa ýalap, çykmasa ýalamaýan eken. Bu baýyň özünden başga birki ýaş uly agasy hem bar eken. Ol pahyr ýarlykly garyp eken. Bu garyba inisi tarapyndan hiç bir kömek bolmaýan eken. Garyp ahyr açlykdan ölen. Onuň aşyny-suwuny hem oba adamlary beren. Garybyň yzynda ýaňy bir on, on bäş ýaşa ýeten ýalňyz ogly galypdyr. Bu oglan kim ýüz berse, nan berse, şonuň malyny bakyp geziberen. Aradan aý-gün geçip, oglan obalarynda bir gyzy halan. Gyzam ony halan. Gyz örän owadan hem edepli eken. Gyzyň ata-enesi bularyň söýgülerinden habardar bolup:

— Ýekeje gyzymyzy ýakmaly — diýşip, öz gyzlaryny ýaňky ýigide nikalap berip, öz gurplarynyň ýetdiginden toý edipdirler.

Ýigit hoşroý bolan, emma gyzyň owadanlygy hem çaksyz eken. Bu ikisi bagtyýar ýaşaşyp ýörkäler, günlerde bir gün gyz bir ýerden gelýärkä, hälki husyt baý onuň alnyndan çykyp, huşy başyndan uçup, öz agasynyň oglunyň gelnine aşyk bolan. Ol:

---

[1] Türkmenbaşy adyndaky Türkmenistan Milli golýazmalar institutynyň golýazmalar hazynasy. 951[f]-nji bukja. Toplanlar: N.Kürräýew, A.Taýymow, 1960.

— Bu kimiň maşgalasyka? — diýip, garama-gara yzyna düşüp gidýär. Gelinem, gel-gel, açlygyndan ölen öz agasynyň çagşan jaýyna girýär. Gözel gelniň kül-külüne düşüp, henize bu güne çenli adyny tutman gezen baý agasynyň ogluny ýanyna çagyryp:

— Ýeri, hal-ahwalyň niçik, sen jan ýaly agamyň ogly ahyryn, bizden näme gaça durýarsyň. Etjegiň gara zähmet bolsa bizde-de tapylar — diýen.

Ýigit öz içinden: «Bu nähili gürrüň boldy, bu gürrüň agamyň aýtjak gürrüňi däldir-le. Atam açlykdan öldi, bu ömründe biziň gapymyzdan garan adam däl. Hudaý munuň ýüregine rehim salandyr» diýip pikir eden. Soň:

— Bolar-la, işiň bolsa senem buýrubererersiň-dä — diýen.

Onda baý:

— Men keseki däl, men seniň özüňki. Ine, inşalla, ertir-birigün söwda kerwenimiz ugraýar. Senem şolar bilen goşulşyp gitseň saglyk bolsa, ýuwaş-ýuwaşdan bu garyplykdan gutularsyň — diýen. Ýigit:

— Gitmäni kyn göremok welin, yzymda ýaşajyk gelnim hor bolarmyka diýýärin, gündekimizi günde gazanyp, getirip durýardym — diýen.

Onda baý, hossarsyrap:

— Ýeke gelniň gürrüňini edýärmiň. Sen gelýänçäň ony elimiziň aýasynda saklarys. Ondan sen arkaýyn bolaý — diýen.

Ýigit baýyň gürrüňine ynanyp, söwdagärler bilen gitmäge razy bolan. Şeýlelik bilen, baý agasynyň ogluny uzak ýere söwdagärler bilen ugradan.

Baý söwdagärleri ýola salansoň, dört aý geçýänçä gelne ölmez-ödi ugradan. Bir günem ýarym-ýaş aglap gelniň ýanyna baran. Bu ýagdaýa allaniçiksi bolan gelin gaýyn agasyna howsalaly ýüzlenen:

— Näme boldy, eýgilikmi?

Baý sojap:

— Inim ölüpdir, inim — diýip, möňňürip başlan.

Gelin ör-gökden gelip, haýalyrak:

— Wah, bagtym ýatdy diýsene, haçan bolan zat ol? — diýen.

Baý:

— Wah, hasaplap gördük, biz. Eýýäm ölenine şu gün üç ýarym aý dagy bolupdyr — diýen.

Sebäbi şerigata görä äri ölen aýala üç aý on günden soň äre barmaga ygtyýar berilýär eken. Baý hem şol hasaba garaşan. Baý gaýdandan soň, gelin gijäni gaýgy-gam bilen ýas tutup geçirýär. Baý ertir ir bilen gelniň ýanyna baryp, aglap-eňräp:

— Öleniň yzynda ölmek bolmaz, beýdip, ýas tutup oturmakdan iş bitmeýär. Mende bir maslahat bar — diýen. Onda gelin:

— Ol nähili maslahat? — diýip soran.

Baý:

— Sen indi maňa dakylaýmaly bolsaň gerek, sen meň pikirimi nähili görýärsiň? — diýen. Gelin gahardan ýaňa ýarylaýjak bolup:

— Şumudy aýtjak maslahatyň. Göteril şu taýdan. Ýagşy-da bir maslahatyň bar eken! — diýip gygyran. Baý muny ýüzüne-de alman, gelne bakan el uzadypdyr. Gelin hem gapdalynda duran gara kündük bilen maňlaýyna şeýle bir ýelmäpdir, baý entirikläp çally küýzäni süsüpdir. Maňlaýy deşilen baý esli wagtlap özüne gelip bilmändir. Baý öýüne baryp, pikirlenip iki sany öz diýen adamlaryny tapyp, olary çagyryp, olara hyýalyny aýdan we olaryň özüne şaýat bolmagyny soran. Şaýatlygy üçin olara pul hödürlän. Olar hem razylyk beren. Baý bu iki şaýada diýjek sözlerini jikme-jik öwredip, ýat tutduran. Şondan soň baý patyşanyň ýanyna baryp arz eden we şeýle diýen:

— Agamyň ogly uzak bir ýere gidende aýalyny we öýüni maňa tabşyryp gidipdi. Onuň aýaly bolsa, yzynda ýaramaz jahyllary öýüne ýygnap, her agşam meýlis edýär. Bir gije men şol jahyllaryň biri bilen ol gelni bet işiň üstünde tutdum. Şol pursat ol jahyl meni urup, maňlaýymy ýardy.

Patyşa:

— Bet iş bilen görlenine şerigat boýunça şaýat barmy? — diýip soran. Onda baý ýaňky şaýatlarynyň atlaryny beren. Patyşa ýasawullaryna şaýatlary getirmäge buýruk beren. Pula tutulan şaýatlar hem gelip, baýyň öwreden sözlerini jikme-jik patyşa aýdypdyrlar. Patyşa olara ynanyp:

— Baryň şol haýasyz gelni alyp geliň — diýip buýran. Gelni getirenlerinde patyşa gazaba münüp:

— Äriňden bäş gün daş düşeňde ar-namysyňy ýere çalyp, sen zyna işler edipsiň. Utanmaýarmyň. Haýa, ar-namys bolmazmy sende? — diýip, hemle urup başlan. Gelin aglaman, eňremän mert durup, özüniň arzynyň diňlenmegini patyşadan soran. Patyşa ony diňlän. Emma gelniň şaýady bolmandan soň patyşa gelne ynanmandyr. Patyşa:

— Şerigat boýunça üç sany şaýadyň kepil geçmegine görä, seniň jezaňy bermeli! — diýip, ýasawulyny çagyryp:

— Bu ilden çykan haýasyzy saňsar ediň! — diýip buýruk beren. Gelni bada şäheriň çetine çykaryp, ýedi ýoluň ýakasynda, guşaklygyndan aşagyny çukura gömüp, onuň üstüne ýerliýerden daş ýagdyrypdyrlar. Zyňlan daşlardan gelniň üsti gömlenden soň: «Indi ölendir» diýşip, ýasawullar dargap gidenler. Gelin agşamara özüne gelip, agyrlaryna çydaman towlanyp, iňňildemäge başlan. Şol gije bu ýoldan düýeli geçip barýan bir baý adam iňňildini eşidip, sowulyp, gelniň ýanyna baryp görse, endam-jany gyzyl gan bolup ýatan bir gelin diýýär. Baý gelne nebsi agyryp, ony daşlaryň arasyndan soguryp çykaryp, düýesine mündürip alyp giden. Birnäçe günden muny bakyp, bejerip,

ýaralaryna em eden. Aýyň bölegi ýaly gelne baý aşyk bolup, gelne ýüregindäkini aýdan. Onda gelin sypaýçylyk bilen:

— Sen meni öz gyzyň ornunda bakyp bejerdiň. Şundan soň beýle zat diýmäge neneň ýüzüň çydady? — diýende, baý gyza ýüregini açanyna utanyp, soň geplemändir. Baýyň aýaly-da gelinden ärini gabanyp, kän azar beripdir. Baýyň gapysynda bir guly bar eken.

Bir gün gelin suwa gidende, ony bu gul görüp, oňa aşyk bolup habar atan hem goşaryndan tutjak bolup el uzadan. Gelin elini silkip alyp:

— Heý, eliň şel açsyn — diýip gula gargan.

Gelniň gargyşy kabul bolup, guluň bir goly ysmaz bolup galan. Gul bu gelinden ar almak üçin oňa ýamanlyk etmegiň ýoluny agtarypdyr.

Bir gije il ýatyp, it uklanda gul baýyň öýüniň tüýnüginden içerik giren we sallançakda ýatan çagajygyň kellesini kesip, yzyna çykan.

Baýyň gelni ir bilen oýansa, oguljygynyň kellesi bir ýerde, göwresi bir ýerde ýatan. Zähresi ýarylan aýal kellesiz oguljygyny bagryna basyp, bagyryp başlan. Ol oguljygynyň öldürilenini hälki gelinden gören. Sebäbi çaganyň damagyny çalan päkisi, onuň ýassygynyň aşagyndan çykanmyşyn.

Ýüreginden pyçak urlan ýaly bolan baý saňňyldap zordan gelin bilen gürleşen we onuň bu ganly işden habarsyzdygyna ynanan. Sebäbi gelin bu işden özüniň habarsyzdygyny, eýjejik çaga beýle zalymlyk edip bilmejekdigini aglap-aglap düşündiren.

Baý bu işde kimdir biriniň haram eliniň bardygyny duýan hem geline garap:

— Sen indi, bu töhmetden soň bizde galyp bilmersiň. Men seniň, ýol harjyňy bereýin. Sen öz hajatyňa özüň gara — diýip, gelne ýol harjyny we kyrk tylla beren. Gelin egin-eşiklerini

alyp ýola düşen. Gidip barýarka bir agyr märekäniň üstünden gelen. Görse, jellatlar bir adamy dardan asjak bolup duranlar. Gelin märekäniň bir çetinde duran adamlaryň birinden:

— Bu adamy näme üçin dardan asjak bolýarlar — diýip soranda, ol:

— Bu tüýkesme ogry, muňa kyrk tylla tölese goýberýärler. Emma bu ogruda zat ýok — diýen. Gelniň ogra ýüregi awap, ýanyndaky kyrk tyllasyny, jellatlara eltip berip, ogryny ölümden halas eden.

Soň gelin ýene öz ugruna, ýola düşüp gidiberen. Ölümden sypan ogry bolsa gelniň yzyndan ylgan. Şol wagt gelniň öňünden agyr kerwen çykan. Yzyndan ylgap barýan ogry hem ýeten we:

— Dat-bidat, men gyrnagymy gaçyrdym, şony bir tutuň — diýip, uly ili bilen gygyran.

Kerwenbaşy gelni tutmagy ýigitlerine buýran. Ogry gelni gyrnak hökmünde kerwenbaşa satan.

Gelin görgüli ogryny tanamaýandygyny, şonda-da, ony ölümden halas edendigini şunça ýalbaryp düşündirjek bolupdyr. Emma oňa ynanan adam tapylmandyr. Gelin içiniň ýangyjyna:

— Kezzap, seni dardan asjak bolanlarynda ýalňyşan ekenler. Saňa ölümiňem iň elhenjini, jebirlisini bermeli ekenler. Duruber entek, sen kesbiňe görä taparsyň. Hernä pis açaýadyň-da — diýip gargapdyr. Kerwenbaşa bolsa:

— Sizdenem bir erkek bolarmy? Türkmen öz naçaryny penalaýandyr. Siz ýaly her öňeten kezzabyň ygtyýaryna berýän däldir — diýen.

Başga alajy bolman gelin bu kerwenleriň gyrnagy bolup gitmeli bolan. Kerwenler gyrnagy satyn alyp ugranlaryndan soň, şol gidip baryşlaryna bir derýanyň boýuna baryp, gämä münmeli bolanlar. Gämä münüp ugranlaryndan soň, gaý turup,

gämini kül-owram eden, emma gelin bir tagtanyň üstünde aman galan. Bu gelin tolkun bilen derýanyň kenaryna çykyp, ol ýerde özüne gelenden soň, öz eşiklerini çykaryp, erkek eşigini geýen we ýola düşen. Ýolda garakçylara sataşan. Olar munuň aýal-erkekdigini tanamandyrlar. Garakçylaryň baştutany gelinden kän zat sorap, ahyrynda-da adyny soran. Onda gelin:

— Adym Esen — diýip jogap beren.

Şeýlelik bilen, gelni myhmanlapdyrlar, şol wagt garakçylaryň içinde gaty bir ýeser ýigit bar eken. Ol her wagt gelniň ýüzüne seredip:

Esen gözi, gyz gözi,
Ýakdy ýandyrdy bizi.

Elleri bilezik yzy,
Boýunlary bukaw yzy —

— diýer eken we yzyndan:

— Hä, gözüň-ä gyza meňzeýär welin, ýöne erkek bolaýasyň-da — diýip goýýan eken.

Şunuň bilen, garakçylar gelni tanap bilmän ýola salyp ugradanlar. Ol az ýöräp, köp ýöräp, gijäniň bir wagty bir şäheriň derwezesine ýeten. Aýak ýygnanansoň, galanyň derwezesi bir eýýam gulplanan ekeni. Derwezebanlar hem gijäniň bir wagty bolansoň, derwezelerini açmandyrlar. Gelin ol gijäni derwezäniň agzynda geçiripdir. Edil şol gije ol galanyň patyşasy ýagty jahan bilen hoşlaşan eken. Patyşa ölende, ol ýeriň däbi boýunça, daň atan badyna galanyň derwezesini açýan ekenler. Derwezäniň daş agzyna ilkinji gelen adamy patyşa eder ekenler. Şol gün daňdan galanyň halky ýygnanyşyp gelip, derwezäniň gapysyny açsalar, egni-başy oda atsaň tütemejek hor bir ýaş ýigit derwezäniň agzynda oturan eken. Adamlar sen-men ýok,

bu ýigidi tutup alyp gidiberenler. Erkek eşigini geýnen hälki gelin:

— Dat-bidat! Men näme günä etdim, hatda derwezäni hem kakmadym ahyryn — diýip gygyryberen. Kim onuň gykylygyna gulak asýan. Ahyry gelni götergiläp barýanlaryň biri dillenen:

— Eý, garyp, sen düşün, bu biziň resmimiz, biz seni eltip patyşa edinjek — diýen. Onda gelin:

— Nähili adamlar siz? Men barmaga gapy tapman ýurt syryp ýören bir gedaý. Mendenem bir patyşa bolarmy? — diýip, öňküden hem beter gygyran. Onda-da onuň gykylygyna gulak asýan ýok diýýär.

Ony patyşanyň köşgüne eltip, şanyň lybasyny geýdirip, tagtda oturtdylar diýýär. Ahyrda gelin adyl patyşa bolupdyr. Onuň ady dünýä ýaýrapdyr. Ol halkyň arzy-halyny diňläpdir. Garyba-gasara, ýetime-ýesire hemaýat edipdir. Hatda dertli barsa emini salgy beripdir. Ýurdy asuda saklapdyr. Goý, bu gelin patyşalygynda galsyn. Indi habary gelniň yzynda galan söýgüli ýigidinden eşideliň.

Ol ýigidi atasynyň dogany, öz söwdegärleri bilen ugradandan soň, ol baýyň döwleti gaýdyp, iki gözi hem gapylan. Ýigit ýurduna gaýdyp gelse, agasynyň gözi gapylypdyr. Ýigit agasynyň halyny soramaga baran badyna, ol ýigidiň gelni bilen baglanyşykly wakalary aglamjyrap aýdyp berýär:

— Seniň aýalyň öýüňe orramsylary üýşürip, ýaman işleri etdi. Maňlaýymy ýardy. Çydap bilmän, patyşa arz etdim. Adyl patyşahym haýasyzyň jezasyny berdi. Saňsar etdirip öldürtdi — diýip hamsygýar.

Sada ýigit agasynyň sözüne ynanyp, saňsar edilen gelnine gahar edip, hum ýaly çişen.

Gahary köşeşenden soň, günlerde bir gün oglan agasyna:

— Biz söwdadan gelýärkäk, ýolda bir şähere düşüp geçdik, ol şäheriň bir patyşasy bar eken, gaty adyl we her bir derdiň dermanyny bilip gutarýan eken. Men seni şoňa äkideýin, belki, seniňem gözüň şypa tapar — diýen.

Baý ýigidiň sözüni makul görüp, gitmekçi bolan. Şaýlaryny tutup, ýola düşenler. Gidip barýarkalar, bir adam bularyň öňlerinden çykyp nirä barýanlaryny soran. Bular hem akylly patyşanyň gürrüňini berenler.

Onda ol adam:

— Onuň ýaly bolsa, meniňem bir gulum bar, şonuňam goly ysanok, menem şony alyp gideýin — diýip, guluny tirkäp bulara goşulan. Ýene gidip barýarkalar öňlerinden endamy pis açan bir adam çykan, olam ýolagçylaryň nirä barýanlaryny soran. Muňa hem akylly patyşanyň gürrüňini berenler. Onda ol pis açan adam:

— Onuň ýaly bolsa, menem gideýin, heý, meniň bu keselime nepi degmezmikä? — diýip, bular bilen tirkeşip giden.

Bular az ýöräp, köp ýöräp, adyl patyşanyň galasyna ýetenler. Patyşanyň galasyndaky garawulyndan patyşanyň ýanyna goýbermegini soranlar.

Garawul baryp:

— Patyşahym, şeýle-şeýle adamlar gelipdir. Seniň ýanyňa gelmek isleýärler — diýen. Patyşa olaryň girmeklerine rugsat beren.

Bular gapydan giren badyna patyşa olaryň hemmesini tanapdyr, emma gelenler patyşany gümanam etmändirler.

Patyşa:

— Ýeri, myhmanlar! Näme arzyňyz bar, aýdyp oturyň — diýip soranda, gelenleriň hersi öz derdini aýdyp, emini sorap başlaýarlar.

Patyşa ilki bilen gözi gapylan baýa ýüzlenipdir.

— Belki, sen bir uly günä edensiň, ýogsam seniň gözüň gapylmazdy?

Baý:

— Ýok, meniň hiç hili günä eden ýerim ýok — diýip boýun almandyr.

Onda patyşa:

— Seniň bir uly günä edeniň hak, sen ony boýun almasaň, menden saňa peýda ýok — diýen. Ýene baý:

— Şahym, men günä edemok — diýip, boýun almajak bolan:

Patyşa gazaba münüp:

— Jellat — diýip gygyran.

Baý:

— Dur, dur patyşahym, baryny aýdaýyn — diýip gygyran.

Patyşa:

— Eden günäňi bolşy-bolşy ýaly baryny gylyny gymyldatman ýeke-ýekeden aýtmasaň, ýene-de jellada gygyrmak kyn däl — diýip, baýa ýüzlenen. Baý agasynyň ogly hem onuň gelni bilen baglanyşykly eden işlerini bir ýan ujundan aýdyp başlan. Baý gürrüň etdigiçe agasynyň ogly, gaharlanyp çişip, ýumruklaryny düwüp başlan. Baý ol wakalary aýdyp gutaran badyna ýigit nirede oturandygyny unudup:

— Sen haramzada, meniň gelnime göz gyzdyryp, meni ölüme ýollan ekeniň — diýip, baýyň üstüne turup topulan.

Patyşa:

— Duruň-duruň — diýip, gygyryp:

— Tagt meniňkimi ýa siziňkimi, meniň tagtymda beýle biýedeplik etjek bolsaňyz, ýasawullaryň öňüne salaryn — diýen. Soň ýigidi köşeşdirip gula ýüzlenen:

— Senem bir uly günä edensiň, ýogsam elleriň beýle şel açmazdy, senem aýdyp otyr.

Baý bilen bolan wakany görüp oturan gul, bir ýerde hata iş eden bolsa, bir zat galdyrman, hemmesini birin-birin aýdyp çykan. Bu guluň hojaýyny baý gahardan ýaňa çym-gyzyl bolup:

— Wah, men sebäpkärini tapman ýördüm welin, meniň oglumyň damagyny çalan sen ekeniň. Wah, patyşahym rugsat berseň, bu guluň damagyny bir çalaýyn — diýip, ýerinden gobsunan:

Patyşa ony saklap:

— Meniň ýurdumda günäsini boýnuna alan adama ölüm ýok — diýen. Soň günäkärlere beren soragy bilen patyşa pis açana ýüzlenen. Olam ol patyşadan gorkusyna eden işlerini boýnuna alyp:

— Men bir ýurduň tüýkesme ogrusydym. Patyşa maňa hiç bir alaç edip bilmän, ahyry tutup: «Şunuň ýoguna ýanmasam, ogrulygyny goýjak däl» diýip, meni dardan asmaga buýruk berdi. Meni dardan asmakçy bolup durkalar bir ýüregi ýuka gelin maňa dözmän jellatlara kyrk tylla berip, meni satyn alyp, ölümden halas etdi. Men ol gelne ýagşylyk etmegiň deregine gaýta onuň yzyndan kowalap tutup, ony gabat gelen kerwene «Gyrnagym» diýip, aldap satdym. Pulunam heziller edinip sowdum. Şonda gelin görgüli: «Men seni ölümden gutardym. Sen maňa näme üçin beýle zulum edýärsiň» diýip, şunça ýalbarsa-da, gulak salmadym, naýynsaplyk etdim. Gelin maňa «Pis açasyň» diýip gargady. Şondan soňam şeýle boldum — diýip, ogry eden günäsini birin-birin aýdyp çykan.

Patyşa günäkärleriň üçüsinem diňläp:

— Bolýar, men siziň hemmäňiziň keseliňizi eşitdim, indi size jaý görkezerler. Bir sellem dem-dynjyňyzy alyň, emma gahar-kapyrdyr, biri-biriňize zyýan ýetirmekçi bolsaňyz, keseliňizden açylmarsyňyz — diýip, bulary ugradan.

Ýarygijeler myhmanhana patyşanyň ýasawuly baryp, ýigidi turuzyp:

— Seni patyşa çagyrýar — diýip, öňüne salyp alyp gaýdan.

Oglan:

— Ýarygije meni näme etjekkä ýa-da ölüme buýurjakmyka? — diýip gorkan. Ýasawulyň öňüne düşüp, ýigit jaýa girse, ynha, patyşanyň lybasyny geýnen gözel gyz tagtyň üstünde ýalpyldap otyr. Ýigit tanaman, gol gowşuryp baş egen. Onda gelni:

— Näme tanamadyňmy? Gel, indi bu tagt seniňki, men seniň öz gelniň ahyry! — diýen-de, ýigit aňk-taňk bolup, onuň ýüzüne içgin sereden hem gelnini tanap begenjinden ylgap baryp, ony gujaklan. Gelin ýigide başyndan geçen wakalaryň hemmesini ýeke-ýeke gürrüň berip, ony tagtda oturdyp, patyşa edipdir. Ýigit şundan soň: «Ol günäkärleri ölüme buýraly» diýip, gelnine ýüzlenen. Ol:

— Ýok, olar bilen deň bolma — diýen.

Keselli myhmanlar, ertir turup görseler, hemmesi dertlerinden saplanypdyrlar. Baý: «Gözüm açyldy» diýip, diriň-diriň bökýär. Ogry: «Endamymyň pisi aýryldy» diýip, begenip, bir ýerde durup bilmän iki ýana at salýar. Gul: «Elim gutuldy» diýip, begenjinden ýyrş-ýyrş edýär.

Şol pursat patyşanyň ýasawuly gelip:

— Sizi patyşa çagyrýar — diýip, öňüne salyp alyp giden.

Günäkärler gapydan giren batlaryna, oglanyň patyşanyň tagtynda oturanyny, horluk çeken gelniň bolsa onuň ýanynda aý ýaly bolup ýalpyldap duranyny görüp, huşlary başlaryndan uçup, bedenlerinde galpyldy peýda bolan. Gelin:

— Ýeri, erkekler, sütem eden adamlaryňyzy tapdyňyz dälmi? — diýip, olara ýüzlenen.

Gorkularyndan gagşaşyp duran günäkärleriň jogap bermäge agyzlary hem gowuşmandyr. Emma saňsar daşynyň aşagyndan gelni ölümden gutaran goja:

— Indi bildik, köp sag boluň, gyzym — diýen.

Gelin:

— Beýdip gorkup sazanaklaşyp durmaň, men siziň bilen deň bolman, size jeza berjek däl. Ony öz ynsabyňyza goýýan. Eger ol sizde bar bolsa, kesbiňizden bereket tapyň. Baryň gidiberiň — diýen.

Paýhasly gelin ýurdy adamsy bilen bile adalatly dolandyryp, il-günüň alkyşyny alan.

## AMANALY[1]

Bir bar eken, bir ýok eken, gadym zamanda bir gazaply patyşa bar eken. Bu patyşanyň bäş sany aýaly bar eken. Onuň şol bäş aýalyndan ýekeje ogly bar eken. Galan çagalarynyň hemmesi hem gyz eken.

Patyşa günlerde bir gün uzak wagtlyk awa-şikara gitmegi, aw bahanasy bilen dynç almagy ýüregine düwýär.

Patyşanyň iň kiçi aýaly toýly eken. Patyşa ondan ogla garaşýan eken. Şonuň üçin hem ol awa gidende özüniň gaty eý görýän, hemişe ýanyndan aýyrmaýan ýalňyz ogly Amanala:

— Eger ejeň gyzy bolaýsa, ony hökman ýok etgin, men görmäýin. Eger gaýdyp gelýänçäm galaýsa, seniň üçin ýagşy bolmaz — diýip, sargapdyr-da, nökerleri bilen atlanyp gidipdir.

Aradan birnäçe gün geçenden soň, Amanalynyň gyz jigisi bolupdyr. Onuň üçin hem atasynyň buýrugyny ýerine ýetirmekden ötri gyz jigisini ýitirim etmek üçin ejesiniň ýanyna barýar. Ol äkitmekçi bolup, gyz jigisiniň üstüne abanýar welin, hälki çagajyk Amanalynyň ýüzüne seredip bir enaýyja ýylgyrýar.

---

[1] Türkmenbaşy adyndaky Türkmenistan Milli golýazmalar institutynyň golýazmalar hazynasy. 672$^{f}$-nji bukja. Aýdan: Ogultäç Sary aýaly. Mary welaýatynyň Teşanaly etraby. Ýazyp alan: Ç.Garabekow. 1941-nji ýylyň Magtymguly aýynyň 22-si.

Amanaly bu ýagdaýa geň galyp, ony çem gelen ýere taşlamaga dözmeýär. Onuň üçin hem jigisini atasyna bildirmän, gizlemegiň alajyny etmäge girişýär. Şol sebäpli hem hemişe ýolda gabat gelende «Haý, meniň iner oglum, goç oglum, çynar oglum» diýegen bir garry aýalyň ýanyna çolaja wagty barýar. Ol aýalyň hoşamaý sözlerinden soň amatyny tapyp, özüniň näme maksat bilen gelendigini mälim edýär.

Onda garry:

— Wah, iner oglum! Bu örän kyn işdir. Muny hiç kim boýun alyp bilmez. Işiň üsti açylaýsa, atańdan hiç haýsymyza ýalkawlyk ýokdur. Ir-u-giç üstüniň açylmajak gümany hem ýokdur. Men-ä öl diýseň hem togalanyp galaryn welin, ýöne patyşanyň gazabyna duçar bolarys — diýýär.

Amanaly garrydan beýle sözi eşidýär-de:

— Soň näme bolsa, şol bolsun. Bu gyz meniň elimden berin ölmesin, çünki adam çagasyny, onda-da doganymy öldürip, ganhor bolmak islemeýärin. Gyzjagazy şu gije getireýin hiç kime mätäç bolman ýaşar ýaly zerur boljak zatlaram yzyndan alyp geleýin. Sen onsoň gaýrat et-de, meniň haýyşymy kabul et. Juda bolmasa bilinmez ýaly ony bir pukara ber — diýip oňa köp ýalbarýar. Garry hem ýigidiň ýalbaryp oturşyna dözmän:

— Bolýar, bar getir, seniň göwnüň üçin ölüm hem bolsa janymy gaýgyrmaýyn. Emma gijäniň köpi geçenden soň, gyzy, hut, öz ejesinden öldürjek diýip alyp gaýt we ýolda-yzda it-guş duýmasyn. Galanynam özüň oňar. Kesekä mätäç bolmaýyn — diýýär.

Amanaly garrydan göwnühoş bolup, begenip, gijäniň köp essesi geçenden soň «Öldürmäge äkitmeli boldum» diýip, jigisini enesiniň gujagyndan agladyp alyp, göterip çolaja köçe bilen garra getirip berýär. Şol wagtyň özünde oňa harçlyk üçin

bir okara altyn hem berýär-de, özi derrew bukulyp, öýlerine gaýdýar.

Şonluk bilen hem garry ol gyzy idedip başlaýar. Amanaly hem jigisini öldüren adam bolup, öňküsi ýaly geziberýär.

Aradan ep-esli wagt geçenden soň, patyşa nökerleri bilen şikardan gaýdyp gelýär we beýleki aýallaryndan Amanalynyň ejesiniň gyzynyň bolandygyny we ol gyzyň elinde ýokdugyny eşidýär-de, ol gyzy «Amanaly öldürdendir» hasap edýär. Bu barada hiç kimden hiç zat soramaýar.

Aradan az wagt geçenden soň, beýleki aýallarynyň birisiniň ogly, beýlekisiniň gyzy bolýar. Patyşanyň buýrugy bilen bu gyz hem ýitirim edilýär.

Amanalynyň kempire beren gyz jigisi on dört-on bäş ýaşyna ýeten ýyly hem şa nökerleri bilen ýene şikara gidip, birnäçe wagtdan gaýdyp gelýär. Şa köşgüne ýetip gelýärkä, akar suwuň boýunda geýim ýuwup oturan çaksyz owadan hem syratly gyzy görýär. Gyz hem bir topar atlynyň köprä ýetip gelýänini görýär-de, howlukmaçlyk bilen ýerinden turaga-da ugramakçy bolýar. Şol wagt onuň bir taý köwşi aýagyndan sypyp suwa gaçýar. Gyz, gyssagara köwşüni suwuň içinden alyp bilmejegini bilýär. Ol aýagyndaky bitaý köwşüni eline alyp, öýlerine tarap ylgaýar.

Yzy nökerli gelýän patyşa gyzyň jemalyna seredip, edil oňa kökerilen ýaly bolup, bir entekläp atynyň başyny çekip, aňkaw ýaly bolup durýar. Şeýlelikde, ol düşbüräk attutarlarynyň birine:

— Onuň kimiň gyzydygyny jikme-jik anyklaň-da, maňa derrew aýdyň — diýýär.

Attutaryny ýola salyp, maýdalyna sürüp köprüden geçip gelýär. Suwuň içinde çenden zyýat şöhle salýan bir zada gözi düşüp, onuň nämedigini bilmeýär. Onuň üçin hem nökerleriniň

birini iberip, ony getirdýär we onyň hälki giden gyzyň köwşüdigini bilýär-de, öýüne alyp gaýdýar. Tä öýüne ýetýänçä, «Gyzyna altyndan köwüş geýdirer ýaly, kim barka» diýip, pikire batyp gidýär. Gyzyň kimdigini bilmek üçin iberen atlysy hem gelip ýetýär. Ol gören-eşiden zadyny mälim edýär.

Şol günden beýläk patyşa täzeden yşk heseri ýetip, şol gyza öýlenmegiň kül-külüne düşýär. Onuň üçin wezirlerini çagyryp, olara öz maksadyny aýdýar-da:

— Her zat ediň, şol gyzy maňa alyp beriň. Razylyk berseler, gaznadan alyň-da, göwünlerine ýetiň. Bolmasa-da, zor bilen alyp getiriň — diýýär.

Şol maksat bilen hem wezirleriň iki sanysy ol gyzyň enesi garrynyň üstüne gudaçylyga baryp, patyşanyň buýrugyny oňa mälim edýärler.

Garry hem:

— Garybyň gyzy patyşa laýyk däldir. Galyberse hem, patyşanyň sakgaly agaryp, bili bükülmegine az galypdyr. Meniň çagam bolsa ýaňy on dört-on bäşe ýetdi. Patyşa bu pälinden gaýtsa ýagşy — diýýär.

Onda wezirler:

— Bize erteki otarma. Biz ýaş hasaplaşmaga gelmedik. Bize razylygyňy ýa däldigiňi aýt. Razy bolsaň-bolmasaň hem, gyzyňy patyşanyň aljakdygyny düşnükli edip aýtdyk! — diýip, meseläni çürt-kesik edýärler.

Garry dagy alaç tapman:

— Maňa üç gün pursat beriň. Üç güne çenli men hem içdaşym bilen maslahatlaşaýyn — diýýär. Şonuň bilen wezirler hem gaýdyp, garrynyň sözüni patyşa ýetirýärler.

Garry hem şol wagtyň içinde assyrynlyk bilen Amanalyny tapyp, oňa patyşanyň edýän talabyny aýdýar-da: «Özüň alajyny edeweri» diýýär.

Şu çaka çenli atasynyň läligi bolup, märekede bälçik hem şahandaz hasaplanýan Amanaly soňky günlerde atasyna iňkisli we tükeniksiz gamly ýagdaýda görnüp başlaýar. Bu gyz bilen bagly wakalary we onuň öz jigisidigini atasyna jikme-jik aýtmagyň we onuň günäsini bagyşlamagyny haýyş etmegiň tärini tapman köp heläk bolýar.

Bir gün, gijara kakasy bilen agşamlyk naharyny iýmäge başlaýarlar. Nahardan soň dynç alyp otyrkalar, atasy Amanala:

— Oglum! Bu günler saňa näme bolýar? Asla sen birküç gün bäri näme üçin beýle tukat, gamgyn görünýärsiň. Ýa-da senem ataň ýaly bir gyzyň yşgyna düşdüňmi? Hany, syryňy we maksadyňy aýt! — diýýär. Soňra bolsa:

— Besdir gezibildiň, indi men seniň islegiňe bakman öýerjek — diýýär.

Onda Amanaly onuň özüne:

— Ýaşyň kyrkdan geçensoň, haýsydyr bir gyzyň yşgyna düşmek aýypdyr kaka. Aýybam däl, masgaraçylykdyr. Beýle zady il halamaz — diýýär.

Ekinine daş oklanan patyşanyň gahary gelip ýüzi üýtgäp gidýär. Ol ogluna:

— Ol zatlar bilen seniň işiň bolmasyn. Burnuňy sokmasyz ýere soksaň halanmarsyň — diýýär. Öňem atasynyň bolup ýörşünden kineli, köpden bäri içine salyp aýdyp bilmän ýören Amanaly wagty geldi hasap edip, içini dökýär:

— Sen maňa tukatlygyň syryny aýt diýýärsiň. Sen mende syr bardygyny näbilýärsiň? — diýýär. Patyşa:

— Görüp ýörün, seniň içiňde tükeniksiz pikir bar we sen ony menden gizlejek bolýarsyň. Eger şol pikiriň gowy pikir bolmasa-da aýt, içiňde kitüw galmasyn. Meniň seni öldürip ýa ýitirmejegim özüňe mälim — diýýär.

— Günämi geçseň we öldürip, ýitirmeseň aýdaýyn. Elbetde, men sebäpli sen il içinde dili gysga, Taňrynyň ýanynda ýüzi gara-ha bolmarsyň, onda-da senden gizlin syrym ýogam däl — diýip, Amanaly atasynyň ýüzüniň üýtgeýänini ýa üýtgemeýänini biljek bolup, onuň ýüzüne käýarym seredip, maksadyna ýakynlaşýar we sözüni dowam etdirýär.

— Seniň aşyk bolup aljak bolýan gyzyň, seniň öz gyzyň, meniň öz gyz jigim. Men doganjygymy ýitirip, ýok etmäge dözmedim. Şu çaka çenli bir garry aýala idetdirip ýörün — diýip, hemmesini jikme-jik aýdýar. Onda patyşa dergazap bolup, böküp ýerinden turýar-da:

— Anha, jigiň, ynha-da, özüň. Gümüňizi çekiň. Mundan beýläk meniň gözüme görünmäň! Görünseňiz ganyňyzy gotura derman ederin! Özi hem şu günden gijä galman şäherden çykyň. Asla meniň ýurdumda säginmäň! — diýýär-de, wezirleriniň birisini çagyryp:

— Amanalyny jigisi bilen şu günüň özünde şäherden çykaryp goýberiň — diýip buýurýar.

Amanaly hem patyşanyň soňky edip biljek süteminden hem heläkçiliginden özüni we jigisini goramak üçin edil şol günüň özünde ok-ýaý we ýarag hem hor-zar bolmaz ýaly gerek-ýarak zatlaryny alyp, gyz jigisine erkek oglanyň geýimini geýdirip, ikisi tirkeşip şäherden çykyp gidýärler. Az ýöräp, köp ýöräp atasynyň häkimlik edýän topragyndan çykýarlar-da, birnäçe wagtdan soň, eýlesi-beýlesi görünmeýän sümme tokaýyň çetinden barýarlar. Bu ýerlere hiç wagt diýen ýaly adam aýagy düşmändir. Bu tokaýda ägirt we eýmenç ýyrtyjylaryň ýaşaýan bolmaklary ahmal.

Iki dogan özlerini ýyrtyjy haýwanlardan goramak üçin iň ýogyn, uzyn hem kän şahaly agajyň depesine çykyp, agajyň birnäçe iri şahalaryny döwüşdirip we beýlekileriniň üstüne

ýerleşdirip özlerine mesgen edinýärler. Tokaýa ilki gelen günleriniň özünde tilkiler peýda bolýar. Olar heniz görmedik jandarlaryny al-asmanda görüp, geň galyşyp seredişip gidýärler.

Ertir ir bilen Amanaly ok-ýaýy bilen sülgün urup gelýär-de, ony bişirip, ertire çenli owkat edýärler.

Amanaly her gün aw awlap başlaýar. Soňabaka her gün agşam bularyň ýanyna tilki, şagal, aýy, maýmyn ýaly her tüýsli jandarlar gelip başlaýarlar. Bular Amanalyny hem onuň gyz jigisini agajyň üstünden öz ýanlaryna düşürjek bolup, her tüýsli oýun edýärler. Towsaklaşýarlar we agaja dyrmaşan bolýarlar. Maýmynlar Amanaly dagynyň bäri ýanyna ýetip gaýdýarlar. Olar ol şahadan beýleki şaha bökýärler we guýruklarynyň ujuny şaha çyrmap, özlerini başaşak goýberip, her tüýsli oýun edýärler. Emma Amanaly olaryň maksatlaryna düşünmän, olaryň ýanyna düşmeýär. Ahyrda hem haýwanlaryň özleri ýadap pytraýarlar.

Aradan birnäçe gün geçenden soň maýmynlar bilen bir goly ýok, endam-janyny uzyn tüý basyp giden bir adam hem gelýär. Maýmynlar bu sapar hem öňküleri ýaly her tüýsli oýun edýärler, basalaşýarlar we jykyrdaşyp gülüşýärler. Ol adam hem maýmynlaryň birisi ýaly bolup gidipdir. Onuň üçin hem olaryň her tüýsli oýunlaryna gatnaşýar. Olar birnäçe wagt oýnanlaryndan soň hälki tüýlek adam Amanalynyň münüp oturan agajynyň düýbüne gelip we ýüzüni ýokary tutup, gara-çynyny edip, gygyryp gepleýär welin, Amanaly onuň sözleriniň birjigine hem düşünmeýär. Bu ýagdaý her gün üznüksiz dowam edýär.

Ahyr bir gün hälki golsuz adamyň gatnaşmagy bilen aýylar we maýmynlar üýşüp, bu ýerdäki agaçlaryň bir entegini soguryp we döwüşdirip üsti-üstesine münderläp goýýarlar. Tüýlek adamyň ýolbaşçylygynda derrew gumuny daşa zyňyp, dört burç garym edýärler. Edil şol wagtyň özünde hem Amanaly

awdan gaýdyp gelýär we bularyň edişdirip ýören işlerini görüp, pikirlenip durýar. Işleşip ýören jandarlaryň hem hemmesi işlemeklerini goýup: «Bu näme diýýärkä?» diýen ýaly aňkaryşyp durýarlar. Hälki golsuz adam bolsa düşnüksiz gepläp, Amanaly üçin gyş ýaşar ýaly jaý etjek bolýandyklaryny bildirýär. Amanaly hem öz ýanyndan: «Bular maňa rehimdarlyk edýärler. Onuň üçin meniň hem bularyň edýän işine gatnaşmagym gerek» diýýär-de, ok-ýaýyndan beýleki zatlaryny öz ýaşaýan agajynyň düýbünde goýýar. Ol ullakan gamasy bilen agaçlaryň artykmaç şahalaryny kesişdirýär. Agaçlaryň käbirini iki kesýär, käbirini lokgalygyna hälki gazylan garymyň içine hatarlaýyn goýup başlaýar. Agaçlary aýy we maýmynlar getirip berýärler we bir golsuz adam bilen Amanaly ussaçylyk edýärler.

Şonluk bilen, salynjak jaýyň diwarlaryny derrew iki gatbar galyňlykda ýogyn agaçlary sowuk geçmez ýaly biri-birine pugta sepläp berkidýärler hem garymyň astyny hem agaçlary bir-biriniň üstüne iki gat goýup, hiç wagtda çyg, ygal geçmez ýaly pugta jebisleýärler. Gabsasyny bolsa, Amanalynyň özi möjekler gidenlerinden soň, oňat bejerlip tekizlenen galyň agaçlardan gaty mäkäm kebşirläp ýasaýar.

Garym şeýle mäkäm edilip taýýarlanandan soň, Amanaly dogany bilen agajyň üstünden bu jaýyň içine göçüp gelýär. Bularyň bu jaýa göçüp gelen günlerinden soň, hälki bir goly ýok adamynyň bular bilen dostlugy barha güýçlenýär. Bularyň şeýle ýagdaýda ýaşamaklary ep-esli wagta çekýär.

Günlerde bir gün tüýlek golsuz adam haýwanlaryň kömegi bilen Amanalynyň garymynyň edil gapdalyndan ýene bir garym salyp başlaýar. Amanaly onuň özüniňem bu ýerde ýaşajak bolýandygyny çaklap bilýär.

Bir gün ol adam paty-putusyny alyp bu garyma göçüp gelýär. Onuň ýanynda bolsa şeýle bir owadan, hoşsurat gyz bar

welin, Amanaly bilen jigisi haýran galmakdan ýaňa oňa aňkarşyp durýarlar. Iki doganyň ikisiniň kellesine-de şol bir pikir gelýär: «Doganymyka ýa gelni?».

Gyz Amanaly dagyny uzak pikirlenmäge goýmaýar. Ol ýalkym salyp, assa basyp, ýuwaşja ýöräp bularyň ýanyna gelýär. Gelýär-de ilki bilen Amanalynyň gyz jigisi bilen görüşýär. Soň bolsa utanjyrap, onuň özüne salam berýär.

Amanalynyň jigisi adam aýagy sekmedik sümme tokaýyň içinde özüne jora tapynanyna begenip uçaýjak bolýar. Golsuz adam bulara bir zatlar, bir zatlar diýýär. Elini salgaşdyrýar. Emma duranlaryň gyzdan özgesi oňa düşünmeýär.

Gyz:

— Men gitjek, ýene aýlanaryn — diýýär. Meni bolsa size tabşyrýar, horlamaň — diýýär. Size duşanyna begenýänini aýdýar — diýýär.

Görüp otursalar, bu gyz bir garybyň gyzy eken. Ol zulum görüp, obalaryndan gaçyp gaýdyp, şu sümme tokaýa düşüpdir. Ol ilki bu tüýlek adama duşup, ondan haýwanlardan hem beter gorkan eken. Soň ýuwaş-ýuwaş öwrenişipdir. «Şu bolmasa men aç öljek ekenim» diýip, gyz gürrüň berýär. Owadan gyz gaty alçak eken. Ýöne ol Amanalydan gaty utanansoň, Amanaly golsuzyň salan garymynda galyp, gyzlary beýleki garymda goýýar eken.

Şeýlelikde, aradan ençeme wagt geçipdir. Günlerde bir gün Amanalynyň ejesi beýleki doganlary bilen bilelikde ýiten çagalaryny yzarlap gelipdir. Olar bulary ölümiň öýünde tapandyklaryny aýdyp beripdirler. Gelibem, Amanalyny aşa begendirip, yzlaryna gaýtmandyrlar.

Soňabaka bu sümme tokaý şähere öwrülip, bu ýerik köp adam göçüp gelipdir diýýärler. Göçüp gelenleriň arasynda

Amanaly öz hossarlaryny görüp, gaty begenipdir. Olara ýerleşmäge kömek edipdir.

Ýalňyz oglundan, söýgüli aýalyndan, çagalaryndan jyda düşen, raýatlarynyň arasynda-da abraýdan gaçan şa «gam-gussadan däliräpdir» diýýärler.

Amanalynyň golaýyna, sümme tokaýa göçüp gelen adamlar aw awlap baýapdyrlar. Agaçlaryň selçeňräk ýerlerinden ýeri tekizläp, ekin ekip başlapdyrlar.

Şol ýurduň şikara çykan şazadasy Amanalynyň aý ýaly gyz jigisini görüp, oňa aşyk bolupdyr. Hossarlaryny Amanalylara gudaçylyga iberipdir we guda bolupdyrlar.

Şazada Amanalynyň aýdan görkli jigisine öýlenip, soň Amanala köp ýardam beripdir. Oňa köşk ýaly jaý salmaga kömek edenmiş.

«Amanaly şol jaýda golsuzyň yzyna düşürip getiren gyzyna öýlenip, maksat-myradyna ýetip, bagtyýar ýaşapdyr» diýip, ertekiçiler gürrüň berýärler.

## PATYŞA WE ÜÇ ADAM[1]

Gadym zamanda bir uly patyşa bar eken. Bu patyşa: «Dünýäde menden adyl, menden sahy patyşa barmyka? Raýatymyň içinde menden närazy barmyka, raýatym meni nähili görýärkä? Bolsa-da dünýäde menden adyl patyşa ýokdur-la» diýip pikirlenip, özüniň adyl we sahylygy bilen öwner eken. Şony biljek bolup, ol her wagt gijelerine başga bir eşige girip, özüni tanatman, il arasynda gezýän eken.

Günlerde bir gün agşam gezim edip ýörşüne, il ýatyp, it uklan wagty, bu patyşa bir öýüň üstünden baryp, adam hümmürdisini eşidip, öýüň daşyndan diňlese, üç sany adam özi hakynda gürrüň edişip oturan eken. Patyşa bularyň gürrüňini diňlemäge duran. Bu öýde oturanlar üç sany ýigit bolup, bularyň birine Aman, ýene birine Şagurban, beýlekisiniň adyna hem Ýolaman diýer ekenler. Bu üç ýigidiň her haýsynyň ýüreginde bir arzuwy bolup, patyşanyň diňläp duranyndan bihabar, öz aralarynda gürrüňe başlanlar. Birinji Aman söze başlap:

— Biziň patyşamyz adyl we sahy diýýärler welin, ol beýle däldir, eger şeýle bolsa, eýsem patyşa maňa özüniň söýgüli gyzyny berermikä? Şony edäýse, men onuň sahylygyny bilerdim — diýen.

Onda Şagurban:

---

[1] Türkmenbaşy adyndaky Türkmenistan Milli golýazmalar institutynyň golýazmalar hazynasy. 951$^{f}$-nji bukja. Toplanlar: N.Kürräýew, A.Taýymow, 1960.

— Patyşa sahy bolýan bolsa, maňa bir horjun gyzyl-kümüş bilen eýerli, uýanly, esbaby bilen özüniň münýän atynyberermikä? Eger şony etse, men onuň sahylygyna ynanardym — diýen.

Onda Ýolaman:

— Men atamdan: «Dünýä ýüzünde iň lezzetli zat öz zähmetiň bilen tapylan tagamdyr» diýip, gaty köp eşidipdim. Onuň üçinem men adama ýalbaryp, boýun burjak däl, her bir zady özüm gazanjak, galan kişiniň baýlygy maňa gerek däl — diýen.

Patyşa bu üç dostuň sözüni jikme-jikligi bilen eşidip, öýüne gaýdan. Ertesi turup, wezirini çagyryp:

— Bar, git-de pylan ýerde üç sany adam bar. Şol adamlary tiz alyp gel — diýip buýruk beren.

Wezir hem patyşanyň buýrugyny ýerine ýetirip, baryp şol üç adamy tapyp alyp gelen. Patyşa ol adamlary ýanyna çagyryp:

— Hany, aýdyň, göreýin, öten agşam otyrkaňyz eden gürrüňleriňiz nämedi? — diýip soran.

Bu üç adam geňirgenip, biri-birleriniň ýüzlerine seredişip: «Patyşa biziň gürrüňlerimizi eşiden bolara çemeli, näme-de bolsa, indi gizlemän, bolşy-bolşy ýaly aýtmaly bolar» diýip, her haýsy öz ýanyndan pikir edipdir. Aman:

— Patyşamyz, men «Patyşamyz sahy bolsa, özüniň söýgüli gyzyny maňa berermikä?» diýip aýtdym — diýip, boýnuna alan.

Şagurban:

— Men hem «Patyşamyz sahy bolsa, maňa bir horjun gyzyl-kümüş bilen özüniň münýän atyny berermikä? — diýip aýtdym diýen.

Ýolaman:

— Men «Hiç kese boýun burman, kişi baýlygy maňa gerek däl, her bir zady öz zähmetim bilen taparyn» diýip aýtdym — diýen.

Mundan soň patyşa öz söýgüli gyzyny diläne berip, pul we at diläne-de dilän zadyny berip, Ýolamana bolsa hiç zat bermän, ony çykaryp kowmaga buýruk beren.

Ýolamany çykaryp kowupdyrlar. Aman patyşanyň gyzy bilen, Şagurban özüniň aty we horjun doly gyzyl-kümşi bilen, bir-biriniň yzyndan şäherden çykyp, Ýolaman bilen hem tapyşyp, üçüsi ýola düşüp ugran. Bular pyýada uzak gün ýol ýöräp, ýadap, ahyry bir ýerde düşläpdirler. Şol wagt Aman:

— Indi bize baran ýerimizde iýmäge pul, münmäge at gerekdir, men şu Şagurbany öldüräýsem näderkä? — diýip, gyza geňeşen. Onda patyşanyň gyzy:

— Sen bu meselede maňa geňeşme, sen bir özüň ol adamyny öldürip bilmersiň, bar-da Ýolamandan kömek sora — diýen.

Bu gürrüňleri Şagurban eşiden, emma eşitse-de, eşitmedik bolup: «Bu meni öldürmäge gelse, men muny öňürti öldüreýin, şeýtsem gyzam özüm alaryn» diýip, derrew göwnüne geňeşen. Aman Ýolamanyň ýanyna baryp:

— Men Şagurbany öldürmekçi, sen maňa kömek et — diýende, Ýolaman ör-gökden gelip:

— Beýle hyýanatçylykly işlere men goşulman, oňa ýolam bermen — diýýär. Emma agşam ýatanlarynda Aman: «Hökman Şagurbany öldürerin» diýip ýatan. Şagurban bolsa öldüriljegini aňlap: «Men muny öňürti öldirin, gyz bolsa maňa galar» diýip, ýanyna «Pyçagyny goýup, ýalandan uklan bolup, taýýar bolup ýatan. Gijäň bir wagty Aman: «Indi uklan bolsa gerek» diýip, taýýar bolup ýatan Şagurbanyň üstüne ýaragyny çekip baran badyna ol hem pyçagyny uzadan, ikisi hem biri-birini pyçaklap, ikisi-de birden ölen.

Gyz öz içinden «Bular-a biri-birini öldürdiler, men munda ýalňyz galdym, eger-de şeýdip otursam, bir ötegçi bu gyzyllary, aty, meni olja edip alyp gider» diýýär we Ýolamanyň ýanyna baryp:

— Indi olar biri-birini öldürdi, pul, at, bolsa hemmesi meýdanda olja bolup galdy. Ikimiz birleşeli, zatlaram alyp gidibereli — diýen.

Onda Ýolaman:

— Ýok, maňa munuň ýaly olja gerek däl, maňa seniň ýaly aýalam gerek däl, men öz daban azabym bilen ýaşajak, şonuň ýalam aýal aljak, bulary kim alsa, şol alsyn — diýen.

Onda gyz:

— Ýok, ýalňyşýaň, bu zatlar olja däl, eýesiz galan zatlar. Sen almasaň bulara-da, maňa-da biri eýe çykar. Meň özümem birwagt gazanjymy iýip ýören pukaraň gyzydym. Patyşa meni gyzlyga alypdy. Özüňem bilýäň-ä, men Aman bilen nikalaşamok, ýaşamok, oňa wagtam bolmady. Meni ýalňyz goýup gitme — diýen.

Öňem Şagurbana kömege ýetişip bilmedigine gynanan Ýolaman, bu gyzyň sözüni kabul edip, ony, puly hem aty hemmesini özüne alyp, ýola rowana bolan. Şol baryşlaryna olar bir şähere baryp, şäherde bir döwletli adamyň öýüne myhman bolup düşýärler. Ol baýyň-da on ýaşly bir ogly bar eken, oglanjygyň reňki saralyp, gamak ýaly bolup galan eken. Ýaňky keselli ýaş oglanyň öňüne guzynyň etini bişirip, başbitin getirip, ýanynyň çöregi bilen goýýarlar welin, bu ýaş oglan zat goýman iýýär eken. Ýolaman bu ýagdaýy görüp haýran bolup:

— Eý, baý aga, bu nähili iş, bu göwresi ýumruk ýaly oglan bir guzynyň etini oturşyna iýip gutardy, ýene özem sary ýüplük ýaly saralyp galypdyr? — diýen.

Onda baý:

— Eý, myhman, bu meniň ýekeje perzendim, meniň şundan başga çagam ýok. Oglumyň şu kesele duçar bolanyna indi ýedi ýyl boldy, şol bir bolşy. Men ýer ýüzünde bir tebip bolsa, çagyryp, bu oglana seretdirdim. Tebipleriň etmedik emleri galmady, emma hiç biri çäre tapyp bilmedi. Men baýlygymyň ýaryny tebiplere harç edip gutardym. Şu ýalňyz oglumy şu dertden gutaran bolsa, men şol adama döwletimiň baryny, iň ahyrky bölejik çöregime çenli bermäge taýýar. Goý, men ýurtda ýalaňaç galaýyn, oglum gutulsa razy — diýen.

Ýolaman bu garry gojanyň bolşuna onuň kesel ogluna gynanan we näme etjegini bilmän, köp pikire çümen.

Oglanyň öz başyna bir jaýy bolup, hemişe her gün agşam onuň ýanynda bir adam oturyp, tä uklaýança, onuň ýüregini gysdyrmajak bolup, oňa süýji-süýji gürrüňler edip berip ukladýan ekenler. Ýolaman bularyň bu adatyndan habardar bolandan soň, şu gije oglanyň ýanynda gürrüň berip oturmagy öz boýnuna alyp, agşam oňa gyzykly gürrüňler berip başlan. Oglan bolsa myhmanyň gürrüňinden hoşal bolup, ahyry berk uka gidip, agzyny hem açyp ýatan.

Ýolaman oglan uka gidenden soň hem öýden çykman, oturyp gapdalynda kellesini ýassyga goýup, pikir edip, oýalyukuly ýatan. Edil şol wagt ýatan oglanyň agzyndan bir ak ýylan çykyp, öýüň içini bir sapar aýlanyp, kündüge boýnuny uzadyp, itiň içişi ýaly şalkyldadyp suw içen. Jaýyň düýbünde bir jaýryk bar eken, şol wagt ol jaýrykdan hem bir gara ýylan çykyp, öýüň içine aýlanmaga duran. Ýolaman ýatan ýerinde bulary synlap ýatan. Birden bu iki ýylan bir zadyň üstünde gaharlanyşyp, gaty tersleşipdirler. Gara ýylan çişip:

— Seni edäýmelisi belli-le. Oglany bir günläp, aç goýup, üstünden ýedi ýyl aşan çakyry içirsem nädersiň, her tikäň gulagyň ýaly bolaýsa — diýen.

Onda ak ýylan:

— Seniňem edäýmeliň belli-le, çykan jaýrygyň agzyny giňeldäge-de üstünden ýedi ýyl aşan çüýrük samany eňterip ot bersem, tüssä çydaman, nädersiň janyň takga çykaýsa. Ata-babaňdan galan ýedi küýze hazynaň, tylla doly humuň maňa galardy — diýip, dişlerini gyjap hemle uran.

Şundan soň, birnäçe wagtlap aýlanyşyp, ak ýylan oglanyň agzyna giren, gara ýylan hem jaýryga girip giden. Bu gürrüňleri eşiden Ýolaman ertir turup:

— Baý aga, şu ogluňyza bizem bir em edip görsek näderkä? — diýen.

Onda baý:

— Bolýar, myhman, emma şu oglany bejerjek kän adamlar synanyp, başaryp bilen däldirler, synansaň, senem synanyp gör — diýen.

— Nähili-de bolsa bir synanyp göreli, bagtymyz getirlip, belki, gutulaýady-da, heý, üstünden ýedi ýyl geçen çakyr tapylarmyka — diýip, ýigit baýa ýüzlenen:

Onda baý:

— Wah, diýen zadyňy tapyp bereli — diýip, bütin obany gözledip, üstünden ýedi ýyl geçen çakyry tapyp getiripdirler.

Ýolaman oglany bir günläp gykylygyna bakman aç goýup soň bir jam çakyr beripdir welin, oglan çişip başlapdyr, yzysüre ýene bir jam beripdir. Üç jamy yzly-yzyna içiripdir. Oglan ýel berlen ýanlyk ýaly çişipdir. Daşyndaky oturanlar gyssanypdyrlar. Ýolaman hem oglan ýarylar öýdüp gorkup başlan:

Baý:

— Myhman, sen gaýta biziň oglumyzy ýaryp öldürjek — diýip gyssanypdyr. Şol barmana, oglan birden gaýtaryp başlapdyr. Oglanyň içindäki ýylan ýarylyp, her tikesi gulagy ýaly bolup, burnundan, agzyndan çykyp saplanypdyr. Oglan ol gije özüni bilmän, rahat ýatypdyr. Öň aýak üstüne galyp bilmeýän oglan, ertesi ir bilen turup, daşaryk çykypdyr. Şunuň bilen og-

lan daýanyp, ýüzi durlanyp başlap, sanly günüň içinde sag adam bolupdyr.

Baý:

— Myhman, dünýäde näme isleseň aýt, eger meniň bagtymy, bar döwletimi isleseňem seniňki bolsun — diýipdir.

Onda Ýolaman:

— Bagtyň, döwletiň özüňki bolsun, onuň maňa geregi ýok, ýöne ýaşamak üçin siz maňa şu jaýy beräýseňiz diýip, nähoş oglanyň ýatan jaýyny soran.

Baý çaksyz begenip, bu jaýy Ýolamana ýaşamak üçin «Senem bir oglum» diýip beren. Ýolaman jaýy bejermek, suwamak bahanasy bilen üstünden ýedi ýyl geçen çüýrük saman getirip, ol jaýrygyň agzyny gazyp, giňeldip çüýrük samany döküp, otlap tüsse beren. Bir gije geçenden soň ertesi baryp, jaýrygyň agzyndaky külleri agtaryp görse, gara ýylan ölüp ýatan eken. Ýolaman bu jaýrygy aşak gazyp, içinden ýedi hum tylla hazynany çykaryp, öýüniň bir dulunda ýygşyran.

Şeýlelik bilen, Ýolaman tükenmez hazynanyň eýesi bolup, ýetim oglanlara, dul hatynlara we gaýry işlemäge güýji ýetmeýän maýyp-müjrüplere paýlap, kömek edip başlan. Ýolaman sahy adyny göteren.

Indi habary kimden al, şol Ýolamany kowan patyşadan al. Günlerde bir gün bu patyşa: «Pylan ýerde bir adam barmyş, sahylykda onuň deňi-taýy ýokmuş» diýen habary eşidip, «Şol adamyny bir göreýin» diýip, salgysyny alyp ýola düşen. Ol ýol boýy öňünden çykan adamdan: «Şeýle bir sahy adam barmyş, şonuň öýi nirede?» diýip, soraşa-soraşa gelen.

Soraşan adamlarynyň hemmesi bu sahy adamyny tanansoňlar, patyşa emgenmän Ýolamanyň öýüne gelip ýetişipdir. Ýolaman patyşany hormatlap, myhman alyp, onuň üçin ýagşy tagam häzirlemegi aýalyna buýrupdyr. Tagamlar tiz wagtda häzir bolup, patyşanyň öňüne nahar çekilipdir. Patyşa nahar iýmäge

başlapdyr. Bu naharlary patyşanyň birwagt bir ýigide berip goýberen gyzlygy bişirýär eken. Ol gyzlygy gidensoň, şeýle nahar patyşanyň dişine degmändir. Bu süýji tagama haýran bolup, geň galan patyşa girip-çykyp ýören aýala baka ýiti-ýiti sereden. Görse, bu özüniň şol ozalky gyzlygy. Patyşa haýran galyp:

— Bu aýal saňa nähili düşdi? — diýip, soraşyp başlan.

Ýolaman gülümsiräp:

— Eý, meniň beýik patyşahym, men şol seniň kowup goýberen adamyňdyryn — diýip, başyndan geçenleri boýdan-başa gürrüň beren.

Patyşa bu gürrüňlerden soň, sesini-üýnüni çykarman, öýüne gaýdyp baryp wezirlerine:

— Meniň ýanyma adam goýbermäň — diýip buýrup, üç günläp ýerinden galman pikir eden. Ahyry patyşa öz-özüne:

— Meniň raýatymyň içinde şeýle adam köp bolsun — diýipdir.

## ISGENDER PATYŞA[1]

Bir bar eken, bir ýok eken, gadym zamanlarda Darap diýen bir patyşa bar eken. Bu patyşanyň golastynda başga-da birnäçe patyşa bar eken.

Darap patyşanyň golgaramagynda Pilkus diýen bir patyşa bar eken. Onuň bir gyzyndan başga hiç bir zürýady ýok eken. Bu gyzyň jemalyndan garaňky jaýlar yşyklanarmyşyn. Ol şeýle bir owadan eken. Aý diýseň, agzy bar, gün diýseň, gözi bar eken. Akyl-huşda-da onuň deňi-taýy bolmandyr.

Günlerde bir gün Darap patyşa Pilkus patyşanyň şeýle owadan, akylly gyzynyň bardygyny eşidip: «Eý, Pilkus patyşa, sen öz gyzyňy maňa gelinlige ber» diýip, hat ýazyp, möhrüni basyp, ýörite sawçy iberenmiş. Pilkus patyşa bu haty alyp, gyzy bilen okap, köp hapa bolupdyr. Bu patyşa näme etjegini bilmän, ahyry nalaç bolup, gyzyny birnäçe kenizi bilen Darap patyşa iberen. Darap patyşa bu gyzy nikalap, kyrk gije-gündiz toý berip, özüne aýal edinen.

Gün geçýär, aý geçýär, bu gyz patyşalyk işlerde Darap patyşa hem akyl öwreden. Soňabaka Darap patyşa özüniň wezirlerinden hiç zat soraman, hemme zady şu aýalyndan sorap, şonuň beren akyly bilen iş eder eken. Bu zatlary Darap patyşanyň wezirleri halaman, öz aralarynda maslahat geçirip, Darap

[1] Türkmenbaşy adyndaky Türkmenistan Milli golýazmalar institutynyň golýazmalar hazynasy. 951$^{f}$-nji bukja. Toplanlar: N.Kürräýew, A.Taýymow, 1960.

patyşanyň bu aýalyny ýok etmegiň kastyna düşüpdirler. Olar patyşanyň ýanyna baryp:

— Eý, patyşamyz, Pilkus patyşa seni aldady, ol saňa öz gyzyny ibermän, ýöne gyzynyň akylly kenizleriniň birini iberdi — diýip ýamanlapdyrlar.

Darap patyşa wezirleriniň bu sözlerine gulak gabardyp, özüniň bu aýalyny kowup goýberen. Pilkus patyşanyň gyzy Darap patyşadan göwreli bolup, çagasynyň boljak wagty ýakynlanda birnäçe gymmat bahaly lagly-jowahyr daşlardan alyp, özüniň atasy Pilkus patyşanyň ýurduna ugran. Ol az ýöräp, köp ýöräp, bir näçe menzil ýol geçip, öz atasynyň ýurduna golaýlaşanda, wagty ýetip, mundan bir ogul bolan. Ol ýurduň däp-dessuryna görä, eli çagaly atasy öýüne barmak gaty utanç hasaplanar eken. Pilkus patyşanyň gyzy hem nalaç bolup, ogluny taşlap gitmegi ýüregine düwýär. Ol ogluny goltugyna alyp, bir haraba tama baryp, şonuň içinde goýýar-da: «Kim şu çaganyň üstünden gelse, şuny idetmäge harjy bolsun» diýip, özi bilen getiren lagly-jowahyrlaryň hemmesini şunuň ýanynda goýýar. Bu aýal özüniň perzendinden aýrylyp bilmän, tama bir girip, bir çykyp duranmyşyn. Ahyry gözüni ýumup, dişini berk gysyp, bagry girýan bolup, çagasyny taşlap giden.

Pilkus patyşanyň gyzy özüniň çagasyny taşlap giden badyna bu çaganyň ýanyna bir ullakan aždarha gelip, bu çagany saklamaga başlaýar. Ertesi bir çopan şu haraba tamyň ýanyna obanyň çekene goýun-geçisini bakmaga sürýär. Çopan her gün çekene sürüsini oba getirip, eýeli-eýesine tabşyrýar eken. Bu sapar bolsa, çopanyň ýanyna bir garryja mama gelip:

— Çopan, meniň dünýäde ýekeje çallyk geçim bar. Meniň başga ne oglum, ne-de gyzym bar. Men şujagaz geçimiň süýdi bilen mydar edýärin. Sen bolsaň menden hem gözi gara bolara çemeliň, şujagaz ýekeje geçimiň süýdüni hem sagyp içipsiň.

Ýaňja sagjak bolsam, geçimiň emjeginde bir damja hem süýt ýok — diýip, garryja mama çopana gatyrganypdyr.

Çopan:

— Ýok, mama jan, men seniň geçiňi sagamok, men seniň geçiň süýdüni näme edeýin, maňa süýt gerek bolsa, başga kän geçililerem bar ahyry, olaryňkyny sagardym-da — diýen.

Garry:

— Ýok, hanym, sen meniň geçimi sagypsyň — diýip, galmagal baryny edip gidipdir.

Çopan geçisini ýene-de şol düýnki örüsine sürüp: «Näme üçin bu garry mama maňa beýle diýýär. Munuň geçisine näme bolýarka?» diýip, ol ünjä gidip, garry mamanyň geçisine aýratyn gözegçilik edip başlapdyr. Birden sürä siňe seretse, häki garrynyň geçisi sürüden çykyp, dogry şol ýykyk tama garşy gidiberipdir. Çopan hem munuň yzyndan garama-gara ugrapdyr. Baryp seretse, tamyň agzynda bir ýylanyň guýrugy çykyp ýatan eken. Onuň ýogynlygy edil ýüňli ganar ýaly eken. Çopan bu ýylany görüp, ör-gökden gelýär, huşy başyndan göçýär. Ol geçiden-de, garrydan-da bizar bolup, derrew sürüsini oba tarap dolanmyş welin, bir wagtdan soň, garrynyň geçisi hem sürüniň arasyna ylgap gelen. Çopan öz içinden: «Hop, ýagşy, garry bir zat diýäýse, ertir özüni şu ýykyk tama ugradaryn» diýipdir.

Çopan sürüsini agşam oba sürüp barypdyr-da, her kimiň öz goýun-geçisini öýüne baka kowup goýberipdir. Garryja mama ýene-de geçisiniň ýelnini elläp görse, bir damdygam süýt ýok eken. Mama:

— Toba, estagpyralla, bu çopanyň päli azypdyr, häzir baryp, seniň bir sakgalyňy ütüm-ütüm edeýin — diýip, çopanyň ýanyna ugrapdyr. Onuň ýanyna gelip:

— Ýeri, çopan, sen indi menden başga işiňi gutardyňmy? Sen menden başga özüňe oýnara adam tapmadyňmy? — diýip gatyrganan.

Çopan:

— Mama jan, seniň geçiň bilen meniň işim ýok, men seniň geçiň süýdüne zar hem däl. Ertir ýör meniň bilen, özüň barlada göräý, seniň geçiň ertir hem süýdi bolmaz, men oňa hiç zat edemok, belki, ol süýdüni çekjek bolýandyr — diýip, çopan garry mama hiç bir syr duýdurmandyr.

Mama bolsa:

— Bolýar, ertir seniň bilen özüm gitjek — diýýär.

Çopan ertir mallaryny kempiriň çatmasynyň üstünden sürüp barypdyr-da:

— Mama, hany geçiňi al-da, özüňem ýör — diýip gygyrýar.

Garry hem geçisini sürä goýberipdir-de, çopanyň yzyna düşüberipdir.

Çopan:

— Mama, gel, sen eşege münäý — diýip, mamany eşege mündürýär. Çopan goýunlaryny ýykyk tamyň bärsinde bir salym bakypdyr weli, hälki mamanyň geçisi sürüden çykyp, şol ýykyk tama baka ugraberipdir. Çopan:

— Mama, hol-ha geçiň gitdi. Onuň süýdüne näme bolýanyny bilmek isleseň, şonuň yzyna düşüber — diýen.

Mama-da garama-gara geçisiniň yzyna düşüberýär weli, ynha, birden ýykyk tamdan bir aždarha çykypdyr-da, öz ugruna baka gidiberipdir. Bu aždarha yzyny gözlemän, şol gidişine garasy ýitip gidipdir. Mama bolsa bu äpet aždarhany geň görüp, haýran bolupdyr-da, tama barypdyr. Ynha, görse, geçisi bir allanäme aý ýaly bäbegi emdirip duranmyş. Garryja mama muňa begenip:

— Waý, Hudaýym maňa perzent berdi! — diýip, çagany garbap, ýerden göterip, goltugyna alan, ýüz-gözlerini süpürip, başyndaky köneje akja gyňajyny alyp, şoňa dolanmyş.

Görse, çaganyň ýatan ýerinde ullakan düwünçek bar eken. Muny alyp seretse, içi gyzyl bilen lagly-jowahyrdan doly eken. Garryja mama çagany hem düwünçegi goltugyna gysyp:

— Hudaýym maňa döwlet berdi — diýip, çopanyň ýanyna baran. Çopan hem bu zatlara geň galypdyr. Mama hem oba gelip, bu çaga begenip, gymmatbaha daşlarynyň eslisini goňşygolamyna paýlapdyr. Ýaňky gyzyllardan harçlap, özüniň oglunу terbiýelemek üçin gowy jaý satyn alypdyr. Bu oglan mekdepde okapdyr. Ulalypdyr, on alty ýaşlaryna ýetipdir. Bir gün mamasyna:

— Ene, sen maňa bir at, birem gylyç hem-de ok-ýarag alyp ber — diýen.

Garry:

— Bolýar, oglum — diýip, muňa at, ok-ýarag alyp beripdir.

Bu oglan her gün şikara awa çykarmyş.

Günlerde bir gün ýaňky oglan meýdanda aw awlap ýörkä, birnäçe garakçy munuň ýanyna gelýär. Olar oglandan:

— Ýeri, oglan, sen bu ýerlerde näme işleýärsiň? — diýip soranlar. Onda bu oglan:

— Aý, başga-da bir edere iş bolmansoň, meýdanda aw edip ýörün — diýenmiş.

Garakçylar:

— Edere iş tapmaýan bolsaň, senem bize goşulaý, biz şu gidişimize Pilkus patyşanyň malyny talamaga barýarys. Senem ýör, biziň bilen gidäý — diýipdirler.

Oglan:

— Bolýar — diýip, bulara goşulyp gidiberýär.

Bular şol baryşlaryna Pilkus patyşanyň goýunlarynyň bir bölegini bölüp alýarlar. Çopanlar derrew bu ýagdaýy Pilkus patyşa habar berýärler. Bu işe Pilkus patyşanyň gahary gelip, bir bölek goşuny garakçylaryň yzyndan kowgy iberýär.

Bular näme, garakçylaryň yzyny alyp, derrew kowup ýeten. Goýun sürüp barýan garakçylar tiz ýöräp bilýärmi? Bular derrew garakçylaryň daşyny gabap tutupdyrlar-da, patyşanyň zyndanyna eltip salypdyrlar. Ertesi bulary patyşanyň ýanyna alyp barýarkalar, Pilkus patyşanyň gyzy bu garakçylaryň içinde häki oglany görüp, onuň depesinden gyzgyn suw goýberilen ýaly bolanmyş. Derrew onuň şol ýykyk tamda taşlap gaýdan ogly ýadyna düşüp, şol pursat göwsüne süýt inýär.

Bu gyz atasynyň ýanyna baryp:

— Eý, ata, meni Darap patyşa kowup goýberdi, ýolda meniň çagam boldy. Men ar-namys edip, utanyp, ol çagany seniň ýanyňa getirip bilmedim-de, ýolda bir ýykyk haraba tamda taşladym. Ynha, şu tutulan garakçylaryň içinde bir ýaş oglan bar weli, şony görüp, üstümden gyzgyn suw goýberilen ýaly boldy, göwsüme şol pursat süýt indi. Men onuň adyna hem Isgender dakypdym. Şondan bäri dogry on alty ýyl geçdi. Indi, ata, sen şu oglany çagyryp, şunuň anygyna ýet, şu meniň şol Isgender oglum bolaýmasyn. Şuny görüp, meniň endamymda galpyldy peýda boldy, asla men süňňümi tutup bilemok — diýipdir.

Pilkus patyşa:

— Bolýar, onuň näme kynçylygy bar. Seniň ogluň bolup çyksa, oňa ýetesi näme bar. Men ony haý diýmän sorap beräýerin — diýip, ýasawullarynyň birine garakçylaryň arasyndaky ýaş oglany çagyrdypdyr.

Patyşa:

— Ýeri, oglan, seniň ataň-eneň barmy? Olaryň ady näme — diýip soranmyş.

— Men atamyň, enemiň kimdigini bilemok, ýöne meniň bir garryja mamam bar, şol biler, eger meniň kimligimi, kimiň ogludygymy bilesiňiz gelýän bolsa, onda şol garryny çagyryp, şondan sorap göräýiň — diýen.

Patyşanyň gyzy bu oglan «Atamyň, enemiň kimdigini bilemok» diýensoň «Şu oglan hökman meniň oglumdyr» diýip gaty begenen. Patyşa bu oglandan garry mamasynyň salgysyny alyp, oňa bir ýasawulyny iberen. Ýasawul kempiri alyp gelen. Patyşa garry mama bilen saglyk-amanlyk soraşyp, onuň bilen biraz gürrüňleşenden soň patyşa:

— Eý, mama, bu oglan hut öz ogluňmy? — diýip soran.

Mama:

— Hawa, bu oglan meniň oglum — diýen.

Patyşa:

— Şu oglan seniň özüňden önenmi? — diýen.

Mama:

— Eý, patyşahym, bu oglany men özüm dogurmadym. On alty ýyl mundan ozal, men bu oglany bir ýykyk tamyň içinden tapdym — diýip, hemme bolan wakalary bir-bir aýdýar. Garry mama çopan bilen öz arasynda bolan dawa çenli patyşa gürrüň edip berýär. Patyşanyň gyzy:

— Mama, bu meniň oglum — diýip, ýerinden tarsa turýarda, ogluny bagryna basýar. Onuň ýüz-gözünden ogşaýar. Soňra bolsa:

— Eý, mama jan, saklanyňa, terbiýeläniňe Taňry ýalkasyn. «Tapan begener, tanan alar» diýipdirler, bu oglan meniň oglum, on alty ýyl mundan ozal şol tamda muny men taşladym, ýanynda bolsa, kim şu oglanyň üstünden gelse, oňa sowmaga, meniň çagamy terbiýelemäge harajat bolsun diýip, şonça zat, birnäçe gyzyl, lagly-jowahyr goýupdym. Indi, mama jan, oglan meniňki, sen bolsa isleseň bizde bol. Islemeseň, öz öýüňde otur. Biz saňa hemişe kömek edip durarys, hiç zatdan hor etmeris — diýen.

Garry:

— Bolýar, gyzym, oglan seniňki bolsa, alaý. Menem siziň ýanyňyza göçüp gelerin. Men hem bu oglany on alty ýyl terbi-

ýeledim. Mundan aýrylyp, hiç bir mydar edip bilmerin — diýipdir.

Şundan soň garryny hem öz ýanlaryna göçürip getiripdirler. Isgender bolsa öz ünüň hakyky enesine duşup, saglykda ýaşaberipdir.

Günlerde bir gün Pilkus patyşa ölýär. Halk ony abraý bilen jaýlap, soňra uly toý-tomaşa tutup, Pilkus patyşanyň tagtyna Isgenderi patyşa göteripdirler. Isgender patyşa garyp-gasarlara köp kömekler edip, adyl patyşa bolanmyşyn.

Günlerde bir gün Darap patyşa hem ölüp, ýerine Dara diýen ogly patyşa saýlanypdyr. Ol özüniň hazynaçysyny çagyryp:

— Hany, depderleriňi meniň gözümden geçir. Haýsy patyşalarda paç-salgyt saklanýar — diýen.

Hazynaçy:

— Eý, patyşahym, Pilkus patyşa öldi, onuň ýerine agtygy Isgender patyşa bolupdyr. Ine, şonuň patyşalyk edýän ýurdy üç ýylky salgydyny berenok — diýen.

Onda Dara patyşa:

— Sen oňa derrew hat ýaz, eger-de paç-salgytlaryny tiz getirip bermese, ýurdunyň topragyny at torba bilen çekdirerin — diýipdir.

Şundan soň hazynaçy tamyna gelip: «Eý Isgender, patyşa bermeli paç-salgytlaryňyzy köp saklapsyňyz. Salgytlaryňyzy üç gün möhlet içinde hemme jerimeleri bilen meniň hazynama getirip tabşyrmasaň, ýurduň topragyny at torba bilen çekdirerin» diýip ýazypdyr-da, patyşanyň ýanyna baryp, möhürini basdyrypdyr. Üç-dört ýasawul bilen Isgender patyşa tarap ýollapdyr. Isgender patyşa Dara patyşanyň bu hatyny alyp, gaty gahary gelen, derrew galam, kagyz alyp, öz eli bilen: «Indi, ozalky gyzyl ýumurtga guzlaýan towuklar horaz boldy» diýip, gol çekip, möhrüni basyp, Dara patyşanyň ýasawullarynyň goluna beren. Özi hem olary ugradyp, derrew goşun jemläp, Dara pa-

tyşanyň üstüne ugranmyşyn. Bu hatdan soň Dara patyşanyň dek oturmajagyny Isgender patyşa duýan. Dara patyşa hem goşun jemläp ugranda, Isgender patyşa onuň ýurduna ýagşy girenmişin. Iki goşun bir-birine gylyç, naýza urup, ertirden agşama çenli uruş edipdirler. Ertesi Dara patyşa keselleýär welin, onuň goşuny ýan berip başlaýar.

Dara patyşanyň üç sany weziri:

— Indi, Dara patyşa ýeňiler, geliň, şuny öldürip, Isgender patyşa gowy görneliň — diýip, maslahat edýärler. Dara patyşa awy berýärler. Soňra bular Isgender patyşanyň ýanyna barýarlar. Onuň öňünde gol gowşuryp, salam berip:

— Eý, patyşahym, biz Dara patyşanyň wezirleri, biz oňa awy berdik, ol häzir ölendir ýa-da ölüm pillesinde ýatandyr. Siz şähere arkaýyn baryberiň — diýenler.

Isgender patyşa:

— Bu nähili özleriniň patyşasyna wepasyzlyk? — diýip, bu wezirleriň üçüsini hem zyndana taşladýar-da, özi at çapyp, Dara patyşanyň ýanyna baryp, onuň kellesini dyzynyň üstünde goýupdyr.

Ol hemme tebipleri-hekimleri çagyryp, däri-dermanlar etdiripdir. Emma hiç peýda etmändir. Birden Dara patyşa gözüni açypdyr. Isgender patyşa bilen tanşypdyr. Ikisi ene başga dogandyklaryny diňe şol wagt bilipdirler. Şondan soň Dara patyşa jan berýär. Dara patyşa awy beren üç wezire bolsa jeza berilýär. Olar öz niýetine görä, tapypdylar. Isgender patyşa bolsa tagtyna çykyp, asuda patyşalyk sürmäge başlaýar. Onuň adyllygy barada adamlar soň-soňlaram gürrüň eder ekenler.

## GOJANYŇ PENDI[1]

Bir bar eken, bir ýok eken, gadym zamanda bir patyşa bar eken. Ol patyşa aýal-erkek diýmän garry adam bolsa, çöle taşladar eken. Bu patyşanyň öz nökerlerinden biriniň garry atasy bar eken. Ol bir gün garry atasyny arkasyna alyp, çöle taşlamak üçin ugraýar. Barýarka, halys ýadap, bir azajyk dynç alaýyn diýip, depäniň üstünde oturýar. Şol wagt atasy loh-loh edip gülýär. Onda ogly:

— Ata, men seni çöle taşlamaga barýaryn. Sen bolsa gülýärsiň-le, bu näme boldugy? — diýen.

Atasy:

— Oglum, men hem bir wagtlar atamy çöle taşlamak üçin barýarkam, şu depäniň üstünde dynjymy alypdym. «Gülme goňşyňa, geler başyňa» diýenleri boldy. Sen hem edil meniň oturan ýerimde oturdyň. Men şuňa gülýärin, oglum — diýen.

Ogly:

— Ata, garramda meni hem çöle eltip taşlarlarmy? — diýip soran.

Atasy:

— Elbetde, oglum. Garraňda senem eltip, çöle taşlarlar — diýen.

[1] Türkmenbaşy adyndaky Türkmenistan Milli golýazmalar institutynyň golýazmalar hazynasy. 951$^{f}$-nji bukja. Toplanlar: N.Kürräýew, A.Taýymow. 1960.

— Eý, ata jan, beýle bolsa, men seni taşlajak däl — diýip, ýene-de atasyny alyp, öýüne gaýdan.

Ol atasyny öýüne getirip, bir sandygyň içine salyp, agzyny gulplap goýupdyr. Hiç adama görkezmän, adam ýok wagty sandykdan çykaryp, naharlap hem adam bar wagty hem sandyga salyp saklap ýörüpdir. Onsoň günlerde bir gün patyşa ähli atlylaryny ýygnap:

— Abyzemzem suwundan içmäge gitjek, hemmäňiz şoňa gitmäge şaýyňyzy tutuň — diýip tabşyrypdyr.

Bu oglan bolsa öýüne gelip, atasyny sandykdan çykaryp:

— Eý, ata jan, patyşamyz: «Abyzemzem suwundan içip geljek» diýip, ertir ugrajak bolýar — diýipdir. Onda atasy:

— Eý, oglum, men birnäçe zat öwredeýin, şony etseň, Abyzemzem suwuny taparsyň diýen.

Onda oglan:

— Eý, atam, men seni hem sandyga salyp, özüm bilen alyp gideýin diýipdir. Onda atasy:

— Bolýar, ýöne sen bir balyk, bir öküz, bäş-on gadak garpyz çigidini alyp, özüň bilen alyp git — diýen.

Ogly hem bu zatlaryň hemmesini taýýar edip, patyşa bilen ugrapdyr.

Birnäçe ýol ýöränlerinden soň atasy:

— Eý, oglum, pylan ýerde bir çöl bardyr, suw ýokdur. Şonda goşunyň suwy gutarar. Şol ýerde öküzi özbaşyna goýberip, yzyna düşüberiň. Öküz baryp bir ýere şahy bilen urar. Şol uran ýerini gazsaňyz, derrew suw çykar diýipdir. Patyşa ýolda oglana:

— Eý, nökerim, bu öküzi sen näme üçin getirdiň? — diýip sorapdyr. Onda ol oglan:

— Eý, patyşamyz. Ýolda azygymyz gutarsa, bu öküz gerek bolar — diýip aýdan.

Bular birnäçe gün ýol ýöränlerinden soň, şol atasynyň aýdan çölüne baryp ýetipdirler. Adamlar şol çölüň içinde suwsap, ölere ýakynlaşypdyrlar. Şol wagt oglan öküzi öz ugruna goýberipdir-de, yzyna düşüberipdir. Öküz-de bara-bara bir ýerde durup, ýeri şahy bilen dörüberipdir. Oglanam ýoldaşlary bilen şol ýeri gazmaga başlapdyr. Azajyk gazypdyrlar weli, suw gaýnap, çeşme ýaly akyp gidiberipdir. Bu gudraty görüp, patyşa ony depderinde belleýär. Bular munda suwdan ganyp demdynçlaryny alypdyrlar. Ugramakçy bolanlarynda atasy ogluna aýdypdyr:

— Indi, oglum, getiren çigidiňi şu suwa sepip goýber. Gaýdyp gelýänçäk, garpyz bolup ýetişer — diýipdir.

Ogly hem şonuň ýaly edipdir. Muny-da patyşa belläpdir. Bular az ýöräp, köp ýöräp bir ýere ýetip barýarkalar, oglanyň atasy:

— Oglum, şol baýaky balygyň barmy? Eger bar bolsa, kyrk çeşmä ynha bararys, onda düşeris. Şolaryň içinden bir çeşme abyzemzem suwudyr. Haýsy çeşme duş gelse, içer ýörerler weli, sen şol balygyňy her çeşmä baranyňda batyryp gör. Şol balyk abyzemzemiň çeşmesine düşende, janlanar-da, eliňden çykar gidiberer. Ana, şol abyzemzem çeşmesi. Ýat-da iç, küýzäňi dolduryp al-da, gaýdyber — diýipdir.

Bular ahyr şol çeşmelere baryp ýetýärler. Bu oglan hem şol balygy atasynyň aýdyşy ýaly edýär weli, balyk direlýär-de gidýär. Balygyň direlen çeşmesinden içýär. Beýlekilerem içýärler. Küýzesini-de dolduryp alýar. Şol ýerden yzyna öwrülýärler. Bular şol gelişlerine garpyz çigidini sepen ýerine gelýärler. Görseler, garpyzlar bişip, gyryň daşy ýaly bolup ýatyrmyş. Bu ýagdaýy hem patyşa görüp, haýran galyp, ony hem depderine belläpdir. Bu garpyzlardan göterip bilenlerini alyp, ýola düşüpdirler. Bular bir ýerlere baranda, dünýäniň ýüzüni duman gaplap, gaty garaňky bolupdyr. Şol wagt atasy:

— Oglum, şu wagt aýagyň aşagyňdaky daşdan ýokaryk zyň-da: «Alanam armanly, almadyk hem armanly» diýip gygyr. Soň bolsa göteribilen daşyňy alyp, düýäňe mün — diýipdir. Oglan hem şeýle edipdir. Özi hem göteribilen daşyny alyp, üç sanysyny düýä ýükläpdir. Onuň beýleki ýoldaşlary bolsa: «Bu oglan däliräpdir» diýip, oňa gülüpdirler. Patyşa muny hem eşidip, depderine ýazypdyr.

Şeýdip, bular sag-aman öýlerine gaýdyp barypdyrlar. Baranlaryndan soň, patyşa ol oglany ýanyna çagyryp, eden işlerini birme-bir sorapdyr.

Oglan:

— Eý, patyşahym, bir çemçe ganymy geçseňiz, aýdaýyn — diýipdir.

Patyşa:

— Her iş eden bolsaň-da geçdim — diýipdir. Onda ol oglan:

— Eý, patyşahym, men atamy çöle taşlamaga alyp gitdim. Ýöne ony eltip taşlamaga meniň gözüm gyýman, getirip, hiç kime görkezmän, sandykda sakladym. Soň bolsa siziň abyzemzem suwuna gidýäniňizi oňa aýdanymda, maňa ol:

— Bir öküz, iki put çigit, bir balyk al — diýdi. Men hem atamy sandyga salyp, özüm bilen alyp gitdim. Ine, şol işleri atamyň diýeni ýoly etdim, sebäbi ol bizi ölümden gutardy — diýipdir.

Onda patyşa:

— Şol garaňky gije näme üçin gygyrdyň? — diýipdir.

Onda oglan:

— Ine, meň şol garaňky gijede alan daşlarym diýip, üç sany daşy görkezen. Bularyň biri gyzyl, biri göwher, biri-de şamçyrag eken. Patyşa muňa haýran galyp, soň garry adamlary çöle taşlamagy gadagan edipmiş. Ol oglana bolsa öz ýalňyz gyzyny nikalap berip, ýedi gije-gündizläp toý-tomaşa tutupdyrlar.

## PATYŞA WE BETPÄL TÄJIRLER[1]

Bir bar eken, bir ýok eken, gadym zamanda gaty adalatly bir patyşa bolupdyr. Bu patyşa hezreti Ala uly hormat goýýar eken. Hezreti Alynyň hatyrasyna diýip her kim näme islese, ony hökman berjaý eder eken. Munuň beýle häsiýetiniň bardygyny diňe wezirleri däl, ilatynyň hemmesi hem biler ekenler. Bu patyşanyň aýaly hem, gyzy hem çenden zyýada owadan eken. Bularyň owadanlygy, syratlylygy, akyllylygy we ylymlylygy beýleki aýallaryň hiç birinde bolmandyr.

Patyşanyň gyzyna şol ýurduň iň güýçli täjirleriniň biri köpden bäri aşyk eken. Her tüýsli hilägärçilikler etse-de, ol gyzyň ýüzüni hem görübilmeýän eken. Ol gyzy görmek, onuň bilen dertleşmek we maksadyna ýetmek arzuwynda bolup, işi şol gyzy aňtap ýörmek bolýar.

Şu pursat başga bir köpbilmiş täjir patyşanyň ýanyna gelýär-de:

— Alyny tüýs ýürekden gowy görýänligiň çynyň bolsa, patyşalyk ygtyýaryňy Alynyň hatyrasyna diňe üç günjük maňa ber — diýýär.

Patyşa:

[1] Türkmenbaşy adyndaky Türkmenistan Milli golýazmalar institutynyň golýazmalar hazynasy. 857[f]-nji bukja. Aýdan: Baba Japarow. Ahal welaýatynyň, Tejen etrabynyň merkezi. Ýazyp alan: Ç.Garabekow. 1948-nji ýylyň Nowruz aýy.

— Alynyň hatyrasyna janymy hem isleseler bererin — diýýär-de, patyşalyk ygtyýaryny üç günlükçe ol betpäl täjire berýär. Ana, şonuň bilen hem ol täjir patyşa bolýar. Şol günüň özünde ýasawullaryna buýrup, öňki patyşany ýurtdan çykardýar. Ýurtda gaty ornaşykly oturýar.

Öňki patyşa bolsa, özüniň kowulmagy bilen ýaşamak üçin iň zerur zatlaryny, aýalyny we çagalaryny alyp gidiberýär. Ol başga bir patyşanyň topragyna geçýär.

Az ýöräp, köp ýöräp, gün ýaşyberende bir tokaýyň çetinden barýar. Gije ol ýerde ýatmakçy bolýarlar. Näme kän, odun kän. Ullakan ot ýakynyp oturýarlar.

Şu pursat gün ýaşar-ýaşmazda munuň kowulanyny we bu ýerde düşlänini bilýän, häki gyzyna aşyk täjir munuň ýanyna gelýär. Salamdan soň:

— Men hem maşgalam bilen golaýda düşledim. Aýalym göwrelidi. Şu ýere gelenimizde çagasy boldy. Onuň üçin hem şu wagt horluk çekýär. Onuň bolup oturşyny nämähremleriň görmegi ýagşy däl. Razy bolsaňyz, gyzyňyz bilen aýalyňyz baryp, oňa kömek bersin. Onuň üçin men size tükeniksiz minnetdar bolaryn. Daş hem däl, derrew ýene özüm alyp gelerin — diýip, üznüksiz ýalbarýar. Patyşa hem bu söze ynanyp:

— Dogry aýdýarsyň. Bu zeýilli işe aýal adamynyň kömegi gerek. Aýalyň birneme özüne gelenden soň aýalymy, gyzymy özüň basymjak getirgin — diýip, gyzyny aýaly bilen iberýär. Gün ýaşýar, garaňky düşýär. Patyşanyň ne aýaly, ne-de gyzy gaýdyp gelýär. Gijäniň köpi geçýär, ýatar wagt bolýar. Onda hem görünmeýärler. Patyşa nalaç we çykgynsyz ýagdaýda galýar. Ol gije iki ogly bilen ýatýar. Hiç ukusy gelmeýär. Daň atýar, gün dogmaga az galýar. Ahyry gün hem dogýar, onda-da aýaly bilen gyzy gaýdyp gelmeýär. Hernäçe garanjaklasa hem hiç ýerde olar görünmeýärler. Iki sany ýaşajyk ogluny taşlap,

olary gözlemäge gitmäge hem ýaýdanýar. Bu boluşa haýran we mähetdel galýar. Gün günorta bolýança garaşyp oturýar. Ol çagalaryň aýaklarynyň ýetýän ýerine olar bilen aýlanyp görýär. Töwerekde yns-jyns görünmeýär. Ahyry nalaç ýagdaýda çagalaryny we zatlaryny alyp, ýola düşüp, öňki barýan ugruna gidiberýär.

Az ýöräp, köp ýöräp, çasly akyp ýatan ullakan ýaba gabat gelýär. Mundan geçmegiň ebeteýini tapman biraz oturýar. Ogullarynyň kiçisini boýnuna mündürip, suwa girip başlaýar. Suwuň ortasyna barýar. Suwuň gaty zarply akmagy muny entirekledýär. Ýykylmagyna az galýar. Şeýle halda boýnundaky ogly suwa gaçýar. Ony gözläp tapyp bilmeýär. Ogly suwa çümýär we suw ony akdyryp äkidýär. Şol halat beýleki ogluny hem gurt gelip, agzyna kese alyp gidýär. Patyşa ol ýerde iki oglundan hem mahrum bolýar. Zatlarynyň hem birentegini suwdan geçirip bilmän, suwuň bärsinde taşlaýar. Soň bolsa barja zadyny arkasyna alyp, ýene öňki ugruna gidiberýär. Ullakan kem-köşelik bilen az ýöräp, köp ýöräp, bir gije ýolda bolup, ahyry bir şähere ýetýär. Ozal patyşa we patyşa lybasynda bolsa hem patyşalyk ygtyýaryny täjire berenden soň, patyşa bolan täjiriň islegine görä, patyşalyk lybasyny çalşyrýar. Hiç kim mundan habar almaýar. Bu hem hiç hili syryny bildirmän gidiberýär.

Şol wagtda bu ýurduň patyşasy ölüp, onuň ýerine patyşa bellemek üçin her gün pylança gezek döwlet guşuny şäheriň içine goýberýän ekenler. Aradan pylança gün geçen bolsa hem, döwlet guşy hiç kimiň başyna gonmandyr.

Günlerde bir gün bu patyşa bir ýerde güneşläp otyrka, şäher içine goýberilen döwlet guşy gelip, munuň başyna gonýar. Bu ýagdaýy görenleriň hemmesi-de:

— Guş ýalňyşdy, guşuň akyly çaşypdyr. Ony täzeden uçuryp goýbermeli — diýşip gygyrýarlar. Şeýle hem edýärler. Döwlet guşy baryp ýene onuň başyna gonýar. Şeýlelikde, döwlet guşuny üç sapar uçuryp goýberýärler. Üçüsinde hem ol kowlan patyşanyň başyna gonýar. Onuň üçin ähli halk hem döwlet guşunyň edenine kaýyl bolup:

— Bagtymyzdan, belkem, adyl hem rehimli patyşa bolaýady — diýişip, bu patyşany ölen patyşanyň ýerine patyşa edýärler.

Täze patyşa patyşalyk işini gaty adalatlylyk bilen alyp barýar. Uly il hem mundan gaty razy bolýar. Şeýle bolsa hem, ol aýalyndan we çagalaryndan awara bolany sebäpli örän tukat ýaşar ekeni. Patyşalarynyň tukatlygyny bilýän wezirleri, bir gün oňa:

— Siziň tukatlygyňyz bizi hem gaýga batyrýar. Siziň tukatlygyňyzy näme bilen ýok etmek bolar? Gizlin zat bolmasa ony bizden ýaşyrman aýdyň. Siziň üçin hiç zadymyzy gaýgyrmarys we zähmetinden gaçmarys — diýýärler.

Patyşa:

— Meniň patyşalygyma laýyk gelýän iki sany oglanjygy maňa tapyp, ogullyga berseňiz, men olary gijeler okatsam we terbiýe bersem, wagtym hoş geçerdi. Tukatlygymy başga hiç zat ýok edip bilmez — diýýär.

Patyşalaryndan beýle sözi eşiden wezirler onlarça atlyny jemläp:

— Patyşamyzyň, hut, özüne laýyk iki sany ýaşajyk oglany nirde hem görseňiz, tapyp getiriň. Olaryň hossarlaryny özümiz razy ederis — diýýärler.

Aradan birnäçe gün geçenden soň, meýdanda goýun bakyp ýören çopanyň ýanynda tüýs şazada meňzeş bir ýaşajyk oglanjygy görýärler. Bir ýany ýalbarmak, bir ýany hem gorkuzmak

bilen çagany zordan razy edip, ol oglany çopandan alýarlar. Çopana bolsa:

— Şu oglan üçin näçe, näme isleseň, patyşa seniň göwnüňe ýetjek. Onuň üçin hem bar-da, geregiňi ondan alyp gaýt. Ogul-jygyňy bolsa patyşa ösdürip ýetişdirjek, terbiýelejek, bilim ber-jek. Göresiň gelse hem, islän wagtyň baryp görüber — diýýär-ler.

Şeýle şert bilen-de, bu oglanjygy wezirlere getirip berýär-ler. Olar hem oglanjygy derrew patyşanyň ýanyna eltýärler. Pa-tyşa hem bu oglany kabul edýär. Muny oňat ýuwundyrýarlar we şahana geýimler geýdirýärler. Şonluk bilen hem bu oglan patyşanyň köşgünde galyberýär.

Aradan birnäçe gün geçenden soň, bir kilwanyňkyda edil şu öňki getiren oglanlary bilen bir almanyň iki ýarylan bölegi ýaly tüýs şazada kysym bir oglany görýärler. Ol oglany kilwandan dileýärler. Onda kilwan razy bolman:

— Oglumy size berip däliräýinmi? Ölsem hem oglumy ber-mäge razy bolmaryn. Çaga diläp ýörmek görlüp-eşidilen zat-mydyr? — diýýär. Onda patyşanyň adamlary:

— Gorkma, ogluňy patyşanyň, hut, özi idetjek, okatjak, terbiýe berjek we ulaldyp kemala getirjek. Ogul ýene seniňki hem bolar. Bu eýjejik oglan patyşamyzyň göwün hoşlugy üçin gerek. Onuň başga hiç zady ýok. Onuň üçin sen beýle närazy bolma. Ogluň üçin her näme isleseň berjekler. Wagtyň bolsa ýör, biziň bilen git. Bolmasa soň hem barsaň, ogluňy patyşanyň öz öýünde taparsyň — diýşip, kilwany hem razy edýärler.

Şunluk bilen, bu oglany hem wezirlere getirip berýärler. Olar hem şol sagat patyşa eltip berýärler. Ony-da oňat ýuwun-dyrýarlar we geýindirýärler. Görseler, bu iki oglan bir almany edil darka ikä ýaran ýaly bir-birine üýtgeşiksiz meňzeş diýýär. Patyşa bularyň ikisini hem edil öz çagalary ýaly gaty gowy

görýär. Olary okatmak üçin molla berýär. Gowy eneke tutup terbiýeleýär.

Aradan ençe aý geçýär, ençeme ýyl geçýär. Oglanlaryň ikisi hem kemsiz ylymly, gaty terbiýeli bolup, on iki-on üç ýaşaýarlar. Şu döwürde patyşanyň uly ile örän rehimliligi we adalatlylygy hemmä äşgär bolýar. Pylança ýyllap patyşa bolan bolsa hem ol öýlenmeýär. Bu hakda wezirler hernäçe aýtsalar hem pitiwa etmeýär. Gaýtam:

— Maňa gaýdyp beýle zat diýmäň. Islesem, özüm hem aýdyp bilýärin — diýer eken.

Patyşanyň aýalyny, gyzyny aldap alyp gaçan täjir hem şu patyşanyň raýaty bolup, ol başga şäherleriň birinde ýaşaýar eken. Ol aradan birnäçe ýylyň geçmegi bilen öz ýurduna gitmekçi bolýar. Her sapar gidende azyndan alty aý, bir ýyl eglenip, gaýdyp gelýän täjir aýalyny, patyşanyň gyzyny özi bilen äkitmegiň hem ebeteýini tapmaýar. Ony ejesine goýup gitmäge hem ynanmaýar. Ýogsam alnyp gaçylandan soň, patyşanyň aýaly-da, gyzy-da täjiriň aýaly bilen bir ýerde ýaşaýar. Gaçyp gaýdaýyn diýse-de ol ärini, çagajyklaryny nireden tapsyn. Täjiriň özlerini aldap alyp gaýdanyny bada duýan aýal nalaç ýagdaýda, diňe ýagşy umyt bilen gyzynyň ýanynda galýar.

Ahyry täjir öz ýanyndan: «Men aýalymy uly iliň ynamdar adamy bolan patyşanyň köşgünde goýaýyn, hem arkaýyn bolaryn. Ol aýdyşlary ýaly, şeýle gowy adam bolsa, muňa garşy çykyp durmaz öňürti baryp, özünden razylyk alyp geleýin. Razy bolsa aýalymy hemme iýjek-içjegi bilen elterin» diýip, patyşanyň ýanyna gidýär. Baryp patyşa:

— Meniň ýalňyz aýalym bar. Başga hiç kimim ýok. Özüm uly täjir. Täjirçilik işim üçin başga ýurda gitjek. Haçan geljegimem belli däl. Şol aýalymy gelýänçäm goýmaga siziňkiden başga ynamly ýer tapmadym. Onuň üçin hem men gaýdyp gel-

ýänçäm, aýalymyň siziň aýallaryňyzyň ýanynda bolmagyna ygtyýar bermegiňizi isläp geldim. Güzeranlygyny özüm goýup gitjek. Diňe şu ýerde, siziňkileriň arasynda ýaşasa bolýar — diýýär.

Onda patyşa:

— Beýle bolsa, aýalyňy getir-de, kenizlere tabşyr. Ýaşar ýaly jaý bererler. Oňa gaty-gaýrym söz diýjek bolmaz. Iýmek-içmek ýaly zat hem bu ýerde tapylar. Gaýdyp gelen wagtyňda hem maşgalaňa eýe bolarsyň — diýýär.

Sözi kabul bolan täjir aýalyny patyşanyňka eltip, kenizlere tabşyrýar. Soň bolsa, başga ýurda, öz täjirçiligine gidýär. Täjiriň aýaly patyşanyňkyda özüne berlen jaýda ýaşaberýär. Iýjek-içjegini patyşanyň kenizleri berýär. Bu aýalyň ýatyp-turýan jaýy ol iki oglanyňky bilen dul-degşir bolup, arasynda diňe bir gapy bolýar. Şonluk bilen hem täjiriň aýaly oglanlar bilen ysnyşýar-da wagtal-wagtal olaryň ýanyna barýar. Degişýärler, gülüşýärler.

Aradan gaty kän wagt geçýär. Bir gün agşam öz jaýlarynda otyrkalar, ol oglanlaryň biri beýlekisine:

— Şu ýerde gaty kän wagtdan bäri ýaşaýarys. Şeýle bolsa hem şu çaka çenli özümiziň kimdigimizi, aslymyzy bir-birimize aýdamzok. Bu boluş ýagşy däl. Gel, ikimiz hem aslymyzyň kimdigini we başymyzdan geçenini aýdyşaly — diýýär.

Şeýle karara gelip hem olaryň ekabyrragy başyndan geçenini we ata-enesiniň kimdigini aýtmaga başlaýar:

— Meniň atam bir ýurduň patyşasydy. Özi Alyny tüýs ýürekden hormatlaýan eken. Alynyň hatyrysy üçin her kim näme islese, kabul eder eken. Şol ýurduň täjirlerinden biri derwüş eşiginde atamyň ýanyna gelip «Alynyň hatyrasyna patyşalyk ygtyýaryňy maňa üç günlüjek ber» diýenmiş. Alynyň hatyrasy diýeni üçin atam hem öz patyşalyk ygtyýaryny üç günlükçe şol

täjire berenmiş. Patyşalyk ygtyýaryna eýe bolan täjir, öz ýasawullaryna buýrup, atamy öz ýurdundan çykardypdyr. Özünem bu ýurtdan çykyp gitmäge ulag üçin diňe bir eşek beripdir. Iň gymmatbaha we zerur zatlaryny eşege ýükläp, meni we kiçijik inimi oňa mündürip, özi hem ejem hem gyz doganym bilen gidiberipdir. Birnäçe gün ýol ýöräp, bir tokaýyň çetinde baryp düşýär. Gün ýaşmaga az galanda bir adam atamyň ýanyna gelip:

— Men hem maşgalam bilen şu golaýjykda düşdüm. Edil şu wagtyň özünde aýalymyň çagasy boldy. Ýöne ýagdaýy agyr. Aýallaryňyz baryp däri-derman etmese, men ugruny tapamok. Ýogsam, aýalym gaty horlanýar. Şujagaş ýerde, derrew gaýdyp gelerler — diýýär.

Atam hem onuň sözüne ynanyp, enemizi hem gyz doganymyzy onuň ýanyna goşup goýberýär. Gün ýaşýar, garaňky düşýär, olar gelmeýär. Daň atyp, gün doganda hem gelmeýär. Ahyrda atamyz umytsyz halda zatlarymyzy eşege ýükläp we bizi üstüne mündürip, öňki barýan ugruna gidiberýär. Aradan birnäçe gün geçenden soň, gidip barýarka öňünden gaty çalt akýan ullakan, suwly derýa çykýar. Dagy nätjegini bilmän, meni suwuň bärisinde goýup, inimi boýnuna mündürip, suwuň aňyrsyna geçirmekçi bolýar. Suwuň ortarasyna ýetýär. Çasly akýan çuň suw, atamy şol ýerde entirekledýär. Suwuň içine ýykylmagyna az galýar. Şol halatda boýnundaky inim syrylyp, suwuň içine gaçýar we suwa çümýär. Suwuň ugruna akyp gidýär. Atam ony hernäçe gözlese hem tapmaýar.

Atam suwa giden wagtynda bolsa, bir gurt gelip, meni agzyna kese alyp gaçýar. Bu gurt, şol gaçyp barşyna meýdanda bir çopana gabat gelýär. Çopan hem itlerini küşgürip, gurdy kowup başlaýar. Şonluk bilen hem ol gurt gorkusyna meni taşlap gaçýar. Çopanda näme kän, et bilen süýt kän. Çopan be-

genjine «oglum» diýip, daşymda aýlanyp, tapan zadyny öňüme üýşürýär. Men onuň bilen ataly-ogul ýaly boldum. Ol meni gaty gowy görüp, gowy hem iýdirýärdi. Ahyry hem şu patyşanyň adamlary baryp, meni çopandan alyp, köşge getirdiler. Enem-atamyň we gyz doganymyň niredediklerini bilmeýärin. Ölmedik bolsalar, belkem, olar hem bir ýerde bardyrlar. Bolsa-da men bagtly ekenim. Patyşanyň köşgünde tälim hem ylym aldym. Bolmasa men hem çopan-çoluk bolup galardym — diýip sözüni tamamlaýar. Munuň aýdanlaryny kemsiz diňlemek bilen beýleki oglan hem başga hiç zat diýmän:

— Atasynyň boýnundan suwa gaçyp, akyp giden oglan-a men. Men hem baryp, bir suw degirmeniniň gözenekli nowasyna dyky bolup, degirmeni ýöredýän suwy goýbermändirin. Kilwan gelip meni suwdan çykarypdyr. Meni başaşak tutup, içimden gaty kän suw döküpdirler. Şonluk bilen janlanypdyryn. Men kilwana «ata» diýip, ol hem maňa «oglum» diýip geziberdik. Ahyry meni hem patyşanyň adamlary şu ýere alyp geldiler. Şu diýenleriň çyn bolsa, ikimiz hem dogan, şol patyşanyň ogullary bolýarys-da diýýär-de, agasynyň boýnundan gujaklaýar. Agasy hem muny gujaklaýar. Tanyşanlaryndan soň ikisi hem:

— Indi, ene-atamyza hem gowuşaýsak, dünýä täze inen ýaly bolardyk — diýşip, tükeniksiz şükür edýärler. Bu iki oglan bilen dul-degşir ýaşaýan hälki täjiriň aýaly, bu ikisiniň aýdanlaryny pugta diňläp, boýdan-başa eşidýär-de, bularyň öz doganjyklarydygyny kemsiz bilýär. Onuň üçin hem saklanybilmän, şol sagadyň özünde doganlarynyň ýanyna gelýär-de, ikisini hem pugta gujaklaýar. Taýly gezek, üste-üste ýüzlerinden ogşaýar. Şonuň bilen birlikde ikisiniň gürrüňlerini doly diňländigini aýdýar: «Ikiňizem meniň doganym ekeniňiz. Men ejem bilen ýaşaýaryn. Ony patyşa aýdyp getirderis» diýýär. Soň üçüsi üç ýerden başdan geçirenlerini aýdyşyp, ol gije tä daň atyp,

gün dogýança ýatmaýarlar. Soň bolsa ukulary gelip şol ýerde ýatyp galanlaryny duýmaýarlar. Hiç zatdan ätiýaçsyz bolanlary üçin örän arkaýyn ýatýarlar. Gün guşluga galýar. Onda hem turmaýarlar.

Şol günüň özünde hem hälki täjir, giden ýurdundan gaýdyp gelmek bilen bu ýere aýalyny äkitmäge gelýär. Goýup giden jaýynda aýalyny tapmaýar. Ol goňşy jaýyň içine girýär. Ol ýerde içki jaýyň içine seredýär. Görse, aýaly iki sany jahylyň gapdalynda ýatyr.

Bu bolşy görýär-de, täjir öz ýanyndan: «Aýalymy azdyrypdyrlar. Bir maňa boýun egmän ýören aýal, indi iki sany jahylyň gapdalynda ýatyr. Öz köşgünde bu zeýilli haramçylyga ýol berýän patyşadan hem patyşa bolarmy? Munuň adyllygy nire, gowulygy nire, ynanar ýaly däl» diýýär-de, şol sagat patyşanyň ýanyna barýar. Gaty tukat ýagdaýda salam bermegi hem ýadyndan çykarýar. Şonluk bilen patyşanyň habaryny alaryna hem howlugyp:

— Patyşahym! Siziň adyllygyňyza ynamym gaçdy. Siziň öz köşgüňizde hem haramlyk bolýar eken. Aýalymy size ynanyp gitdim welin, bu bolýan işler nä tüýsli? — diýip gygyryp başlaýar.

Patyşa munuň sözüne allaniçigsi bolýar-da:

— Näme boldy? Sözüňi oňatja düşündir. Näme-de bolsa düşünşip, oňa görä-de iş edeli — diýýär.

Täjir:

— Gelnimi alyp gitmäge geldim welin, aýalymy jaýynda tapmadym. Görsem, aýalym içki jaýda iki sany jahyl bilen bir jaýda ýatyr. Şu wagt hem süýji ukuda arkaýyn ýatyrlar. Ol bolşy görüp, ýüregim içime sygman, bärik ylgadym. Barsaňyz bu bolşy özüňiz hem görersiňiz — diýýär.

Beýle töhmetli sözleri eşidenden patyşa ýerinden turup, ol iki oglanyň ýaşaýan jaýyna barýar. Görse, täjiriň aýaly oglanlaryň beýle ýanynda süýji ukuda ýatyr. Bu bolşa patyşanyň gany depesine urýar. Üçüsini hem derrew turuzýar-da aýala:

— Bu nä boluş? — diýýär. Onda täjiriň aýaly:

— Hormatly patyşamyz! Siziň adyllygyňyz hemmä äşgär. Bu işe hem adyllyk bilen garamagyňyzy isleýärin. Bu ýerde hiç hili hyýanatçylyk, şeýle haramlyk ýok. Öten agşam öz jaýymda oturan wagtym bu iki juwan öz başlaryndan geçirenlerini, öz asyllaryny aýdyşyp otyrdylar. Men hem bularyň gürrüňlerine pugta gulak salyp, bularyň diýenlerini boýdan-başa diňledim. Görsem, bularyň ikisi hem meniň doganlarym bolup çykdy. Bir wagt meniň hem kakam patyşady. Şeýle bolsa hem Alyny tüýs ýürekden söýýänligi üçin her kim-de bolsa, Alynyň hatyrasy üçin diýip, näme islese, ony ýerine ýetirerdi. Bir gün bir derwüş eşiginde bir adam gelip, «Alynyň hatyrasyna patyşalyk ygtyýaryňy üç günlükçe maňa ber!» diýýär. Kakam hem onuň islegini ýerine ýetirýär. Üç günlükçe patyşalyk ygtyýaryna eýe bolan derwüş eşikli adam öz adamlaryna kakamy maşgalasy bilen öz ýurdundan çykarmagy buýurýar. Onuň üçin kakama diňe bir eşek berýär. Ol hem diňe iň zerur zatlaryny eşege ýükläp, iki sany ýaşajyk ogluny hem ýüküň üstüne mündürýär-de, meni hem ejemi yzyna tirkäp gidiberýär. Az ýöräp, köp ýöräp, birnäçe günden soň bir tokaýyň çetinde bir gije ýatmakçy bolýar. Gün ýaşmanka ot ýakyşyp otyrkak, ine, şu zalym gelip, «Aýalymyň çagasy boldy. Haly agyr, däri-derman etsinler» diýip, aldap, ejem ikimizi alyp gitdi. Bu zalymyň bizi tokaýdan tokaýa süýräp alyp gidişi, ejem garşylyk görkezende, ony gamçylaýşy ýadymdan çykanok. «Men seniň gyzyňa aşyk, äriňi hem şonuň üçin aldadym» diýip, gygyrýan sesi henizem gulagymda ýaňlanyp dur. Ine-de, bu gün biri suwa akan, birinem

möjek alyp gaçan doganjyklarym aman galypdyr, men olara duşdum — diýýär.

Gürrüňleri eşidip, özüni zordan saklap duran patyşa täjire ýüzlenip:

— Bu aýalyň diýenlerini eşitdiňmi? Sen ol hakda näme aýdyp biljek — diýýär.

— Bolmanda pälazan aýal dogrusyny aýdarmy? Munuň päli azypdyr. Öňem maňa baş bermän, gan ýuwutdyrýan aýal bu. Munuň aýdanlary töhmet, şol töhmet bilenem ol özüne hem ýanyndakylara beriljek jezadan sypmak isleýär. Men bu bihaýa jeza bermegiňizi isleýärin — diýýär.

Patyşa bularyň dördüsini hem syr bildirmän, öz jaýyna alyp barýar. Patyşanyň islegi boýunça, olar wezirlere öz başlaryndan geçirenlerini gürrüň berýärler. Bulardan soň patyşa:

— Şu täjiriň aldany men. Bu çagalaram özümiňki — diýýär. Bularyň üçüsiniň hem aýdyp duran zatlary çyn. Şu wagta çenli tukat gezmegime hem aldanyp düşen ýagdaýym hem çagalarymdan aýralygym sebäp boldy. Onuň üçin hem şu kezzaba rehim etmän, jezasyny beriň! — diýýär. Onda täjir:

— Patyşahym, beýtmäň, beýtmäň. Size adyl diýýärler. Adyllygyňyz üçin günämi ötüň. Ömrüm ötýänçä size minnetdar bolup gezeýin. Bar baýlygym, malym-mülküm siziňki, öldürmeseňiz bolýar — diýip, üznüksiz ýalbaryp, patyşanyň aýagyna ýykylýar. Onda wezirleriň biri patyşa ýetirmän, ony siltäp ýerinden galdyryp:

— Seň etmişiň şu bolsa jezaňy malyň-mülküň bilen satyn alyp bilmersiň. Seniň özüňi ite-guşa iýmit edip, mal-mülküňi bolsa pukaralara paýlarys — diýýär. Bu weziriň sözüni beýleki wezirler hem gaty makul bilýärler.

— Kişä kast edeniň jezasy şu diýip, ol täjiri ata süýredip öldürýärler. Ähli baýlygyny getirip, garyp-gasarlara paýlaýar-

lar. Onuň baýlygyny getirenlerinde patyşanyň aýalyny hem getirip uly toý tutup, ony hossaryna we çagalaryna gowşurýarlar.

Şeýle wakalary başyndan geçiren we pylança ýyllap, aýalyndan we ogullaryndan awara bolan patyşa öz maşgalasyny tapýar we täzeden olar bilen döwran sürüp başlaýar.

Aradan birnäçe ýyl geçenden soň ogullarynyň ikisi hem kemsiz ýetişip, kemala gelýärler.

Ogullarynyň kiçisi derwüşiň eşigini geýip atasynyň patyşalyk ygtyýaryny üç günlükçe alan täjiri atasynyň ýanyna getirip, jezalandyrmagy özüne maksat edinýär. Onuň üçin hem ok-ýaý atmaga gaty ökdeleýär. Bu maksadyny diňe öz agasyna aýdýar. Şol maksat bilen hem atyň ýüwrügini münüp, ýaragyň gowusyny dakynyp, şäherden çykyp gidiberýär. Az ýöräp, köp ýöräp, ahyry özleriniň dogduk mekanyna barýar. Ol ýerde bir garybyň öýüne myhman bolýar. Şahana geýimlerini ol ýerde goýup, bu hem derwüş sypatyna geçýär. Bir gün ir bilen patyşanyň ýasawullarynyň gözüne çöp atyp geçýär-de, onuň, hut, öz öýüne baryp, gapysyny kakýar. Patyşanyň özi gapysyny açýar. Görse, bir derwüş gapysyny kakýar. Gapyny açandan bu derwüş hem kürsäp içerik girýär-de, patyşa garap:

— Sen hem derwüş geýmini geý. Men saňa bir jenaýatkäri görkezeýin, ony, hut, öz gözüň bilen gör. Soň bolsa, jenaýatyň üstünde tutanlaryňy ýanyňa çagyryp, her haýsysyny öz eden işine görä jezalandyr — diýip, patyşany gaty howlukdyryp, garşylygyna garaman derwüş geýimini geýdirýär. Gyssagly iş bar ýaly patyşany öňüne salyp alyp gidýär.

Şeýdip, ony eşiklerini goýan öýüne eltýär. Ol ýerde bolsa, patyşany derrew güýlüp, özi bolsa geýimlerini geýip, ýaraglaryny dakynýar. Derrew atyny hem eýerläp, atlanýar-da, myhman ýerine patyşanyň aýaklaryny boşatdyrýar.

Şeýlelik bilen, myhman ýerine eden hyzmaty üçin birneme tylla berip, patyşany atyň öňüne salyp ugraýar. Sähelçe haýal ýöräýse hem gamçy bilen saýgylap, atyň omzy bilen kakdyryp başlaýar. Ahyrda az ýöräp, köp ýöräp öýlerine barýar. Barýarda, hälki patyşany atasynyň garşysynda gollary arkasynda daňylgy ýagdaýda aýak üstünde dikeldip duruzýar.

«Ogly beýle iş eder» diýen pikir ýadyna hem düşmedik atasy, bu derwüşi oglunyň näme üçin beýle ýagdaýda getirendigine düşünmän galýar. Onuň üçin hem oglundan:

— Bu bende näme günä iş etdi? — diýip soraýar. Onda ogly:

— Eden işini, näme günäsiniň bardygyny özem, bizem ýagşy bilýändiris. Onuň üçin hem özünden soraýyň — diýýär.

Patyşa derwüş geýimli we gollary arkasyna daňylgy adamdan:

— Bu ýagdaýda sandyrap durar ýaly näme günä etdiň? Näme-de bolsa, ýaşyrman aýt. Belki, oglum ýalňyşandyr. Derwüşiň günä we bikanun iş etmegi Hudaýa hem hoş geljek zat däl — diýip soraýar.

Gollary bagly derwüş günäsiniň nämedigini bilmeýär. Bar diýen zady:

— Bu oglan köşgüme bardy-da, eýläme-beýläme garamaga maý bermedi. «Ol ýerde bir jenaýatkär bar. Derwüş geýimiňi geý-de, ony öz gözüň bilen gör. Soň her haýsysyny öz eden işine görä jezalandyr» diýip howlukdyrdy. Soň bolsa, atynyň öňüne salyp, birnäçe gün ýol ýöräp, meni bu ýere getirdi. Patyşahym, meniň düşen ýagdaýymdan köşkdäkiler hem bihabar galdy — diýýär. Onda oglanyň atasy:

— Seniň onda hiç hili günäň ýok-da — diýýär. Onda derwüş:

— Meniň asly kärim täjirçilikdi. Birnäçe ýyl mundan öň ýurdumyzyň patyşasynyň patyşalyk ygtyýaryny derwüş geýiminde baryp, üç günlükçe diläp aldym. Patyşalyk ygtyýaryna eýe bolmak bilen öňki patyşany derrew ol ýurtdan kowdurdym. Ondan bäri hem şol ýurduň patyşasy bolup otyryn. Dünýä ýüzünde şundan başga hiç hili ýamanlyk eden ýerim ýok. Şonuň üçin hem bu oglanyň meni bu ýere näme üçin getirenini bilmeýärin — diýýär.

Onda patyşa:

— Ýurduňyzyň öňki patyşasy şu wagt nirede? Barmy ýa öldümi? Onuň maşgalasy nirede? Patyşalyk ygtyýaryny saňa beren bolsa, sen oňa näme ýagşylyk etdiň? — diýýär.

Onda gürläp oturan täjir:

— Onuň nirededigini bilmeýärin. Oňa ýamanlykdan başga eden ýagşylygym ýok. Şeýle hem, maşgalasynyň nirededigini hem bilmeýärin — diýýär. Onda patyşa:

— Birnäçe ýyl patyşa bolup oturan bolsaň, bu zeýilli iş edene näzeýilli jeza bermelidigini bilýärmiň? Galyberse hem, şol kowan patyşaňy görseň tanarmyň? — diýýär.

Onda täjir:

— Eger ol patyşanyň tarapyndan güýçli şaýat bar bolsa, elbetde, bu zeýilli iş edeniň jezasy ölüm. Ýöne men ol patyşany şu wagt görsem hem tanajak däl. Belli beter hem, pylança wagt paý-pyýada, aç-suwsuz at öňünde gamçy iýip, selpäp gelenim üçin akylym çaşypdyr — diýýär.

Onda patyşa:

— Eden işiňe laýyk jeza çekmäge we ähli baýlygyňy garyplara, ýetimlere we açlara bermäge razylygyňa diliňden hat ber — diýýär.

Onda täjir:

— Ähli baýlygymy bersem, maşgalam açlykdan öler. Beýle hat berebilmerin. Başga jeza bolsa bolsun, maşgalamyň aç-hor bolmagyna razy bolup bilmerin — diýýär.

Onda patyşa:

— Aldan we kowan patyşaň özi we maşgalasy açlyk we horluk çeken däldir öýdýärmiň? Ýa seniň maşgalaň onuňkydan gowumy? Muny äkidiň-de, at ýatagynda güýlüp taşlaň. Tabagy itiň ýalagy we nahary ýuwundy bolsun. Özüne hem ynamdar, ýaragly adam seretsin. El-aýagy zynjyrly bolsun. Muny gaçyraýsalar ýa goýberäýseler, siziň hemmäňiz jogapkär bolarsyňyz — diýip, wezirlerine tabşyrýar.

Beýle ýumuş buýrulan wezirler bu täjiri derrew at ýatagyna äkidýärler. El-aýagyny zynjyrlaýarlar. Ýanynda hem ynamdar ýaragly adam goýýarlar. Onuň üstünden garamaga ýene bir has ynamdar adam goýýarlar. «Öldüm-öldüm» diýen hala ýetende hem sähelçe ýuwundyny itiň ýalagyna guýup berýärler. Eli-aýagy zynjyrly täjir ýanyndaky ýaragly adama:

— Men öz ýurdumyň patyşasydym. Bir söý bilen bu ýere düşdüm. Sen meni boşatsaň, ikimiz hem bu ýerden gaçyp gideli. Ol ýerde seni özüme wezir edineýin. Hazynama ygtyýarly kişi edeýin. Bu ýerde hiç haçan hem şu bolşuňdan artyk derejä ýetmersiň. Meniň diýenimi etseň, hiç wagtda ýamanlyk ýüzüni görmersiň — diýip ýalbarýar. Täjiriň ýalbarmagy köpe çekýär. Soňabaka ýaragly saklaw hem göwnüni bölüp, onuň sözüni pugta diňläp başlaýar. Başga ýurtda patyşanyň weziri bolmagy arzuw edip başlaýar. Şol maksat bilen hem onuň el-aýagyndaky zynjyry açmakçy bolýar. Emma elinde açary bolmany üçin başga gurallar bilen açmaga synanyşýar. Başarman, köp dyrjaşýar. Beýleki saklaw hem munuň edýän işini uzakdan görüp durýar. Görse hem, özüne hiç zat diýmän, beýle ýanyndan geçip barýan weziri ýanyna çagyrýar we onuň edýän işini

görkezýär. Wezir derrew başga bir ýaraglyny ol saklawyň ýerine iberip, ony patyşanyň ýanyna alyp barýar. Wezir onuň etjek bolýan işini aýdandan soň, ony bu saklawyň özi hem boýun alýar. Şonuň bilen birlikde ol täjiriň ýalbaryp aýdan sözlerini we beren wadasyny hem aýdýar. Şeýle hem, özüniň aldanyp, pälini bozandygyny hem gizlemeýär.

Patyşanyň buýurmagy bilen täjiri patyşanyň ýanyna getirýärler. Ysgyny giden täjir patyşanyň öňünde aýak üstünde zordan durýar.

Patyşa oňa:

— Ýene ýurduňa barmak we patyşa bolup oturmak hyýalyň barmy? Kime näme wada berýärsiň? Öňki eden işiň jezasyny çekmek islemeýärmiň, otur-da derrew: «Ähli baýlygymy garyplara bagyşlaýaryn» diý-de, diliňden hat ýaz. Bolmasa başga hili has erbet jezalar çekmeli bolarsyň — diýýär. Soň wezir bolmaga göwnüni bölüp, dönüklik etjek bolan saklawa jeza bermegi buýurýar.

Täjir hem baýlygyny garyplara bagyşlaýanlygy hakda derrew dilinden hat ýazyp berýär.

Patyşanyň kiçi ogly atasyna:

— Päli bozuk bu täjiri saklap oturmak nämä gerek. Saklasaňyz bu ýene birnäçe adamlaryň başyna ýeter. Ygtyýar berseňiz, muny öldürmän başaşak ýere gömjek. Aýaklaryny hem, goý, ata gazyk etsinler. Muňa şu berilýän ýuwundyny hem köp görýärin — diýýär.

Onda patyşa ogluna:

— Bar, nätseň şony et. Gözüme görkezmeseň bolýar — diýip, ony oglunyň ygtyýaryna berýär.

Patyşa, öňki öz ýurdundaky wezirlerine:

— Meni aldan, ýurdumdan kowan we ýerimde patyşa bolup oturan patyşaňyz meniň elime düşdi. Ony doly jezalandyrdym.

Ähli baýlygyny garyp-gasarlara bagyşlamagyna gol çekdirip, dilinden hat aldym. Pylança ýyldan bäri özüm bu ýerde patyşa bolup otyryn. Ogullarymyň ikisi hem ýetişip kemala geldiler. Özüňiz we raýatyňyz razy bolsaňyz, ogullarymyň ulusyny özüňize patyşa bellemegiňizi isleýärin — diýip, hat ýazyp iberýär.

Wezirler bu haty okap görýärler. Derrew uly ili ýygnap, hudaýýoly berýärler. Şol hudaýýoluda bu haty halka okap berýärler. Uly il öňki adyl şalarynyň islegini berjaý edip, onuň oglunyň şa bolmagyna begenişip razy bolýarlar. Soň aldawçy täjiriň dilhaty esasynda onuň ähli baýlygyny hasaba alyp, ýazga geçirip, hemmesini hem patyşanyň hazynasynda gulplap goýýarlar. Öňki patyşalaryna bolsa: «Hatyňyzy okadyk. Derrew hudaýýoly edip, haty millete okap berdik. Hemmesi biragyzdan razy boldy. Özüňiz bolman, ogluňyz bolsa hem gaty razy. Ol bize gan ýuwutdyran kezzabyň hem ähli baýlygyny alyp, hazynada goýduk. Indi, gelip baştutanlyk etmegiňize garaşýarys. Onuň üçin hem nägadar başarsaňyz, basymjak geliň. Başarsaňyz, özüňizem gelip ýurduňyzy görüp, raýatlaryňyz bilenem didarlaşsaňyz ýagşy bolardy» diýip, jogap ýazýarlar. Diňe bir hat bilen kanagatlanman, wezirleriň ikisini hem iberýärler. Haty alyp giden wezirler, az ýöräp, köp ýöräp, birnäçe günden soň öňki patyşalarynyň ýurduna barýarlar. Patyşa hem wezirlerini görüp, haty okap, gaty şat bolýar. Uly ogly bilen bile özi hem gitmekligi ýüregine düwýär. Iki ýüz sany iň saýyrdyň atlyýaragly adamlary özi bilen äkitmek üçin häzirleýär. Ýol serenjamyny hem kemsiz tutýar. Şeýle ullakan tutum bilen hem bir gün şäherden çykyp ugraýar. Birnäçe gün ýol ýöräp, öňki patyşa bolan ýurduna barýar. Uly il bolup patyşalarynyň öňünden çykýarlar. Begençlerine öňki patyşalarynyň ogluny patyşa saýlap, ýedi gije-gündizläp, myhmanly, uly tutumly toý berýärler.

Patyşa hem öz raýatlarynyň arasynda birnäçe gün bolup, hoşlaşyp, yzyna gaýdýar we raýatlarynyň islegine görä, öz ýurduna gaýdyp gelmekçi bolýar. Şol maksat bilen hem, aňyrda wezirleri bilen maslahatlaşyp, pylança günläp toý berýär.

Bu toýda uly iliň razylygy bilen kiçi ogluny bu ýurda öz ýerine patyşa belleýär. Aradan birnäçe wagt geçirip bolsa, atly goşunyň ýola salmagy bilen öz Watanyna — uly oglunyň ýanyna gaýdýar. Şonluk bilen hem uly-kiçi ogluna ýurtlaryny adyllyk bilen dolandyrmakda hemaýat edýär. Aradan birnäçe ýyl geçenden soň şalaryň atalary keselläp ölýär. Iki oglunyň hem üstünde bolmagy bilen öňki patyşany, il-ulusyň gatnaşmagynda abraý bilen jaýlaýarlar. Ogullary onuň üstüne uly gümmez saldyrýarlar. Doganlaryň her haýsysy bir ýurduň patyşasy bolsalar hem, hemişe aragatnaşykda bolýarlar. Her bir zatda maslahatlaşyp, bir-birlerine kömekleşip durýarlar. Onuň üçin hem goňşy patyşalaryň hiç biri bulara batyrnyp bilmeýär. Şol zerarly ýurtlary abadan, raýatlary hem hemişe rahat ýaşaýarlar.

## ÇYN PATYŞASY[1]

Gadym zamanlarda Çynda bir patyşa bar eken. Onuňam bir ekdi pişigi bar eken. Ol pişik patyşa humar oýnanda ýanyp duran şemi tä oýun gutarýança gymyldatman saklar ekeni.

Patyşa çet ýurtlardan söwda etmäge mal getiren täjirleri öýüne myhman çagyryp, şemi saklaýan pişigi bilen aldap, utulan söwdagärleriň ähli mallaryny ellerinden alyp, özlerini hem bir çuň guýa salyp, tussag edip goýar eken. Patyşa şu emel bilen ýüzlerçe täjirleri tussag edip gabap goýupdyr. Bir günden bir gün Çyn şäherine bir täjir özüniň uly kerweni bilen köp mal getiripdir. Muny eşiden patyşa derrew öz wezirlerinden birini iberip, şol täjiri myhman alýar.

Agşam oturşyp, nahar iýip, çaý-suw içip, keýplerini köklänlerinden soň, patyşa täjire ýüzlenen:

— Ýöne oturmakdan peýda ýok, gel, ikimiz humar oýnaly, meniň bu pişigim hem gymyldaman, ýanyp duran şemi tutup saklap durar, eger pişik tä oýun gutarýança, şemi gaçyrman, dik oturyp, bize ýagty berse, seniň getiren mallaryň hemmesi meniňki bolar. Eger pişik şemi ýere gaçyrsa, onda seniň mallaryň bahasy näçe bolsa, üç esse köpräk tylla bererin — diýip aýdýar.

[1] Türkmenbaşy adyndaky Türkmenistan Milli golýazmalar institutynyň golýazmalar hazynasy. 6880$^{e}$-nji bukja. Toplan: N.Şükürow. 1993-nji ýylyň Bitaraplyk aýy.

Täjir bu waka geň galyp, şunuň ýaly pişigiň bardygyny henize çenli eşitmändigini boýnuna alyp, bu patyşadan gyzyl utmak niýeti bilen öz içinden köp oýlanyp, patyşa bilen humar oýnamaga başlaýar. Bular tä daň atýança humar oýnaýarlar, pişik bolsa ýerinden hem gymyldaman, tä oýun gutarýança, şemi tutup durýar. Şeýlelik bilen, patyşa bu täjiriň ähli mallaryny elinden alyp, özüni hem derrew bir çuň guýa salypdyr.

Indi habary täjiriň aýalyndan eşidiň.

Bu täjiriň owadan, akylly bir aýaly bar eken. Ol äriniň köp eglenmegine şübhelenip:

— Şunuň başynda bir gowga bar, ýogsam täjir bu wagta çenli aýralyga çydap bilmezdi, gel, totyny bir habar bilip gelmäge onuň yzyndan ibereýin — diýip, derrew bir hat ýazyp, totynyň boýnuna daňyp: «Bu haty tiz agaňa ýetir we jogabyny hem alyp gel» diýip, guşy uçuryp goýberýär. Toty asmana galyp özüni bulutlaryň içine urup, ýolda hiç ýerde eglenmän, birnäçe günden soň, Çyn şäherine ýetýär. Şäheriň üstünden bir uçup aýlanyp, şäheriň töweregini barlap ýörkä, täjiriň elmydama öz ýany bilen äkidýän tazysynyň agzynda bir döwüm çörek saklap, bir guýunyň başynda duranyny görýär.

— Hä, şu guýuda bir zat bar, gel, bu guýa özümi uraýyn — diýip, toty derhal özüni guýynyň içine oklaýar. Bir görse, agasy gamgyn, agyr halda otyr, täjir öz totusyny görüp, ony ogşap, boýnundaky haty görüp, ony açyp okasa, öz söýgüli aýalyndan gelen hat ekeni. Aýaly hatynda şeýle ýazan ekeni: «Eý, meniň bürgüdim, saňa näme boldy, sen bir ýyldan bäri ne hat, ne habar iberdiň, ne-de özüň gelýärsiň, başyňda bir gowga bolsa, tiz ýazyp, maňa habar et, men bir çäre taparyn».

Täjir derrew öz başyna düşen wakany bir kemsiz edip ýazyp, totusynyň boýnundan daňyp, ony ogşap: «Şu haty tiz hanymyňa ýetir» diýip, uçuryp goýberýär. Toty birnäçe günden soň, haty öz hanymyna ýetirýär.

Täjiriň aýaly haty okap, derrew bir agaç ussasyny ýanyna çagyryp, oňa bir sandyk ýasadýar, özi hem ýüz sany öýjügi bolmaly, halan wagtyňda öýjükleriň haýsy birine arkaňy ýaplap gysanyňda, onuň agzy açylar ýaly etmegi tabşyrýar.

Ussa üç günüň içinde sandygy taýýar edýär. Täjiriň aýaly özüne laýyk erkek geýimlerini geýip, bir gyr atyň üstüne münüp, ýüz sany syçany bu öýjüklere salyp, köp harytlary alyp «Nirdesiň Çyn şäheri» diýip, ýola rowana bolýar. Az ýöräp, köp ýöräp, bir aýdan soň Çyn şäherine baryp ýetýär.

Çyn şäheriniň patyşasy hemişekisi ýaly, bu täjiri hem öýüne çagyrýar. Emma bu aýal: «Eger patyşa harytlarymy ýanyma alyp gapdalymda goýmaga rugsat berse, onda baryp biljek» diýip aýdan. Patyşa muňa razy bolýar. Bu aýal sandygyny alyp baryp, öz oturjak ýerinde goýup, özi hem oňa söýenip oturypdyr. Patyşa öz içinden: «Hä, bu täjiriň baýlygy öňküleriň çaky däldir, munuň tyllasy örän köp bolara çemeli. Muny hem şu gije utup, diri çykmaz ýaly edip, has çuň çukura taşlaryn» diýip, göwün ýüwürdýär.

Bular iýip-içenlerinden soň bu patyşa humar oýnamagy teklip edýär we öňki täjirler bilen eden şertini bu täjire hem aýdýar. Aýal razylaşyp şeýle diýýär: «Eger men utulsam, meniň ähli zatlarym, ýüpek matalarymyň gymmat baha daşlarymyň hemmesi seniňki bolsun. Eger sen utulsaň, seniň patyşalygyň meniňki bolsun». Patyşa-da özüniň utulmajagyna ynanyp, onuň şertine razy bolýar.

Oýun başlanýar. Bir sagat geçenden soň bu aýal ýadan kişi bolup, dynç almak bahanasy bilen duýdurman, öýjükleriň birini itip goýberýär, öýjükdäki içi gysan syçan ondan böküp çykyp, pişigiň öňüne atylyp düşýär. Pişik bada şemi taşlap, syçany tutjak bolup topulýar. Emma patyşa pişige gygyryp, gymyldaman oturmagyny talap edýär. Şeýdip, daň atmaga az galanda üçünji syçan öýjükden syçrap çykyp, pişigiň öňüne düşende, pişik bu

sapar saklanyp bilmän şemi towlap ýere urup, syçany tutagada, tamdan çykyp gaçýar. Täjir aýal bolsa derrew elini uzadyp, patyşanyň jygasyny kellesinden alyp, özi geýýär. Patyşa bu işe haýran galsa-da, şertinden dänip bilmeýär.

Bu aýal ertir irden adam iberip, bendi edilen täjirleriň hemmesini tussaglykdan azat edip, olaryň mallaryny özlerine gaýtaryp berip, öz ärine özüni tanadyp, bu zalym patyşa bolsa kesbine görä jeza berýär. Özi Çyn ýurdunyň patyşasy bolup, ärini hem özüne wezir edip belleýär.

Şeýdip, täjiriň aýaly patyşadan äriniň we ençeme täjirleriň aryny alýar.

# PATYŞA WE DÖRT OGRY[1]

Bir bar eken, bir ýok eken, gadym eýýamda bir adyl patyşa bar eken. Ol patyşanyň bir-iki sany gowy görýän weziri hem bar eken.

Bu patyşanyň käri gündizine ýurdy dolandyryp, gijelerine özüni bir galandar sypatyna salyp, şäher köçelerinde gezip, aýlanyp ýörmek ekeni.

Günlerde bir gün bu patyşa gije bir çene baranda galandar sypatyna girýär-de, şäher köçelerine aýlanyp başlaýar. Ol gidip barýarka, öňünden bir adam çykan. Patyşa oňa: "Kimsiň, näme işleýärsiň?" diýip, sorag beren.

Ol adam:

— Aý, şu bimahal çagy gezip ýöreniňem, näme işläp-işlemezi bolarmy?! — diýen.

Onda patyşa oňa:

— Hany, onda bärik gel, ikimiz dertdeş ýaly-la — diýen.

Ol adam sowulyp, patyşanyň ýanyna gelen. Oňa deňeç olaryň gabadyndan ýene bir adam geçip ugran. Patyşa ony hem çagyran. Ol adam hem öz maksadyny aýdanmyş.

---

[1] Türkmenbaşy adyndaky Türkmenistan Milli golýazmalar institutynyň golýazmalar hazynasy. 6880$^{e}$-nji bukja. Toplan: N.Şükürow. 1993-nji ýylyň Bitaraplyk aýy.

Soň ýene birki sany adam görnen. Olary hem özlerine goşanlar. Soňkular hem özleriniň ogurlyk etmäge barýandyklaryny, bassyr-ýussursyz boýunlaryna alypdyrlar.

Şeýdip, bular patyşa bilen bäş adam bolup, etmeli işlerini, gitmeli ýerlerini oturyp maslahat edenler. Soň patyşa:

— Ýigitler, geliň, ilki bir-birimiziň häsiýetimiz, kärimiz bilen tanyşalyň, kimiň elinden näme gelýär, onsoň biziň etjek işimiz mälim bolar — diýen.

Bularyň biri: «Meniň elimden gelýän zat — itleriň diline düşünýärin» diýipdir. Beýlekisi: «Men bir doga bilýärin, şonuň güýji bilen dünýäde näçe berk gulp bolsa-da, ony açýaryn» diýip aýdan. Başga biri: «Men bir doga bilýärin, onuň güýji bilen hiç kimiň gözüne görünmän, etjegimi edip bilýärin» diýen. Dördünjisi: «Meniň elimden gelýän zat ýok, ýöne gara hyzmatdan gaçýan adam däl. Ýeriň astyndan ýol gazmaly, ýük götermeli bolsa-da, güýjümi gaýgyrýan adam däl» diýen.

Soň patyşa:

— Beýle bolsa, hany onda nirä gideris — diýen.

Ýoldaşlarynyň biri:

— Aý, gitmesine-hä, ynha, pylan söwdagär ýaňy pylan ýurtdan gelipdir, zady örän köp getiripdir, şoňa gidäýeris, ýöne, hany, seniň eliňden näme iş gelýär — diýip, patyşa ýüzlenipdir.

Patyşa:

— Meniň elimden gelýän zat, eger-de siz gola düşäýseňiz, her hili ýagdaýda-da, hatda dara çekjek bolsalar-da, men sizi ölümden sypdyraryn — diýen.

Ýoldaşlar bir ýurtdan gelen söwdagäriňkä gitmekçi bolupdyrlar.

Patyşa:

— A-how, dostlar, her haýsymyzyň elimizden bir kär gelip durka, biz näme diýip söwdagäriňkä ýa-da ýene biriniňkä gitmeli. Ynha, patyşanyň hazynasyny ýaryp bilsek weli, bize tä

ölýänçäk eklenç bolar, ýörüň köşge gideliň. Birimiz her hili berk gulpy açyp biljek bolsak, ýene birimiz hiç kime görünmän ogurlyk edip biljek bolsak, ýene birimiz itiň diline düşünsek, beýlekimiz, bardy-geldi, tutulaýanymyzda-da, ölümden gutarjak bolup durkak gideliň, patyşanyň hazynasyna — diýipdir.

Şunluk bilen, bular maslahatlaryny bir ýere jemläp, patyşanyň hazynasyny ýarmaga ugrapmyşlar. Bäşisi bäş ýerden, patyşanyň howlusyna girenlerinde, it üýrmäge başlapdyr.

Patyşa ýoldaşlarynyň birine:

— Ýeri, itiň diline düşünýän bolsaň, aýt, it näme diýip üýrýär? — diýen. Ýoldaşy:

— Şu gelýänleriň arasynda patyşa bar diýip üýrýär? — diýen. Onda ýoldaşlary:

— Aý, akmak, dile düşünişiňmi şu? Gijäniň bir wagty biziň ýaly ogrularyň arasynda patyşa näme işlesin?! — diýşip gülüşenler.

Şeýdip, olar patyşanyň gaznasynyň saklanýan jaýyna baranlar, görseler, ol gulply eken. Ýaňky gulplary açyp bilýän kişi garawula duýdurman, gulplary açypdyr-da, özünden göwnühoş: «Ynha, muňa patyşanyň hazynasy diýýärler» diýen. Onsoň olar hälki göze görünmeýäni orta çykaranlar we oňa: «Sen baryp bäş-alty çuwaly doldur» diýenler. Göze görünmeýän baryp, derrew ýeke-ýekeden bäş-alty çuwaly gyzyldan dolduryp, ýoldaşlarynyň ýanyna süýräp getiren. Duranlaryň her haýsy bir haltany alyp, öz öýlerine gaýdanmyş. Bu wakany patyşanyň garawullaryndan hiç biri duýmandyr. Oňa deňeç hem ýalançy ýagtylypdyr.

Daň atypdyram welin, ynha, «Hazyna ýarylypdyr» diýip, şähere gowur düşen. Wezirler ylgaşyp baryp, patyşa habar berenler. Patyşa çar tarapa adam iberip, ogrularyň dördüsini hem tapyp, zyndana saldyrypdyr.

Ogrular zyndanda otyrkalar derdinişipdirler: «Wah, biziň şol her iş düşse sypdyraryn» diýen ýoldaşymyzy tutup bilmändirler, bolmasa onam tapdyralyň, belki, kömegi deger».

Ogrular öz aralarynda maslahat edýärler-de: «Şeýle-şeýle, biziň ýene bir ýoldaşymyz bolmaly» diýşip şugullaýarlar. Wezirler, ýasawullar ogrularyň sözlerini patyşa habar berenmişler.

Patyşa: «Bolýar, ony hem taparys» diýipdir-de: «Ogrulary getiriň-de, dardan asyň» diýip buýruk beren. Wezirler jellatlary çagyryp, ogrulary hem zyndandan getirip, dar agajynyň astyna alyp baranlar. Bäşinji ýoldaşlaryndan hem tamalary çykmandan soň, ogrular bir-biri bilen razylaşyp, janlaryndan umyt üzüpdirler. Ýüpi «çek-hä çek» bolşup durkalar, patyşa:

— Ogrulary dara çekmäň, boşadyň-da, hammama salyp, täze eşik, halat beriň, soň meniň ýanyma alyp geliň — diýip buýruk beren.

Patyşanyň buýrugyny derrew ýerine ýetiripdirler. Ogrulary hammamda suwa düşürip, olara eşik beripdirler-de: «Hany, ýörüň patyşanyň ýanyna» diýipdirler. Ogrular patyşanyň huzuryna baryp, öz gözlerine ynanmajak bolupdyrlar, patyşa diýilýäni bularyň bäşinji ýoldaşy bolsa näme?

Patyşa ogrulary gören dessine ýerinden turup, olara hezzet-hormat edip, nahar-çaý berdiren. Nahar-çaýdan keýplerini köklänlerinden soňra, olara:

— Ýeri dostlar, men sözümiň üstünde tapylyp bildimmi? — diýen. Ýoldaşlary geň-taň galyp, hiç hili jogap bermändirler.

Patyşa olaryň her birine özüne mynasyp kär berip, öz ýanynda alyp galan. Şeýdip, bular ogurlygy goýup, her haýsy bir kethuda bolupdyr.

Bularyň gitdigiçe abraýy artyp başlapdyr. Patyşanyň bulary ileri tutup, her bir işde olara sala salmagy öňki wezir-wekillere ýaramandyr. Olar:

— Biziň patyşamyz birnäçe ölümli günäkärleriň, ogrularyň, özüniň hazynasyny ýaran adamlaryň günäsini geçdi-de, özüne ygtybarly adamlar etdi, bizi gyraklatdy, siltedi. Edişi şu bolsa bizem dek ýatmalyň — diýşip, geňeş edenler. Bu geňeşi hälki göze görünmeýän aýýar aňan. Emma ol göze görünmänden soň, wezir-wekiller aýýaryň aňanlygyndan bihabar galýar.

Şonluk bilen, wezirler şeýle netijä gelýärler. Patyşany awy berip öldürmeli, onuň ýerine täze bir patyşa saýlamaly. Bu ýagdaýda täze patyşa bellenende, ilat biziň yzymyza düşer. Sebäp diýseň, ogrulary, ölüm günäli adamlary halk bilýär. Eger-de täze patyşa saýlap bilsek, onuň üsti bilen biz bularyň başyna ýetip bileris.

Şeýlelik bilen, wezirleriň biri patyşany myhmançylyga çagyryp, onuň naharyna awy atyp, öldürmekçi bolýar. Aýýar hem duýdurman, olaryň yzyna düşüp ýören. Wezir agşam patyşany çagyryp, meý berip, mes edip kelleleri gyzanda: «Nahar getiriň» diýip buýruk beren. Aşpezler derrew nahary getirip, goýanlar. Hälki wezir ýaňky awy sepilen aşy patyşanyň öňünde goýan. Patyşa nahara elini uzadandan, beýlekileriň şeraply käsäni başlaryna çekmäge duranlaryndan peýdalanyp, häki aýýar ýaňky patyşanyň öňünde goýlan awyly çanagy weziriň öňüne süýşürip, weziriň iýjek aşyny patyşanyň öňüne goýup ýetişýär. Şeýlelikde, wezir öz gazan çukuryna özi düşüp, patyşa derek amanadyny tabşyrýar.

Patyşa entek bu bolýan işden habarsyz galýar. Weziri uly matam tutup, oňa uly hormat-sylag edip, jaýlaýarlar. Patyşa weziriň maşgalasyna kän kömek belleýär.

Ýaňky wezir bilen maslahat eden adamlar bolsa, bu işe aňka-taňka bolup galýarlar we maslahaty ikinji gezek hem birikdirýärler. Aýýar ony-da duýýar.

Şonluk bilen, ýene-de bir wezir, patyşany nahara çagyryp, awy bermekçi bolup, patyşanyň öňünde nahar goýan. Aýýar

ýene-de bir tär bilen ikisiniň naharyny çalyşan. Ahyrda ýene-de patyşa zat bolman, wezir ölen. Bu ýagdaý wezir-wekilleri oýlandyrýar. Olar bu gezek nahary aşpezlere ynanman, özleriniň birine ynanyp, awyny şoňa atdyrmaly diýen netijä gelýärler. Aýýar bu sapar hem olaryň yzyna düşüp ýörýär.

Ahyr ýene bir gün wezirler meýlisi gyzdyryp, patyşanyň başyny aýlaýarlar-da, häki awyly nahary onuň öňünde goýýarlar.

Aýýar gelip, weziriň öňündäki tabagy patyşanyň öňüne, patyşanyň öňündäki tabagy weziriň öňüne süýşürýär. Ýöne bu gezek onuň hereketini hemmeler görýär.

Wezirler gorkup, ýaňky nahary yzyna gaýtarmakçy bolýarlar, şol wagtda aýýar patyşanyň gözüne görünmän, gulagyna ýuwaşja çawuş çakan: «Kyblaýy älem, siz şol özüňize goýulan nahary gapydaky ite berdirip görüň».

Patyşa ol nahary itiň öňüne dökdürýär welin, it derrew ölýär.

Patyşa päliýaman wezirleri şobada tussag eden. Aýýar bolsa patyşanyň huzuryna gelip, bolan wakalary doly gürrüň beren.

Patyşa bu aýýara köp sylag berip ony, özüne wezir bellän hem ynamdar adamlaryny töweregine jemläp, ýurdy rahat dolandyrmaga başlanmyş.

## PÄLAZAN BAÝ WE ONUŇ GYZLYGY[1]

Gadym zamanlarda bir tüçjar baý adam bar eken. Günlerde bir gün onuň aýaly ölüpdir. Baýyň ýetişip oturan aý ýaly owadan gyzyndan başga hiç kimi ýok eken. Olam özüniňki däl-de, aýalynyň yzynda gelen öweý gyzy eken. Baý aýalynyň aşsuwuny berip, molladan:

— Eý, molla, men diniň kada-kanunlary boýunça elim bilen ýetişdiren agajymyň miwesini iýip bilerinmi? — diýip sorapdyr. Molla oňa:

— Elbetde, öz ýetişdiren daragtyň miwesi saňa halal — diýenmiş. Bu ýerde baý miwe diýip, öz öweý gyzyny göz öňünde tutýan eken. Sebäbi aýaly ýurduny täzeländen, ol gyzlygyna göz gyzdyryp ýören eken. Aradan esli wagt geçensoň, ol bir gün gyzlygynyň ýaşaýan otagyna baryp, şelaýynlyk bilen şeýle diýipdir:

— Eý, gyzym, ejeň öldi. Mende ogul zürýat ýok. Bu giden baýlygy kime galdyraýyn. Men entek ýaş. Aýal alsam, onuň saňa-da, maňa-da nähili garajagy belli däl. Şonuň üçin men saňa öýlensem, hemme zat ýerbe-ýer, gülala-güllük boljak. Men munuň dinimiziň düzgünlerine hem dogry gelýändigini molladan soradym.

---

[1] Türkmenbaşy adyndaky Türkmenistan Milli golýazmalar institutynyň golýazmalar hazynasy. 1342[f]-nji bukja.

Kakalygynyň päliniň bozukdygyny öňräkden aňyp ýören gyz:

— Sen ony utanman nähili edip sorap bildiň. Heý, atasyna öz perzendine öýlenmäge-de bir din ýol berermi? Men saňa «gyzlygy» diýdiren däldirin. «Gyzy» diýdirendirin. Seni hakyky atamyň ornunda görendirin — diýen. Kakalygy:

— Men molladan «Öz ýetişdiren daragtymyň miwesi maňa halalmydyr, men ony iýip bilerinmi?» diýip soradym. Ol: «Hawa, ol saňa halaldyr» diýdi — diýipdir. Onda gyzlygy:

— Sen miwe hakda sorapsyň, men bolsam ynsan ahyry. Sen bu sözleri gaýdyp agzyňa alma, päliňden gaýt, Alladan gork, il-günden utan — diýip, üstüne azgyrylypdyr. Emma baý el çekmändir.

Bir gün ol gyzlygynyň üstüne girip, gapyny içinden gulplapdyr. Gyz ýaýdanyp, töweregine garanjaklapdyr-da, penjireden özüni oklap, tokaýlyga urup gidipdir.

Gyz köp ýöräp, az ýöräp bir dury çeşmäniň başyna barypdyr. Oturyp dem-dynjyny alandan soň, çeşmäniň üstüne abanyp duran agajyň üstüne çykyp, şahalary döwüşdirip, özüne ýatar ýaly ýer edinipdir. Gyz gijäni şol ýerde geçirip, ertesi ýere düşüpdir-de, elini-ýüzüni ýuwupdyr. Suw içipdir. «Nireden bir döwüm çörek tapyp bolarka» diýip, oýlanyp oturka golaýdan iki sany atlynyň gelýänini görüpdir. Ol gorkusyna agaja münüpdir. Onýança ýaňky atlylar çeşmä ýetip, atlaryny suwa ýakmakçy bolupdyrlar. Atlar suwa gözi düşenden, ürküp arkan serpilenmişin. Atlylar bir täsin hekaýatyň bardygyny aňyp, atdan düşüpdirler-de, çeşmäniň içine garapdyrlar. Görseler, suwuň ýüzünde peri sypat gyzyň şekili durmuş. Bular haýran galyp töwerege, soň bolsa ýokaryk seredipdirler. Ýigitleriň biriniň agajyň üstündäki gyza gözi düşüpdir. Ol:

— Ynsmysyň, jynsmysyň, Allanyň hatyrasy üçin özüňi mälim et. Biz gorkuly adamlar däl. Men şu ýurduň şasynyň

ogly, bu-da weziriň ogly — diýip, eýýäm yşga düşen şazada boýun burup ýalbarypdyr.

Gyz ýere düşüpdir. Şazada ondan hiç zat soraman, atyň syrtyna alyp, köşge, atasynyň ýanyna eltipdir we:

— Eý, mähriban atam, şu gyzy maňa nikalap beriň — diýipdir. Şa muňa düýbünden razy bolmandyr. Her bir tokaýda ygyp ýören gyzy ogluma nikalasam, ile ryswa bolaryn. Meniň çal başymy masgara etme-de, yzyna eltip taşla — diýip, ogluna ýalbarypdyr. Şazada bolsa:

— Eger men diri bolup, şundan başga gyza baş galdyrsam, iki gözüm aksyn — diýip, ant içipdir-de, gyzy alyp öz jaýyna eltipdir. Bir mollany çagyryp, nika gyýdyrypdyr.

Bular şeýdip ýaşaberipdirler. Aradan iki aý geçensoň, gyz özüniň göwrelidigini şazada, şazada enesine, enesi hem patyşa aýdypdyr. Bu habary uly il hem eşidip, şadan olaryň toýuny etmegi sorapdyrlar. Şa razy bolup, toý edipdir we ogludyr gelnine ak pata beripdir. Dokuz aý, dokuz gün, dokuz sagat geçip şazadanyň bir ogly bolupdyr. Toý edip, adyna Şa Apbas goýupdyrlar.

Indi habary gyzyň kakalygyndan eşidiň. Ol bir jadygöýiň ýanyna baryp:

— Indi bir ýyldyr, gyzym öýden zym-zyýat bolup ýitdi. Heý, ondan bir habar bilip bolmazmyka? — diýipdir. Ol jadygöý kitaplary agtaryp:

— Seniň gyzyň patyşanyň gelni. Ony şazada tokaýdan tapyp, özüne nikalap alypdyr. Bir aý mundan öň bolsa ogly bolup, adyna Şa Apbas dakypdyrlar — diýen.

Baý bu habary eşiden dessine, ýaňky jadygöýden çem gelen kitaplaryň birini diläp alypdyr-da, köşge tarap ylgapdyr. Baryp derwezäni kakypdyr weli, derwezeban çykyp onuň näme habar bilen gelenini sorapdyrlar. Baý özüniň bilgiçdigini, şa üçin

hyzmat etjekdigini aýdypdyr. Bu habary patyşa ýetiripdirler. Şa ony ýanyna çagyryp:

— Seniň näme hünäriň bar? — diýip soraýar. Baý oňa ýiten zady tapyp bilýändigini aýdýar. Şa oňa bir jaý görkezip:

— Şol jaýda ýaşaber. Iýip-içesiň gelende, hol naharhana bararsyň, başga ýerik çykyjy bolma — diýipdir.

Şeýdip, baý köşkde ýaşaberipdir. Ol ýagşy öwrenişenden soň, bir gün şazadanyň öýüne barypdyr. Görse, gyzy bäbegini üwräp oturanmyş. Gyz hem kakalygyny tanapdyr. Ýöne oňa dözmän, sesini çykarmandyr. Ýogsa, onuň ýoguna ýanmak üçin gyzyň şazada ýekeje söz aýtmagy ýeterlik bolupdyr. Baý yzyna dolanyp gelip, bir päkini ýitiläp, agşama garaşyp oturypdyr. Daňa golaý şazadanyň gapysyny açyp ýuwaşlyk bilen içerik girýär. Gyzy şazada bilen şasypanyň üstüne ýazylan daraýy ýorganda çyrmaşyp ýatanmyş. Baý pişik basyşyny edip, sallançagyň ýanyna barýar-da, Apbasy alyp ökjäni göterýär. Ertesi şazada bilen gelin oýanyp, el-ýüzlerini ýuwýarlar, iýip-içýärler. Emma Apbas oýanmaýar. Gün giç guşluk galanda, birahatlanyp, gelin:

— Oglumyz oýanmady-la! — diýýär.

Gelin sallançagyň ýanyna gelenden bihuş bolup ýykylýar. Şazadanyň ýüregine howul düşüp ylgap gelse, Apbas ýok. Bu habar bada köşge ýaýraýar, patyşa-da ýetýär. Patyşa baýy çagyryp:

— Hünäriňi görkez — diýýär. Baý:

— Bolan zada hünär görkezmegiň geregi ýok. Haýasyz gelniň ýarygije turup, şazada duýdurman bir ýigit bilen agtygyňy alyp, ilerki haraba taşlap geldiler. Men özlerine duýdurman yzlaryna düşüp, gözüm bilen gördüm. Ynanmazlyk edýän yzyma düşsün. Ýöne gelniň yzarlanýanyny duýan bolsa gerek, ol näkes bilen gaçyp ýetişmedi.

Baýyň sözüne kim ynandy, kim-se ynanmady. Öňem oglundan kineli patyşa welin dergazap bolup:

— Her bir ýoldan tapylana öýlenseň, ine, görjegiň. Bu haýasyz gyrnagy derrew ýok ediň — diýip gygyrýar.

Huşuna gelen gelin, äm-säm bolup durşuna:

— Men günäkär däl-ä, däl. Heý, ene-de bir öz balasyny harabalyga taşlarmy? — diýip, ýarym-ýaş aglap özelenýär. Ol sözüni tamamlap ýetişmänkä, ýasawullar gelni idirdikledip, öňlerine salyp köşkden çykaranlarynda, şazada olaryň yzlaryndan ýetip:

— Eger muny öldürseňiz, soňky gün eşitmedim diýmäň. Özüňizi dogram-dogram edip itleriň öňüne taşlaryn. Ogluny tapyň-da, ikisini bile çöle çykaryp goýberiň. Bagtyndakyny görsün — diýip, gelniniň, ýüzüne bir gezek seredipdir-de, ýüzüni sallap gidiberipdir. Ýasawullar baýy-da öňlerine salyp, harabalykdan çagany tapdyryp, onam gelniň gujagyna beripdirler.

Şeýlelik-de, ýasawullar atly, goltugy bäbekli gelin paý, pyýada, aç-suwsuz ýoňsuz ýol ýöräpdirler. Ahyr-da ýasawullar olary bir çöllükde taşlap, yzlaryna dolanypdyrlar.

Gelin çagajygyny tapanda Hudaýa ýüz müň şükür edip, ogluny gujagyna gysypdyr-da, sähra bilen gidiberipdir, gidiberipdir. Emma yns-jynsa duşmandyr. Gün ýaşyp garaňky düşüpdir weli, ýakyn bir ýerde hatar yşk görnüpdir. Gelin Allany çagyryp, şol tarapa ýöräberipdir. Ýakyn baryp görse, ol obaçylyk ekeni. Gelin çetdäki öýüň gapysyny kakypdyr weli, ýüzünden nur ýagyp duran bir garry aýal çykypdyr-da:

— Gelen döwletdir, gel, gyzym, giriber — diýip, ony içerik salypdyr. Ol ogulsyz-gyzsyz garyp kempir ekeni. Gelniň öňünde çaý-çörek goýup, ondan bu ýerlere nireden düşenini sorapdyr. Gelin başyndan geçen wakalary bolşy ýaly gürrüň beripdir weli, kempir:

— Seni maňa Allatagalanyň hut özi ýollapdyr. Bileje ýaşap, Apbas jany ýigit ýetireris. Ertir goňşy-golamlaryma «Meň pylan ýerdeki daýymyň gyzy bu, dul galypdyr-da, ýalňyzlygymy eşidip, bile ýaşamak üçin gelipdir» diýerin — diýipdir. Ol hut şeý diýip, obasyny ynandyrypdyr. Şeýdip, gelin, Apbas we kempir üçüsi bir öýde ýaşaberipdirler. Ýurt açlyk, ölmez ödi, tapmak hem çetinmiş. Kempir bilen gelin biýz dokap satmaga iberýärmişler. Goňşulary bir goja oňa arpa, bugdaý ýa mäşjagaz getirip berýär eken.

Şeýlelik bilen, Apbas ýedi ýaşyna ýetipdir. Kempir dokan biýzlerini satmak üçin, ony iberip başlapdyr. Apbas ilkinji gün bäşlik altyn getiripdir. Muňa haýran galan ejesi hem kempir enesi:

— Sen muny nireden aldyň? — diýip sorapdyrlar. Apbas bolsa:

— Meni söwda ibereniňizde beýle sorag bermäň, barybir men nädip, nireden alanymy aýtman, ogrulygam etmen — diýipdir.

Soňabaka söwda-satyg işi bolmasa-da, ol öýden çykyp gidip, gijara bäşlik altyn bilen dolanyp gelýärmiş. Ejesidir enesi «Bu ýagdaýyň soňy bir bela elter, biziň bir ýylda dokan bizimiziň bäşlik, altyna alynjak gümany barmy?» diýşip, howsala düşüpdirler.

Apbas şol günüň ertesi hem ir bilen öýden çykyp, bazara tarap ugrapdyr welin, ejesi-de garama-gara yzyna düşüpdir. Apbas elindäki bir kişilik bizi bazar ýolunda oturan gedaýlaryň birine beripdir-de, bazara barman, uzakdaky daga tarap ugrapdyr. Ejesi-de öňküsi ýaly yzyna düşüp barýarmyş.

Apbas bir jülgäniň içindäki saýaly agaçlaryň içine siňipdir. Ejesi şol ýere baryp görse, kyrk sany başy ak selleli, ýaşyl donly adamlar hatara oturanmyş. Apbas hem olaryň garşysynda çök düşüp, aýdýan zatlaryny üns berip diňläp otyr diýýär. Bu-

lar çiltenler ekenler. Olar her gün Apbasy bu ýere getirip, akyl-parasat, ylym öwredýän ekenler. Olar Apbasyň ejesini görüp:

— Oglum, sen azap çekip gelme. Bary bir indi bu ýerde bizi tapmarsyň. Ejeň seni yzarlap gelipdir — diýipdirler-de, eline bäşlik tylla beripdirler hem ýagşy dilegler bilen gol göterip, gaýyp bolupdyrlar. Apbas ýanyna gelen ejesine garap:

— Näme üçin meni yzarlap geldiň? Meni müň dürli ir-iýmişden, bäşlik altyndan, akyl-paýhasdan, ylymdan mahrum etdiň — diýip aglapdyr.

Puşmandan nä peýda, olar öýlerine gelip, Apbasyň şol güne çenli getiren altynlary bilen bol-telki ýaşapdyrlar.

Indi habary şazadadan al. Ol aýalynyň şeýle ýaramaz iş etjegine ynanmandyr. Ýöne kakasynyň gyjytly sözi ony birbada ikirjeňlendiripdir. Şazada jellatlar dolanyp baran badyna, aýalyny nirede goýup gaýdandyklaryny sorapdyr we olaryň salgy beren ýerine ylgapdyr. Emma ony tapyp bilmändir. Şol günden beýläk ol gam-gussa bilen saralyp solupdyr.

Şeýdip, ýedi ýyl geçipdir. Bir gün weziriň ogly onuň otagyna gelip:

— Eý, şazada, adam gam basanda awa şikara çykmalydyr, syýahata gitmelidir. Ýogsa ol öler — diýipdir. Şazada ýaşlyk dostunyň sözüni makul görüpdir-de, syýahata çykypdyr. Ol birnäçe aý aýlanyp, gelniniň ýaşaýan obasynyň golaýyndaky şähere gelipdir. Bazarda aýlanyp ýörkä, biz satyp ýören oglanjyga gözi düşüpdir. Näme üçindir oglan şazadanyň gözüne seretdigiçe yssy görnüpdir. Ol oglanyň ýanyna baryp, adyny sorapdyr. Oglan:

— Maňa Apbas diýerler. Pylan obaly — diýip, uly adam ýaly söz urupdyr. Şazada onuň bilen ýakyndan tanyşmagy, ysnyşmagy ýüregine düwüpdir:

— Apbas, seniň kimiň bar?

— Ýalňyz ejem bar. Garry enekäm hem bar.

— Öýüňiz daşmy?
— Galadan bir sagatlyk ýol.
— Atlymy, pyýada?
— Mende at ýok.
— Şu günlük meni myhman alyp bilermiň?
— Baş üstüne — diýip, Apbas ýigidi yzyna tirkäp öýlerine alyp barypdyr. Şazadanyň gözi aýalyna düşenden ýüzüne nur çaýylypdyr. Onuň bilen gujaklaşyp başlanyndan, Apbas hem şazadanyň öz kakasydygyny bilip, boýnuna towsupdyr. Şazada olary kempir bilen bilelikde köşge alyp gaýdanmyş. Gelin ýolda başdan geçirenlerini bolşy-bolşy ýaly aýdyp beripdir.

Indi habary gyzyň kakalygyndan eşidiň. Ol gyzlygyna sütem edeninden soň, köp wagt geçirip, baýaky jadygöý bilgijiň ýanyna barypdyr weli, ýene gyzlygyny sorap gelendir öýden bilgiç, ol demini dürsemänkä:

— Gyzyňy ogly bilen bilelikde şazada köşge alyp barýar — diýipdir.

Baý dem-dynjyny alman, köşge ylgapdyr. Ýöne onuň gyzlygynyň haýyşy boýunça şazada gelnini ogly bilen içki jaýynda bir günläp ýaşyryn saklapdyr.

Şazada şol gün kakasynyň ýanyna baryp:

— Ertir rugsat berseňiz, bir kiçiräk ýygnanyşyk etmekçi. Şoňa köşkde bolýan erkek göbeklileriň hemmesini çagyrmakçy – diýipdir. Şa ylalaşyp, şazadanyň maslahatyna hemmeleri alyp barmaga söz beripdir. Ertesi köşk adamlary bilen birlikde gyzyň kakalygy hem barypdyr.

Şazada aýalynyň maslahat berşi ýaly, gapyda iki sany ýasawuly garawul goýup, kim çykyp gaçmakçy bolsa kellesini almagy tabşyrypdyr hem:

— Men şu gün maşgalamdan aýra salanyň kimdigini takyklasym gelýär. Ony takyklamaga kömek edip biljek adam

ýokmy? — diýip, töweregine garapdyr welin, içki jaýdan aýaly çykyp:

— Ony menden başga hiç kes aýdyp bilmez — diýip, sözüni dowam etdiripdir.

— Eý, mähriban gaýyn atam, hökmürowan patyşahym, meniň ölmän galanymy geňlemäň-de gulak asyň. Ogluňyzyň islegine görä, men şu gün size bir hekaýat aýdyp bermekçi. Ýakyn zamanda bir pälazan baý adam bar eken. Ol aýaly ölenden soň, özüniň ýalňyz gyzlygyna aşyk bolup, närazydygyna garaman, her hili pirimler bilen oňa öýlenmekçi bolupdyr.

Gelin şu sözleri aýdandan kakalygy gapa tarap okdurylypdyr. Ýasawullaryň ýalaňaç gylyjyna gözi düşüp, yza çekilipdirde, oturan adamlaryň üstlerinden böküp, penjirä tarap ylgapdyr. Şonda gelin:

— Tutuň, ol kezzaby, goý, meniň sözümi soňuna çenli diňlesin — diýip gygyrypdyr. Ony tutup el-aýagyny baglapdyrlar. Gelin öz başyndan geçirenlerini jikme-jik gürrüň berip bolansoň:

— Anha, meniň kakalygym, haýasyz şol — diýip, kakalygyny görkezipdir. Şa ony dört günläp aç saklap, garny hepbik ýaly bolup boşansoň, dört sany gatyr getiripdir. Baýyň her elini bir gatyra, her aýagyny-da bir gatyra mäkäm daňdyrypdyr. Soň bolsa gatyryň üstündäki adamlara: «Heriň bir tarapa sürüň» diýipdir. Olar aýdylyşy ýaly edip, bat bilen gatyrlary saýgylapdyr welin, ortada el-aýaksyz, diňe kelleli betnyşan göwre galypdyr.

Patyşa bolan wakalara gynanyp, soň gelnini hormatlap, gaýtadan toý beripdir.

## APBASYŇ ÖÝLENIŞI

Ýyllar geçip patyşanyň söýgüli agtygy Apbas on alty ýaşyna ýetipdir. Özem akyl-parasaty bilen köşkdäkileriň hemmesini haýran galdyrypmyş. Bir gün patyşa ony ýanyna çagyryp:

— Mähribanym, Apbas jan, men gaty garrapdyryn. Ölmänkäm seniň öýleneniňi göresim gelýär. Razylyk berseň seniň üçin pylan begiň gyzyna söz aýtjak — diýipdir. Apbas ol gyzy öňden görüp, göz astyna alyp ýören eken. Ol razydygyny aýdypdyr. Şa weziri bilen şol begiňkä baryp, gyzy üçin söz aýdypdyr. Begiň aýaly bilen özi muňa gaty begenipdirler we gyzlarynyň ýanyna baryp:

— Bagtyň getirdi, gyzym. Seniň üçin patyşa sözaýdyjy geldi. Sen onuň agtygynyň dabarasyny eşidip ýörensiň — diýipdirler welin gyz:

— Bolmanam şanyň zürýady bolsaň, dabaraňy dagdan aşyrarlar, siz gyssanmaň, olar bilen meniň özüm gürrüňleşeýin — diýip, şanyň gaşyna gelip, tagzym edipdir. Soň bolsa:

— Gerek bolsam, öýlenjek ýigidiň özüni getiriň — diýenmiş. Apbasy getiripdirler. Gyz oňa:

— Eý şazada, seniň nähili hünäriň bar? Men şazada däl-de, hut şanyň özi bolsa-da, nähilidir bir hünär edinmedik bolsa, oňa barmaryn — diýen. Gyzyň bu sözüne şanyň gahary gelen. Emma Apbas:

— Ata, sen muňa gaharlanma, dünýädäki ýüzlerçe hünärden birini öwrenmedik adama dogrudan hem, hiç zat mynasyp

däldir. Men haýsy-da bolsa bir hünäri ele alman, bularyň gapysyny açdyrmaryn — diýipdir-de, atasy hem wezirler bilen tirkeşip, köşge gaýdanlar.

Apbas alty aýlap haly dokamak bilen meşgullanypdyr we şol döwrüň içinde iň oňat halylary dokamagy, oňa görülmedik täsin nagyşlary, gölleri salmagy öwrenipdir. Ol öz dokan halysyny gyza görkezipdir welin, gyz toý etmäge razylyk beripdir.

Apbas öýlenen güni garry atasy bilen kakasy öz raýatlary bilenem maslahatlaşyp, oňa patyşalygy hem tabşyryp, tagtda oturdypdyrlar.

Günlerde bir gün goh-galmagalsyz, ogrusyz-jümrüsiz parahatlykda arkaýyn ýaşap ýören şäherlileriň arasyndan birnäçe adam ýitipdir. Ertesi wezir hem zym-zyýat bolupdyr. Şa Apbas bu syryň üstüni açmak üçin, aýaly bilen maslahatlaşyp, derwüş geýiminde şähere çykypdyr. Aýalyna bolsa öz geýimlerini geýip tagtda oturmagy, gelenleriň arzy-halyny diňlemegi tabşyrypdyr. Aýaly Şa Apbasyň geýimini geýip, özüni tanatman tagtda oturypdyr. Şa Apbas bolsa öýe gelmän, şäheriň ol köçesinden bu köçesine aýlanyp ýörüpmiş. Bir gün ol ajygyp bir naharhana barypdyr. Naharhanada hyzmat edýän adamlar derwüş geýimli Şa Apbasa «Hol, içki tama baryber» diýşip zor bilen ugardypdyrlar. Şa Apbas on-on iki ädim ýöränden güpürdäp aşak gaýdypdyr. Onuň gelip düşen ýerzemininde ýiten adamlaryň ençemesi aç syryljaşyp ýatanmyş. Şa Apbas olardan: «Bu näme gep?» diýip sorapdyr. Onda olar:

— Gep şol, bu haramzadalar il ýatyp, it uklanda, adama duýdurman dört bäşimizi alyp gaýdyp, bazarda bir ýerde başga ýerden gelen gelmişeklere satýarlar. Özümize bolsa bir agyzam iýer ýaly zat berenoklar. Kezzaplaryň bu etmişlerini heniz şäherde bilýän adam ýok. Naharhana gelýänlerem başga ýurduň adamsy bolaýmasa, sebäbi beýle zat biziň ilimizde ata-baba görlüp-eşidilen zat däl. Ol häzirem hiç kimiň kellesine gelmez

— diýenmişler. Şa Apbas satmak üçin adam äkitmäge gelen iki sany nätanyş adama, «Meni hojaýynyňyz bilen duşuryň, munyňyzdan eklenç bolmaz» diýenmiş. Olar Şa Apbasy hojaýynlarynyň ýanyna alyp baranmyşlar. Şa Apbas hojaýyndan:

— Siz bu adamlary satyp, näçe girdeji görýärsiňiz — diýip sorapdyr. Hojaýyn on bäş, on alty tümen gazanýandyklaryny aýdypdyr. Şa Apbas oňa:

— Ýok, ýok ondan gazanç bolmaz, ugruny tapsaňyz, olar her günde otuz tümen girdeji berip biljek ahyry — diýen. Naharhananyň hojaýyny:

— Nädip, nädip — diýip, muňa gyzygyp gygyrypdyr. Şa Apbas:

— Siz olaryň birine-de azar bermän, tersine garynlaryny doýrup, işe ýarar ýaly ediň. Özünem gijikdirmän, şu günüň özünde şähere çykyp ýüň, adam başyna bir ik, saýawaç çybyklar, darak, syndy we haly dokamaga gerekli gurallary alyň. Men özüm belli halyçy. Ol adamlar ýüň egirer. Men bolsam aňyrsy ýigrim günde şeýle bir täsin haly dokap bererin welin, siz ony Şa Apbasa eltip berersiňiz. Ol bolsa size müň tümen berer — diýipdir.

Naharhananyň hojaýyny muňa ynanyp, öz adamlaryny şäherden aýdylan zatlary satyn alyp gelmäge iberipdir. Ýesir adamlaryň bolsa garynyny doýuryp başlapdyrlar. Şa Apbas ýesirleriň arasynda öz wezirini hem görüpdir.

Naharhananyň hojaýyny hatda satylyp, entek şäherden çykarylyp ýetişilmän, garaňky ýerzeminde saklanylýan adamlary-da yzyna satyn alyp getiripdir.

Şeýlelikde, gerekli zatlar getirlipdir. Ýesirler heniz ýüň egirip görmedik adamlar, Şa Apbasdan öwrenip ýüň egripdirler. Haly ýüwürdipdirler. Bir aý geçip-geçmän Şa Apbas olaryň kömek bermegi bilen şeýle bir owadan haly dokapdyr welin,

görmäge göz gerekmiş. Şa Apbas ol halyny naharhananyň hojaýynyna berip:

— Adamlaryňyz şanyň ýanyna barsyn-da: «Şa Apbas şu nusgadaky halyny müň tümene satyn alýarmyş diýip geldik» diýsinler. Ol halyny gördügi sypdyrmaz — diýipdir. Hojaýynyň adamlary kiçijik halyçany goltuklaryna alyp «Şa Apbasyň» huzuryna barypdyrlar-da, ýaňky öwredilen sözleri aýdypdyrlar. Şa Apbas bolup oturan gelin halyny görenden ony şanyň dokandygyny bilipdir we:

— Derrew müň tümeni sanap beriň. Beýle halyny dokamak dünýäde diňe bir adamyň elinden gelýär — diýip, gaznadara buýruk beripdir. Gaznadar naharhananyň eýesini yzyna tirkäp daş çykan bada bolsa ol goşunbaşa:

— Olaryň baryp haýsy jaýa girýänini aňtap biliň. Wezir-de, şäherdäki ýiten beýleki adamlar-da şol ýerde bolmaly — diýipdir. Gelniň özi-de atlylara baştutanlyk edip şol ýere ugrapdyr. Häki betpäller müň tümeni torba atansoňlar, aýaklary ýere degmän, naharhana gelipdirler.

Şanyň goşuny jaýyň daşyny gabapdyr. Şa Apbasyň gelni birnäçe pälwan esgerleri yzyna tirkäp jaýyň gapysyny açypdyr. Onuň içinde oturan hojaýynyň elini arkasyna baglap, ähli syrlaryny aýtdyryp, hojaýynyň salgy beren ýeri bilen ýerzemine giripdirler. Görseler, Şa Apbas-da, wezir-de, beýleki ýesirler-de haly dokaşyp otyrmyş. Şa Apbas düşbi aýalyna guwanyp, ony gujaklapdyr. Betpälleriň bolsa birinem goýman, halkyň gözüniň alnynda jezalandyrypdyrlar.

Şäheriň adamlary ýene gaýgysyz-gamsyz, adyl şanyň saýasynda parahat ýaşamaga başlapdyrlar.

## ŞAZADA[1]

Bir bar eken, bir ýok eken, gadym zamanlarda bir patyşanyň bilimli, sowatly bir ogly bar eken. Emma ýigit çykandan beýläk işi humar oýnamak, her dürli pussy-pujurlyk etmek bolupdyr. Onuň humara utdurýan we haramlyga sowýan her gündeki puly çenden çykar eken. Ar-namysyny unudan käbir aýallar özlerini bezäp-besläp, her dürli bälçik we gyzykly sözler tapyp, aldap oglandan islänleriçe pul alar ekenler. Onuň aýallaryň bezegine sowýan pulunyň özi humara utdurýan pulundan hem kän eken. Humary hernäçe köp oýnasa hem utýan gezegi bolmaz eken. Çünki, beýleki humarbazlar öz aralarynda dil düwşüp, her sapar muny aldap utýar ekenler. Oglanyň bu bolşy uzaga çekýär. Ata-enesi bilseler hem ýeke çagalarynyň göwnüne degmejek bolar ekenler.

Şunluk bilen, öz ýanlaryndan: «Belkem, düzeler, edýän işiniň ýalňyşdygyna belkem düşüner, akylyna aýlanar» diýip, oýlanar ekenler.

Ýok, oglandan ol edýän tamalary çykmandyr. Oglan humarbazlygyny we haramçylygyny barha güýçlendiripdir. Şeýle bolany üçin enesi ogluna:

---

[1] Türkmenbaşy adyndaky Türkmenistan Milli golýazmalar institutynyň golýazmalar hazynasy. 857$^{f}$-nji bukja. Aýdan: Gurbanmyrat Atamyrat ogly. Ahal welaýatynyň Tejen etrabynyň merkezi. Ýazyp alan: Ç.Garabekow. 1948-nji ýylyň Gurbansoltan aýy.

— Bu bolşuň däl. Humarbazlyk we beýleki edýän işleriň özüň we ataň üçin ullakan betnamçylykdyr. Özüňi gowy, edepli sakla. Gören guwanar ýaly oňat geýnüwli gez. Gowudan-gowy at mün. Toýlarda at çapyp, keýp çek. Özüň ýaly oglanlar bilen şikara git, aw awlap gel. Il içini gez. Nirde näme ýagşy zat baryny, git-de, gör. At münüp, giň sährany gezdigiňçe göwnüň açylar, düşünjäň-pähimiň artar. Çöllerde, daglarda her dürli enaýy zatlar bardyr. Il içinde gowudan-gowy ymaratlar, metjitler bardyr, minaralar bardyr. Başga-da dürli-dürli täsin zatlar bardyr. Olary görseň akylyň haýran bolar. Şol zeýilli täsin zatlary etmäge, saldyrmaga özüň hem barha höwes edersiň. Seýil edip ýörseň, haýsy ýerde gowudan-gowy gyz bardygyny hem bilersiň. Şunluk bilen, olaryň haýsy birini halasaň, alaýyn diýseň alyp bilersiň. Bagtyň işlese, derrew ogully-gyzly, döwletli ýigit bolarsyň. Sen dünýä ineniňde kakaň ikimiziň begenjimize başymyz asmana ýetipdi. Pylança günläp, uly ili çagyryp, uly toý beripdik. Uly iliň göwnüni galkyndyrypdyk, uly il bizden razy bolupdy. Seniň bu bolşuňdan boluş bolmaz. Bu bolşuň aldawa, şeýtan ýoluna gitmek we diňe betpälleriň jübüsini puldan doldurmakdyr. Şindi hem bolsa, bu bolşuňdan el çek-de, tüýs patyşa ogly, akylly, göreldeli oglan bol. Halan gyzyňy al-da, rahat ýaşa. Men hem agtyk söýeýin — diýipdir. Enesiniň gaty kän ýalbaryp, ak ýürekden beren maslahaty oglunyň gulagynyň golaýyndan hem geçmeýär. Gaýta:

— Bahylçylyk etmäň. Puluňyzy gysganmaň. Gysgansaňyz öňküden hem kän sowaryn. Gazansa, atam gazanýar. Maňa gazanyş diýmeýär. Goý, gazansyn, kän gazansyn. Sowmak meň bilen. Sowmajak bolsaňyz, gazanyp näme etjek? Pul diýilýän zady bir ýerde kän goýsaň zaýalanar, heňlär, ýok bolar. Onuň üçin hem maňa azar bermäň we edenime däl diýmäň — diýýär.

Oglundan bu sözleri eşiden enesi, onuň ne enesini, ne atasyny sylamajakdygyna akyl ýetirýär. Bu bolan gürrüňleri äri patyşa-da aýdýar-da:

— Ogluň tüýs azypdyr. Meniň diýenlerim gulagyna hem ilenok. Bar diýýän zady — gazanmak sizden, sowmak menden. Gözi beterini göräýmese häzirki bolşundan üýtgejek gümany ýok. Özüň hem diýer ýaly zatlary diýip, ýalbaryp gör. Belki seniň diýeniňe gulak salar. Beýle gaty eljiretmän, çagalygyndan dözümliräk tutmalydyk welin, etmän, lälik sakladyk. Onuň üçin hem «Öwülen oglan etegiňi hapalar» etdi. Şunluk bilen özüni hem, bizi hem il masgarasy edýär. Hernäme-de bolsa, ony dogry ýola salmagyň alajyny etmek gerek. Bolmasa, ol hemmämiziň abraýymyzy dökjek — diýýär.

Patyşanyň özi hem bir gün ogluny ýanyna çagyryp, her dürli öwütler berip başlaýar:

— Kimiň gyzyny halasaň alyp bereýin. Sen ile görelde, kämil adam bolmaly. Ataň patyşa. Oglum bihepbe bolsa, halaýyga nädip öwüt-ündew edeýin. Ataň abraýyny dökme, ogul! Özüň şazada bolup, her bir orramsynyň, humarbazyň gepine gidip, yzyna düşüp uly ile masgara bolup ýörmegiň özüň üçin hem gowy däl. Uly iliň gözünden düşen adamlar bilen tirkeşip ýörmän, belli bir işiň başyny tutsaň, häzirki bet käriňden el çekseň, hemmämiz üçin hem gowy, hem uly abraý bolar. Häzirki sowýan puluň müňden birini sowsaň hem mes ýaşarsyň. Şunluk bilen uly iliň abraýly, sylagly adamy bolup bilersiň — diýýär. Onda ogly:

— Ejem ikiňiziň bolşuňyz birmeňzeş. Bilmeýärin welin, menden puluňyzy gysganýan bolsaňyz gerek. Ýa meni ýigrenýän bolsaňyz gerek. Hernäme-de bolsa, men-ä şu bolşumdan üýtgäp biljek däl. Puly bolsa öňki sowuşymça sowjak — diýýär.

Patyşa, dagy näme etjegini bilmän, beýleki humarbazlaryň, orramsy aýallaryň hemmesini daş ýurtlaryň birine göçürýär. «Kim humar oýnasa we orramsylyk etse, ony jezalandyrjak. Janyna haýpy gelmedik synansyn» diýip, uly ile mälim edýär. Ogly onda hem ol işden el çekmeýär. Onuň üçin hem atasy nätjegini bilmän mysapyrçylygy görsün, horlansyn, başgalaryň ýaşaýyşlaryny we gazanç diýilýän zadyň nätüýslilik bilen gazanylýandygyny duýsun diýip, başga ýurtlara söwdagärçilige gidýänlere goşup ibermekçi bolýar. Onuň üçin ullakan kerwen düzüp, oňa her dürli zatlar ýükleýär. Eline hem sowalgalyk eslije pul berýär. Söwdagärlere hem: «Özüňiz garaşyk ediň. Bolmasa, şindi gören we bilýän zady ýokdur. Nähak horlanmawersin» diýip tabşyrýar.

Söwdagärler hem ullakan kerwen bolup, düýeli, eşekli, atly şäherden çykyp gidiberýärler. Gaty kän gün ýol ýöräp, köne harabaçylygyň golaýyndaky gaty gowy otluk-suwluk ýere ýetýärler. Patyşanyň ogly ýoldaşlaryna:

— Bu ýerde düşläliň, oňat nahar edinip, dynjymyzy alalyň, mallarymyz hem dynç alyp, otdan-suwdan hezil edinerler — diýýär. Onda hemişe söwdagärçilige gatnap, bu ýerlere belet söwdagärleriň biri:

— Bu ýerde düşlemek bolmaz. Ana, hol köne galada, ýerzeminde gaty kän garakçy bardyr. Olar duýsalar, biziň hemmämizi gyrarlar. Indi gün hem gijigipdir. Olar hem basym näme baryny bilmäge çykyp başlarlar. Onuň üçin säginmän gaýta çaltrak gitmek gerek. Bolmasa, hökman şu ýerde läşimiz galar — diýýär. Patyşanyň ogly:

— Size gorkak diýerler. Janyňyzy çüýşäniň içinde saklajak bolsaňyz, bu çölde näme işleýärsiňiz. Siz gidiberiň. Bir özüm bolsam hem şu ýerde düşmän we kemsiz dynjymy alman gitjek däl — diýýär-de, öz mallaryny alyp galýar. Kerwenden başga-

da birnäçe adam munuň ýanynda galýar. Köpüsi bolsa hiç ýerde säginmän, gaýta öňkülerinden hem gaty gidýärler.

Bu ýerde galanlar ýüklerini düşürip, mallaryny otluga goýberýärler we nahar edinýärler. Gün ýaşyp kemsiz garaňky düşýär. Birden garakçylar topbagy bilen bularyň üstüne dökülýärler, ellerine düşenleri gyrýarlar. Patyşanyň ogly bolsa, üstüne jesetleri çekip, ölen ýaly bolup ýatyp, ýagydan aman galýar. Garakçylar öli-diri mallarynyň hemmesini äkidýärler.

Töwerek dym-dyrslyk bolýar. Ölülerden we patyşanyň oglundan başga ol ýerde iňlär siňek galmaýar. Onuň üçin hem gözi beteri gören şazada assa gaçan namart diýlişi ýaly, giden kerweniň yzyndan paý-pyýada ýazzyny berýär. Nägadar gaty gitse-de, gidenleriň yzyndan ýetip bilmeýär. Pylança günläp, ýollarda aç-suwsuz, hor-homsy bolup, ahyry başga bir döwletiň çetinden girip, myhman bolýar. Daň atyp günüň dogmagy bilen şähere baryp, ozup gaýdan ýoldaşlaryny gözläp başlaýar. Wagty bilen olary tapmaýar. Ajygyp halys ysgyndan düşýär. Nahar edineýin diýse-de, ýanynda kör köpük pul ýok. Onuň üçin hem çörek satylýan dükanyň gapysyndan barýar-da, salam berip durýar. Çörekçi sorandan soň, ol başyndan geçen wakalary aýdyp berýär. Çörekçiniň muňa rehimi gelýär-de:

— Şu dükanda maňa kömekleşmäge razy bolsaň, bizde geziber. Men seni aç-hor etmerin — diýýär. Şazada hem razy bolýar. Şonluk bilen çörekçä kömekleşip geziberýär.

Şazada çörekçiniňkide eslije gezýär. Emma ol ýerde onuň barha ýüregi gysyp başlaýar. Bir gün hojaýyndan rugsat alyp, şäheriň içine gezmäge gidýär. Gezip ýörkä, bir beýik howlynyň gapysyndan geçende, bir gyza gözi düşýär. Saýgarmasa hem onuň ýalkymyna gözi gamaşýar. Ol esli wagt howlyny kemsiz synlaýar. Soň hiç ýere gitmän, gös-göni yzyna gaýdýar. Baryp hojaýynyna ol howly barada gürrüň berýär. Şonuň bilen hem ol howlynyň kimiňkidigini soraýar. Onda hojaýyny:

— Howly weziriň howlusydyr. Ýöne sen ony näme üçin soradyň? Ýa onda üýtgeşik zat gördüňmi? Belki weziriň gyzyny görensiň, şeýlemi? — diýýär.

Şazada uludan demini alyp:

— Hawa, gyz-a gördüm. Görenimden hem aşyk boldum. Maňa ertir hem bir rugsat beriň. Şäheriň beýleki ýerlerini hem göreýin — diýýär. Onda hojaýyny:

— Bolýar, bir gün az bolsa, ýene iki gün git, aýlan. Ýöne bilip goý, şäheriň haýsy ýerine gitseň hem şol gören gyzyň ýaly owadan, akylly gyz tapmarsyň — diýýär. Şazada hojaýynynyň rugsat berenine we göwnüniň açyklygyna monça bolýar.

Ol gije ýatýar. Ol gyzy düýşünde hem görüp, oňa tüýs ýürekden aşyk bolýar.

Daň atýar, gün hem dogýar. Bu hem gün dogmagyna mähetdel, derrew ýerinden turýar, ýuwunýar we hojaýyny bilen nahar edinip, gezmäge gidýär. Hiç ýere gitmän, gös-göni weziriň howlusyna tarap ugraýar. Derwezä golaýjak baryp, açyk derwezeden howlynyň içinde gezip ýören gyzy görýär, huşuny ýitirýär. Bu bolşy gören gyz, derrew derwezäni ýapdyrýar. Şazada bolsa, köp ýatýar, hiç zady duýmaýar. Şol pursat ol ýerden geçip barýan şäheriň kazysy öz hyzmatkäri bilen barýarka bihuş bolup, guma bulaşyp ýatan şazadany görýär. Hyzmatkärine:

— Ol ýatanyň içinde jany barmy, bar görüp gel! — diýýär. Hyzmatkäri görüp gelýär-de:

— Içinde jana bar welin, hiç zady bilenok — diýýär. Soň kazynyň özi hem oglanyň ýanyna barýar. Görse, şazada meňzeş gaty görmegeý ýaş oglan bihuş bolup ýatyr. Hyzmatkär maňlaýyna, döşüne sowuk suw sepeläp, ony huşuna getirýär. Artykmaç zat soraman, ony derrew öýüne äkidýär. Şazada kemsiz özüne gelensoň:

— Ýeri, ýigit! Sen niräniň adamy? Bu şähere haçan geldiň? Bu ýere gelmek bilen maksadyň näme? Kişiň gapysynda ýykylyp ýatmaň sebäbi näme? — diýip soraýar.

Şazada kazydan çigit ýaljak hem zat ýaşyrmaýar. Özüniň kimdigini we nähililik bilen bu şähere gelşini aýdýar. Ýolda gören horlugyny, bu ýerde çörekçä hyzmatkär bolşuny we ol howludaky gyzy iki gezek görüp, ikisinde hem bihuş bolşuny aýdýar. Şonuň bilen birlikde ol gyza aşyk bolandygyny we indi nätjekdigini bilmeýänligini hem gürrüň berýär.

Kazynyň şazada rehimi gelýär. Şeýle hem ol gyzyň atasy bilen köneden gelýän agzalalyklaryny ýadyna salýar. Onuň üçin hem şazada:

— Sen gam çekme. Ol gyzy men saňa alyp bererin. Men onuň atasyna bir hat ýazaryn. Saňa şazadanyň geýimlerini geýdirerin. Daň atmaga az galanda bu haty eliňe berip, bedewe mündürip goýbererin. Gün dogaýanda hem sen şähere gaýdyp gelersiň. Meniň öýümi bilmeýän adam bolan bolup, öňüňden çykanlardan soraşdyrarsyň. Şonuň bilen hem ahyrynda meniň öýümi tapan kişi bolarsyň. Gelip hem tüýs şazada sypatda atdan düşüp, bu haty maňa berersiň. Men hem seni öz patyşamyzyň ogly hasap edip, saňa hyzmat ederin. Sen hem maňa: «Hany, o hata näme jogap berýäňiz? Kabul edilmese, yzyma gaýtjak. Näme-de bolsa, maňa tizden-tiz jogap beriň» diýersiň. Men hem derrew gyzyň atasyny ýanyma çagyryp: «Şikarda gezip ýörkä patyşamyz siziň gyzyňyzy ogluna diläp, hat ýazyp, ine, şuny iberipdir. Ogly hem howlukmaçlyk bilen meni gyssap öýmüzde otyr» diýip, bu haty oňa bererin. Wezir hem seni öz patyşamyzyň ogly hasap eder. Şonluk bilen hem onuň gyzyny saňa alyp bererin — diýýär. Kazynyň bu sözlerini şazada hem gaty makul bilýär. Ana, şonluk bilen hem kazy patyşalarynyň tarapyndan gyzly wezire ýokardaky mazmunly hat ýazýar.

Şazadany oňat geýindirip, wezir daňa golaý bedew ata mündürip, şäherden çykaryp goýberýär. Daň atyp gün dogandan soň bolsa, şazada şähere gaýdyp gelýär. Öňünden çykandan hem kazynyň öýüni soraýar. Şeýdip, hem kazynyň öýüni tapan kişi bolýar. Kazy hem munuň öňünden ylgap çykan kişi bolýar. Jylawyndan tutup, atdan düşüren bolýar. Ullakan hatyralap, öýüne eltýär-de:

— Näme hyzmat? Menlik işiňiz barmy? — diýip soraýar. Ol wagt oglan hem goltugyndan çykaryp, kazynyň öz ýazan hatyny özüne berýär.

Kazy hem bu haty okan bolup, derrew: «Patyşamyzyň ogly atasyndan size hat getiripdir» diýip, weziri öz öýüne çagyrýar we haty oňa berýär. «Ynha, oglunyň özi hem otyr» diýip, şazadany görkezýär. Patyşanyň dilinden ýazylan haty okan wezir:

— Gyzymyzy patyşanyň ogluna bersek armanymyz näme? Atasy bolmasa hem ertiriň özünde toý edip we nika gyýdyryp beräýerin — diýýär. Şeýlelikde, wezir toýa taýynlyk görüp başlaýar.

Ol gije hem geçip, daň atýar we gün dogýar. Wezir hemme etmeli zatlaryny edip gutarýar. Onýança hem gün ýaşýar. Molla çagyryp, nika hem gyýdyrýarlar. Şazadany gyzyň ýanyna eltmeli bolanda kazy şazada geýdiren şahana geýimlerini alyp, oňa öňki öz eşiklerini geýdirýär. Şol görnüşde hem şazadany gyzyň ýanyna äkitdirýär. Şazada gyzyň ýanyna barýar. Şazadany ýönekeý geýimde gören gyz bu ýerde bir syryň bardygyny duýup oňa:

— Hemmesi bagt işidir. Şazadalaryň hem görki, ýaraşygy, akyly-huşy, belki, seniňkiden zyýat däldir. Onda-da şazada eşikde bize görnüp, soňam ýönekeý eşikde gelmegiň sebäbini aýtsaň, senden tüýs ýürekden razy bolardym — diýýär. Onda şazada gyza:

— Senden ýaşyrjak zadym bolmaz. Senden syrymy ýaşyrsam, onda saňa aşyklygym ýalan bolar — diýip, başyndan geçen wakalary gizlemän aýdýar. Özüniň patyşanyň ogludygyny, söwdagärçilige iberlişini, ýolda bolan işleri, gören horluklaryny hem aýdýar we özüni iki sapar görüp, ikisinde hem bihuş bolandygyny we kazynyň eden ýagşylygynyň hemmesini gizlemän aýdýar. Şonuň bilen birlikde hem gyzdan bu zatlar üçin öz günäsini geçmegini haýyş edýär. Gyz ýigidi göwnüaçyklygy, sadalygy üçin bagyşlaýar. Soň olar daňyň haçan atanyny hem bilmän, çyrmaşyp ýatýarlar. Ertirden soň gyz bilen şazada aýratyn gymmatbaha şahana geýimler geýdirýärler. Gyzyň islegi bilen üç gije-gündizläp toý berýärler. Şol toýda şazada ugruna goýman, gaýyn atasy weziri özi bilen alyp gidip, özüne uly ýagşylyk eden kazyny toýa çagyrdýar hem olary ýaraşdyrýar.

Wezir gaty akylly hem patyşanyň sag goly bolandan soň giýewsini hem köşge alýar. Şazada ol ýerde harby tälimi alýar. Esli wagtdan soň ony serkerdebaşy edip belleýärler. Bu hakda ýigidiň atasyna hem hat ýollaýarlar.

Şeýlelikde, aradan aý geçýär, ýyl geçýär. Weziriň gyzyndan şazadanyň ogly bolýar. Soňabaka şazada ata Watanyny has küýsäp başlaýar. Onuň üçin hem gelni bilen maslahatlaşyp öz watanyna gaýtmakçy bolýar. Gelin hem razylyk berýär. Bir gün gaýyn atasynyň ýanyna baryp:

— Ikimiz hem razy. Watanyma gaýtmagymyza siziň hem razylygyňyzy isleýärin — diýýär. Onda gaýyn atasy:

— Bu işde diňe özümiziň razylygymyz we islemegimiz ýeterlik däl. Patyşanyň hem razy bolmagy gerek. Onuň üçin hem seniň bu maksadyňy patyşa aýdaýyn. Onuň diýeni bilen hem bolmaly bolar — diýýär. Bu sözi şazada hem makul bilýär-de, öýüne gaýdýar. Wezir hem patyşanyň ýanyna baryp, serkerdebaşynyň islegini aýdýar. Patyşa serkerdebaşynyň islegine garşy bolup durman wezirine:

— Watanyna gidesi gelýän bolsa, abraý bilen ugradyň, hem iki ýüz sany atly-ýaragly adamlaryny ýanlaryna goşup goýberiň — diýýär. Wezir howpsyz-hatyrsyz bolar ýaly gyzynyň we giýewsiniň şeýle abraýly ýagdaýda ugradyljagyny eşidip, gaty begenýär. Begenjine näme diýjegini bilmän, diňe üznüksiz minnetdarlyk bildirýär:

— Sizden tamam hem şeýledi. Uzak ýaşaň, köp ýaşaň, döwletiňiz zyýat bolsun — diýýär-de, öýüne gaýdýar. Baryp, gyzy bilen giýewsine hem patyşanyň diýenini aýdýar hem ikiňizi ömrüňiz ötýänçä bolarlyk her dürli gymmatbaha geýimler we zatlar bilen üpjün ederin — diýýär. Atalarynyň aýdanlaryna bu ikisi hem çenden zyýada begenýärler. Soňra wezir hem derrew taýynlyk görüp başlaýar. Sanlyja günüň içinde olam sowgat-serpaýlarynyň hemmesini taýyn edip gutarýar.

Patyşa hem öňki diýşi ýaly, iki ýüz sany atly-ýaragly adamy taýynlap, olara:

— Tä öýlerine barýançalar ugradyň. Rugsat berenlerinden soň sag-aman barandyklaryna dillerinden hat alyp gaýdyň — diýýär. Şazadany ugradan günleri bolsa özleri hem şäherden çykyp, esli ýere barýançalar olary ýola salýarlar-da, ol ýerden hoşlaşyp gaýdýarlar.

Ýany iki ýüz sany atly-ýaragly janpenaly şazada uzak ýola rowana bolýar. Az ýöräp, köp ýöräp mallaryny we zatlaryny alyp, ýoldaşlaryny garakçylaryň öldüren ýerine golaý barýar. O ýerde ýanyndaky goşun serdaryna bu ýerde bolan wakany doly düşündirip aýdýar-da, garakçylardan ar almak üçin, şol gün ol ýerde düşleýärler.

Ýarygije garakçylar olaryň üstüne dökülýär. Şa mülkünde harby tälim alan şazada olara şeýle bir oýun görkezýär. Diňe olaryň serdarlary onuň gylyjyndan zordan başyny gutarýar. Emma şazada onuň hem yzyndan kowup ýetýär. Ony atyň öňüne salyp getirip, garakçylaryň özlerinden alan zatlarynyň

hemmesini tapdyryp, olary yzyna alýar. Özüni bolsa, öldürmän elini-aýagyny daňyp, ata ters mündürip çöle kowup goýberýär. Şeýlelik bilen, ýene ýola düşýärler. Az ýöräp, köp ýöräp, şazadanyň atasynyň şäherine golaý barýarlar. Özüniň sag-aman gaýdyp gelýändigini aýtmak üçin, şazada bir atlyny atasynyň üstüne buşlukçy iberýär. Atasy hem gaty begenip, şäher ilaty bolup oglunyň öňünden çykýar. Ogly, gelni hem onuň myhmanlary bilen görşüp, soň olary uly guwanç bilen köşge alyp gelýär. Begenjine ýedi gije-gündizläp, toý berýär. Ogluna jan-pena bolup gelen goşuny hem toýdan soň ullakan hatyralap, ýola salýar. Ogly bilen gelniniň hem sag-aman gelendikleri barada dillerinden hat ýazyp berýärler. Atlylar hem sag-aman ýurtlaryna gaýdyp barýarlar.

## ZALYM GYZLAR[1]

Bir bar eken, bir ýok eken, gadym zamanda bir patyşanyň bir ogly we iki gyzy bolupdyr. Patyşa garrap we keselläp, öz ajalyna ölüpdir. Onuň üçi, ýedisi berlenden soň, uly iliň islegi boýunça onuň ýerine ogly patyşa bolýar. Bu täze patyşanyň iki aýal dogany hem kemsiz ýetişip ötüşýärler.

Göwünlerine degilmän we hiç zada mätäç bolman, öz islänlerini edip gezenleri üçin bu iki gyzyň boý we in alyşlary aýratyn üýtgeşik bolýar. Olaryň göwünlerinde han bolup ýaşamakdan we men-menlikden başga zat bolmaýar. Äre barmak we abraýly öý eýesi bolup gezmek ýatsalar-tursalar hem ýatlaryna düşmeýär. Doganlary gyzlaryň ýalňyşlygyny sähelçe ýaňzydaýsa, olar ýalňyz doganyny duşman bilipdirler. Onuň üçin hem bu iki gyz, özaralarynda pugta dil düwşüp, patyşa agalaryny gurruga taşlamakçy we soň öz halanlaryny etmekçi bolýarlar.

Şol maksat bilen şindi öýlenmedik agalaryna ullakan ýaramsaklyk edip, ony aldap başlaýarlar. Aýal doganlaryndan ýamanlyk bolar güman etmeýänligi üçin, agalary bulara ynanjaňlyk bilen garaýar. Jaýynda oturan we ýatan wagtlarynda hem jaýyna doganlarynyň girip çykmaklaryna garşy bolmaýar.

[1] Türkmenbaşy adyndaky Türkmenistan Milli golýazmalar institutynyň golýazmalar hazynasy. 819$^{f}$-njy bukja.

Şeýle içgin-içgin gatnaşmak bilen, günlerde bir gün agalarynyň ynanjaňlygyndan peýdalanyp, bu iki gyz mümkinçilik tapyp, patyşanyň jaýyna girip, onuň iki goluny arkasyna daňýarlar. Doganlary gyzlar oýun edýändir öýdýär. Emma gyzlar ony idenekledip, köşkdäki bir çuň çukura taşlaýarlar. Soň ikisi ullakan gara daşy getirip, çukuryň agzynda goýýarlar.

Soň ikisi hem erkek geýimine girip, özlerinden başga hiç kime sala salman, öz halanlaryny edip, agalyk sürüp başlaýarlar. Göwünleri ýetmedik we gurruga taşlan agalarynyň ynamdar adamlary bolan wezirleri we ne gözel pälwanlary hem öldürýärler. Şerap içip, mes bolan wagtlarynda atly-ýaragly çöle çykyp, öňlerinden çykan, halamadyk adamlaryny hem öldürip gezýärler. Bu iki gyzyň zalymlyklary köpe çekýär. Ol ýurduň adamlarynyň hiç biri olaryň garşysyna çäre görüp bilmeýär. Indi, iki agyz sözi Osman pälwandan eşideliň.

Bu iki gyzyň gollaryny arkasynda daňyp gurruga taşlan patyşa agasy bilen mekdepde bile okap, örän oňat görşüp gezen dosty Osman pälwan hem dostunyň şeýle agyr hala düşenini eşidýär. Eşidenden hem ýarag-şaýyny gurnap, dostuny agyr haldan halas etmek maksat bilen öz ýurdundan tenha özi çykyp gaýdýar. Gaty kän günler ýolda bolup, az ýöräp, köp ýöräp, ahyryn dostunyň ýurdunyň çetinden girip başlaýar. Şol barşyna bir gün giçläp, bir garryja aýalyňkyda myhman bolýar. O garryja aýal hem bu ýurtda iki gyzyň agalyk edýändiklerini, agalyk etmek üçin öz agalaryny güýlüp gurruga taşlaýyşlaryny we başga her dürli zalymlyklaryny, pälwanlaryn öldürdendiklerini myhmana doly gürrüň berýär hem-de Osman pälwana:

— Olara golaý barmaweri. Olarda rehim-şepagat ýokdur. Hökman başyňy keserler — diýip ýalbarýar. Pälwan oňa ýagşy-ýaman hiç zat diýmän, ol gije ol ýerde bolýar. Daň atýar. Öý eýesi garryja aýala eslije pul berip:

— Öz halanyňça kän we süýji naharlar edeweri — diýip tabşyrýar. Heniz eline şeýle kän pul düşmedik garryja aýal, begenjine Osman pälwanyň göwresine kemsiz syn edip, derrew bazara gidýär. Bazardan pylança tüýsli nahar bişirer ýaly et, ýag, tüwi we her dürli zat alyp gelýär. Derrew palaw, çekdirme ýaly dürli tagamlary taýýarlaýar. Oňa çenli Osman pälwan hem ýatyp ukusyny alýar. El-ýüzüni ýuwup, kemsiz nahar edinýär. Atyny hem suwa ýakýar we oňat naharlaýar. Eýle-beýle edýänçä öňki iýeni biraz siňişýär. Onuň üçin ýene bir sapar nahar edinýär. Her sapar azyndan on sany ýönekeýräk adamyň iýýänini iýýär. Nahardan we ukudan göwnüni hoşlap, şol iki zalym gyzyň köşgüni salgy alyp gidiberýär. Ugrandan atyny gezerine haýdadyp, has haýbatly sypatda gidýär. Şo barmana gyzlaryň köşgi görünip başlaýar.

Edil şol pursat ol gyzlar hem köşkleriniň ikinji gatynda kölegede nahar iýip we şerap içip oturan ekenler. Osman pälwany olar şol oturan ýerlerinden görýärler. Görenlerinden hem iki gyzyň ulusy derrew erkek lybasyny geýip, ýarag-şaýlaryny dakynyp we gazap atyna münüp, Osman pälwanyň öňünden çykýar. Şerap içip, huşy başyndan göçen gyz amanlyk-saglygy, gel-geçi unudyp, pälwana:

— Bu ýerlere gelmäge saňa kim ygtyýar berdi? Niçikdir şu duranja ýeriňde janyňy jähenneme iberäýsem! Şindi hem abraýyň barka şu ýeriň özünde yzyňa dolan. Bolmasa, ine, aldym janyňy! — diýip, onuň üstüne abanýar.

Osman pälwan:

— Gyz halyňa erkek lybasyny geýip, nätanyş adamyň üstüne dyzap durmaga utan, haýa et! Ýaşyňam-a ötüşipdir. Ýa öz göwün diýen erkegiňi tapaňokmy? Beýle bolsa saýlaşaýyn. Şindi hem bolsa oýlanmagyň, mundan ozalky eden işleriňe toba etmegiň gerek — diýýär.

Gyz özüne gyz diýlenini ýokuş görüp, hem pälwanyň duzly sözlerine gahardan ýarylaýjak bolup, barha onuň üstüne sürünýär.

Pälwan gyza:

— Bu bolşuň has hem gabahat. Arada uruş-sögüş ýok. Beýle gabarlan bolmak nämä gerek? Göwüsleriňi terne ýaly edip, güjeňläp durmak utanç dälmidir? — diýýär.

Gyz:

— Meniň gyzlygym, erkekligim bilen seniň işiň bolmasyn. Onuň üçin hem gepiňi köpeltmän, derrew güm bol! — diýýär.

Osman pälwan:

— Herniçik hem bolsa meniň ýaly erkek adama seniň ýaly azgyn gyzdan gorkup gaçmak aýyp bolar. Maksadyň ýa ölmek, ýa hem öldürmek bolsa, haýal etme-de, hünäriňi görkeziber — diýýär.

Ozal hiç kimden beýle söz eşitmedik gyz gürzüsini göterip, Osman pälwanyň depesinden inderýär. Osman pälwan onuň gürzüsini özünden ret edýär. Soň nobat Osman pälwana ýetýär. Ol ýarag işletmän, gyzyň kemerinden goluny geçirip, badyna gyzy atyndan göterip, ýere pylçap urýar. Soň atyndan düşüp, onuň iki goluny arkasynda pugta daňýar-da dikeldip:

— Amana geldiňmi? Ýa şindi hem päliňden gaýdaňokmy? — diýýär.

Gyz sesini çykarman, diňe hyrçyny dişleýär.

Şol halatda ol gyzlaryň kiçisi şol oturan ýerinden özünden uly gyzyň basylanyny görüp, ýaraglaryny alyp, atyna münüp, Osman pälwanyň üstüne gelýär. Gelşine-de:

— Meniň doganymy beýle masgara ederçe sen kim bolupsyň? Niçikdir, şu pursat başyňy kesip taşlaýsam! Onuň gollaryny derrew çöz! — diýip, hemle urýar.

Osman pälwan:

— Haý, gyz! Gabarylma, utan, haýa et! Äre baryp, öý keýwanysy bolmaga ýaşyň ýetipdir. Erkek kişiniň üstüne dyzap durmak utançdyr. Ýa sende ar-namys diýlen zat ýokmy? — diýýär.

Onda gyz:

— Güýjüňe baýrynyp, hondanbärsi bolup, çişip durma-da, egniňden kelläň ýolunmanka güm bol, şu ýerden — diýýär.

Onda Osman pälwan:

— Beýle lap urma-da, hünäriň bolsa senem görkez, gyz baý! — diýýär.

Diýeniniň bolmajagyna gözi ýeten gyz, gylyjyny gynyndan çykaryp, pälwanyň başyndan salýar. Pälwan onuň gylyjyny öz gylyjy bilen urup döwýär. Özüni hem göterip, ýere pylçap urýar. Onuň hem gollaryny arkasynda daňýar. Soň gyzlaryň ikisini hem öňüne salyp, olary gyssap, patyşa doganlaryny taşlan gurrugyny tapdyrýar. Onýança, şol pursat ol ýere märeke ýygnanýar. Osman pälwanyň islegine görä, ol gurrugyň agzyna goýlan daşy ilki on adam, soň ýigrimi adam bolup göterip aýyrjak bolýarlar. Güýçleri ýetmeýär.

Gyzlar:

— Golumyzy boşatsaň, özümiz aýyraly — diýseler hem, Osman pälwan kabul etmeýär. Ahyry, özi atdan düşüp, daşy zyňyp goýberýär. Bu bolşy gören adamlar we gyzlar hem Osman pälwanyň şu çaka çenli gören pälwanlarynyň çeni däldigini bilýärler-de, munuň diýeni bilen bolmagy, göwünlerine düwýärler. Onuň üçin hem derrew uzyn hem ýogyn urgan tapýarlar. Bada iki sanysy urgana ýapyşyp, gurruga girýärler. Patyşanyň daňylgy, gurşup giden gollaryny çöşýärler. Soň urganyň ujuny patyşanyň biline pugta daňýarlar. Gurrugyň daşyndakylar hem ony çekip, daşyna çykarýarlar. Patyşanyň çala demi gelip gidýän eken. Dosty pälwan ony göterip, derrew köşge eltýär. Tebipler derrew oňa däri-derman edýärler. Diňe az-kem

özüne gelenden soň, patyşa dostuny tanaýar we ony ysgynsyz elleri bilen gujaklaýar. Ýigidiň raýatlary patyşanyň diri galanyna begenişip toý tutýarlar. Wezirler hem ähli goşun baştutanlary hem begenişip ýigit bilen görüşýärler. Gyzlar hem eden işlerine toba edip, mundan beýläk doganlaryna beýle kast etmejeklerine ant içýärler. Az wagtdan soň gyzlaryň kiçisini patyşa öz dosty Osman pälwana bermekçi bolýar. Emma ol:

— Dost, gaty görme, seni gurruga oklan doňýürek zenan maňa gerek däl — diýýär. Onuň üçin patyşa dostundan göwüngaryn etmän, Osman pälwany hemişe öz ýanynda saklamak maksady bilen oňa öz jaýyndan hem gowy jaý berýär hem-de weziriniň örän owadan gyzyna ikisiniň hem razylygyny almak bilen öýerýär. Toý kyrk gije-gündize çenli dowam edýär.

Şeýlelikde, aradan aýlar-günler geçýär. Öz ýurtlarynda dosty, deň-duşy we garry enesi bolan Osman pälwan birnäçe wagt dostunyň ýanynda bolup, ahyry öz ýurduna gitmekçi bolýar. Patyşa dosty hernäçe ýalbarsa hem, sap ýürekden rugsat bermegini haýyş edýär.

Onuň üçin hem patyşa her dürli gymmatbaha zatlardan dosty Osmanyň ýüküni tutýar.

Goşun baştutanlarynyň iň edermenini bäş ýüz atly-ýaragly adamy bilen ýanyna goşup, öýlerine barýança ugratmagy we tä, özi rugsat berýänçä ýanynda bolmagy buýurýar.

Ana, şonluk bilen hem şäherden iki günlük ýere barýança özi hem bile gidip, şol ýerden hoşlaşyp yzyna gaýdýar. Beýleki bäş ýüz atly-ýaragly goşun hem baştutanlary bilen birlikde Osman pälwany öz öýlerine sag-aman eltýärler. Ol ýerde hem birnäçe gün dynçlaryny alyp, Osman pälwanyň sag-aman öz öýüne gelenligi barada hat ýazyp, rugsat bermegi bilen ol goşun hem hoşlaşyp öz ýurduna gaýdýar.

Osman pälwanyň enesi hem ähli kowum-garyndaşlaryny ýygnap, uly ili çagyryp, oglunyň gelin alyp gelenligine şatla-

nyp üç günläp toý berýär. Bu toýda öldürilen janly gaty kän bolup, iýilmän galan et-ýag ýaly zatlary pukaralara paýlaýarlar. Osman pälwan hem şonluk bilen dostuny öz ganym doganlaryndan halas edip maksat-myradyna ýetip, gelni bilen döwran sürüp başlaýar. Özi hem öz ýurdunyň atly-abraýly, sylagly pälwany bolup galyberýär.

Doganlaryna kast eden iki gyz bolsa, doganlary bagyşlanam bolsa, onuň ýanynda utançly bolanlaryndan, özlerini ilem halamandan soň, ikisi tirkeşip hem aglaşyp, ýurtdan çykyp gidýärler.

## HOREZMIN[1]

Gadym zamanda, Köneürgençde bir patyşa agalyk edýän wagtynda, onuň üstüne bir güýçli duşman çozýar. Ol ýagy şäher halkyndan goluna düşenlerini öldürýär, ilatyň galanlary bolsa çöle-guma gaçyp çykypdyrlar. Onsoň bäş-alty günden soň iki tarapyň arasynda ýaraşyk bolup, gaçanlara indi «jaýly-jaýyňyza geliň» diýlipdir. Öýüni-ilini taşlap gidenleriň hemmesi jaýly-jaýyna gaýdyp başlapdyrlar. Şol wagtlar ýurtda açlyk bolan.

Guma gaçyşlyk wagtynda, ýagy bir är-aýaly öldürýär. Olardan iki sany ýaş oglan ýetim bolup galan. Göçhä-göçlükde bu iki ýetim çaga hem aglap-eňräp ýykylyp-sürşüp, adamlar nirä gelip, haýsy ýerde düşseler, şolaryň ýanyna gelenler. Soň birnäçe rehimdar, açlygy, horlugy gören adamlar, olara rehim edip, tapanja zatlaryndan olara ölmez ödi berenler. Şeýlelikde, iki ýetim adamlaryň yzyna düşüp, sag-aman öz ýurtlaryna gelenler. Ýetimler kim ýüz berse, şonuňka baryp, öýsüz-öwzarsyz geziberenler. Ýetimleriň ýaşaýan obasynyň ýeňsesinde bir igdelik bar eken, onuň bir ýany hem köl eken. Bir garyp adam bu iki ýetime rehimi inip:

— Size bereýin diýsem, mende-de zat ýok — diýip, olaryň her haýsynyň bir elinden tutup, igdeleri dökülip ýatan igde

[1] Türkmenbaşy adyndaky Türkmenistan Milli golýazmalar institutynyň golýazmalar hazynasy. 951$^{f}$-njy bukja. Toplanlar: N.Kürräýew, A.Taýymow. 1960.

agaçlarynyň aşagyndan olara bir ýer küme gazyp beren. Şol wagt çagalaryň biri üç ýaşynda, biri hem dört ýaşynda eken. Ol garyp adam ýer kümäniň içine saman düşäp, üstlerine hem ýapynar ýaly köne-sana ýorgan beren. Kölden balyk tutýan adamlara hem: «Şu çagalara haýyr-sogap üçin tutan balygyňyzdan bereweriň» diýip tabşyran. Soň oglanlara göwünlik berip:

— Siz indi şu dökülip ýatan igdelerden iýiberiň, balykçylar hem balyk berer. Şonuň bilen eklenersiňiz — diýip, özi gaýdan. Emma garyp ynjalman, olardan günde-günaşa habar tutup, tapanjasyndan olara eltip berip, naharlaýan eken. Çagajyklar egin-eşiksiz kösenmez ýaly, körpeje çagasyndan çykan köne-küşül eşiklerini eltip berýän eken.

Günlerde bir gün garyp çagajyklardan habar tutmaga gelse, olar goşjagazlaryny eginjiklerine alyp, aglaşyp, onuň öňünden çykan.

Garyp anyklasa wezirleriň biri çagalary ol ýerden kowupdyr. Olar şol ýerkümede ýaşasalar, patyşa aw awlamaga päsgel berýärmişler.

Garyp ol çagalary özi bilen öýlerine alyp gaýdan. «Biz aç ölmesek, sizem ajyňyzdan ölmersiňiz. Biziň oňan ýerimizde sizem oňarsyňyz. Bäş çaga bolmasa ýedi çaga ekeni-dä» diýip, garyp içini gepleden. Çagajyklar garybyň öýünde onuň öz çagalary bilen bir garny aç, bir garny dok bolup, ýykma-ýykylma ýagdaýda ýaşaberipdirler.

«Iki aýakly iki günde» diýleni. Ýetimler çagalykdan saýlanyp başlapdyrlar. Garyp öz çagalarynyň hem ýetimleriň kömegi bilen öz kepbeleriniň gapdalyndan olara kiçijik kepbe salmaga girişipdir. Kepbe salmaga goňşy-golamyňam kömegi degipdir. Her kim bir agajyny getiripdir.

Çagajyklar öz atlaryny unudansoňlar, garyp ýarma bişirip, goňşy-golamyny ýygnap, olara at dakypdyrlar. Birine Ürgenji, beýlekisine Horezmin goýupdyrlar.

Şeýlelikde, Horezmin bilen Ürgenji özlerine ok-ýaý ýasanyp towşan, sülgün awlap başlapdyrlar. Olaryň edýän awlary bütin maşgala ýetipdir.

Garyp oglanlary mahal-mahal öz ýany bilen toýlara alyp gidýär eken we olara:

— Eý, ogullarym ertir pylan baýyň hudaýolusy bar, şoňa baryp, garnyňyzy doýrup gaýdyň — diýip aýdýar eken. Ol oglanlar hem eşikleri ýyrtyk bolany üçin märekäniň bir çetinden gelip, utanyp oturar ekenler. Soňabaka oglanlar kem-kemden aw etmäge ökdeläp, garyba-da kömek edip başlapdyrlar.

Şeýlelikde, ýetimleriň her biri gurt ýaly pälwan ýigit bolup ýetişipdirler.

Günlerde bir gün ýigitler aw awlap ýörkäler, bularyň alnyndan bir keýik bilen bir gulan çykýar. Ýigitler ok-ýaýyny çenäp olardan atsalar, orta ýoluna düşüp ýetmän galýar. Onsoň bular bir ýerde bir demirçi ussanyň bardygyny eşidip, ellerine iki sany sülgün alyp, ussaňka baryp, sülgünleri onuň öňüne taşlap:

— Eý, ussa aga, bize gulany, keýigi awlar ýaly ok ýasap ber — diýipdirler. Ussa hem olara ýedi sany ujy çişli oňat ok ýasap beripdir. Soňabaka ýigitler ussa bilen dostlaşyp gerek oklaryny her wagt baryp ýasadyp durupdyrlar. Ussa hem bulara: «Näme işiňiz bolsa geliberiň» diýip aýdypdyr.

Şeýdip, bular uly mergen bolup ýetişýärler. Ýigitler aw awlanlarynda, guşy uçuryp, beýleki awlary hem gaçyryp, yzyndan galman, ahyry alýar ekenler.

Günlerde bir gün maslahatlaşyp, Horezmin Ürgenje aýdýar:

— Indi sen balykçylyk ediber, ikimiz iki ýerden gazansak hor bolmarys — diýýär. Ürgenji hem «Bolýar» diýýär. Onsoň Ürgenji ussa dostunyň ýanyna baryp, balyk tutulýan çeňňek ýasadyp, balyk tutup, Horezmin hem aw awlap, bu ikisi iki ýerden girdeýji edip, oňat ýaşamaga başlaýarlar.

Günlerde bir gün Köneürgenjiň patyşasynyň arz soraýan jaýynyň dalanyna uzynlygy ýarym tanap kellesi tamdyr ýaly, agzam tamdyryň agzy ýaly, dişleri bir garyş, göwresi şoňa mynasyp uly bir aždarha gelip, dil açyp:

— Men siziň hemmäňizi ýuwdup gitmäge geldim — diýipdir.

Patyşanyň we onuň nökerleriniň hemmesiniň gorkudan huşlary başyndan uçupdyr.

Ol aždarhany görüp, zähresi ýarylan patyşa garap:

— Meniň adam etini iýesim gelýär, maňa her günde bir semiz gyz berseňiz, men gideýin, size zyýan ýetirmäýin — diýipdir.

Patyşa goşun çekip, ýylany ýok etmek isläpdir. Emma bu oňa başartmandyr. Sebäbi, aždarha onuň özüne topulyp başlapdyr. Ahyrda patyşa oňa bir gyz bermäge razy bolupdyr. Gyzlaryň ene-atalary aglaşyp, eňreşip, ýaka ýyrtyşyp duranlaryndan soň bu aždarha ol gyzlaryň ene-atasynyň aglaýyşlaryna dözmän:

— Maňa şäheriň içinde gyz bermäň. Ene-atasy görmez ýaly şäheriň günbataryndaky beýik gumuň üstünde bir düýp uly ojar bardyr. Gyzy şoňa daňyp goýuň, ertir gün dogandan soň, özüm baryp alyp giderin we iýerin — diýýär.

Şeýlelikde, şunuň ýaly edip, her gün bir gyzy şol ýere eltip, daňyp goýupdyrlar. Aždarha hem her gün baryp, alyp gidip durýar eken.

Şeýlelik bilen, bu şäheriň bar gyzyny bu aždarha iýip gutarypdyr. Soň bir gün patyşanyň atlylary çar tarapa aýlanyp, aždarhanyň ertirligine berer ýaly gyz tapmandyrlar. Patyşanyň hem dünýä ýüzünde ýekeje gyzy bar eken. Ony ýigrimi bäş ýaşaýança, hiç kime dözmän saklap oturan eken. Patyşanyň atly nökerleri gelip:

— Eý, tagsyr, biz-ä bu gün gyz tapmadyk — diýýärler. Patyşa nökerlerine düşünip:

— Beýle bolsa alaç ýok, hemmämiz gyrylandan baryň meniň gyzymy hem alyp gidiň! — diýip, gyzyny berip goýberipdir. Özi bolsa gynanjyndan huşuny ýitiripdir. Patyşanyň gyzyny hem äkidip, ojara daňyp gaýdypdyrlar. Patyşanyň gyzy aglap-aglap essinden gidipdir.

Häzir bu gyz ol ýerde ojara daňylgy dursun!

Indi habary Horezmin bilen Ürgenjiden alyň.

Iki dogan ertir irden turup, çaý-çöreklerini iýip-içenlerinden soň, Horezmin Ürgenje aýdypdyr:

— Inim, sen bu gün balyga git, men hem guma awa gideýin — diýipdir. Şunluk bilen, Horezmin ýedi sany oky goltugyna salyp, guma awa gidipdir. Şol gelşine, ýaňky patyşanyň gyzynyň daňylgy ojarynyň üstünden ýaly düşüpdir. Görse, bir gyz ysgynsyz ýagdaýda ýarym-ýaş aglap otyrmyş.

Horezmin:

— Ýeri, gyz, sen kimiň gyzy, sen bu ýerde näme işleýärsiň we näme üçin aglaýarsyň? — diýip sorapdyr.

Onda gyz:

— Men patyşanyň gyzy, meni ýylana hurşluk lukma edip goýdular — diýip jogap beripdir.

Gyzyň reňki sap-sary bolupdyr diýýär. «Bir kesel adama: «Ýylana goýlan ýaly bolupsyň» diýlen nakyl şundan galan bolsa gerek» diýip, ýigit içini gepledipdir. Gyzyň ahwalyna Horezminiň ýüregi awap, öz-özüne: «Şu ejiz, kömege mätäç gyzyň üstünde ölemde näme, men şuny halas etmäge synanaýyn» diýýär. Ol bilinden pyçagyny çykaryp, gyzyň gapdalyndan bir çukur gazyp, gün dogýança aždarhanyň geljek ugruna garap oturypdyr.

Gün dogup ýokary galyberende, ýaňky aždarha şaglap süýnüp geliberipdir. Horezmin aždarha ýüz ädim ýaly ýakyna

gelýänçä, gozganman ýatypdyr. Aždarha gyzy görüp, wagty hoş, keýpi çag bolup, kellesini ýokary galdyryp kişňäpdir. Aždarha agzyny açyp durka, Horezmin bir okuny onuň agzyndan atypdyr, ok ýylanyň agzyndan girip, kellesinden beýnisini pytradyp ötüpdir. Ýylan awusyna guýrugyny ýokary galdyryp, bir eplenipdir. Şol eplenen digirçegine ýene bir ok atypdyr. Bu ok onuň iki ýerinden geçip gidipdir. Onsoň aždarha janynyň awusyna özüni göterip urup, towlanyp, bir oýa garşy gidiberipdir. Horezmin ýylanyň yzyndan ýetip, galan bäş okuny hem ýeke-ýekeden ýylanyň içinden geçiripdir.

Şunluk bilen, Horezmin bu ýylany öldürip, soň bilinden pyçagyny alyp, ýylanyň arkasyndan tasma alýar-da, gelip gyzyň el-aýagyny çözüp boşadypdyr. Ýigit tasmany hem gyzyň egnine taşlaýar-da:

— Bar, şu tasmany ataňa eltip ber — diýipdir. Gyz hamy alyp, begenjinden atasynyň ýanyna uçup diýen ýaly gaýdypdyr. Gelse, ata-enesi yzan-da-çuwan bolşup, goýun soýduryp, patasyny alyp oturan ekenler. Galanyň ähli ilaty hem şu ýere ýygnanan eken. Şol wagt patyşanyň gyzy gelip, elindäki hamy atasynyň eline beripdir. Muňa halaýyk begenişip:

— Buşluk-da-buşluk, gözüň aýdyň-da, gözüň aýdyň bolşupdyrlar.

Patyşa hem ýerinden böküp turup, aždarhadan nädip sypandygyny gyzyndan sorapdyr. Onda gyzy:

— Horezmin mergeniň maňa rehimi inip, aždarhany öldürdi-de, ondan tasma alyp «Bar, şu ýylanyň tasmasyny ataňa eltip ber-de, ynandyr» diýdi — diýipdir.

Patyşa:

— Beýle bolsa şol Horezmini derrew getiriň — diýip buýurýar. Emma patyşanyň emeldarlary ony tanamaýan ekenler. Muňa patyşanyň gahary gelip:

— Tanaýandan soraň-da, ony derrew tapyň — diýip, ýene buýruk beripdir.

Şonda bir daýhan tapylan:

— Biz olary tanaýarys, hol pylan ýyly uruş bolup guma çykyşlykda ýetim galan iki sany ýetim oglandyrlar. Olaryň birine Horezmin, beýlekisine hem Ürgenji diýerler — diýipdir. Şol daýhanyň kömegi bilen Horezmini köşge patyşanyň ýanyna getirýärler.

Patyşa ýigide:

— Berekella ýigit, aždarhany öldüren senmi? Bütin ili uly howpdan dyndardyň — diýip, arkasyna kakypdyr hem ýigide derrew bir ala gaýyşly at taýýarlamagy, gara çäkmen geýdirmegi iki batman ýaly hem teňňe getirmegi buýrupdyr. Gaznaçy şobada iki batman ýaly teňňäni Horezminiň öňünde getirip goýupdyr. Horezmin teňňeden ýüz öwrüpdir. Bu ýagdaýa patyşa geň galypdyr:

— Bu nätdigiň boldy? — diýipdir. Onda Horezmin:

— Hormatly patyşamyz, siz adyl, rehimli patyşa bolýan bolsaňyz, halkyň ata-enesi bolýan bolsaňyz, şol gyrgynçylykda, biziň atamyzam ölüpdir, enemizem ölüpdir. Şol wagt birimiz dört ýaşymyzda, birimiz üç ýaşymyzda ýetim galypdyrys. Göçüň yzyna düşüp, ýykylyp-sürşüp ýörkäk, siziň özüňizden, emeldarlaryňyzdan elimizden çekip: «Ýörüň ogullarym» diýen bolmady. Özümiz agladyk, özümiz goýduk. Ýykylyp-sürşüp, göçüň yzy bilen özümiz ýene ýurdumyza geldik. Aç-suwsuz entedik. Ýene il kömege ýetdi. Bu günlügini tapsa, ertirligini tapmadyk garyp bendeler bize rehim edip, ölmez ödi berip durdular. Patyşa bolan, adam ýurduň ene-atasy bolmaly dälmi? Ýesire-ýetime hemaýat etmeli dälmi? Bir garyp adam dözmän, bize hol kölüň gyrasyndaky igdelikden bir ýerküme gazyp berdi. Içine saman düşedi. Köne-küşül ýorganlaryndanam getirdi. Siziň emeldarlaryňyz ýetimlere şol ýerkümäni hem köp

gördüler. Rehimsizler bizi ol ýerden hem çykaryp kowdular. Ýerkümäni ýumurdylar. Biz olara aw etmäge päsgel berýärmişik. Ahyr ol garybyň özi bize dözmän öýlerine alyp gitdi. Şeýdip-şeýdip birimiz ýigrimi bir, birimiz hem ýigrimi ýaşa ýetdik. Özümiz hem mergen bolduk, balykçy bolduk. Ikimiz iki ýerden aw awlap, balyk tutup, üst-başymyzy täzeledik. Indi güýjümize hem girip, pälwanam bolduk. Indi biz siziň teňňäňize-de, zadyňyza-da mätäç däl. Biz öz günümizi özümiz görer ýaly bolduk. Men şu gün aždarhanyň erkegini öldürip, siziň gyzyňyzy azat etdim. Indi aždarhanyň urkaçysy galdy, oňa her gün ýüz gyz berseňiz hem kanagat etmän, baryňyzy gyryp gutarar. Siz entek näme görýärsiňiz? Biziň-ä siziňki ýaly çar bagymyz, sarsmaz galamyz galar gorkusy ýok. Biz-ä nire bolsa gidiberýäris. Biziň aždarhadan gorkymyz ýok — diýipdir.

Bu sözleri eşidenden soň patyşanyň ýüregine bir howp düşüpdir. Indi patyşa hemme emeldarlary bilen Horezmine ýalbarypdyr:

— Saňa diliň gürlänini bereli, aždarhany ýok ediň — diýip, ýalbaryp, töwella edipdirler.

Horezmin ol howpuň diňe patyşa däl, ile-de abanýandygyny duýup, aždarhany öldürmek üçin gerek zatlary aýdypdyr. Ol: «Bize elli gulaç arkan tapyp beriň ýene gowy bir almaz gylyç, her haýsymyza-da bir tamdyr nan we ýene her haýsymyza bir sitara[1] tapyp beriň» diýipdir.

Patyşa bu zatlary derrew tapdyryp beripdir. Horezmin hem bu zatlary alyp, dogany bilen ikisi tirkeşip, şol gyzyň daňylýan ýerine baryp, häki aždarhanyň yzyny yzarlap, üç gije-gündizde gowagynyň agzyndan barypdyrlar. Görseler, dik aşak gazylan bir guýy ýaly çukur bar eken. Şol çukura aždarhanyň giren yzy bar-da, çykan yzy ýok eken. Sebäbi urkaçy aždarhanyň yzy

[1] Sitara — misden ýasalan suw gaby.

erkek aždarhanyň yzyndan inliräk, batlyrak eken. Horezmin dagy awçy bolanlary üçin olar haýwanlaryň yzyny hem biler ekenler. Horezmin daş-töweregine ser salsa, elli-altmyş sany goýun otlap ýören eken. Bu goýunlar aždarhanyň getirip goýberen goýunlary bolara çemeli. Ahyrda Horezmin Ürgenjä:

— Urganyň bir ujuny bilimize dakyp, birimiz guýa gireli, ýa sen gir, ýa men gireýin — diýen. Ürgenji:

— Aga, men gireýin — diýen. Onda Horezmin:

— Bolýar, gir girseň ýöne üstüňe howp abansa, derrew tanapy silk, men seni çekip alaryn — diýen.

Ürgenji tanapy biline daňyp, çukura girip ugraýar. Ol çukura bäş gulaç ýaly ýetmänkä, görse, bir aždarha ýatyrmyş. Guýynyň içi uzyn bir dalan ekeni. Aždarha kellesini oýa goýup, guýrugyny dalanyň düýbünde ýokary uzadyp, uklap ýatan eken. Onuň göwresi öňki ýylandan bir ýarym esse uly ekeni. Onuň gapdalynda erkek aždarhanyň eltip beren gyzlarynyň biri eline ullakan bir ýaglygy alyp, ýüzüni ýelpäp oturan ekeni. Gyz birden asmana seretse, depesinde bir hysyrdy barmyş. Görse, bir ýigit bilinde tanap, elinde gylyç, sallanyp gelýärmiş.

Gyz oňa:

— Sadagaň gideýin, şunuň eline düşen bir men bolaýyn, seni geldigiň gajyr-gujur iýer, gideweri — diýýär. Ürgenji gorkup derrew tanapy silkýär. Horezmin hem ony tartyp alýar. Ol:

— Hany, näme waka bar? — diýip, Ürgenjiden soraýar. Onda Ürgenji:

— Öňküden bir ýarym esse uly aždarha ýatan eken, bir gyz hem onuň ýüzüni ýelpäp otyr. Ol gyz: «Munuň eline düşen bir men bolaýyn. Sen adamzat bolsaň, ýalmap, gajyr-gujur iýer. Tiz çyk-da, gideweri diýdi — diýip, Horezmine aýdýar. Onda Horezmin:

— Bar batyrlygyň şumy? Bäri al tanapyň ujuny — diýip, tanapy biline daňyp, gylyjyny hem eline alyp aşak guýa salla-

nyp başlaýar. Öňem gorkusyna ysgyny gaçan Ürgenjiniň gulagyna: «Tanapy taşla-da, gaç» diýen ses gelen ýaly bolýar. Ol sandyrap tanapyň ujuny sypdyryp goýberýär. Özi hem ol ýerden ökjäni göterýär. Horezmin ýylanyň ýeňsesine, gyzyň arkasyna pökläp düşýär. Aždarha munuň gürpüldisine agzyndan tüsse çykaryp, bir towlanyp, ýene aňyrsyna bakyp uka gidýär. Horezmin derrew aždarhanyň boýnuny kesýär. Aždarha awusyna guýrugyny diwaryň ýüzüne şeýle bir urýar welin, onuň tapbyldasyna ýer-gök lerzana gelýär. Horezmin ähli güýjüni jemläp aždarha gylyç salyp barşyna aždarhany ýedi bölek edýär. Soň ondan arkaýyn bolup, ol gyzdan habar soraýar:

— Sen kimiň gyzy?

Gyz hem:

— Men patyşanyň gassabynyň gyzydyryn — diýýär. Ýigit:

— Seni näme üçin aždarha iýmedi — diýende, gyz:

— Aždarha menden «Ataň näme kärde?» — diýip sorady. Men hem «Atam gassapdy» diýdim. «Eýse, sen goýun öldürmäni bilýärmiň?» diýip sorady. Men hem gorkyma bilmesem hem «Bilýärin» diýdim. Ýene: «Goýny kaklap, adamzat gowy kebap edip iýýärmişin. Sen ony bilýärmiň?» diýip sorady. Menem «Bilýän» diýdim. «Eýse, sen maňa kebap bişirip berseň, ýatanymda ýüzümi ýelpeseň, seni iýmäýin» diýdi. Menem «Bolýar» diýdim. Ýatsa ýüzüni gorap, damak diýse, kebap bişirip berip, özümem iýip, şeýdip, ýaşap ýörün diýýär.

Horezmin gyzdan:

— Bu aždarhanyň näme käri bar? — diýip soraýar. Onda gyz:

— Bu aždarha ýedi guzyny bir oturşyna iýip, ýedi gije-gündiz hem uklaýar. Ýatan wagty hem düýş görüp, nirde köne galalar bolsa, dag bolsa bilip, olardaky altyn-kümüşleriň baryny getirýär. Ol şu dalanyň içinde görünýän on iki işik jaýyň

içini altyn-kümüş bilen doldurdy — diýip, Horezmine aýdýar. Gyz ýene-de:

— Beýleki ýylanyň käri bolsa günde bir gyz hem-de gören ýerinden goýun sürüp getirýärdi — diýýär.

Horezmin gyzdan, bu jaýlaryň açaryny soranda, gyz:

— Hanha, düýpde tazy ýaly bir gök pişik ýatyr, aždarha açarlaryny şonuň boýnuna dakyp goýýar. Ol pişik hem häzir uklap ýatyr. Eger oýansa, ol hem seni heläk eder — diýýär.

Horezmin deňäbiräge-de pişigiň orta bilinden almaz gylyjyny salyp, ony hem iki bölüp taşlaýar. Jaýlaryň açaryny alyp, içini açyp görýär. Görse, giden hazyna — diýýär. Şondan iki batman ýaly gyzyly bir gaba salyp, ýaňky tanapyň ujuna baglap, gyza aýdýar:

— Men ýokaryk çykyp, ilki bu gaby alaryn, sen hem kömekleşip ýokary galdyr. Soň men seni hem çykararyn — diýýär. Horezmin pälwan bolany üçin, her aýagyny guýunyň bir diwaryna basyp, özi çykýar. Soň tanap bilen gyzyly hem, gyzy hem çykarýar. Özi gyz bilen oturyp, nan iýip, suw içip, soň teňňäni arkasyna alyp, gyz bilen gaýdyberýär. Gara görnüm ýöränsoň, bir tokaýyň içinden Ürgenji çykýar. Horezmin mundan:

— Sen näme üçin tanapy taşlap gaçdyň, nirede bolduň? — diýip soraýar. Onda Ürgenji ýalan sözleýär:

— Bir aksakgal gelip, «Aždarha Horezmini çeýnäp öldürmäge az goýdy, ol çyksa seni hem iýer, gaç» diýdi. Menem gorkymdan tanapy taşlap gaçdym. Men ony ýagşyzadamyka diýip, ynanyp gaçdym weli, emma ol şeýtan bolmaga çemeli — diýýär.

Soň bularyň üçüsi oturyp dem-dynç alyp, nahar edinip ýene ýola düşýärler. Gelip patyşanyň huzyryna barýarlar. Patyşa örän wagty hoş bolup:

— Indi sen menden näme geregiň bolsa diläp al — diýýär. Onda Horezmin:

— Maňa seniň hiç zadyň gerek däl. Dünýä özümde köp, ýöne meni sylasaň, dört sany daýaw ýigit bilen otuza ýakyn düýe ber. Men öz hazynamy getirjek — diýýär.

Patyşa ýigide aýdan zatlaryny berýär. Horezmin hem baryp, aždarhanyň jaýyndaky hazynany ýükläp alyp getirýär.

Soň Horezmin ilaty ýygnap, bir hepdeläp toý edip, pakyr-pukaralara hem köp pul, aş, nan paýlaýar. Soň özüne gala saldyrýar.

Ahyrda-da:

— Bir maslahatym bar — diýip, ýene-de ilaty ýygnaýar. Olara dürli tagamlar berýär. Ondan soň: «Hany indi bizi gözli-başly etseňiz» diýip, halka sala salýar. Köneürgenjiň patyşasy:

— Onuň ýaly bolsa, men gyzymy Horezmine bereýin, başga ýerden gyz soramaň — diýýär. Gassabam:

— Menem gyzymy Ürgenjä bereýin, başga ýerden gyz gözlemäň — diýýär.

Şeýdip, iki toýy goşup, kyrk gije-gündiz toý-tomaşa edip, maksat-myratlaryna ýetýärler. Nan diýene nan, don diýene don berýärler. Altyn-kümüşler seçýärler, at çapdyryp, göreş tutdurýarlar, altyn gabak atdyrýarlar.

Şa öler wagty ýetende «Men ölemsoň, patyşalygymy Horezmine beriň. Horezmin raýatymy beladan gutardy. Meniň başga oglum ýok. Alla oňlap, gyzymdan bir ogul perzent bolsa, ol hem Horezminden soň patyşa bolar — diýip wesýet edýär.

Şeýlelikde, onuň raýaty şanyň wesýetini ýerine ýetirip, Horezmini şa saýlaýar. Ýurduň adam Horezmin bolup galyberýär.

## SOWGAT[1]

Zamanlaryň bir zamanynda, bir patyşa bolupdyr. Bu patyşa günleriň bir gününde aýaly bilen köşgüniň daşyna çykyp, gireldäki ullakan şatudyň kölegesinde saýalap, özara gürleşip oturan eken. Şol ikisiniň oturan wagty köçäniň ugry bilen bir daýhan geçip barýan eken. Geçip barşyna bu daýhanyň köňlüne şeýle bir pikir gelen. «Men hemişe gerdenimde gum sowrup ýörenimden, şu wagt, patyşa aýaly bilen otyrka, şulara bir çanak çym gyzyl almalarymdan salyp, eltip bereýin. Şu oturan ýerlerinde iýsinler, belki, patyşa muňa begenip, bir zat bagyşlasa bagyşlaýar» diýip, ylgap gapysyndaky gyzyl-gyzyl almadan alyp, çanagyň içine salyp eltip, patyşa bilen aýalynyň ikisiniň öňlerinde goýup:

— Ine, beýik patyşahym, men siziň gapa çykyp oturşyňyza guwanyp, başga-da bir zadym ýok, şu gyzyl almalary size sowgat getirdim — diýen. Ondan soň patyşa muňa köp şat bolup, patyşanyň aýaly bolsa, aşa begenip, ep-esli teňňe çykaryp, daýhanyň eline beripdir. Patyşa hem aýalyndan kem galmajak bolup, ol-da eslije teňňäni onuň eline tutdurypdyr.

Garyp daýhan ömründe görmedik zadyna gözi düşenine begenip, ökjesi ýere degmän barýarka, öňünden kel çyksa kel-

[1] Türkmenbaşy adyndaky Türkmenistan Milli golýazmalar institutynyň golýazmalar hazynasy. 699$^{f}$-njy bukja.

lesine, kör çyksa gözüne urup barýar diýýär. Ahyrda munuň öňünden özi ýaly bir daýhan çykýar. Daýhan oňa:

— Eý, dost, bu nä bolup geliş? — diýen. Onda ol:

— Eý, sakgaldaş, men oljany urandyryn — diýen. Onda beýleki:

— Hany dost, beýle bolsa gürle! — diýen. Onda ol:

— Men köçeden barýarkam patyşa bilen aýaly ikisi köşgüň agzynda, şatuduň saýasynda saýalap oturan eken. Men olara gapymyň agzyndaky bir düýp almamdan ýolup, bir çanak edip, eltip berdim. Olaryň her haýsy eslije tümen pul berdi — diýen.

Onda daýhanyň öňünden çykan adam hem:

— Onuň ýaly bolsa dost, men hem bir zat alyp baraýyn — diýen.

Şeýlelik bilen, bu daýhan bazara baryp, patyşa sowgat etmek üçin, bir topar şalgam aljak bolan. Ondan soň:

— Şalgam diýeniň hiç bir tagamsyz zatdyr. Muny patyşa näme etsin — diýip oýlanan. Ondan soň bu pikirini dogry hasaplap:

— Gel, men oňa gyzyl sogan eltip bereýin — diýen. Şony dogry bilip legeniň içine eslije ajy sogany salyp, patyşa bilen aýaly ikisi şatudyň aşagynda otyrkalar:

— Alyň, beýik patyşam, bu size menden sowgat. Siziň aýalyňyz bile oturşyňyz maňa hoş geldi — diýip, ýaňky sogany öňlerinde goýan. Bu bolşa patyşanyň gahary gelip, iki sany perraç çagyran. Perraçlar gelende patyşa olara:

— Baryň, şu daýhanyň soganlaryny bir-birden kellesiniň üstünde goýuň we üstünden uruň hem-de soganlar gutaransoň, özüni hem kowup goýberiň — diýen.

Şeýlelikde, perraçlar sogany daýhanyň kellesiniň üstünde goýup uranlarynda, sogan pytrap giden. Her sogan goýlanda daýhan «Hudaýa şükür» diýen. Perraçlar bu ýagdaýy geňläp bu daýhandan:

— Sen näme üçin «Hudaýa şükür» diýýärsiň? — diýip soranlar. Onda bu daýhan:

— Siziň näme işiňiz! Size patyşa sogany kellesiniň üstünde goýup owradyň diýdi. Siz soganyňyzy owradyberiň — diýen. Onda perraçlar bu ýagdaýy patyşa aýdanlar. Onda patyşa gahar bilen:

— Baryň, zaňňary getiriň — diýen. Ondan soňra perraçlar baryp daýhany süýräp alyp gelenler. Patyşa ondan soran:

— Eý, zaňňar daýhan, seniň kelläňde sogan goýlup urlanda sen näme üçin Hudaýa şükür edýärsiň? — diýen. Onda daýhan:

— Eý, beýik patyşahym, meniň bir çemçe ganymy geçseňiz aýdaýyn — diýen. Onda patyşa:

— Ganyňy geçdim — diýen. Onsoň daýhan gürrüňe başlan:

— Patyşahym owal men siziň aýalyňyz bilen şatudyň astynda oturanyňyzdanam habarym ýokdy. Maňa şol size gyzyl-gyzyl almalar beren adam: «şeýle-şeýle boldy» diýip aýtdy. Men-de şondan eşidip bazardan bir topar şalgam aljak boldum. Ondan soň şalgamy tagamsyz görüp, sogan alyp getirdim. Siz hem perraçlara: «Sogany kellesiniň üstünde goýup urup owradyň» diýdiňiz. Onsoň perraçlar sogany ýeke sapar uranda, sogan owranyp gidýär. Eger-de men şalgam alyp getiren bolsam, onda perraçlar on gezek uranda hem şalgam owranjak däl. Şonuň üçin hem sogan alanym üçin Hudaýa şükür edýärin — diýen.

Daýhanyň bu sözlerine, patyşa hezil edip gülüpdir, hem-de daýhana elli dinar berip ýola salypdyr.

Bagyr bolsa batdy gitdi, öýken bolsa ötdi gitdi, daýhan hem myradyna ýetdi.

## HARUN REŞIT PATYŞA[1]

Gadym zamanda Harun Reşit diýen bir patyşa bar eken. Onuň Jagper[2] diýen weziri bar eken. Günlerde bir gün bu ikisi köçe bilen gidip barýarkalar, aglap gelýän bir adamy görüpdirler.

Patyşa ondan:

— Näme üçin aglaýarsyň? — diýip soran. Onda ol adam:

— Men maşgalamyň gündeki iýjegini balyk tutup, gündeligimi günde tapýardym. Emma üç günden bäri meniň toruma hiç zat düşmedi. Maşgalam bolsa üç günden bäri aç otyr. Şonuň üçin aglaýaryn — diýip jogap beren. Onda patyşa:

— Gaýt yzyňa, ýör gur toruňy, toruňa näme düşse biziňki, emma onuň deregine biz saňa pul bereli — diýen.

Bular derýanyň gyrasyna baryp, tor guranlar. Bu tora şobada bir zat düşen. Çekip çykarsalar, bir ullakan sandyk eken.

Patyşa bilen weziri bu adama pul berenler. Ondan soň ol balykçy öz ýoluna giden. Bular köşge baryp, sandygy açyp görseler, bu sandygyň içinde kilime dolangy bir zat ýatan. Agtaryp görseler, owadan bir gelin gana bulaşyp ýatan.

Patyşa wezirine bakyp:

[1] Türkmenbaşy adyndaky Türkmenistan Milli golýazmalar institutynyň golýazmalar hazynasy. 951$^{f}$-nji bukja. Toplanlar: N.Kürräýew, A.Taýymow, 1960.

[2] Aslynda «Japar» bolmaly.

— Beýle wagşylygy kim etdikä, meniň döwrümde beýle zat bolup bilmez, seniň üç gün möhletiň bar, eger-de üç günde şu wagşylygy eden adamyny tapmasaň, özüňi dara çekerin — diýip buýruk beren.

Wezir üç günläp günäkäri agtardýar. Günäkärden derek tapylmaýar. Wezir öýüne gelip, maşgalalary bilen razylaşýar, düşek aşyny taýýarladýar. Patyşanyň ýanyna baryp, hiç bir ýerden derek tapylmanyny aýdýar. Patyşa gazaba münüp:

— Şu gün Jagper weziri dara çekjek, her kim tomaşa etjek bolsa gelsin —diýip, şähere jar çekdirýär.

Halk ýygnanýar, jellatlar weziri dar agajynyň aşagyna alyp barýarlar. Weziriň boýnuna ýüp atjak bolup durkalar, märekäniň bir ýan tarapyndan bir ýaş ýigit ylgap gelip:

— Duruň! Weziri öldürmäň, bu işde günäkär mendirin — diýip gygyran. Jellatlar bu işe haýran bolup durkalar, märekäniň ikinji tarapyndan bir garry ylgap gelip:

— Bu oglan günäkär däldir, bu işde men günäkärdirin — diýip gygyran.

Jellatlar bulary patyşanyň ýanyna alyp baryp, bolan işi mälim edenler.

Patyşa bu oglandan sorap başlan, oglan hem başyndan geçen wakany aýdyp başlanda, patyşa:

— Bu garry näme? — diýip soran:

Oglan:

— Bu işi eden men, bu garry meniň atamyň dogany. Ol: «Men senden bir sanaç un artyk iýen garrydyryn, seniň ýeriňe men öleýin» diýip ara düşýär. Emma bu ýaramazçylyk meniň elimden geldi, ol ine, şeýle boldy: Meniň gaty owadan aýalym bardy, biz biri-birimizi gaty söýýärdik. Aýalym bir gün hassalady, ol maňa: «Armyt iýesim gelýär» diýdi. Men oňa üç sany armyt satyn alyp getirip berdim. Özüm hem bazarda dükan ýöredýärdim. Dükanda oturkam, hälki üç sany armydyň birini bir guluň elinde görüp: «Muny nirden aldyň?» diýip soranym-

da, ol gul: «Bir gelin joram bardy, şol berdi» diýip jogap berdi. Bu sözden meniň huşum başymdan uçup, müňkürlikden gaharyma öýüme nädip gelenimi bilmedim. Seretsem, üç sany armydyň ikisi ýerinde, biri ýok, men hasam beter gula ynanyp, sen-men ýok, derrew aýalymyň damagyny çalyp, kilime doladym. Soň sandyga salyp, derýa atdym. Mundan kän wagt geçmänkä, körpeje oglum: «Bir gul urup elimden armydymy aldy» diýip aglap geldi. Men ony köşeşdirip: «Sen ol armydy nireden aldyň?» diýip, gyssap sorasam «Ejem berdi» diýýär. Men şol sagat günäsiz aýalymy nähak öldürenimi bilip, ahmyr edip agladym. Emma hiç bir peýda bolmady, ölýänçäm aglap ýörmeli boldum, ine-de men, patyşam, şu etmişim üçin beren jezaňy çekmäge kaýyldyryn» diýip, gözüne ýaş aýlan. Patyşa uludan demini alýar-da:

— Eý, Jagper wezir, sen ýene üç gün möhlet bilen şol guly tapmaly, eger tapmasaň, ýene sen darda — diýip buýruk beren.

Wezir ýene-de uly alada bilen agtaryşa başlan. Üçünji gün indi ölümine razy bolup, patyşanyň ýanyna ugramakçy bolup otyrka, çagalarynyň biri bir armydy eline alyp gelýär.

Wezir:

— Bu armydy kim berdi? — diýip soranda, çaga:

— Pylan gulamymyz berdi — diýen. Wezir derrew guluny çagyryp:

— Bu armydy nireden aldyň? — diýip soran. Gulam köçede gezip ýören bir çaganyň elinden alanyny aýdan. Wezir guluny patyşanyň ýanyna alyp baran.

Patyşa:

— Seniň eli armytly bazarda gören guluň şumudy? — diýip, ýigitden soran. Ýigit:

— Edil özüdi — diýip jogap beren. Patyşa oglany goýberip, guly dara çeken.

Ine, şeýdip adyl Harun Reşit patyşa hakyky günäkäri tapyp, onuň jezasyny beripdir.

## AÝPERI[1]

Bir bar eken, bir ýok eken. Gadym zamanda pälwanlykda we batyrlykda äleme ýakasyny tanadan bir adam bar eken. Onuňam ýekeje ogly bar ekeni. Oglanyň adyna Mämmet diýer ekenler. Mämmet on üç-on dört ýaşyna ýetende atasy ölýär-de, enesiniň läligi bolup ýaşaberýär.

Mämmet ýetişýär. Oba-gara toýlarynda göreşe çykyp, pälwan hökmünde tanalyp başlaýar. Onuň üçin enesi, Mämmedi öýermekçi bolup «Nirede görmegeý hem akylly gyz barka» diýip, sorag-ideg edip başlaýar. Ýöne ol muny ogly Mämmede aýtmaýar. Aýtmasa hem Mämmet enesiniň ol hyýalyny aňyp:

— Göwnüme bolmasa şu günler bir zadyň kül-külüne düşýärsiň welin, näme-de bolsa menden ýaşyrma — diýýär. Onda enesi:

— Seni öýermek isleýärin. Onuň üçin hem haýsy ýerde gaty owadan hem akylly gyz barka diýip, sora-ideg edýärin — diýýär.

Ogly Mämmet:

— Entek gyz gözläp azara galma, özümi tanadýançam, maňa öý-işikli bolmak hökman däl — diýýär-de, öz sözüniň üstünde pugta durýar. Enesi hem nalaç bolup, oglunyň diýenine kaýyl bolýar.

---

[1] Türkmenbaşy adyndaky Türkmenistan Milli golýazmalar institutynyň golýazmalar hazynasy. 819$^{f}$-njy bukja.

Mämmet kem-kemden deň-duşlary bilen aw awlamaga hem goňşy şäherlere toýlarda göreş tutmaga gidiberýär. Soňabaka göreşenini ýykyp, il içinde abraýy artyberýär. Güýçli-güýçli zor pälwanlar hem Mämmetden ýykylyberýär.

Deň-duşlary bilen awa gidenlerinde hem Mämmet örän mergen bolany üçin ulaglaryny her sapar awdan ýükläp gelýärler. Mämmet çöldäki ýyrtyjy, eýmenç möjeklerden hem gorkman olary hem awlaberýär. Ol awa gyzygyp barha daş ýerlere, daglara we çöllere hem gidip başlaýar. Şol aýlanyp ýörşüne goňşy ýurtlaryň topragyna hem geçip, aw awlaberýär.

Ol günlerde bir gün oglanlykdan bileje oýnaşyp, deňje ösüp ulalan ýürekdeş, pälwan hem batyr dosty bilen ýene aw awlamaga gidýär. Aradan birnäçe gün geçirip, aw awlap ýörkäler, olar uzakdan bir topar atlynyň özlerine tarap ýetip gelýänini görýärler. Atlylar gös-göni bularyň üstlerine sürýärler. Şol barmana golaýrak gelenlerinden soň atlylaryň arasyndan biri saýlanyp, gös-göni bularyň üstüne at salyp gelýär-de:

— Meniň şikara çykyp, aw awlap gezýän ýerimde aw-awlap ýörmäge size kim ygtyýar berdi? Derrew çykyň-da gidiň! Bolmasa, müň janyňyzdan birini hem goýmaryn — diýip, olara haýbat atýar. Mämmet:

— Seniň häsiýetiň maňa nämälim. Ýöne sen gyz. Saňa çölden-çöle at salyp ýörmek, erkegiň üstüne dyzap durmak akyllylyk däl. Seniň ýaly ýetişip kemala gelen ýaş gyz zenana mahsus işleri etse, ýaraşykly we akyllylyk bolardy. Biz bolsa her bir seniň ýaly gyzyň «git» diýeni bilen ötägitjek bolup gelmedik. Aw awlap, göwnümizi hoşlanymyzdan soň, sensiz hem gideris — diýýär. Onda nämälim atly:

— Men gyzmy, ýigitmi, ony anyklajak bolup azara galma. Ol seniň işiň däl. Ganyňy gotura derman etdirmejek bolsaň ugra. Ýogsa-da, güýjüňe daýanýan bolsaňam gel, meniň bilen tutluş, al-asmandan gaýdyryp goýbereýin — diýýär.

Mundan ozal hiç kimden beýle hemleli söz eşitmedik Mämmet çenden zyýada gaharlanyp, atyndan düşüp, nämälim atla tarap ýönelýär. Atly hem atyndan düşüp Mämmede tarap ýönelýär. Şol barmana ikisi garpyşýar. Nämälim atly Mämmede:

— Armanly ölme, näme hünäriň we näçe gaýratyň bolsa görkez. Tijen, bolmasa, ine, gitdiň! — diýýär. Mämmet:

— Nobat naçaryňky bolmaly. Onuň üçin senem hünäriňi görkeziber — diýýär.

Mämmetden beýle söz eşiden atly ýigidi göterip we daşyna birnäçe gezek aýlap, ýere oklap goýberýär. Mämmet bihuş bolup galýar. Atly onuň garnyna münüp, damagyny çalmakçy bolup, gylyjyny gynyndan çykarýar-da öz-özüne: «Onsuz hem ölüp ýatanyň başyny kesmek edermençilikden nyşan däl» diýip, Mämmedi şol ýatyşyna taşlap ötägidýär.

Mämmediň beýle hala düşenini gören ýoldaşy gyza gaýtawul bermekden geçen, özüne degmese kaýyl bolup, dostunyň ýüzüne suw sepýär, ýelpeýär. Ony şeýdip bir wagtdan soň huşuna getirýär. Şol ýerden hem öňküje tutan awlaryny alyp, yzlaryna gaýdýarlar.

Gyzdan basylyp, öýlerine gaýdyp baran Mämmet bolan wakany enesine aýtmaga namys edip, işdäden galyp, tukatlanyp başlaýar. Beýle ýagdaý uzaga çekýär. Ahyry enesi:

— Saňa näme boldy? Sen şu gezek bir zada-a uçrap geldiň. Göreşde bir-de ýeňersiň, bir-de ýeňilersiň, hernäme-de bolsa, menden syryňy gizleme — diýip, ýalbaryp başlaýar. Mämmet pälwan gyz bilen bagly başyndan geçirenlerini enesine doly gürrüň berýär. Onda enesi:

— Men hem seniň ataň bilen bütin dört günläp göreşip, ahyryn bäşinji gün ýykyldym. Ana, şonluk bilen nikalaşdym. Seni ýykan goňşy ýurdumyzyň patyşasynyň gyzy Aýperidir, ony tanamaýan ýokdur. Olam ataň bilen birikmezimden öň meniň bolşum ýaly, «Ýykana äre barjak» diýen pikir bilen päl-

wanlygyna buýsanyp ýören gyzdyr. Ol pälwanlykda ýakasyny tanadandyr, özüňe gaty ynamyň bolaýmasa onuň bilen göreşe girmegin. Giräýseňem, ondan ýykylanyňy gaty görmegin — diýýär.

Enesinden beýle pähimli söz eşiden Mämmet öz ýanyndan: «Aýperi diýilýän gyzy ýyksam baş pälwany ýykança görjekler-ow. Şol sebäpli gowy dynjymy alyp, onuň üstüne täzeden gideýin we ýene bagtymy synap göreýin» diýýär-de, birnäçe wagt özüni oňat seýisleýär. Dynjyny gowy alandan soň, öňki ýoldaşy bilen ýene öňki ýurda aw-awlamaga we gabat gelse, Aýperi bilen göreşmäge gidýär.

Olar az ýöräp, köp ýöräp, şol öňki göreşen ýerine ýetýärler. Ol ýerde iki-üç gün aw awlap, özlerini bakyp gezýärler. Ýöne Aýperiniň atlylary bulara gabat gelmeýär. Onuň üçin hem dördünji gün şähere tarap ýöreýärler. Şol barmana bulut ýaly garalyp oturan baga gözleri düşýär. Ýigitler bagy nazarlap sürüberýärler. Baga ýetýärler. Bu ýerde olaryň alnyndan hiç kim çykmaýar. Mämmet atyny ýoldaşyna berip, bagyň içine girýär-de, miwelerinden ýoluşdyryp iýiberýär. Şeýdip ýörkä, bagyň gündogar derwezesinden Aýperi erkek lybasynda baga girýär. Bagyň içinde Mämmediň özüni görmedik bolup hem äsgermezlik edip ýörşüni görýär-de, gös-göni ýanyna gelip, atynyň başyny çekip:

— Ýene geldiňmi? Saňa ajalyna howluganja ýigit diýerler. Şindi hem bolsa, abraýyň barka git-de, başyňy ölümden gutar — diýýär. Mämmet:

— Bagyňa guwanman, özüňi agtaryp geldim. Maňa beýle lap urma! Lap urmak ýagşy bolmaz. Gaýratyň bolsa görkez, ynha, men. Seniň ýaly pälwandan gaçjak bolup gelmedim. Eger senden ýykylyp ölsemem armanly boljak gümanym ýok — diýýär hem özüniň göreşmäge taýyndygyny aýdýar.

Şonluk bilen hem bagyň içinde ikiçäk ýene garpyşýarlar. Ol gün ýaşyp garaňky düşýär. Ne ýykýan bar, ne ýykylýan. Ol gün aýrylyşyp, ertiri ýene göreşýärler. Gün gijigip başlanda Mämmet namys edip hyrçyny dişläp, bar güýjüni jemläp, özüne zor berýär-de, öten-geçen ata-babasyndan kömek sorap, Aýperini ýanbaşyna göterip, ýerde ýuwaşja goýýar-da:

— Adamyny, ine, şu zeýillije ýykarlar. Pälwan bolsaň adamyny kastly ýaly ýykmazlar. Indi bolsa özüňi tanat, nä maksat bilen göreş tutup ýöreniňi aýt — diýýär. Aýperi:

— Men şu ýurduň patyşasynyň gyzy. Adym Aýperi. Maksadymy aýtsam, özümi kim göreşip ýyksa, şoňa äre barjak. Onuň üçin hem indi men seniňki bolmaly — diýýär-de, ýüzünden nikabyny sypyrýar. Mämmet gyzyň jemalyna aňk bolup, dili tutulyp galýar. Şol halatda Aýperi Mämmede:

— Pälwan hem aýdan görkli iň ynamdar kenizimi seniň ýoldaşyňa mynasyp bilýärin. Onuň üçin hem özüň we ýoldaşyň razy bolsaňyz, ol kenizimi şol ýoldaşyňa bereli. Şonluk bilen ikimiziň hem ynamdar ýoldaşymyz hemişe ýanymyzda bolar — diýýär.

Aýperiniň bu maslahatyny Mämmedem, ýoldaşam begenişip makullaýarlar. Onuň üçin bu ýerde göwün maksadyna ýeten diňe Mämmet bilen Aýperi ikisi bolman, olaryň ýürekdeş ýoldaşlary hem maksatlaryna ýetýärler. Ol gije rahat ýatyp turmak bilen, daň atyp, gün dogandan Aýperi hat ýazyp, bu işleri atasyna mälim edýär. Şonuň bilen birlikde özleri üçin ullakan toý bermegini haýyş edýär. Gyzynyň hatyny okap bu işlerden habardar bolan patyşa gyzy Aýperä:

— Del ýurduň adamy bilen ykbalyňy baglamagyňy düýbünden gadagan edýärin. Şol päliňden el çekmeseň, ikiňiziň hem başyňyzy keserin. Seniň öň eden wadaň bilen meniň işim ýok. Seniň nikalaşjak bolýan ýigidiň şu günüň özünde ýok bolup gitsin — diýip jogap ýazýar.

Atasyndan beýle ters we wehimli jogap alan Aýperi Mämmede:

— Indiki maslahat näme? — diýýär.

Mämmet:

— Ozal başda öz-özüňe söz bereniňde, onça-onça wehimli söze we garşylyga gabat gelmerin öýtdiňmi? Sözüň üstünde tapylmasaň hiç wagt hem senden ynamdar adam çykmaz. Seniň üçin men-ä janymy gaýgyrmaryn. Şeýle wehimli söz aýdýan ataňdan başga adam bolsa, özüm düşünşerdim. Onuň bilen özüň düşüniş. Eger düşünesi gelmese, ýagdaý saňa bagly. Ýöne ölümden gorkýandygyňy duýdursaň, hiç kim seni äsgermez we sansyz bolarsyň — diýýär. Gyz ýene bir gezek atasyna hat ýazýar we ýigitde göwnüniň bardygyny aýdýar. Şol ýigitden başga biri bilen ykbalyny baglamajakdygyny hem ýaňzydýar. Emma bu gezek atasyndan has haýbatly jogap alýar.

Aýperi:

— Men atamy syladym. Göwnümdäkini oňa mälim etdim. Meni saňa abraýlap toý tutup bermegini isledim. Ol ylalaşmady. Menem öz göwün diýen adamym bilen bolmak isleýärin. Öz maksadyma ýetmek üçin eger atam goşun çekip gelse, bagtymyzy synamaly bolarys — diýýär.

Aýperiniň bu pikirini ýoldaşlary hem makul bilýärler. Onsoň atasyna şeýle mazmunly hat ýazýar. «Men hem bagtly, hem rahat ýaşamak isleýärin. Ony maňa gadagan etjek bolmagyňa razy däl we razy bolup hem biljek däl. Bize toý tutmasaň tutma weli, meniň rahat ýaşamagymy gadagan etme!» Gyzyndan şeýle mazmunly hat alan patyşa dergazap bolup gyzyna:

— Ertiriň özünde üstüňe goşun çekip barjak. Ikiňiziň hem başyňyzy kesip jähenneme ýollajak — diýip ýazýar. Atasyndan beýle haty alan Aýperi kyrk kenizi bilen, Mämmet hem ýoldaşy bilen ölümlerine kaýyl bolup, patyşanyň garşysyna urşa taýýarlanýarlar.

Daň atýar, gün dogýar. Patyşa hem bulary äsgermän diňe pälwanlaryny, sanlyja serkerdelerini alyp, bularyň üstlerine gelýär. Iki tarap uruş meýdanyna çykýar. Patyşanyň pälwanlarynyň biri orta çykyp, Aýperiniň adyny tutýar-da:

— Öz iliňden özüňe mynasyp är tapmadyňmy? Şa ataň sözüni ýykmaga utanmaýarmyň? Şindi hem bolsa, päliňden gaýt. Bolmasa, janyňdan umydyňy üz — diýip gygyrýar.

Aýperi pälwanyň edil garşysyna baryp, oňa gahar-gazap bilen seredýär:

— Utanmaly men däl, siz. Atam-a ýalňyşýar, sizem oňa akylly-başly maslahat bermegiň deregine, goşun çekip bir naçaryň üstüne gelýärsiňiz. Bigadyrlar, siziňem janyňyza rehimiňiz gelsin. Abraýyňyz barka, yzyňyza gaýdyň — diýýär.

Onda ol pälwan Aýperä:

— Sen gyz, beýle batyrlyk satarça kim bolupsyň? — diýip, çişýär-de, gürzüsini alyp Aýperini urmakçy bolýar.

Aýperi oňa garşylyk görkezip, onuň bilinden mäkäm tutup, atyndan düşürýär-de, asmana zyňyp goýberýär. Pälwanyň her tikesi gulagy ýaly bolýar.

Aýperiniň ediberşinden haýyksalar-da, ýene birnäçe pälwan orta çykýar. Aýperi olaram sylaman ýere ýazýar. Sebäbi bu meýdanda ýa almalydy, ýa ölmelidi. Şu ýagdaýda gün gijigýär, garaňky düşüp başlaýar. Patyşa galak-gaçak adamlary bilen gamgyn ýagdaýda yzyna gaýdýar. Daň atýar, gün dogýar. Bu gün patyşa «men» diýen pälwanlarynyň sanyny has artdyryp, dabaraly ýagdaýda söweş meýdanyna çykýar.

Aýperi we Mämmet öz ýoldaşlary bilen onuň hüjümine garaşyp durýarlar. Söweş uzynly gün dowam edýär. Bir Aýperiniň zarbyndan patyşanyň bu günki ölen pälwanlarynyň sany çenden geçýär. Ýene gün ýaşmaga az galýar. Şol wagt Aýperi atasyna: «Bu ýowuz uruş üçin günäkär ikimiz. Ylaýta-da özüňiz. Çünki gan dökmäge meni mejbur etdiňiz. Diňe öz sözüňizi

gögertjek bolup bigünä pälwanlaryň ölmeklerine sebäp bolduňyz. Şindi hem bolsa päliňizden gaýdyň» diýip, hat ýazyp iberýär. Patyşa hem: «Maňa takal okama, mende başyňyzy kesmekden başga maksat ýok. Ertiriň özünde gümüňizi çekerin» diýip jogap berýär.

Ol gije hem geçýär, daň atýar, gün dogýar. Ýene iki ýan tarap uruş meýdanyna çykýar. Aýperiniň bu gezek ýoldaşlary hem söweşmäge taýýar bolup durýarlar. Uruş meýdanyna çykan patyşa serkerdelerine birden hüjüm etmegi we şonluk bilen hem Aýperi bilen Mämmedi diri tutup getirmegi buýurýar. Aýperi hem ýoldaşlary birgiden saýyrdyň atly bolup, patyşanyň goşunynyň içinden terslin-oňlyn ýyldyrym ýaly geçip, gyryp-gyrjaşdyryp başlaýarlar. Az salymyň içinde goşunyň serkerdeleriniň az sanlysy gaçyp zordan başyny gutarýar. Bu ýagdaýy gören patyşanyň özi hem atynyň başyny yzyna öwürýär.

Aýperi hem gylyjyna bat berip, atasynyň yzyndan kowýar. Emma öz-özüne: «Gaçany kowmak namartlyk, onda-da ataňy» diýip yzyna dolanýar. Aýperi, Mämmet hem ýoldaşlary bilen şol öňki bagyň içinde birki gün galýarlar. Şol günleriň birinde gyza atasyndan hat gelýär. Ol hatynda: «Ol dünýä, bu dünýä senden razy däldirin. Men sen sebäpli söweşip ýaradar bolup ölmeli boldum» diýip ýazýar. Aýperi hem jogap ýollaýar. «Men-menlik edip, menden boýun bolup bilmejek zadymy talap etdiň. Bagtymy baglamak islediň. Bigünä adamlaryň ganynyň dökülmegine sebäp bolduň. Ýa özüň ölen bolsaň, ýa men ölen bolsam häzirkisinden has gowy bolardy» diýip ýazýar.

Aýperi bu haty iberensoň, geçse aradan iki-üç gün geçendir-dä, atasynyň ölendigi baradaky habary getirýärler.

Gyz ýanyndakyny alyp köşge gidýär. Ýalňyz perzendi bolandan soň gyz atasynyň aş-suwuny berýär. Soň bolsa ýasawullary ýollaşdyryp, şäheriň ilatyny, wezir-wekillerini çagyrýar. Ilaty jemläp, oňat naharlaýar. Soň bolsa adamlarda kine bolmaz

ýaly atasy bilen aralarynda bolan wakalary aç-açan doly gürrüň berýär-de:

— Wezirleriňiziň ýerine wezir we goşun baştutanlaryňyzyň ýerine hem oňat akylly we edermen adamlary belleşdiriň. Patyşaňyzyň ýerine-de patyşa saýlaň — diýýär. Uly iliň islegi bilen Mämmet patyşa saýlanylýar. Onuň üç ýürekdeş dosty, ýoldaşy ynamdar wezir edilýär. Beýleki wezirler we goşunbaşylar hem halkyň öz görkezen adamlaryndan saýlanylýar.

Şonluk bilen, Aýperi gaýyn enesini hem göçürip getirip, uly ili çagyrýar-da, ýedi gije-gündizläp toý berýär. Ýalaňaç ýetimleri birlaý geýindirýär. Mekdep-medreseleri köpeldýär. Garybyň-baýyň çagasyna parh goýman okuwa çekýär hem güýçli adyl şa bolýar. Ýurt ogry-jümrüsiz parahat bolansoň, halk ýurduň hökümdaryndan razy bolup, agzybirlikde parahat ýaşaýar.

Ertekiçileriň aýtmagyna görä, beýleki goňşy ýurtlardanam bu ýurda raýat bolup geliberipdirler.

Mämmet şanyň döwleti barha güýçleniberipdir. Güýçli-güýçli döwletlerem ony äsgermezlik etmäge milt edip bilmändirler.

Mämmet şanyň özem güýjüne baýrynmandyr. Goňşy döwletlerine azar bermändir. Olar bilen agzybirlikde ýaşapdyr.

Şa gyzdan owadanja-owadanja çagalar dünýä iniberipdir-iniberipdir. Soňabaka olaryň özleri bir şäher bolupdyr — diýip aýdýarlar.

# AKYLLY AHMET[1]

Bir bar eken, bir ýok eken, gadym wagtda bir garyp adam ýaşaýan eken. Ol garyp hemişe:

— Meniň akylym kän-de, pulum ýok, pulum bolsa, näme işler etjegimi bilýärin — diýip aýdýar eken. Günlerde bir gün bir täjir bu garyba:

— Eý, garyp, eger-de seniň akylyň kän bolsa, «Pulum ýok» diýip zeýrenme-de, söwda gidýänler bilen bile git-de, söwda et ynha, men saňa pul bereýin — diýip, oňa ýeterlik pul beren.

Ahmet täjiriň ähli beren pullaryny köne-küşüle, garagurma, esgä berip, birnäçe çuwaly köne zatlardan doldurypdyr-da, ýoldaşlarynyň ýanyna gelip:

— Haçan ugrasaňyz men taýýar — diýipdir. Ýoldaşlary munuň alyp gitjek bolýan harytlaryny görüp, gülüp-gülüp hersi bir ýana gyşarypdyr.

— Baý, seniň akylly bolaýşyňy — diýşip, ýene içlerini tutuşyp gülüpdirler.

Ahmet:

— Aý, hany entek howlukmaň, sakawyň soňuna serediň — diýip, olar bilen ýola düşen.

Bular birnäçe gün ýol ýöräp, bir uly şähere ýetýärler. Bu şäher bir uly derýanyň gyrasynda ýerleşýän eken. Ahmediň ýoldaşlary söwda etmäge şähere dagap gidenler.

---

[1] Türkmenbaşy adyndaky Türkmenistan Milli golýazmalar institutynyň golýazmalar hazynasy. 951$^{f}$-nji bukja. Toplanlar: N. Kürräýew, A. Taýymow. 1960.

Ahmet derýanyň ýakasyna baryp, goş-kötelini düşürip, getiren köne-sanalarynyň hemmesini ýakyp, külüni derýanyň gyrasyna ýaýradan. Garaňky düşen, birden suwdan balyklar çykanlar. Olar agyzlaryny dolduryp, çykaran göwherlerini derýanyň gyrasynda goýýarlar. Bu balyklar hemişe şeýdip oýnamagy özlerine adat edinenler. Oýnap bolanlaryndan soň, çykaran göwherlerini ýene-de agyzlaryna alyp, derýa çümüp gidýän ekenler.

Olar bu gezek derýa dolananlarynda göwherleri ýok diýýär. Olar külüň içinde görünmän galypmyş. Balyklar göwher daşlaryny tapman, alaçsyz çümüp gidipmişler.

Ahmet ertir ir bilen derýanyň gyrasyny süpürip, küli harman edip sowurýar. Uly harman külüň içinden, ynha, birnäçe çuwal göwher çykýar. Ahmet derrew derýanyň ýakasyndaky tezekleri ýygnap, eýläp, palçyk edýär-de, arasyny göwherden dolduryp guradýar. Bular bäş-alty çuwal tezek bolýar. Ýoldaşlary bazardan işlerini bitirip gelseler, Ahmet çuwallaryny tezekden dolduryp, taýýar bolup oturan eken. Ýoldaşlary:

— Ýeri, Ahmet, sen indi oba şu tezekleri ýük edip alyp gitjekmi? — diýşip, ýene gülüşmek gülüşýärler. Ahmet olaryň gülkülerine ünsem bermän:

— Aý howa, her kimiň öz gurby ýetýän zady bolýar — diýip jogap beren.

Şunluk bilen, bularyň kerweni ýola düşüp ugranmyş. Az ýöräp, köp ýöräp, öz obalaryna ýakyn gelenler. Olar oba bir adamyny çapar edip iberenler. Çapar oba baryp, kerweniň sag-salamat gelýändigini, eden söwdalaryny, Ahmediň tezek ýüküni alyp gelýänini birin-birin täjirleriň hemmesine buşlap çykan. Şundan soň, her täjir öz söwdagäriniň öňünden hormat edip garşylamaga adam iberen. Diňe Ahmedi hiç kim garşylamandyr. Ahmediň täjiri gahar edip käýinip:

— Bir samsyga zadymy giderdim, masgaraçylygam onuň üstüne — diýip, ökünip oturan. Beýleki täjirler söwdagärlerini garşylap, her kim:

— Sag-aman geldiňmi-de, sag-aman geldiňmi? — diýşip, alaýaz bolanlar.

Kerwen şähere giren. Her kim öýli-öýüne gidip, ýüküni düşüren. Ahmet ýükjagazyny düşürip ýygnap goýan.

Ol gün agşam ýatyp, ertesi turanlaryndan soň, uzak ýola söwda gidip gelenleriň hemmesi bir ýere ýygnanyşyp, üýşmeleň eden. Şol üýşmeleňde Ahmediň täjiri hem bar eken. Söwdagärleriň öz eden söwdalaryndan, işlerinden göwnühoş gürrüň berşip, hezil edişip oturanlar. Diňe Ahmet bir gyrada sesini çykarman oturan. Ahyr täjirleriň biri:

— Ýeri, Ahmet, hany sen näme iş bitirdiň? Hany, aýdyp otyr. Ýa akylyň kömegi degmedimi? — diýip, gülümsiräp oňa ýüzlenýär. Ahmet hem kiçigöwünlilik bilen:

— Aý, näme, nesip edeni bolar-da, biziňki hem beýlekileriňkiçe bolar — diýip, goltugyndan bir uly maçja tezegi çykaryp, ortada goýan. Muňa öňküdenem beter pakyrda berip gülüşenler.

Ahmet ýaňky tezegi ýarýar weli, göwherler dumly-duşa pytrap, dünýä ýalkym salyp gidýär. Oturan adamlaryň agyzlary açylyp, aňk bolup galýarlar. Soň Ahmet turup gidip, çuwallary getirip döküp, tezekleri owradan, bir depe göwher bolan. Täjirler we söwda giden ýoldaşlary henizem haýran galşyp aňkarlyşyp oturanlar.

Ahmet öz täjirine garap:

— Sen maňa ýagşylyk etdiň, emma «Sag-aman geldiňmi?» diýmäge-de diliň aýlanman, eden ýagşylygyň ýüzüne urduň. Men seň bilen deň bolman. Al, ýygna, ine, dünýä maly. Ýöne adamçylygyňam ýitirme. Şeýdip, Ahmet öz akyl-paýhasyny görkezen.

## PATYŞA, WEZIR WE PATYŞANYŇ AÝALY[1]

Bir bar eken, bir ýok eken, Rum şäheriniň bir patyşasy bar eken. Onuň millete zulmy gaty zor eken. Milleti gaty hor eken. Ol patyşa perzende zar eken. Günlerde bir gün ol patyşanyň bir ogly bolupdyr. Emma ol bolan oglanyň aýagy, eli ysmaýan eken. Onsoň patyşa bu oglana em etdirmek üçin ähli molla-müftülerini ýygnap:

— Oglanyň derdine derman tapyň, ýogsam baryňyzy dardan asyp öldürerin — diýip, höküm edipdir. Özlerine-de kyrk gün möhlet beripdir. Patyşanyň ähli wezir-wekilleri, molla-müftüleri, bilgiçleri oglanyň derdini bilmän aglaşyp-eňreşip gaýdypdyrlar. Kyrk gün diýilýän hem geçipdir. Hiç kes patyşanyň oglunyň keseline em tapyp bilmändir. Onsoň patyşa ähli ilatyny ýygnap, hälki wezir-wekillerini dardan asdyrmak üçin çykarypdyr. Şol wagt bir garryja goja olardan:

— Sizi näme üçin dardan asýarlar? — diýip sorapdyr. Onda patyşanyň wezirleriniň biri:

— Patyşamyzyň bir ogly boldy. Onuň eli hem aýagy ysmaz boldy. «Oňa derman tapyň» diýip bize kyrk gün möhlet berdi. Ol möhleti geçdi. Ol oglanyň derdine derman tapylmady. Onuň derdine derman tapyp bilmänligimiz üçin dardan asmakçy bolýar — diýipdir. Onda ol goja:

---

[1] Türkmenbaşy adyndaky Türkmenistan Milli golýazmalar institutynyň golýazmalar hazynasy. 1025$^{f}$-nji bukja.

— Baryň aýdyň patyşaňyza, onuň oglunyň dermanyny men salgy bereýin — diýipdir. Onsoň patyşanyň baş weziri etek alty, ýeň ýedi bolup ylgap, patyşa habar beripdir. Patyşa dessine garryny ýanyna çagyryp sorapdyr. Onda ol goja:

— Eý, patyşam, sen özüň, seniň baş weziriň hem-de seniň aýalyň — üçüňiz bir pynhan jaýa giriň-de biri-biriňize öz ýüregiňizdäki gizlin arzuwlaryňyzy ýaşyrman aýdyşyň. Şonda oglan gutular — diýipdir. Patyşa wezirini, aýalyny alyp üçüsi bir gizlin jaýa girip, öz ýüreklerindäki syrlary biri-birine aýdyşyp başlapdyrlar. Ilki bilen patyşa:

— Men özüm ýurduň patyşasy bolsam-da, hiç zada zar bolmasam-da, ýanyma iki sany adam arza gelse, haýsynyň elinde sowgat görsem, şonuň arzyny diňleýärin. Onsoňam milletiň elindäki ähli gowy zatlaryny, hatda kimiň owadan, gözel gyzy bolsa-da, şony hem özüm alsam diýýärin — diýipdir. Onsoň wezir söze başlapdyr:

— Eý, patyşam, men seniň baş weziriň bolup, hiç zada zar bolmasamam, gije-gündiz seniň öleriňi dileýärin. Özüm seniň ýeriňe şa bolmak üçin, şol oglanyň hem gutulmazlygyny diläp ýörün — diýipdir.

Onsoň patyşaň aýaly:

— Menden başga-da patyşanyň otuz dokuz aýaly bar. Men patyşanyň aýaly bolsamam, kyrk günden bir sapar ýanyma gelip habar soraýanlygy üçin, şu hili ýaşanymdan çöle çykyp bir çopan bilen arzyly ýaşamagy arzuwlap ýörýärin — diýipdir.

Onsoň bular şeýdip, içki syrlaryny bir-birine aýdyp, hälki oglanyň ýanyna gelipdirler weli, görseler, oglanyň eli-aýagy gutulyp başlanmyş.

## GARYBYŇ DÜÝŞI[1]

Bir bar eken, bir ýok eken, bir garyp adam bar eken. Garyp her gün agşam öz ýanyndan göwün ýüwürdip, bolsady ekip ýatar eken. Bir gün şol bolsadylaryny ekip ýatypdyr weli, düýş görüpdir. Düýşünde ol garyp bir ýere barýar eken. Öňünden bir owadan ak guş çykypdyr. Ol guş göräýmäge şeýle owadan, sypaýy guş bolsa-da, ol haram maslyga gonup, ony çokalap otyr eken. Ol garyp munuň bolşuny geň görüp geçip gidiberipdir. Gidip otyrka, bir giden gülli ýorunjanyň içinde-de bir ýaby daňylgy dur weli, şeýle bir hor eken, itiberseň ýykyljak bolup dur eken. Ol garyp muny hem geň görüp geçiberýär. Gidip otyrka bir çöl beýabanyň içinden geçýär. Töwerekde diş synçgar ýalam ot-çöp ýok eken. Emma şol takyrlygyň içinde bir at daňylgy dur weli, şeýle bir semiz eken, edil lowurdap duran endamyndan ýag damaýjak bolýarmyş. Garyp muny hem geň görüp geçip gidiberjek bolanda oýananmyş. Garyp gören düýşüni birhiliräk görüp, garry atasyna gürrüň berenmiş. Garry atasy hem oglunyň gürrüňini diňläp:

— Ol gören zatlaryň hemmesi hakykatdyr, oglum — diýipdir. Ol seniň öňünden ilki çykan ak guşuň-a şu zamanyň daşy jäjek, içi möjek käbir harsydünýä adamydyr. Onuň yzyndan gülli ýorunjanyň içinde itiberseň ýykyljak bolup duran ýaby

[1] Türkmenbaşy adyndaky Türkmenistan Milli golýazmalar institutynyň golýazmalar hazynasy. 1025$^{f}$-nji bukja.

hem şu zamanyň käbir husyt baýlarydyr. Olar hem edil şol seniň gören ýabyň ýaly zady dünýä sygýan däldir weli, özi iýip-içip bilmän, ýumrugyndan çyksa ýalap, çykmasa oňup ýörendir. Takyr ýerde daňylgy, endamyndan ýag damaýyn diýip duran ýabyň bolsa biz ýaly özi garyp bolsa-da, dokmäde adamlardyr.

Garyp atasy bilen ylalaşman:

— O nähili biz ýalymyş? Semizliginden ýaňa endamyndan ýag damaýyn diýip dur. Emma biziň bolsa iýere nanymyz ýok, geýere donumyz ýok, owurdumyz-owurdumyzdan geçeýin diýýär. Onsoň biziň endamymyzdan ýag damarmy? — diýen. Onda atasy:

— Ýok, beýle däl, oglum. Şol takyr ýerde daňylgy semiz ýaby dokmäde garyp adamlardyr. Garybyň puly, dony bolmasa-da, göwni giňdir, ruhy beýikdir. Bir zat tapsa-da çagalary bilen, il-güni bilen paýlaşyp iýer. Gününi gaýgysyz-gamsyz keýpi kök, wagtyny hoş geçirer. Halal işlär, halal iýer. Iýeni endamyna siňer. Ana, onsoň takyr ýerde daňylan semiz atyň açaçan şoldur — diýen.

Garyp atasynyň diýenini makullanmyş.

## KILWANYŇ GYZY[1]

Bir bar eken, bir ýok ekeni, gadym zamanda bir garyp, etmäge başga iş tapman, bir baýyň degirmenine kilwan bolýar. Munuň diňe bir gyzy bar eken. Başga hiç bir çagasy bolmandyr. Ol aýaly, özi we gyzy — üçüsi ýaşar ekenler. Garybyň bu gyzy ýaşlygyndan gaty höwesli okap, on üç-on dört ýaşa ýetende sowatly we zehinli gyz bolup ýetişýär. Özi-de iňňän görmegeý, ýaraşykly, akylly gyz bolýar. Şeýle hem, bu gyz ýaltanman özi ýaly deň-duş gyzlaryna we çagalara her gün irginsizlik bilen diýen ýaly hat-sowat öwreder eken. Çagalar dynçlaryny alanlarynda hem olara gowudan-gowy gyzykly ertekiler aýdyp berer eken.

Bir gün agşam deň-duşlary bilen üýşüşip otyrkalar gyz:

— Men size öňki aýdanlarymdan hem has gyzykly bir erteki aýdyp bereýin. Sizem üns berip diňläň — diýip, ine, şu ertekini aýdyp başlaýar.

Bir bar eken, bir ýok eken, gadym zamanda kemsiz ýetişen we örän owadan, gaty daýaw hem ýaraşykly «derek ýaly» diýilýän bir gyz baýyň goýnuny bakar eken. Bu gyz daýawlygynyň we ýaraşyklylygynyň daşyndan hem hiç zatdan gorkmaýan eken. Gyz tüýdük çalmaga hem gaty ökde eken. Bir gün bu gyz

---

[1] Türkmenbaşy adyndaky Türkmenistan Milli golýazmalar institutynyň golýazmalar hazynasy. 866$^{f}$-nji bukja. Aýdan: L.P.Fedýorowa. Ahal welaýatynyň, Tejen etrabynyň merkezi. Ýazyp alan: Ç.Garabekow. 1947-nji ýylyň Garaşsyzlyk aýy.

süriniň ortarasynda bir tümmegiň üstüne çykyp, tüýdük çalyp otyrka, bir tokly sazyň şirin owazyna goýunlaryň arasyndan çykyp gelýär-de, onuň dyzynyň üstünde kellesini goýýar-da ýatyberýär. Gyz hem esli wagtlap tokla hiç zat etmän, çalmagyny öňküsi ýaly dowam edýär, toklam ýatyr diýýär.

Ahyry gyzyň özi tüýdük çalmagyny bes edip, toklynyň başyny sypap:

— Tokly janawer saňa näme gerek? Näme maksat bilen bu ýere gelip ýatdyň? — diýýär.

Tokly ýerinden turýar-da, uludan-uly sojap:

— Meniň aslym tokly däl. Özüm şazada. Bagtym ýatdy. Zalym jadygöýüň hilegärliginden şu ýagdaýa düşdim. Meniň derdime diňe sen çäre edip biljek. Onuň üçin hem görgüsinden gaçman, maňa hossarlyk etmegiňi haýyş edýärii — diýýär. Onda çopan gyz tokla:

— Meniň edip biljek zadym näme? — diýip soraýar.

Tokly çopan gyza:

— Ho-ol görünýän dagdan aňyrda ýene alty sany şu zeýilli beýik dag bar. Şol daglaryň hemmesinden geçmeli. Geçeniňden soň aňyrsynda bir jaýyň içinde üç sany jadygöý ýatandyr. Olaryň oýa wagtlaryndan ukuda wagtlary köp bolýandyr. Şolaryň biriniň kellesiniň aşagyndaky tokmagy getirmeli. Şol tokmak bilen şahyma üç gaýta ursaň, men öňki bolşuma öwrülip adam bolaryn. Bu dagdan bolsa, ana, ho-ol görünýän ýol bilen gidip aşmaly. Galan ýoluňy özüň tapmaly bolarsyň. Kyndyr welin, herniçik-de bolsa, bu işi häzir senden başga hiç kim başaryp biljek däl — diýip ýalbarýar. Onda çopan gyz:

— Seniň täzeden adam sypatyna geljegiňi bilsem, men janymy gaýgyrmaryn, heläkçiligindenem gaçmaryn — diýýär.

Bu sözden soň gyz goýnuny şol ýeriň özünde taşlap, toklynyň salgy beren ugruna tarap ötägidýär. Toklynyň salgy berşi ýaly ýöräp, ilkinji beýik dagdan üç gün diýlende geçýär. Gidi-

berýär, ýolda gür-gür tokaýlyklardan hem hiç zatdan gypynç etmän, geçip gidýär. Gabat gelýän dürli jandarlar hem gyza zyýan ýetmeýär. Her dürli kynçylyklara we horluklara uçrasa hem, hiç birinden eýmenmän bu beýik daglaryň üçüsinden geçýär. Dördünji dag has kert gaýaly hem beýik eken. Onuň üstüne çykmaga gyz hiç ýerinden ýodajyk hem tapmaýar. Şeýle agyr hala düşen wagtynda boýy bir garyş, sakgaly iki garyş gaty girdenejik adam gabat gelýär-de:

— Bu dagyň üstüne çykjak bolsaň, şojagaz ýodajyk bilen aýlan-da, ýokaryk gidiber — diýýär.

Çopan gyz hem onuň görkezen ýodasy bilen dyrmaşyp, ol dagyň hem aňyrsyna geçýär. Esli ýol ýöränden soň düňderilip, çalt akýan çuň jara gabat gelýär. Suwuň akyşyny görende gyzyň başy aýlanyp başlaýar. Aňyrsyna geçmek üçin bolsa diňe bir paýapyl bar diýýär. Gyz şol paýapyla münüp geçmekçi bolýar. Başy has aýlanyp, ýykylmaga az galanda zordan dolanyp yzyna gaýdýar. Jaryň gyrasynda esli wagt oturyp, özüni dürseýär. Soň jaryň başga ýerinden geçelge gözläp başlaýar. Iki ýana hernäçe ýüwürse hem hiç bir ýerden geçelge tapmaýar. Ahyry ýene şu ýere dolanyp gelýär-de: «Mundan geçibiljek gümanym ýok. Onuň üçin hem masgara bolup, yzyma gaýtmaly boljak» diýip, uzak oýlanýar.

Şol halatda ýene hälki boýy bir garyş, sakgaly iki garyş goja gyzyň ýanyna gelýär-de:

— Näme tükeniksiz iňkise gitdiň? Gorkma-da, şu paýapyla mün-de, geçiber, ýykylmarsyň — diýýär.

Gyz hem öz ýanyndan:

— Ozal gojanyň diýenini etdim. Onuň ýamanlygy ýokdurla. Beletdir-le, bu sapar hem diýenini edeýin — diýip, paýapyla münüp, jardan geçip başlaýar. Ilkibada başy aýlanan ýaly bolsa hem soňabaka öwrenişýär we säginmän jaryň aňyrsyna geçýär. Kemsiz dynjyny alyp, ýene gidiberýär. Açlygyny unudýar. Her

dürli hatarly zatlardan çigit ýaly hem eýmenmeýär. Diňe boýun bolan zadyny ýerine ýetirmegi özüne maksat edinýär. Gidip barýarka öňünden gaty giň derýa çykýar. Onuň aňyrsyna çala göz ýetýär. Gyz derýadan geçmäge meýil hem etmeýär. Nä-umyt ýagdaýda yzyna gaýtmakçy bolýar. Şol pursat hälki gys-gajyk adam ýene onuň ýanynda peýda bolýar-da:

— Nirä gitjek bolýarsyň? Hiç zatdan gorkma-da, suwa girip gidiber. Hä diýmän aňyrsyna geçersiň — diýýär.

Gyz bu sapar hem: «Gojanyň maňa ýamanlygynyň ýokdu-gyna gözüm ýetdi. Onuň üçin bu sapar hem onuň diýenini ede-ýin» diýip, oýlanyp geýimlerini çekişdirip, suwa girip gidiber-ýär. Suw dyzyna, guşaklygyna ýetýär. Gyz hopukjak bolýar. Ýene hem gidiberýär. Gitdigi-çe suw barha çuňalýar, kekirde-gine ýetýär. Ol hopugýar. Suw agzyna ýetýär. Ana, şo wagtyň özünde gorkup, yzyna gaýtmakçy bolýar. Şeýle halda derýanyň içinden bir ullakan balyk kellesini suwdan çykaryp, gyzy agzy-na alyp, derýanyň aňry gyrasyna gidiberýär. Az salymyň içinde hem ony suwdan çykaryp usullyk bilen ýerde goýýar. Özi bolsa derrew suwa çümüp gidýär. Özüne galsa, bu zatlaryň hiç birini hem edip bilmejekdigine gyzyň gözi ýetýär. Onuň üçin mun-dan beýläk has ynamly gidýär. Az ýöräp, köp ýöräp we birnäçe kynçylyklary ýeňip geçip bäşinji gat daga ýetýär. Bu dagdaky çeşmelerden çogup çykýan suwlaryň hemmesi gaýnap allao-warralara pürkülýär. Has hem adamzady görende oňa örän bat-ly pürkülýär, öňüni kesjek bolýar we üstüne syçrap ýakýar. Gyz geçebilmän, bu ýerden hem yzyna gaýtmakçy bolýar.

Bu pursat hem şol gysgajyk adam ýanyna gelip:

— Ätiýaç etme-de gidiber, hiç zat bolmaz — diýýär. Goja-nyň sözi, gyza gurp berýär. Ol: «Näme bolsa, şo bolsun» diýip, ýüzüniň ugruna gidiberýär. Ýöne gorkusyna ylgap daljygýar we ysgyndan düşýär. Galyberse hem pylança günläp, idili na-har edinmäni üçin kemsiz güýçden gaçýar. Şol zerarly hem essi

aýylyp we bihuş bolup ýykylýar. Gyzda dem-düýt bolmaýar, edil öli ýaly bolup ýatýar.

Şo halatda hälki gysgajyk adam ýene bu ýerde häzir bolýar. Derrew bu gyzy göterip, altynjy dagyň aňyrsyndaky öz jaýyna eltýär. O ýerde gyzy arassa düşekçäniň üstünde ýatyrýar-da, özi başga iş bilen boluberýär. Esli wagtdan soň gyz özüne gelýär. Gözüni açyp görse, bir jaýyň içinde oňat, arassa düşekçede ýatyr diýýär. Gyz töweregine garanjaklaýar. Görse, bu jaýda diňe bir ýatan otagy bolman, başga hem ötlem-ötlem otaglar örän kän diýýär. Hemmesi hem gaty arassa, içi hem her dürli gymmatbaha düşekli, ýorgan-ýassykly diýýär. Bularyň içinde her dürli gap-çanagyň, okara çemçäniň köplüginden hem beter hemmesi hem aýratyn gowy gymmatbaha zatlar diýýär. Jaýlary aýlanyp görenden soň gyz, jaýyň daşyna çykýar. Görse, daşy gaty beýik gala. Içi her dürli miweli gür bag. Munuň içinde adyny tutan miwäň bar we her dürli güller açylyşyp otyr diýýär. Gülleriň we sünbülleriň ysy galanyň içini tutupdyr. Gyz bagyň içine aýlanýar. Hiç bir ýerinde janly-jemende görmeýär. Ol sünbüllerden ýolmaga we güllerden ysgamaga meýil hem etmeýär. Gezip kemsiz ýadaýar. Dynç almak üçin hälki ýatyp turan jaýyna gaýdyp gelýär. Dynjyny alýar-da, ýola ugramakçy bolýar. Ýene goja onuň ýoluny kesip:

— Seniň üçin nahar bişirildi. Muny iýmeli hem kemsiz gurplanmaly. Soň hem ýagşy dynjyňy almaly. Ýogsam, tä gaýdyp gelýänçäň, başga hiç bir ýerden zat iýip bilmersiň. Onuň üçin özüň bilen çörek we bişen et hem äkitmeli bolarsyň. Indiki ýedinji dag has hem beýikdir. Ondan geçmek üçin gaty gurplanmaly. Ýedinji dagdan geçen badyňa, gaty beýik gala gabat geler. Ol galanyň içindäki her dürli sünbülli we gülli bag meniňkiden hem kändir, gürdür we ýedi ýerinde çeşmeden durnanyň gözi ýaly gaty dury suw akýandyr. Hernäçe suwsasaň hem ol çeşmeleriň bärki altysynyň hiç birinden dadaýmagyn.

Dadaýsaň gaýdyp gelmersiň. Ýedinji çeşmä ýakynlaşaňda, ýanyňa aýratyn görmegeý hem mylaýym, süýji sözli gyz geler. Şol gyzyň howandarlygynda boluberseň hor bolmarsyň. Ol üç jadygöý hem şol galanyň içindäki iň kaşaň jaýda bolýandyrlar. Olaryň ýanyna barmaly wagtyňy we tokmagy almagyň tärini şol gyz saňa öwreder. Oňa birjik hem ýalan sözlemegin we düýp maksadyňy ondan ýaşyrmagyn. Aýtmasaň hem ol bilýändir. Seniň maksadyňa ýetmegiň bilen ol hem bendilikden halas bolar we öz islegiçe ýaşamaga mümkinçilik tapar — diýip, gyzy bu ýerde kemsiz naharlaýar. Ýanyna hem bir entek çörek we bişen et salyp, ony ýola salýar.

Gysgajyk adamdan indiki görjek we etjek zatlaryny doly eşiden gyz bu ýerden höwesjeň gidýär. Ýedinji dagyň depesine çykmak we ondan düşmek her nägadar kyn hem bolsa, birjikde emgenmän, o dagyň aňyrsyna geçýär. Görse, o dagyň aňry düýbünde öň aýdylşy ýaly, gaty beýik gala bar. Gyz tärini tapyp, ol galanyň içine girýär. Onuň içindäki miweli we gülli bagyň we çeşmeleriň suwunyň ýagdaýy hem edil öň aýdylşy ýaly diýýär. Çeşmelerden akýan suwlary görenden gyz suwsap başlaýar. Hernäçe suwsasa hem tabşyrylany ýadyna düşüp, alty çeşmäniň altysyndan hem suw içmän geçýär. Sähelçe ýöränden soň gaty görmegeý hem süýji sözli gyz ýanynda peýda bolýar.

Çopan gyz ondan suw soraýar: Gyz myhmanyna ýedinji çeşmäniň suwundan jamy bilen susup suw berýär. Gyz suwdan ganyp ýol ýöremedik, ýadamadyk ýaly keýpi kökelip böküberesi gelýär. Amanlyk-saglykdan soň gyz özüniň nä maksat bilen bu ýere gelendigini bu gyza aýdýar. Şonuň bilen hem indiki etmeli işleri zähmet görmän, özüňjik edip ber — diýip, oňa ýalbarýar.

Onda ol gyz:

— Meniň şu ýerden başga ýere gitmäge ygtyýarym ýok. Etjek işiňi nädip etmelidigini saňa doly düşündireýin. Onuň üçin

entek howlukma. Az salymdan soň döwleriň üçüsi hem ýatar. Uklanlanlarynda-da olaryň gözleri açyk bolýar. Açyklygyndan gorkmagyn. Usullyk bilen örän batyrgaý baryber. Ýöne gowy uklar ýaly aradan esli wagt geçirmeli. Entek howlukma-da, bu ýerde oturyp dynjyňy al — diýýär.

Şeýle hem edýärler. Çopan gyz torbasyndan et bilen çörek çykaryp, ol gyza:

— Gel, maňa ýoldaş bol, çörek iýeli — diýýär.

O gyz bolsa:

— Iýmeýär diýip, göwnüňe hiç zat getirme. Şu wagt düýbünden işdäm zat almaýar. Utanmazdym, aňrujy işdäm bolsa iýerdim — diýýär.

Çopan gyzyň bir özi çörek bilen etden heziller edip iýýär we çeşmäniň suwundanam içýär, göwni hoş bolýar. Şonuň bilen birlikde ol gyza ýüzlenip:

— Olaryň ýanyna gitmäge wagt bolmadymyka. Bolan bolsa, men bu ýerde bikär oturmaýyn, bagtymy synap göreýin — diýýär.

Ol gyz hem:

— Wagt boldy, gidiberseň hem boljak — diýip, ol jaýa nähili barmalydygyny, olaryň ýatan otagyny we soňky işleri nähilli etmelidigini çopan gyza doly aýdýar.

Çopan gyz hem töwekgellik bilen ol üç sany jadygöýüň ýatan jaýyna tarap ugraberýär. Barýar, görýär, üçüsi hem ýatyr, emma üçüsiniň hem gözleri açyk. Onuň üçin hem esli wagt gapynyň daş agzynda diňläp we yşyklap seredip durýar. Şol barmana olaryň üçüsiniň hem horruldysyny eşidýär. Bu ýagdaý gyza batyrgaý girmäge mümkinçilik berýär. Ol ýuwaşlyk bilen baryp, bir çetde ýatanyň kellesiniň aşagyndaky tokmagy kemkemden örän usullyk bilen çekip alýar-da, tokmagy derrew goltugyna salyp, assa-assa götinläp, gapydan çykýar. Säginmän hälki gyzyň ýanyna ylgaşlap diýen ýaly barýar:

— Tokmagy getirdim, indi nätmeli? — diýip, ondan soraýar. Gyz sesini çykarman ony galadan daşaryk alyp çykýar. Çopan gyzyň göwnüne ozal gaty beýik görünýän dag hem öňkisinden has peselen ýaly. Ýoluň daşlygy hem gaty gysgalypdyr. Onuň üçin hem ozal gije-gündizläp ýörelen ýoly iki gyz bu sapar bir gijäniň içinde geçýärler.

Şeýlelik bilen, gysgajyk adamyň jaýyna ýetýärler. Barsalar we görseler, hälki gysgajyk adam hem gaty görmegeý, şazada öwrülipdir. Çopan gyz bilen bile gelen gyz hem onuň magşugy eken. Olar biri-birine gowşup, maksat-myratlaryna ýetýärler. Bu şazadanyň ene-atasy we kemsiz ýetişen aýal doganlary hem şol ýerde häzir bolýarlar. Bolýar bir ullakan şadyýanlyk we örän uly toý. Göreniň akly haýran bolýar. Toýuň sag-aman sowulmagy bilen çopan gyzy hem aralykdaky alty dagyň we suwlaryň hemmesinden geçirip sag-aman ugradýarlar. Ýolda öň gyzyň kynlyk bilen geçen dagy hem gaty peselip, suwlar hem gaty ýalpak ekeni. Gyzgyn suw hem ýok bolupdyr.

Şeýlelikde, şazada gelni hem ýoldaşlary bilen gyzy ugradyp yzlaryna gaýdýarlar. Çopan gyz hem goýun bakýan ýerine barýar. Görse, goýunlarynyň biri hem kemelmändir. Hemmesi otlaşyp ýörler.

Gyzyň gaýdyp barmagy bilen hälki tokly onuň ýanyna ylgap gelýär-de, başyny onuň aýagynyň üstünde goýýar. Soň hem gyza ýüzlenip:

— Şol tokmak bilen meniň şahyma üç gaýta gütüledip ur — diýýär.

Gyz hem onuň diýşi ýaly edýär. Şol wagtyň özünde hälki tokly gaty görmegeý hem syrdam boýly ýaş şazada öwrülýär. Şeýle hem süriniň içinden ýigidiň enesi we atasy bolan patyşa hem geýnüwli, sallanyşyp, bu gyzyň ýanyna gelýärler. Üç sany aýratyn owadan hem syratly kemsiz ýetişen gyzlar hem goýun-

laryň arasyndan saýlanyp we sallanyşyp, bularyň ýanlaryna gelip, salam berip durýarlar.

Bularyň hemmesi hem gyza tükeniksiz alkyş okaýarlar. Ömrüniň uzak, döwletiniň zyýat we bagtynyň açyk bolmagyny isleýärler. Şonuň bilen birlikde ol oglanyň atasy patyşa, çopan gyza ýüzlenip:

— Sen biziň bagtymyzy açdyň. Seniň hyzmatyň bilen biz hem gaýdyp ýene adam sypatyna öwrüldik. Onuň üçin hem zähmetiňi nädip ýerine saljagymyzy bilmeýärin. Seniň hyzmatyňda hemişe bolmagymyz üçin aňrujy razy bolsaň, seni ogluma nikalap, gelin edinmek isleýärin — diýýär.

Bu sözden soň patyşanyň aýaly gyzlary we ogly hem çopan gyza:

— Razy bol, bileje ýaşalyň — diýşip ýalbarýarlar.

Onda çopan gyz:

— Patyşanyň ogluna gelin bolmak we patyşanyň maşgalasynyň arasynda ýaşamak meniň ýaly çopan gyza ýaraşmaz. Öňýeten gülşer, siziň beýle diýmegiňiz ýalňyşdyr. Meniň size hyzmat edenimiň sebäbi bir adama ýagşylyk edip bilsem özümi bagtly duýýanlygym üçindir. Meniň ýaly çopana hem, elbetde, bir wagt özi ýaly çopan ýigit tapylar-da. Ogluňyzyň özüne mynasyp şazada gyzy alyp berseňiz uly il hem gowy görer we geňlemez — diýýär.

Onda olaryň hemmesi hem:

— Aňrujy göwnüň bar bolsa, bizi-de razy etjek bolsaň, bize senden owadan, senden akylly hem syratly gyz gerek däl. Seniň ýaly gelnimiz bolsa hiç kimden hem utanmarys. Bize hiç ýerden hem senden akylly we edermen gyz tapylmaz — diýýärler.

Üznüksiz ýalbaryp durmaklarynyň netijesinde çopan gyz hem olaryň sözüni kabul edýär. Onuň üçin süri goýny eýesine tabşyryp, patyşa çopan gyzy öz ýurduna äkidýär. Ýedi gije-

gündiz myhmanly toý edip, ol gyzy ogluna nikalap berýär. Bu toýa hälki öň gysgajyk adam bolan, soň şazada öwrülen ýigit hem ene-atasy, aýal doganlary we gelni bilen gelýärler.

Indi, sözi kilwan gyzyndan eşideliň.

Kilwan gyzy bu ýokarky ertekini aýdyp gutarýar. Onuň töweregindäki gyzlaryň, oglanjyklaryň birindenem ses çykmaýar. Sebäbi olaryň hemmesi bu ertekiniň täsirine düşüpdi.

Gyz ertekisini soňlap, töweregine göz aýlasa, syratly, örän görmegeý bir ýigit akaryň boýunda, üns bilen erteki diňläp, hem gyzyň özüni synlap otursa näme? Beg ýigit gyzyň özüni görenini duýanyndan, ýabyň boýuny syryp, saldamly ätläp bulara tarap gaýdýar.

Gyzyň ýanyndaky çagalaryň hemmesi hem ol begi görüp we zähreleri ýarylan ýaly bolşup, turuşyp gidýärler. Emma gyz şol bir oturan ýerinden gozganmaýar.

Beg hem assa-assa ýöräp, gyzyň ýanyna gelip, aýak üstünde durýar. Gyza:

— Amanmy! Saglykmy? — diýip, gyzyň kimiň gyzydygyny we öýleriniň nirdedigini soraýar. Başga hiç zat soramaýar. Çünki kemsiz synlap we gepledigiçe-de muňa syny oturyp, gyza tüýs ýürekden aşyk bolany üçin geplemäge mejaly hem galmaýar. Onuň üçin hem diňe gyzyň öýleriniň nirededigini sorap bilýär-de, öýüne gaýdýar.

Beg ýigidiň boý-syratyna, salyhatlylygyna gyzyň hem syny oturýar. Onuň üçin hem gidenden soň hem begiň yzyndan seredip, esli wagt ýerinden gozganman oturýar. Ol gözden ýitenden soň gyz hem turup öýlerine gidýär. Ýigide göwni gitse-de, özüniň kilwan gyzy we onuň begzadalygy üçin, ol özüne öýlener öýdüp göwnüne hem getirmeýär.

Aradan birnäçe gün geçýär. Bir gün hälki begzada bedew ata münüp, gyzyň atasy kilwanyň ýanyna gelýär. At üstünden salam berip durýar. Bu pursat kilwanyň nahar edinip we az-

kem meý içip göwnüni hoşlap oturan wagty bolýar. Ol kellesi sämäp durandan soň, bege atdan düşüň, öýde oturyň — diýip, mürähet hem etmegi unudyp:

— Näme hyzmatyňyz bar? Säginmäň-de, aýdyberiň — diýýär.

Onuň üçin begzada hem:

— Siziň kemala gelen gyzyňyz bar ekeni. Hemmäňiz razy bolsaňyz, şony özüm üçin gelinlik dilemäge adam ibermek isleýändigimi aýtmaga ýörite siziň ýanyňyza geldim — diýýär.

Kilwan aýalyna we gyzyna geňeşmän:

— Özüňiz üçin bolsa kemi ýok, tüýs bolaýjak zat. Haçan äkitmekçi bolsaňyz, anha gyz. Abraýlyja ediň-de, äkidäýiň. Ullakan derejeläp ýola salar ýaly mende hiç zat ýok — diýýär.

Beg kilwanyň jogap berşini bir tüýsli görüp:

— Ýaşuly, beýle etmäň. Maşgalaňyza sala salyň. Razymy-närazymy biliň. Eger olar razy bolmasa maňa siziň maşgalaňyz gerek däl — diýýär.

Kilwan:

— Men aýalyna, gyzyna maslahat salýan, olaryň razylygyny soraşyp, iş edýän näkeslerden däl. Meniň sözüm bilen kanagatlanmaýan bolsaňyz, onda gyzy başga ýerden gözläň. Özüm makul bilip jogap berenimden soň, meniň sözümi hasaba almadyk adam maňa hem gerek däl — diýýär. Beg hernäçe gaýtalasa hem kilwan:

— Meniň aýdanym, aýdanym. Başga tüýsli zat bolabilmez — diýýär.

Kilwanyň şeýle tutanýerlidigini kemsiz bilen beg hem:

— Kabul edýärin. Dört gün geçirip, bäşinji güni aýdaryn, gyzyňy bezäp-besläp äkiderler. Şu dört günüň içinde bolsa hemme etmeli zatlar ediler we şu ýere getiriler — diýýär-de, gös-göni yzyna gaýdýar.

Kilwan hem bu sözi aýalyna we gyzyna aýdýar. Aýalyndan öň gyzy:

— Kilwanyň gyzy begzada laýyk bolabilmez. Biz çölde erkana öz göwnümiziň isledigiçe ýaşap gezen adam. Olar bolsa beg-begzada, baý we sypaýy adamlar. Biz olaryň göwnüçe ýaşamagy başarmarys. Onuň üçin hem begiň ýanynda biýedep we tertipsiz bolup görüneris. Şol ýagdaýa görä hem, meni olara bermeseň ýagşy bolar — diýýär.

Gyzynyň sözüni enesi hem makul bilýär. Kilwan hiç kimiň sözüni diňlemän:

— Men diýdim, gutardy. Meniň diýenimi kabul etmän, meni masgara etjek bolsaňyz, onda özüňiz üçin has ýaman bolar. Iň gowsy meniň diýenimi edäýiň. Ýamanlygym ýokdur. Ony özüňiz hem bilýänsiňiz — diýýär.

Gyzy:

— Edeniňize däl diýýän ýok. Ýöne bolup biljek zady ýatladýarys — diýýär.

Şol günden beýläk, dört günüň içinde begiň adamlary kilwanyň gyzyny kemsiz bezär ýaly örän kän hem dürli-dürli gymmatbaha geýimler; şaý-sepler, aýakgaplar, ýaglyklar, çabytlar, ýorgan-düşek we ýassyk ýaly zatlar getirýärler. Ene-atasyna hem ýyllap bol güzeran bolar ýaly köp döwlet-baýlyk getirýärler. Geljek atlylary we gelinalyjylary has gowy naharlar ýaly getirilen tüwi, ýag, goýun, un ýaly zatlar hem çenden zyýada kän bolýar.

Bu zatlaryň şeýle edilmegi bilen gyzyň öýünde onuň hossarlary gyzy abraýly edip ýola salmaga taýynlyk görüp başlaýarlar. Beg hem toý boljak gününi uly ile mälim edip, ýedi gije-gündizläp uly toý bermäge taýynlyk görüp başlaýar.

Bu beg bilen şäherdeş galyň-galyň döwletli baýlar we begler ýetişip kemala gelen gyzlaryny her haýsysy öz ýanyndan bu döwletli görmegeý hem akylly bege bermek üçin niýetleýän

ekenler. Netijede, olaryň hiç biriniň diýeni bolman, beg haýsydyr bir kilwanyň gyzyna öýlenmekçi bolýar. Ol baýlar we begler ýigide agzybirlik bilen ýerli-ýerden:

— Seniň ýaly döwletli, at-abraýly beg üçin ýaş janyňa kimiň-kimiň, onda hem kilwanyň gyzyna öýlenmek gaty aýyp bolar. «Pylan beg kilwanyň gyzyny alaýypdyr» diýilmegi, hatda biziň üçin hem namys. Onuň üçin hem sen bu hyýalyňdan el çek-de, özüňe mynasyp ýerden halan gyzyň birini al — diýip aýdýarlar. Bularyň maslahatlary öz ýanlarynda galýar.

Beg:

— Men hem indi oglanlyk eder ýaly däl. Kime öýlenjegimi özüm gowy bilýärin. Hiç kim hem öz halamadyk naharyny iýmez. Halamadyk gyzyna öýlenmez. Onuň üçin men öz islän naharymy iýmek isleýärin — diýip, şeýle söz aýdýanlaryň hemmesine hem örän pugta gaýtawul berýär. Olar:

— Biz-ä, seniň ýagşylygyňda bolup, maslahat berýäris. Biziň sözümizi kabul etmeseň seniň toýuňa hem barmarys — diýýärler.

Beg:

— Toýa gelmezlik size uslyp däl. Toýa gelmelisiňiz. Gelmeseňiz aýyp bolar. Ony özüňiz hem bilýänsiňiz — diýýär.

Bu sözi şu ýerde goýup, sözi begiň öýlenşinden eşdeliň.

Wadalaşylan bäşinji güni begiň adamlary, aýal-erkek pylança ýüz adam bolup, kilwanyňka gelýärler. Kilwanyň garyndaşlary hem öňünden taýynlyk görüp, olary gowy garşylaýarlar, myhmanlaýarlar. Ahyrda hem kilwanyň gyzyny gelin edinip alyp gidýärler. Orta ýola baranlaryndan soň, beg ilki barana bir taýly baýtal, ikinji barana bir köşekli düýe we üçünji barana göleli sygyr baýrak goýýar. Bir ýüz elli sany saýyrdyň atly goşulşyp, begiňkä tarap ýüzün salşyp gidýärler. Atbaşyçylaryň beýlekileri hem gelniň we gelnalyjylaryň töweregini gallaşyp we terslin-oňlyn at çapyşyp hem aýdym aýdyşyp, saz çalyşyp

gidýärler. Şeýle ullakan şagalaň bilen hem gelni alyp, begiň gapysynda düşýärler. Öňünden hem bu ýere üýşen aýal-erkek märekeden ýaňa, ýere gurt düşen ýaly diýýär. Bularyň gelni getirmekleri bilen toý tüýs toýa meňzäp başlaýar. Garypdan baýdan, molladan, işandan bir adam galman toýa gelýärler. Diňe birki sany beg kilwan gyzyny alany üçin bu begiň toýuna gelmeýär. Gelmedik begleri gidip, ýörite çagyryp gelýärler. Olar onda-da gelmeýärler.

Beg onda hem göwnüne hiç zat getirmän, toýuna gelen deňduşlaryna:

— Harjyndan gaçmaň, toýuň has abraýly bolmagyna çalşyň. Toýy ýedi gije-gündzläp tutalyň, hemme zat bol bolsun. Adam özüni toý we ýas güni tanadarmyş. Meniň zadymy gysganmaň-da, ile-güne beriň, toýum toýa meňzesin — diýýär.

Begiň ýürekdeş deň-duşlary hem:

— Toýuň abraýly bolmagy üçin seniň hem özümiziň hem döwletimizi gysganmarys. Sen öz işiň bilen boluber — diýýärler.

Şeýlelik-de, iýmek-içmek bilen güni ýaşyrýarlar. Aýdymsaz bilen gijäniň köpüsini geçirýärler. Daň atmagyna az galýar. Onuň üçin toýçular hem halys bolup, oturan-oturan ýerinde ýatyp galýarlar.

Daň atýar, gün dogýar. Toýçularyň sany barha köpelip başlaýar. At çapyp öň gelenlere we göreşjek pälwanlara baýrak goýulýar. Şäheriň bir ýan çetindäki tekiz giňişlikde gaty gowy bezäp tagtadan giň hem beýik minara ýasaýarlar. Märekäniň üýşjek we pälwanlaryň göreşjek ýerlerini gaty gowy tekizläp, gowy arassalaýarlar. At çapyljak meýdanyň tekizlenmegi hem göwnüňi göterýär. Agşama çenli göreş tutulyp, at çapylýar. Baýrak bary seçilýär. Ýedi gije-gündizläp tutulan toý sag-aman sowulýar.

Kilwan gyzyny alan beg hem öz syrdaşlary bilen gatnaşyp ýaşaberýär. Awa-şikara, her bir ýere gitse hem bile gidýär. Öýünde oturyşsa hem şular bilen boluberýär. Ol bahyllar bilen hiç wagt aragatnaşyk hem etmeýär.

Ýöne bahyl begleriň bahylçylyklary barha güýjeýär. Soňabaka kilwanyň gyzyna şyltak atmaga her hili bahana gözleýärler. Beg welin derrew mugallym saklap, aýalyna uly wezipeli adamlaryň hem begleriň, baýlaryň öýlerinde, özüňi alyp barmagyň ýollaryny öwredýär. Şonuň bilen birlikde okap-öwrenmek, edep öwrenmek üçin oňa her hili kitaplar getirip berýär. Begiň kilwan gyzyny hemişe bezemen ýagdaýda göresi gelýär hem şeýtmegi oňa sargaýar. Toýlara gidende ony bile alyp gidýär. Emma kilwanyň gyzy kaşaňdan-kaşaň eşikleri geýmegi halamaýar. Käwagtlar ol amatyny tapyp, ýönekeýje iş eşiklerini geýip, howlularyndaky baglara timar berýär. Gadagan edilmegine garamazdan, bagbanlary bilen ýer depmegi, baglara suw tutmagy, miwe ýygmagy halaýar. Ol hojalygyň beýleki işlerinem höwesjeň edýär. Biş-düşe bolsa ol gaty ökde bolýar.

— Seniň bişirýän naharlaryňy iýip-doýup bolanok — diýip, beg käwagt oňa aýdýar. Kilwanyň gyzy elini tutup, bikär oturmagy halamaýar.

Ýüregi gyssa beg öýde ýok wagty maýyny tapyp, ýönekeýje eşiklerini geýip atasy öýüne gezelenje gidýär.

Bir sapar atasynyň ýanynda begiň özüne çenden kän we gymmatbaha eşikleri, gymmatbaha her dürli şaýlary alyp berendigini begenip aýdýar. Emma gyz atasy içegen bolansoň, begiň tabşyrmagy bilen, ony öz öýüne myhmançylyga çagyrmaýar.

Şonsuzam kilwanyň gyzyna şyltak atmak isleýän käbir bahyl begler gelne şyltak atyp, onuň ärine hat ýazýarlar:

«Sen awa-şikara gideniňde, kilwanyň gyzy oýnaşlaryny öýüne getirip, meýlis guraýar. Beýle gyzdan, ondan gowusy-

nyň çykmajagyny biz öňem bilýärdik, sen bize gulak asmadyň. Ine, netijesi. Sen biziňem beg adymyzy zaýalap, bize-de namys getirýärsiň». Olar yzly-yzyna şu mazmunda hat ýollaýarlar. Beg ol şyltaklara ünsem bermän hatlary ýyrtyşdyryp zyňýar. Ýöne barybir begiň ýüregi çişip, ynjalygy gaçýar.

Günlerde bir gün gije il ýatyp, it uklanda, kilwanyň gyzy öz jaýynda ýatyrka, bir şakyrda oýanyp gorkusyna çirkin gygyrýar. Görse, atasy. Kilwan gyzyna:

— Gygyrma, bu ýerde keseki ýok. Seniň ataň men — diýip, ýuwaşja seslenýär.

Gelin hem ýuwaşlyk bilen atasyny ýalbar-ýakar edip penjireden çykarýar. Şol halatda beg gelniniň çirkin-çirkin sesini eşidip, onuň jaýyna hasanaklap girýär. Şonluk bilen hem penjireden ýaňja çykan adamyň kellesini we oňa gabat bolup penjiräniň öňünde duran öz gelnini görýär. Haýdap baryp, derrew gelnini siltäp goýberýär-de, penjireden başyny çykaryp, daşaryk seredýär. Hiç kim gözüne görünmeýär. Onuň hatlarda ýazylan töhmetler ýadyna düşüp, olary çyndyr hasap edip, gaharyna gelnini urup-urup keýpden çykýar. Sebäbi beg gelninden çykyp gideniň kimdigini hernäçe sorasa hem aýtmaýar. Onuň üçin hem beg gelnini bir jaýa salyp, daşyndan gulplaýar. Her gün hem bir döwüm çörek bilen bir jam suw berýär. Soňabaka kän wagt geçeni üçin begiň adamlary oňa suw we çörek bermeklerini hem ýatlaryndan çykarýarlar. Açlyk we suwsuzlyk kilwanyň gyzyny güýçden gaçyrýar. Soňabaka eýlesine-beýlesine agdarylmaga hem mejaly bolmaýar.

Gelin şeýle hala ýeten wagtynda, onuň atasy kilwan hem giýewsi bege:

— Men ölüm halda syrkaw ýatyryn. Ölmänkäm sizi görmek isleýärin. Zähmet hem bolsa, gelip gidiň — diýip sargyt edýär.

Beg hem adamçylyk edip, gaýyn atasynyň islegini ýerine ýetirmek üçin derrew atlanyp olara gidýär. Görse, ol ölüm halda demini sanap ýatyr. Giýewsini görenden kilwan:

— Golaýjygymda otur. Seniň ýanyňda aýyply men. Bir gije köpräk içip we pälim azyp, zada mätäç ýaly gyzymdan az-kem kömek soraýyn — diýip onuň jaýyna girdim. Ol hem meniň şakyrdyma oýanyp, ýüregi ýarylan ýaly çirkin gygyrdy. Derrew özümi tanatdym. Şonluk bilen hem gyzym meni penjireden çykaryp goýberdi. Meniň şu günämi ötmegiňi ölmänkäm öz agzyňdan eşitmek maksady bilen hem seni çagyrdym. Meniň şu günämi ötseň, armanym ýok. Şundan başga ýer ýüzünde hiç kime eden ýamanlygym ýok. Gyzymam, şol etmişime ilden utanyp, namys edip hem öýkeläp şondan soň garyp atasy agyr halda ýatanda-da soramaga-da gelmedi. Oňa-da aýt, olam meniň günämi ötsün — diýýär.

Giýewsi beg bolsa gyssanmaç:

— Bolýar, bolýar. Bagyşladym, arkaýyn bol. Ahyry haýyr bolsun. Sag-aman gutul-da, basymjak daýanawer — diýip, hoşlaşýar-da derrew atlanyp we atyny aýak aldygyna sürüp öýüne barýar. Atyndan howlukmaç düşýär-de, derrew gelnini salyp goýan tamyna girýär. Bada hem gelnini gujaklap onuň başyny ýerden göterip:

— Halyň niçik? Wah, geç, ýazygymy ýalňyşypdyryn — diýip, gaýta-gaýta günäsini geçmegini soraýar. Gelni görse kemsiz ysgyndan düşüpdir. El-aýaklary sowap, ölüm hala ýetipdir. Bolsa hem:

— Ýagşy etdiň geldiň. Seniň ýanyňda ýüzüm gara we dilim gysga däldir. Menden razy bolgun. Etdiň, etdiň maňa etdiň, aýby ýok. Wagtyňy hoş geçir — diýýär. Beg hem mejalsyz halda zordan agzyny gymyldadyp:

— Men seni öldürmen — diýýär-de, daşyndaky adamlaryna:

— Derrew süýt getiriň! Şeker getiriň — diýip, howlukmaç gygyrýar. Onýança olar derrew süýt bilen şeker getirýärler. Süýt gelniň bokurdagyndan geçmeýär. Agzyna guýlany ol yzyna gaýtarýar. Mejalsyz şalkyldap ýatan gelni beg göterip ýumşajyk düşegiň üstüne geçirýär, emaý bilen ýatyrýar. Gelniň gözi ýumuk. Beg el-aýagyny ýitirýär. Töweregine:

— Pagta tapyň, pagta — diýip gygyrýar.

Derrew pamygy getirýärler. Gelniň agzyna süýdi pamyk bilen damdyrýarlar. Ol çalaja tamşanýar.

Gelin şol ýatyşyna üç gün diýlende zordan gözüni açýar. Şol günleriň dowamynda beg onuň gapdalyndan bir ädimem aýrylmaýar. Ol puşman edip, öwran-öwran maňlaýyna ýumruklaýar. Näletkerde adamlara nälet okaýar.

Gelin bir aýda az-kem ysgyna gelýär. Ýöne mähriban kakasy iň soňky ýola gidende onuň bilen hoşlaşyp bilmeýär. Ol bege bolsa:

— Sen töweregiňdäkileriň gepine gitdiň. Şeýle boljagyny, beg bilen pukara gyzy rahat ýaşamaga goýmajaklaryny öňem bilýärdim. Arman, atam meni diňlemedi — diýýär.

Beg müýnli halda gelnini gujagyna gysýar. Beýle ýalňyşlygyň gaýtalanmajakdygyna ant içýär.

## ABDYLLA PATYŞA[1]

Gadym zamanda Abdylla atly bir patyşa ýaşap geçipdir. Sahylykda, adyllyk bilen ýurt soramakda owaldan ahyra onuň ýaly patyşany gören-eşiden adam bolmanmyş. Onuň ýurdunda-da, köşgünde-de hemişe şady-horramlyk höküm sürüpdir. Emma günleriň birinde, şanyň aýaly Güljahanyň kazasy dolupdyr-da, il-gün ýas baglapdyr. Abdylla şa aýalynyň ýylyny berenden soň, halkyň kethuda ýaşululary, wezir-wekilleri ýygnanyp, özüne bir ýanýoldaş almagy oňa maslahat beripdirler. Patyşa razylyk berip, wezirine akylly-başly gelin gözlemegi tabşyrypdyr. Wezir ideg-sorag edip, bir çopanda patyşa mynasyp bir gyzyň bardygyny bilipdir-de, Abdylla:

— Yzzatly şahym, size mynasyp bir kemally maşgala tapdyk – diýipdir hem-de gyzyň hüý-häsiýetini, boý-syratyny bolşy ýaly aýdyp beripdir.

Abdylla patyşa weziri üns bilen diňländen soň, ol gyz bilen içgin gyzygypdyr:

— Bu gürrüňini edýän maşgalaň haýsy patyşanyň raýatlygynda?

— Hut, siziň öz raýatyňyzda, şahym – diýip, wezir ol gyzyň ýaşaýan welaýatyna, obasyna, öýüne çenli salgy beripdir.

Abdylla başyny ýaýkap:

[1] Türkmen halk ertekileri. Aşgabat, «Ylym», 1986.

— Tüýs maňa gerek maşgala ekeni weli, haýp, öz raýatymdan bolup çykdy – diýen.

Wezir muňa geňirgenip:

— Bolanda näme? – diýipdir.

Abdyllanyň ýüzi çytylypdyr:

— Heý, öz gyzyna öýlenen adam görüpmidiň, wezirim?

Patyşadan bu sözi eşiden wezir gorkup, näme diýjegini bilmän, çalaja başyny ýaýkapdyr. Wepaly weziriniň howpurgap durşuna dözmän, Abdylla patyşa mylakatly gepläpdir:

— Görenem dälsiň, eşidenem dälsiň. Biler bolsaň, wezirim, patyşa diýilýän adam öz raýatyndaky halkyň atasydyr. Bu ýurtdaky ähli gyzlar meniň perzendimdir. Patyşalar del ýurtdan öýlenmelidir. Bolmasa, olarda adyllyk galmaz.

Bu söz weziriň göwnüne makul bolup, Abylla patyşany goňşy ýurtlaryň birinden öýlendirenmişler.

# BÄHLIL DANA[1]

Bir bar eken, bir ýok eken, gadym bir zamanda örän sahy we halalhon bir baý söwdagär bolupdyr. Söwda etmek üçin her bir ýurda onuň özi gider ekeni. Söwda gidende hiç wagt ýolda oba düşüp myhman bolmaz eken.

Günlerde bir gün ol hyzmatkärlerinden birini ýanyna alyp birnäçe düýäni her dürli gymmatbaha zatlardan ýükläp, başga bir ýurda söwda gidýär. Gidip barýarkalar ýolda dem-dynç almak üçin bir obanyň golaýjagyna baryp düşleýärler. Mallaryny duşaşdyryp, goýberýärler. Soňra söwdagär hyzmatkärini iki adama nahar bolar ýaly ýumurtga alyp gelmek üçin golaýdaky oba iberýär. Hyzmatkäri oba baryp bir garry aýaldan on sany ýumurtga satyn alýar. Ol garry ol ýumurtgalary bişirip berýär. Hyzmatkär ol ýumurtganyň bahasyny bermegi ýadyndan çykarýar. Garry hem onuň bahasyny soraşmagy unudýar.

Hyzmatkär gaýdyp gelýär we hojaýyny bilen nahar edinip, soň düýelerini ýükläp, ýola düşüp ugraýarlar. Aradan bir gün geçenden soň, söwdagär ýadyna düşüp hyzmatkärden:

— Düýnki alan ýumurtgalaryň bahasyny beripmidiň? – diýip soraýar. Hyzmatkäriň edil şu pursat ýumurtgalaryň bahasyny bermändigi ýadyna düşýär-de, ony boýnuna alýar.

---

[1] Türkmenbaşy adyndaky Türkmenistan Milli golýazmalar institutynyň golýazmalar hazynasy. 741[f]-nji bukja. Aýdan: H.Nurmyradow. Ahal welaýatynyň Tejen etrabynyň Göni – Amanşa obasy. Ýazyp alan: Ç.Garabekow. 1944-nji ýylyň Nowruz aýy.

Onda söwdagär:

— Şu ýerde düşläli, men gelýänçäm sen şu ýerde bol, gidip ýumurtganyň bahasyny üzüp geleýin – diýýär.

Onda hyzmatkär:

— Yzymyza gaýtmaly. Onuň on ýumurtgasynyň bahasy ýarym manat bolýar. Söwda edeniňizde bu ýarym manady hem beýleki pul maýamyz bilen goşup ýörideli we hemme eden peýdaňyzy hasaplap, ýarym manada düşýän peýdany ýumurtganyň eýesi garry aýala getirip bereli. Muňa ol garry hem razy bolar – diýýär.

Söwdagär hyzmatkäriň aýdanyny makul bilýär we ýola düşüp ugraýarlar. Ahyry barjak ýurtlaryna aşýarlar. Alyp giden mallaryny satyşdyrýarlar, aljak zatlaryny alýarlar. Şonluk bilen eden söwdalaryny we gören peýdalaryny hasaplaýarlar. Şol sanda on ýumurtganyň bahasyna düşýän girdejini-de takyklaýarlar. Ahyrda işlerini gutaryp, öz ýurtlaryna gaýdýarlar. Az ýöräp, köp ýöräp aradan birnäçe gün geçenden soň, hälki ýumurtga satan garry aýalyň obasynyň golaýyna gelip düşýärler.

Mallaryny duşaşdyryp, örä goýberip, hyzmatkär hälki on sany ýumurtganyň bahasyny we ondan giren peýdany alyp garrynyň öýüne barýar. Amanlyk-saglyk soraşyp garry aýala alan ýumurtgasynyň bahasyny ýatlaryndan çykaryp, bermän gidendiklerine gynanandyklaryny aýdýar we ýumurtganyň bahasyny düşen peýdasy bilen garra uzadýar.

Onda garry aýal:

— Heý-de, şeýle kän peýda bolarmy? Bu diýýän zadyň heňe gelenok. Beýle kän zady ýarym manadyň peýdasy diýip, alyp bilmerin. Bu bolup biljek zat däl – diýip, ýumurtganyň bahasyndan artyk zady almajak bolýar.

Ahyrda hyzmatkär janygyp ynandyrandan soň, kabul edip alýar, ýene on sany ýumurtgany bişirip satýar-da, bahasyny nagt alýar.

Ýarym manat puly şeýle kän peýda getiren garry begenjine bu ýagdaýy derrew goňşularyna buşlap çykýar. Muny eşidenden päliýaman bir bozgagyň biri garrynyň ýanyna gelip:

— Seniň on sany ýumurtgaň bahasy elli tümenden hem kän boljak. Eger sen on sany ýumurtgany basyran bolsaň, ondan on sany jüýje çykardy. Ulalanlaryndan soň olaryň hemmesi hem ýumurtgalap başlardylar. On sany towugy basyran bolsaň, her biri azyndan on on iki sany jüýje bererdi. Şonluk bilen, ýumurtgalap we jüýjeläp ýören towugyň sany bu wagta çenli örän köp bolardy. Bu elli tümen örän az bolýar. Sen bu elli tümeni yzyna gaýdyp ber-de, patyşa arz et we doly haklaşdyrylmagyň talap et – diýýär. Garyp aýal hem bu bozgagyň sözüne gidip, elli tümeni köp görenini ýadyndan çykaryp, nebsine buýrup bilmän, ol elli tümeni äkidip söwdagäre berýär-de:

— On sany ýumurtanyň şunça wagtyň içinde maňa berip biljek haýry elli tümeniň çeninde durmaýar. Şony üzlüşmeseň, patyşamyza arz etjek, goý ol bizi haklaşdyrsyn – diýýär-de, şobada patyşa baryp arz edýär. Patyşa hem uzak oýlanyp durman, hasapçylaryna hasapladyp garrynyň sözüni dogry hasap edip makullaýar. Hälki söwdagäriň ulaglaryny we harytlaryny alyp, garry aýala berdirýär.

Şonluk bilen, söwdagär hyzmatkäri bilen hiç zatsyz galýar. Patyşanyň eden işi hernäçe telek bolsa hem kime näme diýjeklerini bilmän, nalaç galýarlar. Söwdagär bu işiň beýle bolşuna utanyp, goňşularyna hem aýalyna hem näme diýjegini bilmän, birnäçe gün çölde galýar.

Aradan birnäçe gün geçenden soň, söwdagäre Bählil dana gabat gelýär-de:

— Bu it gyranyň çölünde näme işläp ýörsüň? Näme bir zat boldumy? – diýip soraýar.

Söwdagär özleri hem garry aýal bilen bagly bolan işleriň hemmesini Bählil dana gürrüň berýär we:

— Şeýle masgara ýagdaýa düşenligim üçin obama, öýüme barmaga hem utanýaryn – diýýär.

Bählil dana bu sözleri eşidýär-de, söwdagäre:

— Sen obaňa bar-da, işiň bilen boluber. Az wagtdan zatlaryň hemmesini özleri saňa getirip bererler – diýip, söwdagäri pugta ynandyrýar-da, özi patyşanyň ýanyna gidýär. Patyşa Bählil dananyň inisi ekeni.

Bählil dana, patyşanyň ýanyna barýar-da:

— Maňa tohum, işlär ýaly adam we 15 jübt öküz ber, men daýhançylyk etjek – diýýär.

Patyşa hem doganynyň daýhançylyk etjegine begenip, oňa diýen zatlarynyň hemmesini tapyp berýär. Gapdalyna adamlaram goşýar. Bählil dana hem bu zatlaryň hemmesini ekin meýdanyna çykaryp, daýhanlardan tohumlyk bugdaýy öňürti gowrup, ondan soň ekmegi talap edýär. Adamlar Bählil dananyň bu talabyna haýran galşyp, onuň ýüzüne seredýärler. Ol bolsa:

— Siz diýleni ediň, men başga zady bilemok – diýýär. Şundan soň daýhanlar seslerini çykarman bugdaýlyk tohumy gowrup, soň ony ekip başlaýarlar.

Aradan birnäçe gün geçenden soň, patyşa Bählil dananyň ekin-ekişini görmek üçin wezirleri bilen onuň ekin ekýän ýerine barýar. Görse, daýhanlaryň birnäçesi tohumlyk bugdaýy gowrup otyr, galany-da ekin ekip ýör diýýär. Muny görýär-de patyşa:

— Bugdaýy näme üçin gowurýarsyňyz – diýip soraýar.

Onda ol daýhanlar:

— Bählil dananyň buýrugy şeýle. Tohumy öňürti gowurýarys, soňra ýere sepýäris – diýip jogap berýärler.

Patyşa Bählil danany bir ýerden tapyp:

— Seniň ekin ekişiň nä tüýsli? Heý, tohumlyk bugdaýy hem gowrup ekerlermi? Gögerjekmişmi ol? Bu hili ekişi nirde gördüň we kimden öwrendiň – diýýär.

Bählil dana, patyşanyň sözüne çigit ýalyjak hem ikirjiňlenmän:

— Patyşamyz, senden görelde alyp, tohumy hem bişirip ekjek. Bişirlip satylan ýumurtganyň jüýjeleýşi ýaly, oňat peýda getirermikä diýip umyt edýän. Tohumlyk bugdaýymyzy hem şonuň üçin öňürti gowrup, soňra ekýäris – diýip jogap berýär.

Patyşa, Bählil danadan bu hili jogap eşidýär-de, özüniň ol söwdagäriň zatlaryny garry aýala alyp berşini ýatlap, oýlanyp durýar we ýalňyşanyna düşünýär. Soň söwdagärden alnan ähli zatlary yzyna berdirip, garry aýala ters akyl beren arabozary jezalandyrýar.

Şonluk bilen hem, söwdagäriň zatlarynyň hemmesi özüne gowuşýar. Söwdagär Bählil dana örän kän zat bermekçi bolýar. Bählil dana: «Maňa zat gerek däl, men zada mätäç hem däl» diýip, ondan zat almaýar.

Bählil dananyň öz öýünde bolýan wagtyndan çölde we gaýry obalarda we şäherlerde bolýan wagty köp bolýar eken. Bir gün ol öz öýlerine gaýdýar. Gelýärkä, bir nätanyş adam kişmiş ýükli eşegini haýdadyp, onuň yzyndan ýetýär. Olar amanlyk-saglyk soraşýarlar, birnäçe wagt ýol ýöränlerinden soň, nätanyş adam Bählil dana:

— Ýol kes – diýýär. Olar esli salym gümür-ýamyr edenlerinden soň Bählil dana eşekli ýoldaşyna ýüzlenip:

— Bir gysym kişmiş berseň, men saňa bir goýna degip duran akyl bereýin – diýýär.

Onda eşekli oňa bir gysym kişmiş berýär-de:

— Hany, näme akyl berjek? – diýýär. Bählil dana:

— Bir nätanyş bilen ýolda sataşyp, uzak ýola ýoldaş bolsaň onuň bilen tanşyp, adyny soramagam aýyp däldir – diýýär. Onda Bählil dananyň eşekli ýoldaşy:

— Pahaý-da weli, akyl berşiňem şumy? Mundanan bir akyl bolarmy – diýýär.

Gidip barýarkalar aradan esli wagt geçenden soň, Bählil dana ýene eşekli ýoldaşyna ýüzlenip:

— Bir gysym kişmiş berseň, ýene bir ata degip duran akyl bereýin – diýýär.

Onda eşekli ýoldaşy:

— Saňa kişmiş iýesi gelen aga diýerler. Kişmişi saňa akyl bermeseňem bereýin. Ýene öňküň ýaly bir zat diýersiň. Bolýarda, onda-da indiki berjek akylyňy hem göreli – diýýär. Onda Bählil dana:

— Maňa mugt zadyň gerek däl – diýýär.

Onda ýoldaşy oňa bir gysym kişmiş uzadýar. Bählil dana şeýle akyl berýär:

— Özüňe ýat märäkäniň arasyna düşeniňde, adyňy tutup soralmadyk ýerinde ýesersiräp zadyňy orta zyňmagyn – diýýär.

Eşekli ýoldaşy ýene:

— Mundanam bir akyl bolarmy? Akyl berseň, düýplüräk akyl ber – diýýär.

Bular esli ýere barýançalar bile gidýärler. Ahyrda ýol iki aýrylyp, ýolagçylaryň her haýsy biri bilen gidýär. Az salym ýöränlerinden soň eşekliniň eşeginiň ýüki agýar. Bir özi eşeginiň ýüküni ýükläp bilmeýär. Yzyna we öňüne garasa hem gelýän-gidýän ýolagçy görünmeýär. Soňra bir beýik tümmegiň üstüne çykyp, Bählil dananyň yzyndan gygyryp, elini bulap, ala gykylyk edýär. Emma Bählil dana hem öz ady tutulmansoň eşitmeýän we özüne diýilmeýän ýaly bolup, munuň gykylygyna gulak hem asmaýar. Hälki eşekli ahyr nalaç bolup, eşegini we ýüküni taşlap, Bählil dananyň yzyndan ylgap ýetýär-de:

— Hernäçe zowlatsam-da eşitmeýän ýaly bolup barýarsyň. Kermi? Gykylygymy eşideňokmy? Eşegimiň ýüki agdy, bir özüm ony ýükläp bilemok, kömekleşmeseň boljak däl – diýýär.

Onda Bählil dana:

— Dünýäde gykylyk kän. Men haýsy birine gulak salyp aňkaryp duraýyn. Adymy tutýan ýok, onuň üçin hem öz ugruma barýaryn – diýip, jogap berýär-de gidip, nätanşyň eşeginiň ýüküni ýükleşýär. Ýükleşýär-de:

— Her kim bilen ýoldaş bolsaň tanyşmalydygyna, onuň adyny bilip goýanyň zyýanynyň ýokdugyna düşündiň dälmi – diýýär-de, nätanyş bilen hoşlaşyp, öz ugruna gidiberýär.

Ýolagçylaryň ikisi hem ýolda bazara sowulýar. Görseler bazar sowlup başlapdyr. Märäkäniň köpüsi öýli-öýüne gaýdyşypdyr. Görse, hälki eşekli ýoldaşy hem kişmişini satyp gutarypdyr. Şol halatda Bählil dana onuň ýanyna barýar-da:

— Barmaly obaň daş bolsa we dagy myhman ýeriň bolmasa bu gije biziňkide bolaý – diýýär. Eşekli ýoldaşy hem onuň diýenine razy bolup, bu gije Bählil dananyňkyda bolmakçy bolup, onuň bilen tirkeşip öýlerine barýar. Olar ýaňy öňlerine çaý alanlarynda, patyşanyň ýasawullarynyň biri gelip:

— Bu gije patyşanyň uly üýşmeleňi bar. Şoňa hemme adam barmaly. Bählil dana, sen hem myhmanyň bilen baraweri – diýýär-de, geçip gidýär.

Bählil dana hem myhmanyny yzyna tirkäp, patyşanyň ýygnanyşygyna gidýär. Barsa märeke kän üýşmändir. Patyşanyň wezirlerinden biri: «Märeke ýygnanýança garpyz iýeliň» diýip, bir garpyzy getirip ýarmakçy bolýar welin, ýanynda pyçagy ýok ekeni.

Edil şol pursat Bählil dananyň myhmany öz bilindäki pyçagy gynyndan çykaryp:

— Ine, şunuň bilen ýaraýyň – diýip, wezire berýär.

Wezir myhmanyň gyzyl suwy berlen, owadan bejerilen jöwher pyçagyny görüp, ör-gökden gelip, oňa şeýle diýýär:

— On ýyl mundan ozal hazyna ýarylandaky ogryny tapman ýördük welin, asyl üstümize geläýdi. Beýleki ogurlanan zatlary alanam şudur.

Bu gürrüň baryp ýurduň patyşasyna hem ýetýär. Derrew myhmanyň daşyna geçilýär.

— Pyçak kimden çykan bolsa, hazynany başga ýerden gözlemeli bolmaz. Hazynany ýerine goýduryp, ogryny dara çekmeli – diýip, patyşa bada buýruk berýär.

Bu wakanyň hemmesini görüp we eşidip oturan Bählil dana wezirlere:

— Bu gün ol meniň myhmanym. Myhman hatyrasyny tutuň, ertire bir çykaly. Soňra märekäniň öňünde günäsiniň nämedigini hemmä mälim edip boýnuna goýuň-da, dara çekiberiň — diýýär.

Onda wezir:

— Ýok, Bählil dana ogryny alyp gitseň, sen muňa gep öwredersiň, gep öwretmejegiňe bil baglap bolmaz – diýýär.

— Maňa ynanmasaňyz ýanymyza ýasawullaryň birini goşaýyň, myhmany garawullasyn ýatsyn, biz olara düşegi bile ýazaýarys – diýýär. Şonluk bilen hem, Bählil dana myhmanyny ýanynyň garawuly bilen öz öýüne alyp gidýär.

Öý eýesi daş işikde düşek salýar-da ýasawul bilen myhmanyny daşarda ýatyrýar. Ýasawul şol bada ýer sarsdyryp hor çekip başlaýar. Özi bolsa iç işikde ýatyp, pişigini hem ýanyna alyp, onuň gulagyndan pugta tutup, ony gygyrdyp, pişigi bilen gürleşýär:

— Sen näme üçin meniň diýenimi etmeýärsiň? Men: «Adyňy tutup, soralmadyk wagty zadyňy orta atmagyn» diýmänmidim. Pendimi tutmadyň, özüňden gör. Ýöne indi pişigim saňa şu aýtjak zatlarymy bek belle, ýadyňdan çykarma, eşidýärmiň,

pişigim! Ýadyňdan çykarsaň öldügiňdir – diýip, Bählil dana myhmany eşider ýaly edip, pişiginiň gulagyny towlap ony gygyrdýar. Soňra ýene-de:

— Meniň sözüm oýunjak däldir. Ertir daryň aşagyna eltenlerinde meniň şu aýtjak sözlerimi pugta ýadyňda saklap, patyşanyň, hut, özüne şeýle diýip aýtgyn: «Meniň kakam ullakan söwdagär hem gaty baý adamdy. Gaýry ýurtlara söwda we argyş üçin köp giderdi. On ýyl mundan ozal kyrk erkegi her dürli gymmatbaha zatlardan ýükläp, başga bir ýurda söwda gidipdi. Aradan iki gün geçenden soň, söwdagärleriň hemmesini garakçylar talapdyr, meniň kakamy öldüripdirler. Bu habary eşidip, men hem birnäçe atly-ýaragly adamlar bilen garakçylaryň çozan, kakamy öldüren ýerlerine bardym. Görsem, kakam pahyr gana bulaşyp, çiňarkan düşüp ýatyr. Onuň döşüne gyzyl suw berlip nepis bejerilen jöwher pyçak sanjylypdyr. Ol pyçagy kakamyň döşünden sogrup aldym. Kakamy şol ýeriň özünde jaýlap hälki pyçagy bilime gysdyryp, onuň eýesini tapmagyň küýüne düşüp başladym. Şonuň üçin hem haýsy ýerde märeke görsem, şol pyçagy orta taşlap: «Şoňa eýe çykan adam tapylmazmyka» diýip, on ýyldan bäri gözläp ýörşüm. Düýnem pyçagy köpçüligiň ortasyna taşladym welin, siziň weziriňiz oňa eýe çykdy. Weziriň eýe çykanyna begenip, bu hakda özüm size habar bermäge howlugyp otyrkam, siziň weziriňiz öňürdip meni ölüme buýrdurdy. Indi bolsa öldürilen atamyň ganyny, ondan alnyp gidilen kyrk düýäni, ol düýeleriň her dürli gymmatbaha zatlardan doly ýüküni, atamyň münüp giden atynyň bahasyny siziň weziriňizden talap edýärin. Häzir bolsa bizi doly haklaşdyrmagyňyzy sizden haýyş edýärin» diýip, şu sözüň üstünde pugta durgun. Ýogsam seniňki indi ölümdir. Meniň şu aýdanlarymy ýadyňda pugta saklagyn, eşidýärmiň – diýip, pişigini gygyrdýar. Gözüne çiş kakylan ýaly kirpikli gözüni çalyşman ýatan myhman hem Bählil dananyň

sözlerini daşarda ýatan ýerinden diňläp hem ýadynda pugta saklap ölümden sypmagyň ýoluny agtaryp, gaýga gark bolup, jyňkyny çykarman ýatyrdy.

Şonlukda, daň atýar, gün dogýar myhmanyň bokurdagyndan zat geçmeýär. Bir gijede iňňä sapaýmaly bolýar.

Ahyrda olar ýasawul bilen üç tirkeşik bolup dar-agaçlarynyň ýanyna barýarlar. Bu ýere üýşen märekeden ýaňa ýokaryk daş atsaň, ýere düşjek däl. Şol pursat patyşa hem wezirlerini, hem jellatlaryny yzyna tirkäp gelýär-de, Bählil dananyň myhmanyndan ogurlap alan hazynasyny häziriň özünde şu ýere getirmegini talap edýär. Şol pursat myhman patyşa garap:

— Size bir arzym bar, merhemetli patyşahym. Şol arzymy doly diňläp, Allany ýatlap, soňra näme etseňiz, şony ediň – diýip, towakga edýär.

Onda patyşa:

— Näme arzyň bar? Basymjak aýt diýýär. Şonda ol Bählil dananyň kakasynyň öldürilişi bilen bagly özüne aýdyp beren, wakalarynyň birinem sypdyrman jikme-jik gürrüň berýär hem: «Kakam öldürlenden soň işim obadan-oba, şäherden-şähere gezip ýörmek we haýsy ýerde märeke bolsa, pyçagy bir sebäp tapyp, märekäniň ortasyna taşlap ýörmek boldy. Bu ýerde hem öten agşam pyçagy orta atmaga nähili bahana tapjagymy bilmän otyrkam, weziriňiz «Garpyz ýarjak» diýeninden, pyçagy orta okladym weli, weziriňiz oňa eýe çykdy. Onuň üçin hem kakamy öldüren şu wezirden başga adam däldir öýdýärin. Indi wezirden kakamyň ganyny, kyrk sany erkegini, her dürli gymmatbaha zatlaryny we atyny alyp bermegiňizi sizden towakga edýärin – diýip, öz arzyny gutarýar.

Hälki pyçaga eýe çykan wezir bu sözi eşidýär-de, oda düşüberýär:

— Bu sözleriň hemmesi Bählil dananyň tapan sözüdir – diýip, patyşanyň daşyndan aýlanyberýär.

Her niçik hem bolsa, patyşa myhmanyň sözüne ynanyp, ogurlanan baýlyklary weziriň edil iki-üç günde tapyp, myhmana bermegini talap edýär.

Bählil dana, myhmanyny weziriň nähak töhmetinden halas edip, tirkeşip barýarkalar oňa ýolda igenýär:

— Men saňa adyňy tutup soralmadyk zadyňy orta taşlama diýmänmidim? Näme üçin pyçagyňy orta taşladyň? Indikiňe gaty pugta bolgun! Özüňden uly nesihat berende algyn! Almadyk ýagdaýyňda näme bolýandygyny gördüň dälmi? – diýýär.

Myhman öý eýesi bilen hoşlaşyp durka, söwda edip alan zatlaryny orta atyp:

— Ine, şularyň hemmesi seniňki bolsun. Öldürilmän galmagyma, sen sebäp bolduň. Onuň üçin diňe pyçagymy alyp, başga hiç zat aljak däl. Eden hyzmatyňa, ölümden gutaranyňa taňryýalkasyn! Bu eden ýagşylygyň aşagyndan nätüýsli çykarkam. Tä ölýänçäm hyzmatyňda bolsamam, bu eden ýagşylygyňy ödäp bilmerin – diýýär.

Onda Bählil dana:

— Maňa seniň hiç zadyň gerek däl. Seniň hyzmatyňa-da mätäç däl. Bu zatlaryňy derrew ýygna – diýip, myhmanynyň hödürlän zatlaryny goýman yzyna berýär-de, onsoň onuň bilen oturyp, täzeden çaý-suw içýär. Soň ak pata berip, myhmanyny obasyna ugradyp goýberýär.

## PARASATLY WEZIR[1]

Gadym-gadym zamanlarda özüne gaty göwni ýetýän bir patyşa bar eken. Ol akyllylykda we dilewarlykda özüne taý tapylmaz öýdüp gezer eken. Onuň bar işi-pişesi özi ýaly dilewar we akylly adamy gözläp tapmak eken. Ol örän köp adamlary synag edipdir. Wagtal-wagtal ýönekeý geýimde ilatyň arasyna çykyp, obadan-oba aýlanyp kä baýyňkyda, kä garybyňkyda myhman bolup, ýatyp-turup şeýle adam agtarar eken.

Şeýlelikde, ol oba-oba aýlanyp gezip ýörkä, bir gün bir garybyň öýüne myhman bolýar. Bir gije onuňkyda ýatýar. Şol gün garybyň özi ýok eken. Öýünde diňe aýaly bilen ýetginjek ogly bar eken. Olar bar zatlaryny gaýgyrman, myhmana ir ertirden, giç agşama çenli hyzmat edýärler.

Patyşanyň bar maksady, oglany gepletmek, onuň akylyny synamak bolany üçin, gijesi bilen onuň gözüne uky gelmeýär. Gijäniň köpi geçýänçä ol oglan bilen gepleşip onam ýatyrmaýar. Patyşa her bir zat hakynda gürrüň etse, oglanam ondan pes oturmaýar diýýär. Pikirini dürli mysallar bilen delillendirip, örän maňyzly sözler bilen has manyly gürleýär. Ahyrda myhman oglandan:

---

[1] Türkmenbaşy adyndaky Türkmenistan Milli golýazmalar institutynyň golýazmalar hazynasy. 857$^{f}$-nji bukja. Aýdan: Baba Japarow, Ahal welaýatynyň Tejen etrabynyň merkezi. Ýazyp alan: Ç.Garabekow, 1948-nji ýylyň Gurbansoltan aýy.

— Sen mollada okadyňmy? Näçe ýyl okadyň? – diýip soraýar.

Onda oglan:

— Mollada diňe üç-dört aý okadym. Elipbiýden zordan çykdym. Garypçylyk okamaga goýmady. Mende ylym diýen zat ýok. Hiç kimden hiç zat öwrenmedim. Dogry, durmuşdan welin, öwrenýän zadym kän. Bu ýagdaýda mende manyly söz näme işlesin. Akylly bolmak üçin okamak gerek, okamak üçin bolsa, bol-telki we rahat ýaşamak gerek. Ol hem bizde ýok. Gözümi açyp görenim soňy gelmeýän garyplyk. Garypçylyk zerarly gülmäge, oýnamaga we doýa-gana iýip-içmäge biziň öýümizde hiç ýagdaý ýok – diýip, oglan sözüni soňlaýar.

Olar ol gije ýatýarlar. Daň atýar, gün dogýar. Myhman ertirden soň hem öý eýesi bolan ol oglan bilen tä günortana çenli gürleşip oturýar. Oglanyň manyly geplemegi, her bir zady mysallar bilen baglanyşdyryp aýtmagy, onuň dilewarlygy myhmanyň maňzyna batýar. Şonuň üçin ol özi-özüne: «Şu oglany öz ýanyma alsam, okatsam, belki-de özümden hem dilewar we akylly adam bolup ýetişer» diýýär. Ahyrda hem öz pikirini makul bilip, oglana:

— Seni köp saklap, belki, eklenjiňdenem goýandyryn. Meniň gaýdar wagtym boldy. Sen hem işiň bilen boluber! – diýýär. Onda oglan äwmezlik bilen:

— Myhmanyň göwnüni almak hajdyr – diýipdirler. Onsoňam kowalap tutmaly bolsa, kowalabilýäris, şu çaka çenli tutulýan zat ýok. Onuň üçin siz hem howlugyp, meni hem howlukdyryp oturmaň. Rysgal diýilýän zat hem geljek bolsa, ýoluny tapman duranok. Onuň üçin, men howlugamok. Isleseňiz demdynç alyň — diýýär. Onda myhman:

— Men indi gaýdaýyn. Maňa besdir. Gaýdarlygymy edindim – diýýär. Onda oglan:

— Boş sözden başga biz size hezzet-hormat hem edip bilmedik. Aýyplaşmaweriň – diýýär.

— «Bugdaý nanyň bolmasa, bugdaý sözüň ýokmudy?» – diýipdir ata-babalarymyz. Maňa bolsa geregi şol, bugdaý sözdi. Ony bolsa senden aldym – diýip, myhman jübüsinden bir penje pul çykaryp, öý eýesine berýär hem-de:

— Entek muny geregiňize sowuň. Soňuny hem özüm ýetirerin. Şu çaka çenli garyp ýaşapsyňyz. Indi bol-telki hem ýaşap başlaň. Hany rysgaly kowalap tutjak bolman hem görüň. Ol seniň öz aýdyşyň ýaly ýoluny tapman duranok. Onuň üçin hem ýüzüňi çytma-da, ikirjiňlenme-de entek muny zeruryňyza harçla – diýip, hoşlaşýar-da, gös-göni öýüne gaýdýar.

Ol gün we gijesi hem geçýär. Oglan irden ejesi bilen bazara gidýär. Öňi bilen bir halta bugdaý bilen bir halta jöwen alýarlar. Düşener ýaly iki sany gülli keçe alýarlar. Ejesine köýneklik, çabytlyk serindi we tikmek üçin her dürli sapak hem alýarlar. Bir gran berip, ol zatlaryň hemmesini bir eşekli kişä öýlerine getirdýärler.

Şonluk bilen olar oňat keçeli we bol-telki nanly bolýarlar. Eneli ogul ikisi iki ýerden:

— Myhman-a Hudaý beren ýaly edäýdi. Soňy bilen bolsunda hernä – diýşip, ol güni gijesi bilen begenişip geçirýärler.

Gün günorta bolanda bir atly atyny çapdyryp, gös-göni bularyň öýüne gelýär. Saglyk-amanlykdan soň, öý eýesi oglan ýaňky gelen atla:

— Atdan düşüň, çaý içiň – diýýär. Onda atly howlukmaç:

— Şu öýüň eýesi senmi? Sen bolsaň, gel atyň ardyna atlan, gideli. Seni patyşa çagyrýar. «Derrew gelsin» diýdi. Şol sebäpli hem atdan düşüp oturmaga wagt ýok – diýip, oglany öz ygtyýaryna goýman, alyp gidýär. Aty aldygyna sürüp, şol günüň özünde gün gijigiberende oglany patyşanyň köşgüne getirýär.

Onýança ýasawullaryň başga biri gelip, oglany patyşanyň ýanyna eltýär. Oglan hem gol gowşuryp, salam berip hökümdaryň garşysynda durýar. Oglan, patyşa geýiminde, daş töweregi janpenaly we birnäçe wezirli, ullakan derejäniň eýesi bolany üçin patyşanyň öz myhmanydygyny oý hem etmeýär.

Patyşa bu oglana garap:

— Sen näme üçin ýaş başyňdan beýle işlere baş goşýarsyň? Näme, öýüňi ogry ýatagy etmek isleýärmiň? Öýüňe myhman bolup gelen ogry bilen näme diýişdiňiz? Ogry indi kimiň öýüni ýykmakçy bolup gitdi? Ýalan sözleseň, özüň üçin ýagşy bolmaz! Şony bilýärmiň? – diýýär.

Oglan ilki bada gorksa-da, patyşany pugta diňläp we gepleýşine üns berip, gorkyny-ürküni ýadyndan çykarýar. Patyşanyň öz öýünde myhman bolan adamdygyny sesinden tanaýar. Onuň üçin äwmezlik bilen:

— Patyşamyz! Men sizden hiç zat ýaşyrmaryn. Ol myhman öň içi möjek adam bolan bolsa, häzir onuň daşy jäjek bolupdyr. Gepledip, sesinden tanaýmasaň, güman hem eder ýaly bolmandyr. Şol wagt ol bigünäniň öýüni ýykmak pikirinde bolman, eýsem ony düzetmek pikirindedi. Meniň bilşimçe, ol adamyň ogrulygy, eger ol ony edýän bolsa, onuň uly il üçin has zyýany kän bolmaly. Onuň üçin hem başga biriniň gepine gitmäň we meni gorkuzjak bolmaň. Şeýle hem, meniň ýaly ýaş, bigünä oglana hoş söz aýdyň we adam bolmagym üçin görelde görkeziň. Men hem ile meňzeş adam bolaýyn – diýýär. Patyşa, onda hem düşünmedikden bolup:

— Seniň içi möjek, daşy jäjek bolupdyr diýýäniň kim? Kime diýýänem bolsaň, şol içi möjek, daşy jäjek bolan adamyny görkez – diýip, gaşyny çytyp, gygyryp başlaýar. Oglan onda hem:

— Patyşamyz! Düşnükli zada düşünmedik bolmak, ýersiz ýere yrsaran ýaly bolýar. Kim myhman bolan wagtynda içi hem özi möjek bolan bolsa, ol myhmany menem bilýärin, myhmanyň özi hem ony bilýär. Häzir şol myhmanyň daşynyň tanalmaz ýaly jäjek bolanyny men hem bilýärin, myhmanyň özi hem bilýär – diýýär.

Oglanyň tanandygyny bilip, patyşa oglana:

— Geç, otur. Sag-aman geldiňmi? Patyşa näme üçin çagyrdyka? – diýip, eneň gorkan bolaýmasyn. Indi men seni hiç ýere goýberjek däl. Molla berip okatjak. Soň hem öz iş başarnygyňa görä, iş berip işletjek – diýýär. Onda oglan:

— Näme-de bolsa, men siziň edeniňize razy – diýýär.

Patyşa oglany okadýar. Oglanyň özi hem örän yhlasly okaýar. Mollanyň oňat okatmagy we özüniň yhlasly okamagy bilen ol sanlyja ýylyň içinde doly ylymly adam bolup ýetişýär. Patyşa ýigidi özüne wezir edinýär. Soň her bir işde akyl-paýhasyny, ynsaplydygyny we işe yhlaslydygyny görkezeni üçin patyşa muny özüne akyl weziri edinýär. Aradan aý geçýär, ýyl geçýär patyşa ýigidi öýli-işikli hem edýär. Enesini hem ýanyna göçürip getirýär.

Şeýdip, agzybirlik bilen ýaşaberýärler. Patyşa pylança günläp, awa-şikara ýa başga bir ýurda gitse hem bu akylly wezirini öz ornunda arkaýyn goýup gidiberýär. Tä, patyşa gaýdyp gelýänçä wezir hem gije-gündiz diýen ýaly ukyny özüne haram edip, örän yhlasly işläp, her bir işi örän adyllyk bilen ýerine ýetirýär. Şäher we ilat arasynyň tertip-düzgünini hem örän oňat saklaýar. Onuň üçin patyşa hem, ilat hem mundan gaty razy bolýarlar. Emma, beýleki wezirler oňa bahylçylyk edip başlaýarlar. Patyşanyň ýanynda ony aç-açan ýamanlabilmän, assyrynlykda, her tüýsli hilegärliklere ýüz urýarlar. Patyşa hem barha bahyl wezirlerine ynanyp ugraýar. Patyşanyň özüne so-

wuk-sala garaýşyny bu akylly weziriň özi aňyp başlaýar. Patyşanyň bolsa, oňa sowuk-salalygy barha güýjeýär. Akylly weziri onuň düýp sebäbini, patyşanyň beýleki wezirlerine has ynamlyrak garaýandygyndan, olary özüne ýakyn tutýandygyndan hem bilýär. Onuň üçin hem bir sözüň gerdişinde ol patyşa garap:

— Akyl gulakda bolman, kellede bolsa, göz hem görenine ynansa, işde ýalňyşmazlyk üçin gowy bolardy – diýýär.

Patyşa akylly wezirine:

— Meniň akylym gulagymda bolup, kellämde akyl ýok hasap edýärmiň? Men kimiň sözüne gitdim we näme erbet iş etdim? Nämä esaslanyp aýdan hem bolsaň ony doly aýdyp ynandyrmasaň, seniň üçin kyn bolar. Bir zada gözüňi ýetirmän, ýürek bulaýjy sözi aýtmagyn we özüňi ýigrendirmegin – diýýär. Onda akylly wezir:

— Bir zada akylym doly ýetmese, ýa-da bir zady öz gözüm bilen görmesem, salgyma çapmaýandygymy, şeýle hem göz gyzdyryp, hiç kime bahylçylyk etmeýändigimi, hemmeden beter özüňiz ýagşy bilýänsiňiz. Şu wagt wezirleriňiziň maňa bahylçylyk edýändiklerini bilseňiz hem, bilmedik bolýarsyňyz. Meni ýigrenýän bolsaňyz, bahyllaryň sözüne gitjek hem bolmaň-da, meni näme etjek bolsaňyz, ullakan iňkis edip ýörmän, edip dynyň. Meniň bu ýere gelmegime we adam sanyna goşulmagyma siziň özüňiz sebäp bolduňyz. Meni şeýle ullakan derejä ýetirip başlanyňyzda hem ir-u-giç wezirleriň tarapyndan maňa bahylçylyk bolup biljekdigine akylym ýetýärdi. «Emma bahylçylyga özüňiz ýol bermersiňiz» öýdüp pikir edipdim. Ýöne meniň çakym çykmady, ýagdaý başgaça boldy. Näme-de bolsa, öz akylyňyza jaý ediň-de, näme etseňiz, şony ediberiň. Menden närazylyk ýok, bolup hem bilmez. Edeniňize kaýyldyryn men – diýýär.

Patyşa:

— Soňky günlerde tukatlygyň bardy welin, onuň emmasy beýle bolup çykdy. «Meni öz akylym bilen işlemän, kişi sözüne gidýändir» hasap edýän ekeniň. Meni beýle tanaýan bolsaň gaty ýalňyşýarsyň. Akylly wezir bolmak bilen, belki, göwnüň başga hili zatlar hem isleýändir. Ýok, beýle zatlar bolup bilmez – diýýär.

Akylly wezir:

— Şu wagt «Dogruçylyň dosty ýok» diýlişi ýaly boldy. Meniň göwnüm başga tüýsli gowulyk isleýändir hasap etmegiňiz hem örän nädogry, mende beýle düşünje ýok. Bu akyla hem sygjak zat däl. Çünki men özüme edilen ýagşylygyň gadyryny ölemde hem ýadymdan çykarmaryn. Ol ýagşylygy bilmesem, men hem pälazan tilkileriň biri bolaryn. Ýok, ölsem hem beýle bolabilmerin. Hiç kime bahylçylyk hem edebilmerin – diýýär.

Patyşa akylly wezirine:

— Meni kemakyl hasap edýärsiň. Wezirleri hem özüňe bahylçylyk edýändir hasap edýärsiň. «Meni hem olaryň gepine gidip, özüňi ýigrenýändir» diýip güman edýärsiň. Beýle zat bolup bilmez. Akylyndan azaşan men däl-de, sen. Ýat-tur, ýagşy pikirlen-de, müňkürligiňi goý-da, akyllan. Oňa çenli hem maňa görünme – diýip, bu söýgüli wezirini kowup goýberýär.

Akylly wezir öýüne barýar. Nahar edinýär. Weziriň eşiklerini çykaryp, öňki geýimlerini geýýär. Maşgalasyna hem:

— Men başga bir ýurda gidip geljek. Kän eglenmän, wagtynda gelerin. Sorana hem şeýle diýäýiň – diýip, şol günüň özünde şäherden çykyp gidýär. Obama-oba gidiberýär. Bäribärde durmaýar. Birnäçe tokaýlary, çölleri geçip, ahyry bir suw degirmeniň kilwanynyňka barýar. Ol ýerde wezir özüni eklener ýaly talabançylyk agtaryp ýören kişi edip görkezýär. Kilwan hem:

— Dagy hak bermesem hem iýjek nanyň-a gysganmaryn. Razy bolsaň, maňa kömekleş-de, şu ýerde geziber – diýýär. Wezir hem:

— Maňa hak gerek däl. Nandan garnym dok bolsa we etmäge iş tapsam bolýar – diýip, kilwana hyzmatkär bolup geziberýär. Aradan ep-esli wagt geçýär.

Indi habary patyşadan eşideliň.

Ýönekeý işleriň üstüni açmak ýaly işleri patyşanyň, hut, özi hem hiç kim bilen maslahatlaşman, hiç kimden akyl soraman hem açyp goýberip bilýär. Has kynrak iş gabat gelende patyşa akylly wezirini kowansoň, beýleki wezirleri bilen maslahatlaşmaly bolýar. Maslahatlaşanda hem wezirleriniň hiç biri kowan weziri ýaly kanagatlanarly akyl berip bilmeýär. Şonuň üçin hem, patyşanyň käýinýän ýeri kän bolup başlaýar. Hatda ýalňyş edilen işler hem kän bolup, il arasynda patyşadan närazylyk hem barha güýjeýär. Muny patyşanyň özi hem bilýär. Bilse-de, nätjegini bilmän, mähetdel galýar. Wezirleriniň hiç birinden özüne akyl kömeginiň ýokdugyna hem gözi ýetýär. Aradan kän wagt geçýär. Emma kowan wezirini yzyna çagyrmagy özüne kiçilik bilýär. Kyn mesele gabat gelende maslahatlaşmaga we ondan akyl soramaga göwnejaý adam hem tapman, horluk çekýär. Ahyry nalaç bolup, kowan wezirini yzyna gaýtarmakçy bolýar.

Çagyryp getirmäge öýüne adam iberýär. Ol adam hem ol weziriň «başga ýurda gidip geljek» diýip, öýden çykanyna bir ýyldan hem köp wagtyň geçendigini anyklap, gaýdyp gelýär. Onuň üçin hem patyşa wezirlerine, begzadalaryna we goşun serdarlaryna:

— Nirde hem bolsa, meniň kowan akylly wezirimi tapyň – diýýär.

Çar tarapa iberilen atlylaryň ol weziri agtarmadyk ýeri galmaýar. Her näçe agtarsalar hem hiç ýerden tapmaýarlar we gördüm-bildim hem eşitmeýärler. Şeýle ýumuş bilen gidenleriň hemmesi yzyna gaýdyp gelýärler. Bu jogap patyşany öňküdenem beter agyr ýagdaýa salýar. Onuň üçin hem wezirlerini üýşürip:

— Şol kowan wezirimi tapyp getirmegiň tärini derrew tapyň. Bolmasa hemmäňizi ýok ederin. Şony kowmagyma sebäp bolşuňyz ýaly, ony basymjak tapmagyma hem sebäp boluň. Tapmasaňyz siziň başyňyz ölümli, malyňyz talaňly bolar – diýip, üç gün möhlet berýär. Wezirleriň hemmesi hem:

— Pylança ýüz atlynyň gezmedik, agtarmadyk ýeri galmady. Ony tapman gaýdyp geldiler. Şonça atlynyň tapmadyk adamyny biz nirden, nädip tapaly. Şeýle hem nätüýsli edilende tapyp boljakdygyny biz näbiläli - diýýär.

Bularyň aýdanlaryna we boluşlaryna patyşa gaharlanyp, özi bu hakda gije-gündiz pikirlenýär-de: «Her öý başyna bir goýny üç aýlap bakdyrmak şerti bilen paýlamaly. Onda hem goýny her kime çekip bermeli. Üç aýdan soň yzyna getirilende hem ol goýnuň agramy ilki berlendäki agramyndan ne agyr, ne-de ýeňil bolmaly» diýýär. Şeýle etmek bilen patyşa üç aýlap bakylandan soň, kimiň bakan goýnunyň agramy öňki çekilen agramy bilen deň çyksa, şol goýnuň bakylan ýerinden kowlan weziri tapsa bolar» diýen pikire gelýär. Şeýle şert bilen hem her öý başyna bir goýun paýladýar. Kowulan weziriň ýaşaýan kilwanynyň öýüne hem bir goýny getirip, çekip berýärler. Özüne hem:

— Sen şu goýny üç aýlap bakmaly. Soň hem patyşanyňka eltip bermeli. Agramy hem şu wagtkysyndan ne ýeňil, ne-de agyr bolmaly. Agyr ýa ýeňil bolaýsa hem özüňe ýaman jeza beriljek – diýýärler. Onda kilwan:

— Beýle şert bilen men goýnuňyzy alyp galjak däl. Heý beýle-de bir şert bolarmy. Bakyp semretmeli bolsa, men edeýin. Bolmasa üç aýlap zähmet çekip, ahyrda hem jeza çekmek hiç ynsaba geljek zat däl ahyryn. Onuň üçin hem näme jeza berseňiz, şu wagt beräýiň. Emma, maňa goýun berjek bolmaň – diýýär.

Patyşanyň adamlary:

— Şeýle şert bilen goýun berilýän ýeke sen däl. Şonuň üçin hem galmagal etme-de, goýny alyp gal! – diýip, goýny goýup gidýärler.

Goýun galdyrylyp gidilen kilwan, iki elini arkasynda tutup, ýüzüni aşak salyp: «Heý-de şeýle şert bolarmy? Şeýle zorluk bolarmy? Heý-de şeýle sütem bolarmy? Heý-de şeýle jebir bolarmy?» diýip, oduň üstünde gezip ýören ýaly özbaşyna hüňürdäp ýörşüne gapysynyň öňüni torç edýär. Munuň bu bolup ýörşüne çydaman, aýaly onuň ýanyna gelýär-de:

— Bu nä boluş? Beýdip, ot alan ýaly bolup, özüňi gynap ýörme-de, goýunlaryny eltip ber. Goý, nädýän bolsalar etsinler. Olar hem adamdyr, öldüräýesleri ýok – diýýär. Kilwan biçäre:

— Beýle akyla sygmajak şert bilen goýun bakdyrýana şu wagt goýny eltip berseň, öldürmese-de güldürmez. Heý-de, beýle sütem bolarmy? Bu haýsy samsygyň tapýan akylyka? – diýip, öňküsinden hem beter zowzuldap iki ýana ýöreýär. Şol barmana degirmändäkileriň hem ýanyna baryp:

— Heý-de şeýle zat bolarmy? Hiç, akyla sygjak zat däl! Üç aýlap bakmaly. Şu wagtkysyndan agyr hem bolmaly däl, ýeňil hem bolmaly däl! Ömrümiň köpi geçipdir welin, şu çaka çenli beýle zat eşitmändim. Bu şert, birentek adamynyň başyna ýeter. Ýok bolup, bu ýurtdan gaçmak gerek – diýip, samrap ýörmekden başga hiç zat etmeýär. Patyşadan kowlan wezir, kilwanyň ýanyna gelýär-de, ýuwaşjadan:

— Bar, çaýyňy iç, çöregiňi iý. Hemmesiniň bir alajy bolar. Gorkma, nädilende şeýle bolup biljekdigini özleri hem aýdar. Howlukma-da geziber. Goýny bolsa, gülli ýorunjanyň içine kowaý. Goý, goýun janawer hezil edinsin, semresin. Horlanmasa bolýar. Başgasynyň bir alajy bolar – diýýär.

Kilwan, onda hem:

— Beýle zat buýrulmansoň görýärmiň, munuň arkaýyn gürlän bolşuny. Sütem görjek, jeza beriljek özi bolmansoň görýärmiň, ýasy ýanynyň ýerdedigini. Beýle şerte duçar bolsaň, sen hem beýle arkaýyn gürlemezdiň. Oturmaga-turmaga göwnüň takat bermezdi. Bokurdagyňdan suw hem geçmezdi – diýýär.

Talabany kilwana:

— Goýun nirede? Nätüýsli goýun? Ýör görkez! – diýip, kilwan bilen goýnuň ýanyna gidýär. Ol ýerde kilwana :

— Gitde, çölden bir gurt tutup getir. Birini hem goýman möjegiň hemme dişini döwüp aýyr. Goýun bolsa, gülli ýorunjanyň içinde bakylybersin. Goý, semräbersin, zyýany ýok. Ýöne gün içinde her gün giçden soň bir gezek gurdy goýber. Goýny kowalasyn, basalasyn. Edibilen zyýany bolmaz. Şeýlelikde, goýnuň agramy şol bir bolşuna galar. Ne agralar, ne-de ýeňlär. Ana, şonluk bilen hem ol şerte amal eden diňe özüň bolarsyň – diýýär.

Talabanyň bu beren maslahaty kilwanyň ýüregine jüňk bolýar-da:

— Hä-ä! Bu akylyň akyl. Bu diýeniň tüýs bolaýjak zat. Nireden kelläňe geldi. Ýöne beýle kyn we hiç kimiň bilmejek zadyny patyşa näme üçin ilden talap edýärkä? Heý, akylyň ýetýärmi? Belkem, sen şony hem bilersiň – diýýär.

Talabany:

— Ony bilmek kyndyr. Belkem, şonluk bilen ol ýitiren zadyny taparyn öýdýändir. Patyşalaryň pikirini bilmek hemme adamynyň işi däldir – diýýär.

Ol gün geçýär, gün ýaşýar, hemmesi hem arkaýyn ýatýar. Daň atyp, gün hem dogýar. Kilwan hem birnäçe gapan göterip, goýun itini yzyna tirkäp, gurduň gözlegine gidýär. Ol ýere ýeten badyna şindi gaty ulalmadyk güjük gurda gabat gelýär. Iti bilen kowalap, ony derrew diriligine tutýar we bada dişlerini döwüp aýyrýar. Agzyny kempiriň agzy ýaly edýär. Şol günüň özünde hem idip, öýüne getirýär. Ony howlynyň içinde pugta daňyp goýýar. Goýny bolsa, içi gülli ýorunjaly beýik haýatyň içine goýberýär. Goýun ol ýerde bakylyp semremek bilen bolýar. Birküç günden soň gurduň hem agzynyň awusy ganymatlaşýar. Onuň üçin hem her gün giçden soň gurdy goýnuň ýanyna boşadyp goýberýärler. Goýun gaçmak bilen gurt hem ony kowalamak, basalamak we dişlemek bilen bolýar. Her näme-de bolsa, gurt ony ýaralap bilmeýär. Bar edýän zady diňe horlaýar. Bu ýagdaý doly üç aýa çekýär. Iň soňky günüň özünde hem ir bilen gurdy goýberip goýny horladýar. Şol günüň özünde hem goýny patyşanyň adamlaryna eltip berýär. Goýny çekip görýärler. Görseler, agramy ilki çekilip berlenindäki ýaly diýýär. Ne agyr, ne-de ýeňil. Beýlekileriň hemmesiniňki ýa az-kem agyr, ýa hem az-kem ýeňil çykýar. Diňe kilwanyň bakan goýnunyň şeýle çykaýşyna görenleriň hemmesi-de geň galýar. Bu ýagdaýy patyşanyň adamlary derrew baryp, patyşa mälim edýärler. Patyşa hem ony derrew ýanyna çagyrýar-da:

— Goýny üç aý bakyp, agramyny deň çykaran senmi? Seniň käriň näme? Üç aýlap bakan goýnuň agramyny şeýle deň çykarmak üçin näzeýilli çäre gördüň? Eden işiňi ýaşyrman, dogry aýtgyn – diýýär.

Kilwan:

— Üç aýlap bakan we agramyny deň çykaran men. Özüm hem kilwan. Gülli ýorunjanyň içinde bakmakdan başga gören çäräm ýok – diýýär.

Patyşa:

— Goýny üç aýlap, gülli ýorunjanyň içinde bakyp, onuň agramyny ilki başdakysy bilen deň çykarmak seniň işiň däldir! Gönüňi aýt. Bolmasa derrew dardan asdyryp, öldürderin! – diýip, kilwany gorkuzyp başlaýar.

Kilwan gorkusyndan nätjegini bilmän, biraz ýuwdunyp durýar-da:

— Özüme galsa, gorkymdan zowzullap, goýny taşlap gaýdan batlaryna ölýärdim. Nätjegimi bilmän, iýip-içmeden kesildim. Meniň ol bolşuma käýinmedik galmady hat-da aýalym hem: «Beýle bolma, bu bolşuňa öleniňi duýman galarsyň» diýip, käýemek käýedi. Meni bu bolşumdan gutaran we goýnuň agramynyň başdaky agramy bilen deň çykmagyna sebäp bolan talabanym boldy. Ol bolmadyk bolsa, men şu gün siziň ýanyňyzda masgara bolardym. Meniň ol talabanym örän akylly we parasatly ýigit ekeni. Hernä Hudaýym onuň ömrüni uzyn we döwletini zyýat etsin. Şu eden ýagşylygy üçin men ony indi talaban edinmän, gazanjyma deň şärik ederin. Onuň eden ýagşylygynyň gadyryny bilmesem, mende adamkärçilikden düşnügem bolmadygydyr – diýip, sözüni gutarýar. Patyşa:

— Men senden ol ýigidi nätjegiňi soramaýaryn. Men goýnuň agramynyň ilki başdaky agramy bilen, üç aý bakylandan soňky agramynyň deň çykmagyna nämäniň sebäp bolandygyny soraýaryn. Maňa şony aýt. Başga erteki otarma – diýýär. Onda kilwan:

— Talabanymyň beren akylyna görä, çölden bir güjük gurt tutup getirdim. Onuň dişleriniň hemmesini döwüp aýyrdym. Goýny bolsa, giň we beýik haýatly gülli ýorunjanyň içine goý-

berdim. Her gün gijara hem gurdy boşadyp, şol haýata goýberýärin. Goýun gaçmak bilen gurt hem kowalamak, basalamak we agyz salmak bilen bolup, goýny esli wagt horlaýar. Tä, üç aý dolýança we bärik alyp gaýdýançak şu ýagdaý dowam etdi. Ana, şonluk bilen hem goýnuň agramy bu gün deň çykdy – diýýär.

Patyşa:

— Hä-ä, indi boldy. Häliden şeýle düşnükli aýtmagyň gerekdi. Ol talabanyňa näçe hak berýärsiň? – diýýär.

Kilwan:

— Öz razylygy bilen şu çaka çenli damagyndan başga zat beremok. Emma, indi deň şärik ederin. Meni bu ölümden şol gutardy – diýýär.

Şonluk bilen hem patyşanyň rugsat bermegi bilen kilwan öýüne gaýdýar. Patyşa bilen eden gürrüňini bolşy-bolşy ýaly edip talabanyna aýdýar-da:

— Sen indi maňa talaban bolma-da, gazanjymyza meniň bilen deň şärik bol. Seniň eden ýagşylygyň gadryny bilmesem, meniňem adam bolmadygym – diýýär.

Talabany:

— Gazanjyňa şärik bolup gezmäge meni indi bu ýerde uzak goýmazlar. Bu gün bolmasa, ertir äkiderler. Goýnuň ile paýlanmagy meni tapmak üçin edilen zatdyr. Indi hem meniň nirededigimi bildiler. Şoňa görä, az salym üçin şärik hem bolup ýörmäli – diýýär. Onda kilwan:

— Şärik bolmagy islemeseň, seniň bu eden ýagşylygyňy men näme bilen neneňsi gaýtaryp bilerin? – diýýär. Talaban:

— Janyň saglygy bilen, maňa seniň razylygyň besdir – diýýär. Bu söze kilwan hem monça bolýar-da, ol gün ýörite palow bişirip, kemsiz nahar edinýärler. Naharyň başynda hem birbirlerinden razydyklaryny aýdyşýarlar.

Kilwan gidip geleninden soň, aradan iki gün geçirip, patyşa hem aýratyn howlukmaçlyk bilen bir kişilik içki-daşky her dürli gymmat baha şahana geýimi we bir sany bedew aty eýerli-uýanly iki sany atlydan kilwanyň talabanyna iberýär we: «Basymjak gel, gelmeseň boljak däl» diýip, hat hem iberýär.

Getirlen haty okap, talabany kilwana:

— Meni patyşa çagyrýar. Onuň üçin hem men patyşanyň ýanyna gitjek. Menden agyrap-ynjan bolsaňyz, razy boluň! – diýip, patyşanyň iberen geýimlerini geýýär. Öňki geýimlerini bolsa, horjunyna salyp, ony atynyň syrtyna daňýar we hoşlaşyp ýola düşýär. Şol gün hem öz şäherlerine gaýdyp gelýär.

Kowlan wezir derrew atdan düşýär-de, patyşanyň ýanyna barýar we edeplilik bilen salam berip garşysynda durýar.

Kowlan weziriniň gaýdyp gelmegine aşa begenen patyşa onuň bilen oturyp, oňat nahar edinýär. Nahar başynda patyşa müýnürgäp:

— Aýby ýok, «Azaşan yzyny tapsa ýagşy» diýlişi ýaly, şeýle bir kän wagt geçirmän, sen hakda edilen ýalňyşlygy düzetdik. Ol hem meniň üçin tükeniksiz döwlet we akyl. Indi hem şol öňki bolşuň ýaly yhlasly işläber. Ol wezirleriň hemmesini hem täzelejek. Onuň üçin hem olaryň ýerine öz göwnüňe jaý adamlary belleşdir. Bellän adamlaryňy hem synap göreýin. Göwnejaý we iş oňarýan bolsalar, bu wezirleriň ýerine alyşdyraly. Bularyň hemmesini hem galabegi edip, daşrakdaky galalara ibereris – diýýär.

Akylly weziriň bellemegi we patyşanyň özüniň makul bilmegi bilen beýleki wezirleriň hemmesini täzeleýärler. Ol wezirleri wezirlikden aýyrmak bilen patyşa olara:

— Diliňize buýurman, selki tutup, öz başyňyza ýaňrasaňyz, özüňize näme ediljekdigini hemmäňiz ýadyňyzda saklaň. Häzir hem işsiz galmazlygyňyzy akylly weziriň rehimliliginden gö-

rüň. Özüme galsa, hemmäňizi kowjakdym. Bagtyňyz işledi. Päliňizi, niýetiňizi düzedip gowy gezmeseňiz we diliňize buýurmasaňyz, meniň ýanymda jezalandyrmak hem kyn däldir. Öz hetdiňizi pugta biliň we jeza diýilýän zady burnuňyzyň üstünde ýaly hemişe görüp geziň. Päliýamanlyk, göriplik adamyny her tüýsli jebirlere duçar eder. Ýene hem bolsa, rehim edip, her haýsyňyzy bir gala galabegi etjek. Onuň hem gadryny bilmän we öz hetdiňizi tanaman, tumşugyňyzy ýokary galdyryberseňiz, şu saparky berilmedik jezany maňlaýyňyzda göräýiň – diýip, olary galabegi belleýär. Patyşanyň edenine ol wezirleriň hemmesi hem razy bolýarlar. Täze wezirler hem akylly weziriň ýolbaşçylygy bilen öz işlerinde yhlasly işläp başlaýarlar. Onuň üçin hem araky bolan aljyraňňylyk we ýalňyş işler ondan beýläk patyşa tarapyndan gaýtalanmaýar. Uly il hem patyşadan we onuň wezirlerinden gaty razy bolýarlar.

## GÜNÜLER[1]

Bir bar eken, bir ýok eken, bir adamyň iki sany aýaly bar eken. Günüler hiç wagt oňuşmaz ekenler. Biri-birlerini itden beter ýigrenip, edip bilseler, ýamanlyk eder ekenler.

Günleriň birinde günüleriň biri bir düýş görüpdir. Düýşünde onuň bir ogly bolup, ol bäbejigiň göbegi bütin öýüň daşyna aýlanyp duranmyş. Ol howpurganyp oýanypdyr-da, öz gören düýşüni halamandyr. Ony birine ýorduryp görmese-de, hiç ynjalyp bilmändir.

Onsoň ol başga näme iş etjegini bilmän, şol düýşüni özüniňki däl-de, ýigrenýän günüsiniňki ýaly edip ýordurmagy ýüregine düwüpdir. Şeýdip, ol bir akylly ýorgutçynyň ýanyna ugrapdyr. Baryp oňa:

— Meniň günim şeýle bir düýş görüpdir, düýşünde onuň bir ogly bolup, oňam dänim göbegi tutuş öýüň daşyna aýlanyp duranmyş-da – diýipdir.

Onda ýorgutçy:

— He-ýe, şeý diýsene. Aý, düýş diýilýän zady görmek däl-de, ýormak gerekdir. Ony oňatlyga ýorsaň, gowy bolar ötägider. Hawa, siziň güniňiziň gören düýşem şeýle. O taýda bir zelellikli zat ýok. Sen güniňe aýdaý, onuň şol ogly bütin iliň patyşasy bolup, il-gününiň daşynda aýlanyp ýören adyl şa bolup ýetişer. Onuň düýşüniň ýorgudy şeýle – diýipdir.

---

[1] Şamar. Aşgabat, «Türkmenistan», 1981.

Ýaňky içigara aýalyň bu ýorguda jany ýanyp:

— Men ýalan sözledim, şol düýşi gören-ä meň özüm – diýipdir.

Onda ýorgutçy:

— Indi gijä galdyň, «Soňky tüýkülik sakgal ezmez» diýleni boldy. Düýş seňkem bolsa, indi onuň ogly patyşa bolar. Sebäbi ýagşy ýorgut oňa gitdi – diýipdir.

Ýagdaý ýorgutçynyň aýdyşy ýaly bolanmyş. Soň şol düýş görmedik aýalyň bir ogly bolup, ol ýurduň patyşasy, özi hem adyl şa bolanmyş. Görip aýalyň bolsa öňküdenem beter içi tütäp galyberenmiş.

## PAÝHASLAR UMMANY

«Ata-babalarymyzyň genji-käni, galdyran ruhy baýlyklary biziň döwletimiziň milli aňyýeti bolsun»[1]. Bu sözler ata-babadan, uzak geçmişden gözbaş alyp gaýdýan ruhy baýlyklarymyza, edebi gymmatlyklarymyza ruhy hazyna hökmünde garap, olary bütin döredijiligine siňdiren Beýik Alymyň – Saparmyrat Türkmenbaşynyň baý mirasymyzy toplaýjy, öwreniji alymlar üçin gymmatly çelgi bolup hyzmat edýän ajaýyp pähimidir. Beýik Serdarymyz Garaşsyzlyk eýýamymyzyň nesillerinde watanperwerlik, agzybirlik, ynsanperwerlik, ruhubelentlik ýaly häsiýetleri kemala getirmekde, olary milli ruhda terbiýelemekde ajaýyp eserlerinde edebi çeşmelerden iňňän ussatlyk bilen peýdalanypdyr.

Ol bu hakykaty «Mähribanlarym» atly ajaýyp şadiwanyndada aýratyn nygtapdyr:

Geçmişiň keremli namalaryndan,
Gözbaş alyp beýik danalaryndan,
Pirlerimiň beren badalaryndan
Içe-içe gammar bolup gandym men.

Dünýäniň gümany-aýany mende,
Dünýäniň äşgäri-pynhany mende,

[1] Saparmyrat Türkmenbaşy. Ruhnama. – Aşgabat, 2001, 70 s.

Jümle-jahanlaryň beýany mende,
Hakykaty
Haly,
Halaty mende.[1]

Şol ruhy çeşmeleriň arasynda ertekilere uly orun degişlidir. Ertekiler türkmen halk döredijiliginiň iň esasy hem gyzykly görnüşleriniň biridir. Şahyrana söz sungatynyň iňňän köp hem sagdyn nusgalaryny özünde jemlän, müňýyllyklaryň dowamynda döredilen türkmen halkynyň baý edebi tejribesiniň önümi bolan ertekiler mazmuna juda baýlygy, çeperçilik tapyndylary, gözelligi, kalba ýakynlygy, täsir edijilik güýji bilen akylyňy haýran edýär.

Ajaýyp türkmen halylarynyň dürli reňkli ýüplerden biri-birinden çeper gelin-gyzlar tarapyndan dokalyp, biri-beýlekisini gaýtalamaýan ajaýyp göllerden emele gelşi ýaly, türkmen ertekileri hem ynsanyýet, haýwanat dünýäsini, tebigaty synçy nazary bilen içgin synlan dürli-dürli pähimler – ertekiçi adamlar tarapyndan döredilipdir, sünnälenilip işlenipdir. Şol pähimlerden akylyňy haýran edýän ajaýyp göller, ýüzlerçe nagyşlar – ertekiler döräpdir.

Ertekilerde halkyň geljege bolan ynançlary, isleg-arzuwlary gadym bir wagt bolup geçen waka hökmünde şöhlelendirilipdir. Şol sanda ertekilerde türkmen halkyna mahsus bolan esasy häsiýetler: watanperwerlik, ynsanperwerlik, myhmanparazlyk, ile-güne, döwletli ojaga wepalylyk, halallyk, Hatam Taý kimin sahylyk, gadyr bilmek, gadyr goýmak, ýetime-ýesire rehimdarlyk, geçirimlilik, ruhubelentlik ýaly ajaýyp häsiýetler jemlenipdir.

[1] Saparmyrat Türkmenbaşy. Mähribanlarym. – Aşgabat, 2005, 31 s.

Iňňän baý taglymly aýratyn-da, çagalygyň, ýaşlygyň hemrasy bolan ertekiler diňe bir terbiýeleýjilik güýji bilen däl, olar türkmen halkynyň durmuşy, taryhy bilen bagly ajaýyp eserler bolmak bilen, olarda ata-babalarymyzyň gün-güzeranlary, ýaşaýyş şertleri, meşgullanan işleri, däp-dessurlary, durmuşa, dünýä garaýyşlary, milli häsiýetleri, edim-gylymlary öz beýanyny tapypdyr. Şonuň üçinem ertekileri öwrenmek türkmeni öwrenmekdir.

Beýik Serdarymyz Saparmyrat Türkmenbaşy Mukaddes Ruhnamasynyň ikinji kitabynda türkmen halkyna mahsus bolan bir dessuryň halkynyň arasynda meşhur bolan «Akpamyk» ertekisinde gabat gelýändigini örän jaýdar belläpdir. **«Türkmen howlularynyň derwezesiniň ýokarsynda ýa-da işigiň ýokarsynda dürli keramatly zatlar dakylyp goýulýar. Bu dessuryň gaty gadymyýetdendigine taryhy maglumatlar şaýatlyk edýär. Ýadyňyzda bolsa, «Akpamyk» ertekisinde ýedi dogan awa gideninde ene-atasyna: «Gyz jigimiz bolsa, işigiň ýokarsynda gurjak, oglan bolsa, ok-ýaý asyň» diýip sargaýandyrlar. Bu zatlar öýüň ruhuny, maşgalanyň hususyýetini aňladypdyr. Biziň ähli welaýatlarymyzda derwezäniň ýokarsynda, köplenç, dag goçunyň ýa-da tekesiniň şahy, kämahal hem atyň naly kakylýar. Şah kämahal elde-de ýasalaýýar. Bular türkmeniň dürli eýýamlardaky ruhy oňonlarydyr».**[1]

Ertekilerde halk gelejekde adalatly serkerdäniň saýasynda saýalamagy, parahat zähmet çekip bol-elinlikde ýaşamagy arzuw edipdirler. Olarda adalatly adamlardan şa saýlamak ýaly meselä has uly üns berlipdir. Aglaba ertekilerde garadan gaýtmaz mert, edermen, adalatly, halal, ynsanperwer, kynçylygy ýeňip geçip bilýän ýaş gahrymanlaryň şa saýlanmagy, esasan,

---

[1] Saparmyrat Türkmenbaşy. Ruhnama. Ikinji kitap. – Aşgabat, 2004, 72 s.

şol arzuwlar bilen baglydyr. Muňa mysal hökmünde «Gül», «Amanaly», «Şa we bahyl täjirler», «Zalym gyzlar», «Gülje-mal», «Horezmin», «Bäş galandar», «Ahmet batyr», «Padyma-nyň gyzy», «Ýüz tylla», «Akylly gelin», „Şa gyzy” we şuňa meňzeş ertekileri ýatlamak bolar.

Ertekileri alymlar, esasan, üç topara bölüp neşir edipdirler, öwrenipdirler. Olar haýwanlar hakyndaky, jadyly we durmuşy ertekilerdir.

Size hödürleýän ýygyndymyz durmuşy ertekilerdir. Erteki-ler ilkinji gezek özbaşdak ýygyndy hökmünde 1926-njy ýylda A.Alyýew tarapyndan çapa taýýarlanylyp, neşir edilipdir. 1937-nji ýylda bolsa, haýwanlar hakyndaky ertekiler «Bir bar eken» ady bilen belli edebiýatçy A.Ahundow-Gürgenli tara-pyndan çapa taýýarlanylypdyr. 1940-njy ýylda ýene «Çagalar üçin ertekiler» at bilen bir ýygyndy neşir edilipdir. Ol K.Os-manow tarapyndan toplanylypdyr. Belli edebiýatçy, folklorçy, ýazyjy Ata Gowşudow hem A.Sakali bilen şol ýylda türkmen ertekilerini ýygnap halka hödürläpdirler. Bu ýygynda erteki-leriň üç görnüşinden hem nusgalar girizilipdir. Soň çagalar üçin ertekiler 1955-nji ýylda belli dilçi alymlar B.Çaryýarow, G.Ataýew tarapyndan taýýarlanylyp neşir edilýär. 1953-1954-nji ýyllarda hem 1955-nji ýylda «Türkmen halk ertekileri» ady bilen ýygyndy taýýarlanylýar. Soň dürli-dürli ýyllarda «Türk-men halk ertekileri» ady bilen III jiltlik ertekiler ýygyndysy çap edilýär. Olaryň birinji jildi haýwanlar hakyndaky ertekiler, ikinji jildi jadyly ertekiler, üçünji jildi bolsa durmuşy erteki-lerdir. Bu kitaplaryň hersi, meselem, «Jadyly ertekiler» 1979-njy ýylda «Ylym» neşirýatynda, «Durmuşy ertekiler» hem şol neşirýatda 1980-nji ýylda çap edilýär. Bu ýygyndy dil-edebiýat ylymlarynyň kandidatlary: Ş.Halmuhammedow, M.Çaryýew, Ýa.Nurlyýew tarapyndan çapa taýýarlanylýar. Soň «Hutdy – Humar» atly ertekiler ýygyndysy, 1981-nji ýylda «Şamar» atly

ýygyndy «Türkmenistan» neşirýatynda çap edilýär. Ony toplap çapa taýýarlan belli folklorçy Ş. Halmuhammedowdyr. «Şamara» durmuşy, haýwanlar hakyndaky we jadyly ertekilerden nusgalar girizilipdir. Ahyrky 1986-njy ýylda «Ylym» neşirýatynda çap edilen «Türkmen halk ertekilerini» bolsa alym Baba Weliýew çapa taýýarlapdyr.

Bu ýygyndylar edebiýatymyzy, folklorymyzy hem türkmen halkynyň taryhyny, geçmişini, däp-dessurlaryny, milli häsiýetlerini, isleg-arzuwlaryny öwrenmekde uly gollanmadyr. Olaryň ýaşlarda asylly häsiýetleri terbiýelemekde hem hyzmaty örän uludyr.

Şu ýygynda girizilen ertekileriň köpüsi Türkmenbaşy adyndaky Türkmenistan Milli golýazmalar institutynyň hazynasynda saklanýan golýazmalar esasynda taýýarlanyldy. Hazynamyz bolsa ertekilere juda baý. Ýygynda goşulan ertekileriň arasynda şu wagta çenli ýygyndydan ýygynda geçip, halkyň arasynda söýlüp okalýan ertekiler-de, (Meselem: «Padymanyň gyzy», «Ýedige soltan», «Aýaz han», «Tylla telpek», «Dana goja», «Dogruçyl oglan», «Gül», «Garyp gojanyň akylly ogly») entek halka nämälim bolan nusgalar-da bar.

Biz şu ýygyndyny taýýarlanymyzda mümkingadar ertekileriň nusgalaryny halka doly ýetirmek üçin, iňňän köp golýazma çeşmelerini gözden geçirdik. Hakykatyň hatyrasyna şu ýerde bir zady ýatlalyň. Ol hem golýazmalarda ündeýän taglymy, many-mazmuny taýyndan biri-birini gaýtalaýan nusgalaryň juda köplügidir. Bu ýagdaý erteki ýordumlarynyň biri-birine geçip ýörenliginiň alamatydyr. Ýogsam, olaryň köpüsi dürli-dürli etraplardan, başga-başga adamlaryň dillerinden baryp-ha 1927-nji ýyldan başlap, tä häli-häzire çenli hem dürli ýaşdaky, dürli hünärli adamlardan ýazylyp alnan ertekilerdir. Hakykatdan hem, tanyş we nätanyş ertekileriň arasynda umumy many-mazmuny babatynda ýa belli-belli ýordumlar nukdaýnazaryn-

dan ýa-da käbir ýörgünli detallary, gahrymanlary taýyndan biri-birine meňzeş gelýänlerem bar. Bu birinjiden, ertekileriň juda many-mazmuna, dürli-dürli nusga baýlygyny, hersiniň aýry-aýrylykda çeperçilik taýdan täze-täze tapyndylara baýdygyny hem-de başga-başga häsiýetleri ýa gahrymanlaryň başga haýsydyr bir tarapyny açýanlygy, ýa bir gyzykly wakany, ertekini aýdyjynyň, döredijiniň özboluşly ulanandygy jähetden hem özbaşdak nusgalardygy üçin biz olary ýygynda girizdik. Bu ýagdaý, aýratyn hem, ynsan ahlagyny, hem aýal-gyzlaryň durnuklylygyny, gujur-gaýratyny açýan ertekilere mahsusdyr. Özünem şeýle häsiýet ertekilerde köplenç dowam edip duran wakalaryň arasyna başga wakanyň düşýän, girizilýän ýagdaýynda şeýledir. Aýratyn hem, beýle häsiýetler öweý eneler hem ýetim gyzlar we zenan wepasyny, başarnygyny açýan ertekilere mahsus. Meselem, örän gyzykly hem täsirli, öň hiç bir ýygynda girizilmedik «Güljemal» atly ertekide Güljemalyň gujur-gaýratyny, mertligini, ugurtapyjylygyny, öý-ojagyna wepalylygyny açyp görkezýän wakalar edil jadyly ertekilerde bolşy ýaly giň. Ýöne Güljemal anyk durmuşy wakalar bilen hem ýüzbeýüz bolýar. Biz bu ertekini mysal getirmek bilen beýleki ertekilere mahsus bolan başga bir häsiýetiň üstüni açmak isleýäris. Ol-da «Güljemal» atly ertekidäki mazmunyň dürlüçe üýtgeşmeler bilen başga-da köp ertekilerde gaýtalanyp gelýänligini ýene-de bir gezek nygtaýarys. Bu ýagdaý ertekileriň hertaraplaýyn mazmuna, ýorduma, gahrymanlara baýdygyny aňladýar.

Durmuşy ertekiler anyk, umumyadamzat durmuşyna has ýakynlygy bilen beýleki ertekilerden doly tapawutlanýar. Durmuşy ertekilerde gahrymanlar jadyly ertekileriň gahrymanlary ýaly adatdan daşary jadyly güýçler, periler, döwler, aždarhalar, ýagşyzadalar ýa-da jadyly zatlar bilen kän iş salyşmaýar. Salyşaýan ýagdaýlarynda-da esasy gahrymanlar hökmünde hereket etmeýär. Şonuň ýaly-da durmuşy ertekileriň gahrymanlary

haýwanlara, daşa öwrülip ýörmeýär. Durmuşy ertekilerde ölen adam haýsydyr bir jadyly güýjüň üsti bilen täzeden direlmeýär. Bu ertekilerde gahrymanlar durmuş garşylyklaryny köplenç akyl-paýhasa daýanyp ýeňip geçýärler. «Ýedige soltan», «Isgender patyşa», «Amanaly», «Akylly wezir», «Horezmin», «Paýhasly goja», «Gazaply şa we paýhasly goja», «Şa we bahyl täjirler», «Gojanyň pendi», «Aýaz han» we ş.m. ertekilerde ýagdaý şeýledir. Ýöne bu hut şeýle bolsa-da durmuşy ertekiler bilen jadyly ertekileriň özara gatnaşykda bolup, biri-birine täsirini ýetirýändigini biz bellemelidiris. Aslynda ertekileriň tutuş özi halk hyýalynyň önümi. Toslamasyz ýa-da hyýaly, göwün ýüwürtmesiz ertekiler ýok. Şeýle hem, her bir erteki durmuş hakykatyna galtaşýar.

Şeýlelikde, durmuşy ertekiler hem halk toslamasynyň önümi bolandan soň, olar hem hyýalylykdan üzňe däl. Bu ertekilerde hem dowam edip gelýän wakalar garaşylmaýan öwrümler edýär.

Ertekilerdäki gahrymanlar durmuşda kyn-gyssaga düşende, öz güýjünden daşary güýçleri ýeňip geçmeli bolanda, şol sanda başga-başga durmuş hakykaty, adamlar bilen ýüzbe-ýüz bolanlarynda, ýetmeli menzilleri, etmeli işleri ynsan güýjünden ýokary bolanda ýa-da şol sanda öz adatdan daşary güýçlerini, gahrymançylygyny görkezmekçi bolanlarynda hyýaly we adatdan daşary güýçlerden seýrek hem bolsa peýdalanýar. Beýle ýagdaýda halk öz toslamalaryna, hyýallaryna, ylhamyna bat berip, erteki gahrymanlaryna kyn ýoluň aňsat çykalgasyny salgy berýär. Meselem, «Güljemal» atly ertekide Güljemal jadyly güýçler bilen ýüzbe-ýüz bolanok. Ol anyk durmuş wakalarynyň içinde hereket edýär. Hakyky adamlar bilen ýüzbe-ýüz bolýar. Ýöne ol jadyly ertekileriň gahrymanlary ýaly durmuş garşylyklaryny kän beýnä agram salman diýen ýaly, emgenmän ýeňip geçýär.

Ýene bir mysal, «Bäş galandar» atly durmuşy ertekide kepderiler bilen bagly wakalar ýa-da «Horezmin» ertekisinde duşmanyň sütemine sezewar bolup ene-atadan aýrylan iki ýetimiň gün-güzerany hem-de olar ýigit çykandan soň patyşanyň köşgünde ýalmawuz ýylanyň (aždarhanyň) peýda bolmagy ertekini az-kem durmuşylykdan daşlaşdyrýar. Bu ertekide gepleýän aždarha iýmek üçin özüne günde bir gyzyň berilmegini patyşadan talap edýär. Halk ertekä aždarhany onuň günde bir gyzy iýip ýatandygyny ýazgarmak üçin girizmändir. Şu ýerde günde bir gyz iýýän aždarhanyň beýleki ertekilerde-de duş gelýändigini hakykatyň hatyrasyna agzalyň. Özünem «Horezminde» hem beýleki ertekilerde-de hiç bir güýç bilen hötdesinden gelnip bolunmaýan aždarhany haýsydyr bir pälwan bir okda, iki okda, ýa-da gylyç bilen ýok edýär. Diýmek, olar erteki gahrymanlarynyň batyrlygyny açmak üçin halkyň oýlap tapan täsin tapyndysy, özboluşly gahrymany.

«Horezminde» aždarha diňe bir Horezminiň batyrlygyny, gaýduwsyzdygyny açyp görkezmeklige hyzmat edenok. Bu ýerde esasy pikir başga bir düýpli meseläniň töwereginde jemlenýär. Mesele bu ýerde rehimdar hem rehimsiz patyşa syrygýar. Aždarha batyr ýigidi ýurduň patyşasy bilen baglaýar.

Patyşanyň ýalňyz gyzyny aždarha bermek üçin ojara daňyp gaýdanlarynda, Horezmin ol gyzyň dadyna ýetişip aždarhany öldürip, ony ajalyň penjesinden alyp galýar. Patyşa begenjine ýigide baýlyk eçilende, Horezmin ondan ýüz öwürýär. Beýle ýagdaýa heniz duş gelmedik patyşa gaty geň galanda, ýigit patyşadan ýüz görüp, gapyrga syryp durman, gorkman, çagalykda bolup geçen bir hakykaty ýüzüne basýar. Onuň wezirleriniň öýsüz-öwzarsyz ýumruk ýaly iki ýetimiň ýerkümesini ýumrup, içinden çykaryp kowşuny ýatladýar. Horezmin: «Patyşamyz, şol wagt iki ýetimiň barara gapysy, iýere höregi ýokdy. Il-gün hemaýat edip zordan şol ýerkümäni salyp beripdi. Sebäbi şol

wagtlar il-günüň ýagdaýam agyrdy. Siz bolsaňyz keýp çekmek, aw awlamak üçin şondanam mahrum etdiňiz. Şa bolan şa adalatly bolmaly, rehimdar bolmaly, raýatynyň diregi, goragçysy bolmaly dälmi?» diýip, patyşany oýlandyrýar.

Durmuşy ertekilerde haýyr bilen şeriň («Güljemal», «Patyşa we üç adam») ýagşylyk bilen ýamanlygyň, danalyk bilen akmaklygyň, adalatlylyk bilen adalatsyzlygyň («Patyşa we onuň wezirleri», «Çopan ogly hem betpäl baý», «Akylly wezir», «Amanaly», «Padymanyň gyzy», «Gazaply şa we paýhasly garry», «Horezmin») halallyk bilen haramlygyň, husytlyk bilen jomartlygyň («Öweý ene», «Zalym gyzlar») göreşi iňňän täsirli hem dartgynly şöhlelenipdir.

Umuman, durmuşy ertekilerde jadyly güýçleriň, serişdeleriň ýerine ýetirýän hyzmaty gahrymanlaryň akyl-paýhasy, tutanýerli hereketleri, ugurtapyjylygy arkaly amala aşyrylýar.

Ertekiler dünýäsine gysgajyk syýahat etmek bilen olaryň tebigatyna, mazmunyna mahsus bolan käbir häsiýetlere göz ýetirdik. Olaryň iň esasylary şulardan ybarat.

Ertekiler toslamalara baý.

Ertekiler sünnälenilip çekilen keşplere baý. (Horezmin, Ahmet batyr, Amanaly, Güljemal, Akpamyk we ş.m.).

Her bir eseriň özboluşlylygyna, tebigatyna mahsus bolan esasy alamatlar köplenç çekilen keşplerde jemlenýär, ýüze çykýar.

Toplanylan ertekileriň arasynda taglym gymmaty, manymazmuny, wakalarynyň beýan edilişiniň çeperligi, dartgynlylygy, häsiýetleriniň açylşynyň janlylygy, täsirliligi bilen kämil ussadyň galamyndan çykan nusgawy eseri ýatladyp duran ertekiler az däl, meselem «Akylly wezir» atly ertekä şol kämillik mahsus.

Ýurdy adalatly dolandyrmakda patyşanyň sag goluna öwrülip olara goltgy bermeli wezirleriň köpüsi diňe öz bähbitlerini

arap, köşkde agzalalygyň ýüze çykmagyna sebäp bolýan harsydünýäler. Halk öz şahyrana döredijiliginde olaryň ýaramaz hem oňaýsyz häsiýetlerini dartgynly durmuş wakalary arkaly örän ökdelik bilen açypdyrlar. Aglaba ertekilerde wezirler patyşalara akylly maslahatlar berýän ylymly, düşünjeli, paýhasly adamlary halamandyrlar. Şonuň üçin hem olary patyşadan çetleşdirmeklige çalşypdyrlar. Köplenç bu maksatlaryna ýetipdirler. Emma ertekileriň bütin taglymyna, tebigatyna mahsus bolan bir gowy häsiýet bar. Ol-da adalatlylygyň adalatsyzlykdan üstün çykmagydyr. Halk bu ertekilerde hem päli-niýeti düzüw bolmadyk wezirleri durmuş mekdebinde synagdan geçirip, özleriniň päliýaman häsiýetleri, hereketleri sebäpli gözden düşürip, paş edipdirler.

Wezirleriň täsin dünýäsini açýan «Akylly wezir» atly ertekide wezirleriň biri-birine gapma-garşy häsiýetleri örän gyzykly hem täsirli durmuş wakasynyň üsti bilen açylypdyr. Bu ertekide ýaramaz häsiýetleri bilen orta çykýan wezirler töweregindäki adamlar we patyşa bilen bolýan gatnaşyklarynda beýleki ertekileriň käbir wezir gahrymanlary bilen edil bir almany iki bölen ýaly meňzeş. Diňe olaryň hereket edýän durmuş meýdanlary, iş salyşýan adamlary üýtgeşik. «Akylly wezirde» oňaýly taraplary açylýan weziriň häsiýeti beýlekilere meňzemeýär. «Akylly wezir» ertekisinde wezir her bir meseläni, aýratyn hem öz şahsy durmuşy bilen bagly meseleleri çözmekde paýhasa, akyla daýanmaýan, akyllyny hem diňlemeýän şa bilen iş salyşýar. Şonuň üçin hem akylly wezir bu patyşa bilen iş salşanda oňa seresaply çemeleşýär. Bu häsiýet weziriň gylygynda ýaýdanjaňlygyň ýüze çykmagyna sebäp bolýar. Aslynda-da halk bu weziriň keşbini çekende, ony polady ýumşak, sabyr-takatly, geçirimli, emma öz diýenli gahryman hökmünde orta çykarypdyr.

Ertekide ýaşajyk aýaly ýogalyp alty aýlyk ogulјygy bilen ýalňyz galan patyşa bir ýurduň şasynyň gyzyna söz aýtdyrýar. Patyşanyň paýhasly weziriniň häsiýeti şu wakadan soň açylyp başlaýar. Şa gyzyna gudaçylyga giden akylly wezir, ol ýurtdan juda şum habar bilen dolanyp gelýär. Wezire gyzyň kakasy şeýle diýýär:

— Gyzym agşam düýş görüpdir. Düýşünde patyşaňyzyň şol ogluny öz janyna kast edýän gara ýylan sypatynda görüpdir. Onuň üçinem janyna kast ediljek ýerine gyz razy bolmaýar.

Bu jogap şanyň häsiýetini-de, onuň wezirleriniň häsiýetlerini-de täsirli açýan bir mysal. Wezirleriň käbiri öz şalaryna: «Adama bir gezek berilýän ömürde wagtyňy hoş geçirmeli. Çagany taşlap, şa gyzyna öýlenmeli. Aýal bolsa çaga tapylar» diýen maslahaty berýär. Emma ikinjisi:

— Ady tutulandan neresse çaga beýle töhmet edip başlan gyzdan hiç wagtam janyň rahat tapmaz... onuň ýaly päliýamana öýlenmek gowulygyň üstünden eltmez. Ol kişiler urşa-sögüşe we nähak ganyň dökülmegine sebäp bolar. Bu gyzdan wagtynda el çekmek akyllylyk bolar – diýip maslahat berýär.

Emma «Bir ýurduň şasyndan gyz berilmän kowlupdyr» diýen ada galmagy özüne namys bilen patyşa gedemlik edip, akylly weziriniň maslahatyna gulak gabartman, üme düşmez ýaşajyk hem ýalňyz perzendini akylly wezirine-de bermän, it gyran çöle taşlatmak isleýär. Patyşanyň bu pikirine akylly weziri ýene-de garşy çykýar. Oňlasa, oňlamasa oňa öz pikirini aýdýar:

— Bigünä çagany çöle taşlamak, Hudaýa hem hoş gelmez... Şol tapylan bahana bilen sözüňiziň ýykylanyny namys bilmäň. Bu ýerde namys edere bahana ýokdur. Entek duluňyza geçmedik bir adam kellesinde şygyrdy bolsa beýle zat aýtmaz. Beýle zady il eşitse, ony hiç kes oňlamaz. Masgara olaryň özleri bolar.

Akylly weziriň sözi niýetini ýamana tutan patyşa täsir etmeýär. Bu ýerde halk öz paýhasyna, ylhamyna daýanyp, paýhasly wezirleriň keşplerini çekende, olaryň häsiýetinde iň oňat sypatlary jemleýär. Ertekide akylly wezir öz pendi diňlenmesede, ýene geçirimlilik edip patyşa bu meselede iň soňky maslahatyny berýär. Ol patyşa sypaýçylyk bilen şeýle diýýär:

— Häzir weziriňiz barsa, eger gyzyň atasy akylly adam bolsa: «Bir gyz almak üçin bagryndan önen perzendini çöle taşlap bilýän doňýürek patyşa, gyzyma wepa berermi? Öz akyly bolmasa akyla eýermeli eken. Ol beýle doňýürekliligi bilen ile nädip baş bolup bilerkä?» diýer – diýýär. Bu pikirine gulak gabartman, iki aşdan hem galyp patyşa maňlaýyna ýumruklanda ynsanperwer, geçirimli, sabyrly weziri ýalňyşan şasynyň dogry ýola düşmegine ýardam edýär. Ol gyzy ýaragyň güýji bilen almak isläninde, şany ýaramaz niýetinden el çekdirip, nähak döküljek ganyň öňüni alýar, hem ýalňyz perzendiniň diri galmagyna sebäp bolýar.

Şeýlelikde, bu erteki her döwür üçinem möhüm bolan çuň taglymy ündeýär.

Ynsanperwer, akylly weziriň häsiýeti aýratyn hem şu meselelerde ýüze çykýar.

Şeýlelikde, ertekide akylly wezir üçin ölçeg daşy halaýyk hem olaryň pikiri bolup hyzmat edýär.

Dana pähimlerden ýüküni tutan olary öz jöwher paýhasynda durlap, Beýik Şa Şahyrymyz Saparmyrat Türkmenbaşynyň ýolbaşçylarda ýagşy-gylyklary görmek isleýändiginiň düýp sebäbi ol ýerde il-halkyň bähbidiniň ýatanlygyndadyr. Beýik Ýurt Baştutanymyz 2005-nji ýylyň Garaşsyzlyk aýynda bolup geçen ýaşulularyň XVI halk maslahatynda bu meseläni iň bir derwaýys mesele hökmünde orta atdy. Ýolbaşçynyň, ýagny halk bilen işleşmeli adamyň ynsanperwer, watanperwer, şükrana, adalatly, pespäl, geçirimli, halal, bir sözli, ruhubelent, sahy,

jomart, mert, gaýratly bolmagyny gaýtalap-gaýtalap nygtady. Ýolbaşçynyň her bir işi töweregindäkiler bilen maslahatly etmelidiklerini men-menlikden, badyhowalykdan, gedemlikden daşda bolmalydyklaryny sargap-sargap düşündirdi.

Şu nukdaýnazardan alanyňda-da, näçe asyr öň döredilendigine garamazdan, halka baştutanlyk edýän şalaryň, wezirleriň we beýleki adamlaryň häsiýetleriniň il-halka ýaramly bolmalydygyny ündeýän ertekileriň ähmiýeti juda uludyr.

Ertekiler many-mazmuna, taglyma, we adam häsiýetlerine baýlygy bilen älemgoşara meňzeýär. Mysal üçin «Paýhasly wezir», «Tylla telpek», «Aýazhan», «Ýüz tylla», «Horezmin» we ş.m. ertekiler.

Ertekiler çeperçilik taýdan-da aklyňy haýran edýän täsin-täsin tapyndylara, söze, söz oýnatmalaryna, halk aňlatmalaryna, nakyllara, parasatly, jümlelere gunt düşen ýaly pikirlere diýseň baý.

Olarda durmuşylyk, millilik güýçli. Ertekilerde ynsanperwerlik, sadalyk, her bir wakany sadadan beýan etmek güýçli.

Ol sadadan-sada, diýseň ýürege ýakyn milli gahrymanlara baý.

Erteki gahrymanlarynda durmuşsöýüjilik, ruhubelentlik, şahandazlyk güýçli.

Şoňa görä-de olaryň terbiýeleýjilik ähmiýeti uly.

Erteki gahrymanlary duýga baý. Şasyz, şazadasyz, şa gyzsyz ertekileriň juda azdygyny-da ýatlalyň.

Ertekilerde bagty getiren çopan-da, kilwan-da, garyp daýhan-da, ýetim oglandyr gyzlar-da ahyrda käbir adalatsyz şalary dyza çökerip, ýa özleri şa bolýarlar ýa-da şa gyzlaryna öýlenýärler.

Tersine, garyp gyz, ýetim gyz şazada, begzada ýa haýsydyr bir güýçli pälwan ýigide durmuşa çykýar. («Şazada», «Ýetim gyz», «Maksadyna ýeten gyz», «Amanaly»).

Elbetde, şa bolmak, şazada bolmak ýa-da şa bilen şazada bilen ykbalyňy baglamak, akylly, ilhalar goç ýigitlere durmuşa çykmak, akyl-paýhasly, merdana gyzlara öýlenmek halkyň arzuwy. Diýmek arzuw ertekä siňýär.

Özi-de ertekilerde esasy many, taglym gahrymanlaryň güngüzerany, durmuşy, ýeňip geçýän durmuş garşylyklary bilen baglylykda açylýar.

Durmuşy ertekileriň ýene-de bir tapawutly aýratynlygy olarda zenan gahrymanlara, olaryň akyl-paýhasyna, gujur-gaýratyna aýratyn ähmiýet berilmegidir. «Güljemal», «Tylla telpek», «Ýetim gyz», «Şa gyzy», «Akylly gyz», «Garybyň akylly gyzy», «Baýyň Käbä gidişi», «Gül», «Akylly gelin» we ýene şulara meňzeş onlarça ertekileri ýatlamak bolar. «Şa Apbas» ertekisinde Apbasy öýerjek bolanlarynda begiň gyzy ýüz görmän, ýa şadan-şazadadan çekinmän, gös-göni: «Seniň nähili hünäriň bar?» diýip soraýar. Şazada Apbas hiç hili hünäriniň ýokdugyny aýdanda gyz: «Men şazada däl-de, hut şanyň özi bolsa-da haýsydyr bir hünäri edinmedik bolsa, oňa razy bolmaryn» diýýär. Beg gyzynyň gürrüňine gazaply şanyň juda gahary gelende şanyň paýhasly ogly mylaýymlyk bilen: «Ata, sen muňa gaharlanma, dünýädäki ýüzlerçe hünärden birini öwrenmedik adama, dogrudan hem, hiç zat mynasyp däldir. Men bir hünär edinmän, özüm üçin olaryň gapysyny açdyrmaryn» diýýär. Apbas akylly gyzyň wesýetine eýerip hünär edinýär we şol hünäri bilen ile-güne uly hemaýat edýär, özi ölümiň penjesinden halas bolýar.

«Ýüz tyllada» gahryman tyllanyň güýji hem öz yhlasy bilen ençeme hünäriň eýesi bolup, şol hünärleriniň üsti bilen ölümden halas bolýar, hem arzuwyna ýetip şa tagtyna çykýar.

«Şazada» ertekisinde ene-atasynyň baýlygyny ýele sowrup, ol meýlisden beýleki meýlise bikär kaňkap ýören şazadany,

zähmet hem öz maksadyna ýetmekde ýeňip geçýän kynçylyklary terbiýeleýär, akylyna aýlaýar.

«Padymanyň gyzynda» ýaş gyz akyl-paýhasy, ugurtapyjylygy bilen maksadyna ýetýär.

Ertekileriň dili sada, özem diýseň milli. Olar halk aňlatmalaryna, ertekileri jemleýän nakyllara baý.

Ertekileriň tebigatyna mahsus bolan häsiýetlerini saklap, esasy taglymyny, mazmun baýlygyny saklap, käbir artykmaç sahypalary gysgaltdyk. Meselem, «Akylly wezir», («Bagtly oglan») atly erteki golýazmada 200 sahypa. Biz onuň diňe onon iki sahypasyny aldyk. «Amanaly» ertekisinde-de ýagdaý şeýledir. Käbir ertekileriň tebigatyna zeper ýetirilmän, az-kem işlenildi. Ýygyndylardan alnan ertekilere hem kem-käs düzedişler girizildi.

Beýik Serdarymyz 2004-nji ýylyň Baýdak aýynyň 12-sinde bolup geçen «Miras» merkeziniň açylyş dabarasynda sözlän taryhy sözünde geçmiş taryhymyzyň, edebiýatymyzyň, dessanlarymyzyň bitewi bolan döwrüniň bolandygyny adalatly belläp, indi olary aýyl-saýyl etmeklige ünsi çekdi. Şonuň üçin hem türkmen ertekileriniň neşir edilip halka ýetirilmeginiň juda uly gymmaty bardyr.

**Şirinjemal Geldiýewa,**
*Milli medeniýet «Miras» merkeziniň*
*bölüm müdiri.*

## MAZMUNY

Ýüz tylla ....................................................................................9
Akylly wezir ...............................................................................19
Sözüň güýji.................................................................................36
Gazaply şa we paýhasly garry ...................................................42
Ogrynyň ogly..............................................................................50
Garybyň çerkeze gidişi ...............................................................52
Bäş galandar ...............................................................................57
Üç ýoldaş....................................................................................69
Altyn tapan daýhan hem patyşa .................................................72
Akylly gelin................................................................................77
Jöhit patyşa we Ahmet batyr ......................................................80
Gül ..............................................................................................87
Padymanyň gyzy ........................................................................97
Ýedige soltan ............................................................................108
Ýetim gyz .................................................................................117
Aýaz han ...................................................................................121
Garyp gojanyň akylly ogly........................................................131
Tylla telpek ...............................................................................135
Çykalga .....................................................................................144
Maksadyna ýeten gyz ................................................................148
Amanaly ....................................................................................161
Patyşa we üç adam ...................................................................171
Isgender patyşa..........................................................................179
Gojanyň pendi ...........................................................................188

Patyşa we betpäl täjirler ........................................................ 192
Çyn patyşasy ........................................................................ 211
Patyşa we dört ogry ................................................................ 215
Pälazan baý we onuň gyzlygy .................................................. 221
Apbasyň öýlenişi .................................................................. 230
Şazada .................................................................................. 234
Zalym gyzlar ......................................................................... 245
Horezmin .............................................................................. 252
Sowgat ................................................................................. 264
Harun Reşit patyşa ................................................................ 267
Aýperi .................................................................................. 270
Akylly Ahmet ........................................................................ 279
Patyşa, wezir we patyşanyň aýaly ........................................... 282
Garybyň düýşi ....................................................................... 284
Kilwanyň gyzy ....................................................................... 286
Abdylla patyşa ....................................................................... 304
Bählil dana ............................................................................ 306
Parasatly wezir ...................................................................... 317
Günüler ................................................................................ 333

*Şirinjemal Geldiýewa.* Paýhaslar ummany ........................... 335

**Türkmen halk ertekileri**
(Durmuşy ertekiler)

**Tehredaktor S. Abaýew**
**Çeperçilik redaktory S. Abaýew**
**Sahapda B. Toýçiýewyň çeken suraty**
**Korrektor D.Karapetowa**

Çap etmäge rugsat edildi 16.10.2006 ý.
Ölçegi 60x84 $^1/_{16}$.
Çap kagyzy 22,0.
Ofset kagyzy.
Ofset çap usuly.
Nusgasy 5 000 sany.
Bahasy ylalaşyk boýunça.
Sargyt №______.
A-22617

Türkmenistanyň milli medeniýet «Miras» merkezi,
744000, Aşgabat, Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy şaýoly, 18.

---

Türkmen döwlet neşirýat gullugy,
744004, Aşgabat, 1995-nji köçe, 20.

Türkmenistanyň Metbugat merkezinde çap edildi.